**Gurbanguly Berdimuhamedow**

# ÄLEM IÇRE AT GEZER

***Roman***

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2011



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

*Öz atam – ajaýyp ynsan, mugallym we esger Berdimuhamet Annaýewiň ýagty ýadygärligine bagyşlaýaryn.*

***Hormatly okyjylar!***

Men özüme we özümiň neberämä halkymyň nazary bilen garaýaryn. Sebäbi aňyrsyna seredeniňde-de, halk, diňe halkyň özi biziň her birimize iň hakyky we adalatly baha berýär.

Öz atam Berdimuhamet Annaýew barada anyk maglumatlara esaslanýan çeper eser ýazmak kararyna gelip, men, ozaly bilen, bir zatdan ugur aldym: müňlerçe adamyň pikirine görä, ol özüne ýagty we mübärek ýadygärlik galdyrypdyr, onuň hormata mynasyp ömri hem-de asylly işi bolsa, gürrüňsiz ynsanyýet gymmatlygyna we ägirt uly jemgyýetçilik ähmiýetine eýedir. Men özüm üçin çendenaşa mähriban we ýakyn, ýöne meni görüp bilmedik adamyň agtygy bolanyma biçak buýsanýaryn. Bütin ömrüme men özümi atama deňedim hem-de hemme mesele babatda oňa meňzemäge çalyşdym.

Biziň öz ata-babalarymyzdan artyk adam bolmajagymyz Hudaýyň beren ýagty güni ýaly aýdyňdyr. Iň bir amatly pursatlarda biz bolubilsek, şolaryň mynasyp dowamat dowamy bolup bileris. Şeýle pikir-hyýallar hem-de öz halkyma we Ýer ýüzüniň ähli halklaryna gülläp ösmegi we bagt arzuwlap, men şu kitaby siziň dykgatyňyza hödürleýärin.

***Gurbanguly Berdimuhamedow***

## *Bu kitap barada*

Meniň kakamyň durmuş ýoly barada anyk maglumatlar esasynda ynandyryjy gürrüň berýän çeper eser ýazanlygy üçin öz ogluma – Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowa tüýs ýüregimden minnetdarlyk bildirýärin. Kitapda zähmetsöýer we işine jogapkärçilik bilen garaýan zehinli mugallym we gaýduwsyz esger, ynsanperwerlik we adalatlylyk ugrunda gaýduwsyz göreşiji, adamlara, bütin dünýä gaýtalanmajak durmuş gözelligine aýawly garamagy ündeýän Berdimuhamet Annaýewiň özüne çekiji keşbi janlanýar.

Romanyň sözbaşy edilip beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň parasatly goşgy setiriniň alynmagy diýseň ýürek joşduryjydyr. Bu beýik ynsan üçin bolsa öz Watanyňa we halkyňa tüýs ýüregiň bilen hyzmat etmek dünýäde hemme zatdan arzylydyr. Kitaby ýazmaga girişmezden öň awtoryň Berdimuhamet Annaýewiň geçen durmuş we zähmet ýoluny beýan edýän köp sanly arhiw resminamalaryny toplanlygy we öwrenenligi, onuň ozalky okuwçylary hem-de bile işlän kärdeşleri bilen duşuşanlygy we gürrüňdeş bolanlygy hem ýatlanmaga mynasypdyr. Munuň özi awtora türkmen obasynyň şol çylşyrymly taryhy döwürdäki hakyky keşbini janlandyrmaga, Berdimuhamet Annaýewiň mugallymçylyk ussatlygyny we söweş edermenligini täsin edebi usulda beýan etmäge ýardam beripdir.

Kitabyň esasy gahrymanlarynyň birem meniň atam Anna agadyr. Ol öz döwrüniň gurply, hemme zady özünden bitýän hem-de sowatly adamy bolan. Obadaşlarynyň okamagy we sowat almagy üçin öz güýjünem, gaýratynam gaýgyrmandyr. Eger-de oba mollasy çagalara arap sözlerini ýat tutmagy we soňam olary gaýtalap aýtmagy öwreden bolsa, onda Anna aga oba oglan-gyzlaryna diňe okap, ýazyp we hasap edip bilmegi öwretmek bilen çäklenmän, eýsem parasatly bolmagy, oýlanmagy hem öwredipdir. Onuň mugallymçylyk usuly öz döwründen kän öňe geçipdir, geljekki milli mugallymçylygyň esas goýujy düzgünlerine ýol açypdyr.

Anna aga diňe bir jepakeş daýhan we mugallym bolman, eýsem ol gaýduwsyz esgerem bolupdyr, döş gerip, Gökdepe galasyny keseki basybalyjy-

lardan gorapdyr. Söweşleriň birinde ol agyr ýaralanypdyr. Munuň şeýledigine Zakaspi oblastynyň naçalniginiň gözegçilik gulluklarynyň düzen arhiw materiallary şaýatlyk edýär. Soňra onuň ady bu söweşe gatnaşanlaryň «gara sanawyna» goşulypdyr.

Kitabyň agramly bölegi Berdimuhamet Annaýewiň ýaş nesli okatmak we terbiýeläp ýetişdirmek, Beýik Watançylyk urşunyň gazaply ýyllarynda Watany goramak barada görkezen hyzmatlaryna bagyşlanypdyr. Biz – uruş döwrüniň çagalaram şol ýyllarda gol gowşuryp oturman, ýadawlygy ýada salman, garrylar we aýallar bilen deň durup, kolhoz meýdanlarynda zähmet çekdik. Ol ýyllar biz, ine, şeýle iş-aladalar bilen ýaşardyk:

## Köp ekeliň dänäni!

Kolhozçylar, bar güýjümiz sarp edip,
Gowy işläp, köp ekeliň dänäni!
Ýerlermizi sürüp, çöplerin çapyp,
Zarply işläp, köp ekeliň dänäni!

Agronomiýa usuly bilen tohum sepeliň,
Gerek bolan dökünleri dökeliň,
Güýzlük, ýazlygy öz wagtynda ekeliň,
Ýaryş gurap, köp ekeliň dänäni!

Ekine zyýanly çöpleri çapalyň,
Işiň hilini gowy edeliň,
Duşmanyň depesinden uralyň,
Ýeňiş üçin köp ekeliň dänäni!

Bugdaýdan bol hasyl almagy üçin,
Açlyk belasyndan dynmagy üçin,
Duşman depesinden inmegi üçin,
Gaýrat edip, köp ekeliň dänäni!*

*Türkmenistan, 6.05.2011 ý.

Berdimuhamet Annaýewiň mugallymçylyk işi we söweş ýollary bilen baglanyşykly bu eserde getirilýän köp sanly wakalar ozal mälim bolmadyk maglumatlardyr. Eserde onuň durmuş-psihologik keşbiniň häsiýetli aýratynlyklary berilýär, hakyky pedagog, halk magaryfynyň başarjaň guramaçysy, Watany gaýduwsyz goraýjy hökmündäki keşbi beýan edilýär. Gözel tebigatymyzyň, adamlaryň, olaryň däp-dessurlarynyň we edim-gylymlarynyň, halk döredijiliginiň Berdimuhamet Annaýewiň şahsyýetiniň, onuň ruhy-ahlak dünýäsiniň we ýokary ahlak sypatlarynyň kemala gelmegine nähili täsir edendigi oňat görkezilýär.

Kitabyň esasy gymmaty ondaky gahrymanlar, adatça, çeper eserlerde bolşy ýaly, toslanyp tapylan gahrymanlar däl-de, hakykatda bar bolan şahsyýetlerdir, ýagny öz ak ýürekden çeken zähmeti we söweş edermenligi bilen biziň Watanymyzy şöhratlandyran adamlardyr. Romanda dürli halklaryň wekilleriniň keşbiniň döredilmegi, dostlugy we doganlygy pugtalandyrmak işine gürrüňsiz hyzmat eder. Anyk maglumatlar esasynda ýazylan bu çeper eser durmuş hakykatydyr we örän öwrenerliklidir, ol täsin we manyly wakalara, ynamdar delillere baýdyr. Filosofiki yza çekilmeler oňa aýratyn çuň manylylyk berýär. Eser ýönekeý we düşnükli ýazylypdyr. Ol giň okyjylar köpçüligi üçin niýetlenilendir.

Anna mugallym bilen Berdimuhamediň bilim we terbiýe bermegiň usullaryny kämilleşdirmek boýunça «Nesillere nesihat» depderine girizilen maslahatlar häzirkizaman şertlerinde hem öz manysyny we ähmiýetini gaçyranok. Olary umumy orta bilim berýän mekdeplerde we ýokary okuw jaýlarynda okadylýan sapaklarda ýaýdanman peýdalanybermeli.

Şu aýdylanlardan ugur alyp, men ilhalar ynsan, hakyky raýat we watançy esger Berdimuhamet Annaýewe bagyşlanan, anyk maglumatlar esasynda ýazylan şu taryhy eseri türkmen we rus dillerinde neşir etmegi maslahat berýärin. Munuň özi Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna mynasyp sowgat bolar. Men bu kitabyň mugallymlaryň we terbiýeçileriň, harby bölümleriň serkerdeleriniň we syýasy işgärleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň işewürleri üçin iň gowy eser boljakdygyna ynanýaryn. Ol ýaşlary biziň gahryman ata-babalarymyzyň şan-şöhratynyň mysalynda, Watana jan-dilden hyzmat etmek ruhunda terbiýelemekde bahasyna ýetip bolmajak gollanma bolup galar.

***M.Berdimuhamedow***

*8-nji maý, 2011 ý.*

# Älem içre at gezer

*Tälim beren ustadyňdan aýrylma.*
**Magtymguly Pyragy**

*Ýagşy iş et, senden ýagşy at galar.*
**Magtymguly Pyragy**

Gün dogdy. Onuň ýiti şöhlesi mukaddes ojakdaky oduň belent alawy bilen birleşip, älem-jahana öçmejek nur çaýdy. Bu – bakylykdan nyşan.

## Ozal akan ýerden akarmyş aryk

Bir müň dokuz ýüz dördünji ýylyň gyşy uzaga çekdi. Gazaply geldi. Ygally boldy. Agyr düşüp, toprak bilen bile saň gaty doňan gar geljek ýylyň hasylyny şu günden azar edinýän daýhanlary begendirse-de, eli, ýapynjasy ýukaraklary alada goýýardy. Öýüňden tüsse dowamly çykyp durmasa, burnuňy çekip oturmak aňsat däl. Ýöne indi gyşam soňuna syrygýan bolaýsa gerek. Ýandakdan basylyp edilen agyllaryň ygynda, ýylgyndyr gandymlaryň düýbünde, gum depeleriniň güneýinde iňňäň ujy ýaly bolup dürterip çykan gyrtyçlar basym geljek joşgunly baharyň buşlukçylary ýaly bolup jyklaşýardylar.

Düýn giç öýlän deňiz tarapdan lemmer-lemmer bolup gelen gara bulutlar howany biraz ýumşatdy. Öňden gidenleri barjak ýerlerine ýeten bolara çemeli, hereket dykyn alansoň, yzdan ýetişen bulutlar öňdäkileriň üs-

tüne münüp, gatlanyp gidip oturyşyna, Günüň öňüni tutup, howany garaltdy. Daňdana golaý gök gübürdäp, ýyldyrym çakdy. Bu güpür-tapyrlyk daň saz berýänçä dowam etdi. Birdenem asman ähli suwuny döken ýaly, dünýäni suw-sil edip, çabga geldi...

Ýeriň ýüzünde nämeleriň bolup geçýänligini görmäge gyssanýan ýaly, Günem lowurdap dogdy.

Gara öýüň ortarasyndaky ojakda alawlap ýanýan otdan nazaryny sowman oturan ýaşy elli çemesi, süňkbaşy iri, ýüzi nurana kişi egnine ýasgynjak atynan possunynyň ýakalaryny çekişdirip, syýyny ýygnap, has-da tijendi. Bu pursat ol kişiniň keşbi intizar zadyna ýeteniňkä meňzese-de, onuň garaşýany bahary getirýän ýagmyryň şapyrdysy däldi. Ol başga habara garaşýardy.

Edil şol demde gara öýüň bäş ädim öňündäki daş tamyň gapysy şarkyldap açyldy-da, işigiň eňsisi serpilen gara öýüň bosagasynda Enebaý ejäniň äpet göwresi peýda boldy. Gapa gapak bolan göwre içerik girmäge hyýal edäýse, nädip sygarka diýip alada etdirýär. Ýöne ol içerik girmäge meýil etmedi, henizem diňmedik ýagşa-da bakmady. Ol söýä ýapyşan elleri bilen awuna topuljak bürgüde meňzäp durşuna, diňe kellesini içerik sokdy-da:

– Anna serdar, buşluk, ogluň boldy! Berildigi bolsun! – diýip, çasly sesi bilen gygyrdy.

– Agzyňdan Alla eşitsin. Aýdanyň bolsun, Enebaý! – diýip, Anna aga-da tolgunyp seslendi.

Dyňzap gelen şatlyk onuň damagyna doldy-da, gözleri nemlenen ýaly boldy. Ol: «Ýaş gaýdyşyp ýör öýdýän, ýürekler juda ýukalan bolsa gerek» diýip içini gepletdi. Tolgunmadan ýaňa ol birbada şeýle pursatlarda uzyn gije taýýarlanyp oturan etsem-petsemlerini-de ýadyndan çykardy. Ýöne jahany ýagtyldan Günüň şöhlesini gapydan öýe goýbermejekdigi görnüp duran Enebaýa bir zatlar

eçilmelidigi hakydasyna geldi. Ýassygynyň aşagyndan pul düwlen dört sany ak ýaglygy çykaryp, ýeke-ýekeden Enebaý ejä uzadyp ugrady.

– Ine, bu buşlugyň. Ine, bu göbegenäniň taňryýalkasyny (ol has gabarakdy). Bularam beýleki gelinlere berersiň...

– Döwletiň artsyn, Anna baý!

Ol dünýä inen çaganyň kakasynyň eliniň açykdygyny bilensoň, ýaglyga düwleniň öz eden çakyndan has artykdygyna göz ýetirdi. Ol dylym-dylym edip durşuna:

– Dogranyň haky ýokmy? – diýip degişdi.

– Dünýä şonuňky bolsun!

– Dünýä-de dünýädir welin, altyn-kümşem ýatdan çykarma!

– Heý, goç ogul dogrup berenem ýatdan çykaryp bolarmy, Enebaý?! Biziň göwnümize ýeteniň göwnüni şat etmek biziň bilen.

Enebaý eje bu goh-galmagala oýanyp, ýorganlarynyň üstünde oýaly-ukuly gözlerini owkalap oturan Aba bilen Ýusupberdä:

– Balalam, ogul jigiňiz boldy! – diýip, lak atdy-da, täze dogan çaganyň sesi çasly çykýan tama tarap döndi.

– Ýatyberiň, ogullam, ýatyberiň. Hudaýa şükür, ogul jigiňizem boldy – diýip, Anna aga çagalary ýerlerinde ýatyryp, üstlerini ýorgan bilen mazaly örtensoň, bagana possunyny egnine atyp, daş çykdy.

Ýagyş birden başlaýşy ýaly, duýdansyzam diňipdi. Indi ýöne owunjak tozgalap, çisňäp dur. Ýagan ýagyş ýyly hem suwly bolara çemeli. Ol ýerde ýatan garlary eredip, ýeriň ýokary gatynyň doňuny çözene meňzeýärdi.

Anna aga goýunlaryň ýatagynyň, at baglanan teblehananyň, jüp öküz daňlan teläriň, gütürdedip ýan-

dak iýýän düýeleriň taşasynyň daşyndan aýlanýandyryn öýtse-de, ol, esasan, käte çaga sesi eşidilýän tamyň töwereginden uzaklaşmaýandygyny aňşyrdy. Perzent şatlygyny öň iki gezek görenem bolsa, bu gezek dünýä inen çaga oňa üýtgeşik duýgular bilen onuň kalbyna doldy. Juwaza goşulan ýaly şol bir öwrümini gaýtalap durşuna, hyýalynda ýaňja dogan çaganyň näzijek ellerinden tutup, al-elwan gülleriň hoşboý ysy ýaýran sähra tarap ýöriş etdi. Çaga bilen söhbet etdi, onuň berýän tükeniksiz sowallaryna jogap agtardy. Bu muhabbetden ganyp bilmedi, ýygy-ýygydan dyňzap gelen duýgularyň damagynda dykylyp durandygyny syzdy.

Gara bulutlar ýagjagyny ýagyp syrylansoň, täze dogan nurly Günüň şöhlesi has ýiti, bütinleý başgaça bolup göründi. Olam Anna aga şatlykly bir habary buşlaýan ýalydy. Bu gün Anna aga täze dogan Güne Taňry salamyny berdi, ony gaýta-gaýta ýüzüne syldy. Bu zatlar onuň özünden biygtyýar bolup geçdi...

Sygyryp gelen gyş öz ornuny läle-reýhan bahara berip gitdi.

Yzgant obasynda Anna Gök baý oglunyň aýratyn abraýy, hormaty bardy. Gökdepe söweşinde görkezen batyrlygy we edermenligi üçin onuň adyny, köplenç, Anna serdar diýibem tutardylar. Ýogsa ol asly, gelip çykyşy boýunça şol döwrüň gurply daýhanydy. Bütin Ahalda Anna agany sowatly, okumyş, türkmen halk döredijiligini gowy bilýän adam diýip tanaýardylar. Käbir eserleri onuň diňleýjilere ýatdan aýdyp bermesem bardy. Anna aga özbaşdak okamaga we öz bilim-düşünjesini artdyrmaga köp wagtyny sarp etdi, şonuň ýaly-da oba çagalaryna ýazmagy we okamagy öwretdi. Onuň ady kitaphon adam hökmünde has uzaklarda-da tanalýar. Elbetde, onuň şeýle kitaphonlygyna hemme adamlar

düşünibem baranokdy. Bir ýerlerde del kitap bar diýip eşitse, ähli işini taşlap, uzak ýola gidýän we şol kitaby satyn alyp gelýän pursatlaryny eşidýän käbir adamlar muny aňlamazdylaram. Hatda satmaga diýip äkiden üzümini çelpek ýaly ýukajyk kitaba çalşyp gelen pursatlary, hersi sowgada garaşyp oturan maşgala agzalarynyň hem hymy-symysy bolman duranokdy. Şeýde-şeýde ol iki sany äpet uly sandyk dolusy kitap, golýazma, öz pikir-garaýyşlary ýazylan doly hazyna döretdi. «Akyl sandyklary» hazynasy...

Ine, sandyklaryň eýesiniň sandykda ýazyp goýan käbir pikir-parasatlary:

– adamyň başarnygyny onuň eden, bitiren bir işindenem bilip bolar, häsiýetini welin köp ýyllaryň dowamynda hem öwrenmek kyndyr;

– bir kişini uly meselelerde synagdan geçirip tanap bolmaz. Onuň hakyky häsiýeti özüne erk edip bilmeýän pursady, kiçijik işleri ýerine ýetirýän mahaly ýüze çykýar;

– husyt baý eli ýuka pukara adamdan has garypdyr. Onuň baýlygy onuň gysgançlygyny ýeňip bilmez. Aza kanagat etmegiň özi baýlykdyr. Husyt baýa öz baýlygyndan ony ýitirmek gorkusy has köp berilýär;

– ýalňyşmaýan adam akylly däldir, ýalňyşyny gaýtalamaýan adam akyllydyr;

– senden gorkýan adamdan gork. Gorkýan bolsaň – aýtma, aýdan bolsaň – gorkma. Biziň gorkymyz duşmanlarymyzyň batyrlygynyň gözbaşydyr;

– ogry içerde bolsa, gulpdan ne peýda;

– ýagmyr bilen ýer gögär, alkyş bilen är gögär;

– sebäbini ýok etseň, kesel ýanyňa gelmez...

Anna aga diňe kitap, golýazma däl, eýsem şygyr bilýän, dessan aýdýan, rowaýat sözleýän göýendeleriň dilinden çykanlary ýazyp almagy, toplamagy, ezizläp saklamagy ömrüniň ahyryna çenli goýmady.

Çagalykda bäş-alty ýyl molla gatnan hem bolsa, ol sowadyny, esasan, özbaşdak okap aldy, okamagy, ýazmagy öz zehini bilen öwrendi. Dini mekdep diňe arap sözlerini ýat tutmagy, ýat tutan sözleriňi okamagy öwredýär. Munuň gowy tarapy – arap elipbiýini öwrenýärsiň. Anna ýazmaga, onda-da türkmençe ýazmaga ökdeledi. Haçanda ol eline düşen kitaplaryň ýüzüne seredip, adamlaryň oýuna-hyýalyna gelmejek zatlary okap beren mahaly, töweregindäkiler agyzlaryny öweldip galardy. «Bu zatlary özüňden nädip tapýarsyň?» diýip, geň galardylar. «Özümden däl, kitapdan okap öwrenýärin» diýip ynandyrmak aňsadam däldi. Çünki şeýdip kitap okap oturan molla bu obada şo eýýamda bolmandy.

Anna bilim-sowady aňyna mazaly agram salyp ugranda, oglan okadyp başlady. Şu wagtky çaga dünýä inen tam mekdep otagy bolupdy. Anna aga ony «meýletin mekdep» diýip atlandyrýardy. Sebäbi mekdebe öz islegiň boýunça gelinýär, islemeseň, mejbur edýän ýok. Hatda olaryň arasynda okuwa käte bir gelip-gidýänem bardy. Ara esli wagt salyp, soňra ýene dolanyp gelip, aýdylýanlary aňlaman, agzyny öweldip oturanlar hem bolýardy. Anna aga okuwyň, sowadyň durmuşdaky ähmiýeti, zerurlygy barada köp öwüt-ündew etse-de, zorluk çägine geçmezdi. Adamlaryň arasynda: «Äl, şü Anna serdaryň göwrümi giň-ow, asyl deňiz-derýa ýaly adam. Başga biri bolsa, jibrinip jigirdek bolardy, bu bolsa ýylgyryp oňaýýar» diýip, gürrüň ederdiler. Olar seniň içki dünýäňi bilmeýärler, asla ony bildirjek bolmagyň geregem ýok.

Anna aga öz başarnygyny oglan okatmak, çagalary hatly-sowatly etmek üçin  gysgananok. Aslynda ol «meýletin mekdebine» gelýän çagalary öz perzentlerinden aýry görmese näme! Anna aganyň okadyş usulam üýtgeşik. Hasabam öwredýär. Gamyşdan ýasalan dürli

hasap taýajyklary öwredilýän sapagyň çagalaryň aňynda berk galmagy üçin gerek. Ýa-da, ine, aşykly hasap...

Mugallym Merediň eline ýedi sany aşygy sanap berýär:

– Men saňa ýedi sany goýun berýärin. Näçe sany goýun berdim saňa?

– Ýedi aşyk.

– Ýok, men saňa ýedi sany goýun berýärin, näçe goýnuň bar?

– Ýedi aşygym... Wiý, ýedi goýnum bar, mollam!..

– Dogry, ýedi goýun. Men saňa ýene iki sany goýun berýärin. Indi seniň goýunlaryň sany näçe boldy?

– Ýene iki aşykmy? Wiý, iki goýun. Hm...

Aşyklary ýeke-ýeke sanap çykan çaga:

– Dokuz aşyk, mollam! – diýip, şatlykly seslenýär.

– Hä-äk, oglum, bu bolşuňa ömrüňi aşyk sanap geçäýmeseň ýagşydyr.

...Başga bir gezek okuwçylaryň ekabyrragy:

– Anna kaka, bize diňe goşmagy öwredýärsiň-laý! Aýyrmagy öwretjek dälmi?

– Aýyrmagy durmuşyň özi öwreder, oglum. Men bir size goşmagy öwredeýin.

Oba arasynda üýşmeleňde, toý-tomaşada, söhbetdeşlikde az, ýöne uz gepleýändigi üçin märekede soňky söz Anna aganyňkydy. Köplenç, onuň agzyndan çykan söz birbada ters pikir ýaly bolup eşidilse-de, soň ol aýdylan gep her kesiň ýüregine jüňk bolaýardy.

Il arasynda şeýle gürrüň bar. Kimdir biri märekede oturanlara şum habar getirýär:

– Pylan baýyň pylan guýudaky sürüsine gurt ordasy darapdyr. Süriň üçden birini paýhynlap gidiberipdir, gyran degenler.

Her kim gynanjyny daşyna çykarýar. Biri başyny ýaýkaýar, ýene biri «juk-juk» edip, ahmyryny sözsüz beýan edýär. Habary eşitmedik ýaly bolup oturan bir adam bar, şondan soralsa, onuň üýtgeşik pikir aýtjagyny bilýän adamlaryň köpüsiniň gözi şonda. Ahyry oturanlaryň biri çydap oturyp bilmän:

– Anna baý, seniň sesiň çykmady-la? Sen ne diýýäň bu bolan ahwalata? – diýip, öz howsalasyny duýdurdy.

– Aý, süriň üçden biri elden giden bolsa, siz begeniň! Barysyny gyranam bolsa, bedasyllara etjek alajyň bolmaz. Galanyny aldyrmajak bolmaly.

«Süriň üçden biri gyrlan bolsa, munuň nämesine begenjek?» diýip, ilki kürtdürip duran adamlar soň ýuwaş-ýuwaşdan:

– Aý, hawwaýt, ol hajymelikler sürini durşuna pürreläp giden bolsa nätjekdiň? Anna baýyň aýdyşy ýaly, muňa-da şükür etmeli. Hudaýyň özi beterinden gorasyn...

Onsoň haýsy ýyl kimiň sürüsiniň «soňuna sogan ekilendigi», haçandyr bir mahal pylan baýyň müň baş dowarly sürüsiniň çopanynyň mallary gelegurtlara şam edip, taýagyny süýräp, oba sopbaş gelendigi baradaky gürrüň ýatlanar.

Ýa-da ýaňy daýhançylyga başlan ýigitleriň häli-şindi berýän sowallarynyň biri:

– Anna kaka, bu ýyl jöweniň hasyly gowy bolarmyka?

– Bu ýyl jöweniň hasyly bol bolar, inim! Gowy bolar.

– A gowy bolmasa?..

– Gowy bolmasa, ondanam gowy bolar.

– O nähili?

– Seňki bolmasa, jöweni bitgin bolanyňky has gymmat bolar-da...

– Aý, Anna kaka, nädýäň-aý!

– Meniň edýän zadym ýok-la. Özüňe seret. Eken zadyňa «hasyly gowy bolmaz» diýip betgüman bolup garaşsaň, dogrudanam, ol gowy bolmaz. «Ýagşy niýet – ýarym döwlet» diýendir könelerimiz.

– Bä-ä, şunyň-a dogry-how, Anna kaka! Biziň dilimizde serhet ýok bolarly. «Agzyňy haýra aç» diýsene...

Anna aganyň neberesinde türkmeniň ähli ugurlaryna bap gelýän kişilikli adamlaryň bolandygy belli. Gylyç gemren, galkan geren ärlerem, onlap sürüsini her gün örä ýaýradýan maldaram, bedew at dabradan seýsem, emel salan pälwanam, daýhanam bardy. Daýhançylyk has ýaýrawly we zerur kärdi. «Odam bolsa, azal sapyn sypdyrma» diýen sözleri Anna aganyň özem köp gaýtalaýardy.

Şejere daragtynyň köp sanly pür-pudaklaryndan olaryň bitiren işleri, başarnygy barada ýatda galan hatyra hekaýatlary şu günler hem ýatlanyp ýör.

... Anna aganyň garry atasy Nepesaly baýyň doganoglany Ýazly yzçy baradaky rowaýatlar häli-häzirem dilden düşenok. Her gezekki ýatlaşykda-da söhbet: «Aý, olar ýaly gudrat indi döremez-le» diýlip tamamlanýar.

Bir gezek Ýazlynyň yzçylyk üşügini synap görmek üçin şeýle emel edip görýärler. Geçen ýyl haram ölen bir düýäniň dört paşmagyny alyp, dört-bäş kişi bolup, tomursagy aýaklaryna baglap, düýe ýörişini edip, ýatakdan çöle tarap ýöräp ugraýarlar. Soňundanam çöpe-çalama urup, yzy ýitirýärler.

Ertesi Ýazly yzçynyň öýüne gelip, «düýe ýitirdik» diýip habar berýärler. Yzçynyň bozmak bolmaýan bir şerti barmyş. Yz çaldyrjak bolsaň, ol ertir çaýyny içmänkä gelmeli eken. Habar gelensoň, yzçy ýeňil geýnip, eline bir kündük suw alyp, ýitik gözlegine çykýar. «Şu gezeg-ä sepiň açylaýsa gerek» diýip, heşelle kakýanlaram ýanynda.

Ýazly yzçy düýe ýatagyndan yz çalyp başlaýşyna uzak bolmadyk gumuň eteginde saklanýar. Aýak yzlarynyň biriniň başynda çommalyp oturyşyna ony üns berip synlap, aýagyz bilen gürleşýän ýaly dodaklaryny müňkülledýär. Maňlaýyndaky, çekgesindäki, boýnundaky damarlaryň taýak ýaly galmasy onuň özüne nähili zor salýanlygynyň alamatydy.

Ol elindäki kündükden düýäniň aýak yzynyň üstüne suw guýdy, siňenden soň, gapda galan suw bilen elini-ýüzüni ýuwup, ýerinden turdy.

– Ýigitler, bu ýitigiňiziň ölenine azyndan bir ýyl bolupdyr.

Ýigitler «o nähili-de, o nähili» boluşýarlar.

– Nähilisi şol, ynha, serediň, täze basylan yzdan şöhle syçrar, aýak yzyň eýesiniň ysy geler. Bu yzlarda şöhle-hä bir ýok, gelýän ysam maslygyňky ýaly. Ine, görýäňizmi, paşmagyň gabarasy üç ýaşar erkegiňkä meňzeş, agramy bolsa süýtden aýrylmadyk köşegiňkiden agyr däl. Onsoňam täze basylan yz bolsa, suw basym siňmez, bu taýda bolsa suw şüdügäre guýlan ýaly siňdi gitdi. Onsoňam art aýagynyň paşmagynyň syňragy tersine bakyp duran düýäni men-ä şu ömrüme görmändim. Diýmek, ýigitleriň biri tomursagy aýagyna ters baglan bolmaly.

Yzçy bir dem dymdy-da, düýe ýitireniň ýüzüne dikanlap, sözüni dowam etdi: – Düýe ýitiren garyndaş, sen malyndan aýra düşene meňzäňok, içiň gülüp dur-a seň! Gaýdyp beýle biderek iş etmegin, inim, bolýamy...

«Ýazly kaka, bagyşla, günämizi öt, biz seni synap görjek bolduk, hata etdik» boluşsalar-da, yzçy olaryň töwellasyny almady. Şondan soň ol bu obada yz çalmasyny goýdy. Ýöne başga ýerden, has uzaklardanam gelseler, kyn görmän giderdi, geleniň raýyny ýykmazdy.

Kuwwat pälwan hakdaky hekaýatlary diýsene! Anna aga dilden-dile geçen bu wakalary ýazyp, ýygnap goýdy. Nesliň öz köklerini bilmegi gerek, oňa guwanmagy, buýsanmagy gerek. Aňyrsyny bilmeýän adamyň durmuşdaky hereketi ömür ýoluny tarpdan başlan ýaly bolýar. Şejeresini, aňyrsyny bilýän adam durmuş ýoluna belent depäniň üstünden uzaklary görüp bilýäne meňzeýär. Kuwwat pälwan Anna aganyň atasy Pyhy baýyň özünden uly dogany bolmaly. Ol uzyn boýly, eginleri terezlenip duran daýaw ýigit eken. Baldyrlary jürdek, döşi gapak ýaly ýigit ýere agram salman ýeňil hem ätiýaçly hereket edýänligi üçin onuň il içinde Arslan pälwan lakamam bolupdyr. Bileginden tutan ýa-da egnine elini goýan kişi pälwanyň dartylan ýaý ýaly çeýe, suw berlen polat ýaly sagdyn bedenine haýran galypdyr.

Ahaly baglan pälwanyň ady alyslara ýaýransoň, güýz günleri Hywa tarapdan bir pälwan Kuwwat bilen bil tutuşmak üçin bu ýerlere ýörite gelipdir. Ol oba baýlarynyň biriniň öýüne myhman bolup düşýär we niýetini mälim edýär. Ilata-da geregi şu, derrew häzirlik işlerine girişýärler.

Ýer ýumşadylyp, çäge dökülen göreş meýdanyna çykan myhman pälwany gören adamlar ýakalaryny tutanlaryny duýman galýarlar. Boýun diýlen zat asla bolman, äpet kelle egin bilen ýüzugra bitişip gidýärdi.

Myhman pälwan edepli adam eken. Bil tutluşylmanka, ýaşy uluragam bolsa, Kuwwat pälwana:

– Pälwan aga, at-owazaňyz biziň jelegaýlara-da baryp ýetdi. Sizi ýykyp, baýrak almak üçin gelendir-ä öýtmäň. Sizi däl-de, özümi synamak üçin geldim. Tutluşygyň netijesi nähili bolsa-da, Size hormatym egsilmezdir – diýdi.

Gepiň keltesi, Gün guşluga galanda başlanan tutluşyk günortanlar togtadyldy. Ýykan, hatda ýykaýmaga ýakynlaşanam bolmady. Dogrudanam, «Kuwwat pälwanyň bu läheňiň biline eli bir ýetermikä?» diýip, howatyr edenem boldy. Eliniň ýeten ýerinden guşagy goşarlamaly bolansoň, Kuwwat garşydaşyny çemesine salyp bilmedi. Ýöne garşydaşynyň gara güýjüni ulanmagyna-da ýol bermedi.

Ikinji gündäki tutluşyk ýene netijesiz tamamlandy.

Üçünji günem göreş öýlänler saklandy. Göreşde biri ökde, beýleki asgyn diýer ýaly aýanlyk bolmansoň, eminler tutluşygy deňme-deň gutardy diýip hasap etmeli boldular. Tutluşygyň çözgüdi uzaga çekensoň, baýraga goýlan mallaryňam sany köpelip, esli boldy. Bu üýtgeşik bäsleşigi görmäge soňky iki günde goňşy obalardan gelenlerem köpelip gitdi.

Deňme-deňlige myhman pälwan razy bolmady. «Bellisini etmän, yzyma dolanman» diýdi. Pälwany myhman alan baýam onuň tarapyny çaldy. Baý öz myhmanynyň ýeňenini isleýändigini gizläp durmady. Garaz, pälwanlara ýene bir gün güýç synanyşmaga ejaza berildi.

Kuwwat pälwan öýüne dolanyp gelip, ýüze çykan ahwalata düşünmek üçin kelle döwüp başlaýar. Ol myhman pälwandan güýjüniň, emeliniň egsik däldigini syzýar. Ýöne näme üçin eller guşakdaka, bu artykmaçlyk öz netijesini berenok. Uzak oýlanyp, pälwan ahyrsoňy belanyň körüginiň nirdedigini tapypdyr. Onuň içinde gorky bar. Kalbynda oturan bu gorky onda myhman pälwany başda gören pursady döredimi ýa-da has soňra peýda boldumy, häzir ony anyklamak mümkin däl. Ýöne pälwanyň ysgyn damarlaryny gowşadýan, bilýän köp sanly emellerini huşundan alýan şol gorky bolmaly.

«Sen gylyç gemrip, galkan tutup, duşmana topulan, sary ýaýy dartyp, peýkam atan, kement taşlap, at üstünde ýakalaşyp, ýan bermedik gerçek ärleriň neslinden ahyryn, nämeden gorkýarsyň? Nepesaly baýyň şejere daragtynyň kuwwatly sütünleriniň biri sen. Nesliňde gorkak bolmandy. Sen bolsa ejizligimi il görmesin diýip, ony öz içiňe salyp goýupsyň. Utanç! Masgaraçylyk! Myhman pälwandan ýykylaýsam, obadaşlarymyň öňünde masgara bolaryn diýip ýöwsellediňmi? Ýykmak-ýykylmak göreşiň kanuny ahyryn, biriň ýeňersiň, biriň ýeňlersiň. Sen öz döreden gorkyňa boýun egip, guşagy goşarlamankaň ýeňilýärsiň. Sen ilki bilen öz içiňde gizlenip ýatan gorkyny ýeňmeli!».

Kuwwat pälwan ukudan oýanan ýaly silkinip ýerinden turdy. Indi oňa hemme zat düşnükli. Ertirki tutluşygyň netijesi şu pursat belli boldy...

Myhman pälwanam dek ýatanok. Ol hem öň şular ýaly aýgytly tutluşyklarda özüne ýeňiş getiren emellerini peýdalanmak kararyna gelipdi. Ol baýyň ýatagyndan onuň görkezen gyzyl göz çebşini çykaraga-da, öz eli bilen şakga-şukga soýupdyr. Malyň näzik etini süňki-saňky bilen pudarlap, sähel duzlap gazana atýar. Bir düýp sarymsak bilen ýumruk ýaly soganam arassalap, gazana atyp goýberýär. Gaýnadylyp, ýüzüniň köpügi aýrylansoň, gazany pessaý otda daňdana çenli gaýnatmagy baýyň baýry aýalyndan haýyş edýär. Ýaş gelinlerine-de ynananok. Ýaş-ýeleňler uklap galar öýdýär. «Ýeňňe, daň agaranda, gazandaky çorba bir şäkeseden köp bolmaly däldir» diýip tabşyrýar.

Ertir irden turlanda gazanyň etem, süňkem eräp-akyp, malgama öwrülen eken. Otdan düşürilen çorba gaty sowap ýetişmänkä, myhman şakäsäni çorbadan dolduryp, başyna çekýär. Soňra dabanyna, goltugyna

owkalap-owkalap saryýag çalýar-da, göreş meýdanyna ugraýar.

Bu gün Kuwwat pälwanyň siltemesiniň, badak atyşynyň, çilşirme salşynyň öňkülerden üýtgeşikdigini diňe garşydaş pälwan däl, eýsem şowhun turuzýan märeke-de bada aňdy. Kuwwat pälwan bäsdeşini dyzyna alyp, ýerden bir göterenden soň, entek onuň emelinden gutulan pälwan ýokdy. Ýöne bu peläketi asla göterip boljak gümanyň ýok. Ýeke-täk ýol bar. Ol hem onuň agyr göwresini, güýjüni özüne garşy ulanmak.

Kuwwat pälwan çille mes iner kimin kükredi. Myhman pälwan garşydaşyny yza tesdirmek üçin baldyrlaryna zor salyp omzady. Kuwwat pälwan onuň emelinden sowlan ýaly etdi-de, myhmanyň guşagyndan bar güýji bilen tutdy-da, agyr göwräni öz daşynda aýlap başlady. Galan zat göz açyp-ýumasy salymda bolup geçdi. Janköýerler agyr göwräniň gürpüldäp gaýdanyny, Kuwwat pälwanyň onuň üstünde ýatanlygyny gördüler. Dogrusy, bu bolan ýagdaýa myhman pälwanam, asyl Kuwwadyň özem düşünmän galdylar. Ýagyrnysy ýere degen pälwandan: «Äý, wah, arman» diýip jandan syzylyp çykan ses ýeňen pälwanyň ýüregini jigletdi. Ol ýykan pälwanynyň elinden tutup, aýak üstüne galdyrdy, gujaklap arkasyna kakdy. O-da mertlik edip, ýykylanyny boýun alýan şekilde garşydaşyny gutlady. Guşaklar çözülip, bir-birege sowgat edildi.

«Ýykylan göreşden doýmaz» diýilse-de, uzaga çeken tutluşykdan soň, «Bir gezekde kimiň-kimdigi belli bolmaz, göreş gaýtalansyn» diýen tapylmady. Baş emin Kuwwat pälwanyň elini ýokary göterip, onuň ýeňşini yglan etdi. Pälwanyň paýyna düşen baýraklaram belli edildi.

Myhmanyň goşaryny sypdyrman tutup duran Kuwwat pälwan beýleki elini galdyryp, märekä ýüzlendi:

– Adamlar, meni diňläň! Göreşde biriň ýeňersiň, bu dogry. Ýöne myhman hakyky pälwan eken. Menden artyk bolmasa, kem-ä däl. Bu gün men ýeňdim, başga bir gün gürrüňsiz ol üstün geler. Bu gün ýeňmek nesibesi meňki boldy. Edil şonuň ýaly, myhman pälwanam meniň ýagyrnymy ýere degrip bilerdi. Adamlar, oňlasaňyz, göreş deňme-deň tamamlanandaky ýaly baýraklary deň bölseňiz, gowy bolardy.

Myhmanyň başyny ýaýkanyny gören Kuwwat: – Hatda baýraklaryň ählisini myhman pälwana bersek, has göwnejaý bolaýjak ýaly. Nähili görýäňiz?! – diýdi.

Hywaly pälwany myhman alan baý ýüzüni bozardyp-gyzardyp, aýagy bişen ýaly zowzullap ýörşüne, dilinem saklap bilmedi:

– Malyňa özüň eýelik edeweri-haw! Pälwana mal berjek bolsak, bizde-de az däl şol kel toklular. Bolmanda-da, Ahala gelip, eli boş gitjekmi şo kişi?!

Ýaşy uly bolansoň, edil häzirki ýagdaýyna-da düşünensoň, Kuwwat obadaş baýa jogap gaýtarjagam bolmady. Oňa derek myhmanyň özi dillendi:

– Adamlar, pälwan diýeniň ýeňşi bileginiň güýji bilen gazanýar. Ýeňen baýrak alar, ýeňlen ýere bakar. Bu däbi biz bozup bilmeris. Men bu gün hakyky pälwandan ýykyldym. Bu meniň üçin hiç aýyp zat däl. Men Alladanam, sizdenem razy. Beýle pälwany ýetişdiren topraga tagzym edýän. Ýöne meniň pälwandan etjek bir haýyşym bar. Ähliňiz eşider ýaly, siziň öňüňizde söz berse.

Ýüzlerçe gezek bil tutuşyp, ilkinji gezek özüni müýnli ýaly duýýan Kuwwat pälwan:

– Pälwan aga, biziň elimizden gelýän zat bolsa, onuňam bir gürrüňi bolarmy – diýip seslendi.

– Pälwan, seniň bu gün bil tutuşyň, silterlemäň, çilşirmäň, badak atyşyň öňkülere asla meňzänok. Bu ýerde bir syr bolaýmaly. Şony maňa açsaňyz?

Kuwwat pälwan hezil edip bir güldi. Pälwany gujaklap:

– Myhmany ýykanymyzy edepsizlik saýmaň. Bu işde, dogrudanam, bir syr bar, özem uly syr bar. Ýöne ol bular ýaly köpçülikde aýan ediljek syr däl. Ony siziň özüňize aýratynlykda aýdaýyn – diýdi.

– Bolar! – diýip, myhman begenjine Kuwwady göterip, öz daşynda üç-dört gezek aýlady-da: – Bilegiň zory egsilmesin! – diýip, ýerde goýdy.

– Sag bol. Saňa-da arzuwym şol.

– Aýdanyň bolsun, inim!...

Şol gün baýraklaryň hasabyna uly toý tutuldy.

Kuwwat pälwan myhmany çola ýere çekip, ýeňmeginiň syryny paýlaşdy...

Anna aganyň daýysy, kakasy Gök baýyň aýal doganynyň ogly Mämiş seýis baradaky gürrüňlerem özbaşyna bir dessan. Ol seýisleýän atyny aýlawda diňe özi çapar eken. Onuň seýisçilik syrlary barada hem her dürli gürrüňler bar. Mämiş seýis arpany irigöz elekde eläp, onuň diňe irisini, dokuny atyna iýdiripdir. Taýçanaklygyndan ýetişdirýän atyna iými çukur gazyp, şonda berýärmiş. Taýyň öň aýaklaryny epmesine, dyza çökmesine asla ýol bermez eken. At iýmini boýnuny süýndürip iýse, onuň boýny uzyn, owadan bolýarmyş. Ýa-da atlaryna çig ýumurtga içirer eken. Şeýdip saklansoň, onuň bedewleriniň bedeni elmydama altyn suwy çaýylan ýaly lowurdap durupdyr. Ýatagyna hemişe ürgün çäge ýazypdyr. Gezdirende-de çägelik ýerde gezdiripdir. Arassa çägäni mör-möjege garşy iň gowy serişde hasap edipdir.

Anna aganyň «Akyl sandyklarynda» rowaýata meňzeş şeýle bir  hekaýat aýdylýar.

...Gün ýaşjak ýerine mazaly ýakynlaşyberende, güpürdäp gelýän at toýnaklarynyň sesi eşidildi. Onýança-da bir ýigit gapyda at jylawyny çekdi. Atyň toýnak urşundan onuň çapuw maly däldigini serinde aýlap ýetişen seýis, bu atlynyň ýönelige gelmändigini aňdy. Haýkyryp salam beren ýigit jogaba-da garaşman:

– Şu Mämiş seýsiň öýümi? – diýip, gyssanyp gepledi.

– Hawa, edil özi, atdan düşüň.

– Özi öýdemikä?

– Inim, Mämiş seýis-ä, ine, biz bolmaly.

– Aý, agam, günämi geçeweri, edepsizlik edipdirin – diýip, ýigit böküp atdan düşdi. Seýsiň entek uzadyp ýetişmedik elini garbap alyp, sypdyrman silkeläp başlady. – Agam, men şu wagt näme edip-näme goýýanymy bilýän däldirin. Kelläme taýak degen ýalydyr. Indi wagt ýitirmän, derdimi aýdaýyn. Bar umydymyz size bagly. Diňe şol halas edip biler diýip, Sizi salgy berdiler. Diňe Siz...

Seýis gelen ýigidiň habaryny ünsli diňledi. Ol goňşy obalaryň birinden Tarhan Atanyň ogly Eýeberdi eken. Tohum baýtallary gulanlap bilmän, heläk bolup ýatanmyş. Demren gysragyň adyny eşidende, Mämiş seýsiň süňňi gowşap gitdi. Ol baýtalyň neslinden aýlaw baglan atlaryň sany bir ýa iki däldi.

– Gulanlamaly wagty bolupmydy? – diýip, ol ýigide sowal berdi.

– Golaýlan bolmaly öz-ä.

– Taýa jan girdimikä?

– Hawwa-la, gozganýany bildirip durdy. Ir guşlukdan bäri welin, ol gymyldy galdy. Baýtalyň haly hasam teňleşdi. Seredip durmaga ýürek tap getirenok. Alajyň bolsa ýok – diýip, ýigit hamsygarly göründi.

– Inim, o taýda bizlik iş galmadyk bolaýmasa... Taýçanak enesiniň içinde işini bitiren bolsa, indi alaç tapylaýsa-ha...

– Onda-da baryp bir görseňiz. Belki, Demreni halas edip bolar. Iň bolmanda, biz «Elimizden gelenini etdik» diýip, göwnümizi aldamaga sebäp bolarsyňyz. Gaýrat ediň, agam! Sylagyňyzy özüm ýetirerin.

– Bize, oňarsak, olar ýaly behişdi bedewiň janyny halas etmekden uly sylag-serpaý bolmaz, ogul.

Ýigidiň bolşy, onsoňam baýtalyň Demren bolmasy, özünde dynnym ýaly umyt bolmasa-da, Mämiş seýsi ýola düşmäge mejbur etdi. Iň bolmanda, eliňden gelenini edip, ol janawaryň öňünde günäkär bolup, müýnürgäp galmaly däl.

Mämiş seýis ýolboýy tohum baýtala ýolugan derdiň nämedigini aňlamaga çalyşdy. «Jüre keseline ýolugan bolsa, ol nägehan dert baýtaly bada-bat almaga erjeşer. Öýkeni çişip, derläbilmän, heläk bolup ýatan bolsa, bu hut şol keseldir. Baýtalyň bogaz bolmasy çatak eken. Ýogsam ony dertden halas ederdi. Ýa ketewmikä? Görgüsi ýaman bokurdagy çişip, heläk bolup ýatyrmyka? Ketew deger ýaly ol gyzyp, suw içdimikä, sowukda derläp, ýol ýöredimikä? Bogaz baýtal ýatakda durýandyr-a hemişe. Ýa golaý-goltumynda towuk ketek dagy barmydyka? Ketew bolsa, arpany duzda mazaly gaýnadyp, gyzgynlygyna iým torbada baýtalyň başyna geýdireris. Onuň bir alajy tapylar-la... Ýöne taýy içinde işini bitiren bolsa, şonda iş kyn bolar. Gurallarymy alanam bolsam, entek ol işe batyrynyp biljegime ynamym ýok...».

Gözýaşyny döküp ýatan malyň ýagdaýy diýseň agyr eken. Indi başynam göterip bilmeýän baýtal ýagty jahana inmeli taýynyň düşen halyna aglaýarmy ýa öz düşen gününe nalaýarmy – belli däldi.

Gije. Edip biljek zadyň ýok. Ähli etsem-petsemleri ertire goýmaly boldy. Ýöne seýis uzyn gijäni çirim etmän geçirdi. Ertirki etjek işlerini ýeke-ýekeden aňynda aýlady.

Mämiş seýis ertir namazyna eglip galansoň, horjunyndan çykaran düwünçeklerini çözüp, gurallaryny telleşdirip başlady. Ululy-kiçili päkileriň üç-dört sanysyny uzak wagtlap, gara çalgy daşa çaldy, tygynyň gylawyny barmagy bilen, soňra murtuna salyp barlap gördi. Eden işine göwni ýetenden soň, päkileriň tygy süýem barmak bilen orta barmagyň arasynda ykjam oturýarmy, mäkäm durýarmy diýip, deňäp başlady. Onuň her bir hereketi Tarhan aganyň nazaryndan sypmaýan-da bolsa, seýis onuň öz golaýyndadygyny duýmaýan, dünýede özünden başga jemende bardyr öýtmeýän ýaly, öz işine gümra bolup otyrdy.

Seýis işşekçer toklyny soýduryp, onuň ajy içegesini arassaladyp, tabaga salyp goýmagy tabşyrdy. Özi ýaş malyň ter bagröýkeninden taýýarlanan şorsuwa meýil bermän, saryýag bilen bir döwüm çörek iýdi, bir käse-de çaý içdi.

– Ýeňňe, arassa gazanlaryňyz bar bolsa, şonda suw ýylydaýyň. Gazanlaryň näçe uly bolsa, şonça-da gowy. Biriniň suwunyň sähel «dişi döwülse» bolar, soňkusy ýylyrak gerek bolar – diýip, seýis Ogultäç enäniň üsti bilen gelinlere ýumuş tabşyrdy. Özi çaklaňja tabak alyp, düýäň gumalagyçarak mumyýa meňzeş dermany onuň içinde ezip başlady. Derman düwürsiz eräp gutarýança bulap oturdy.

Demreniň bolup ýatyşy naýynjardy. Düýn daşyna egele bolup oturan adamlaryň birden möý pytran ýaly dargamasyny öz ýanyndan ýamana ýorýan ýalydy. Düýnki üýşen adamlar halasgäre meňzeýärdiler. Ýagdaýy agyr

görüp, ony ýalňyz goýup gidendirler. Indem uzak wagt bäri habar tutýan ýok. Wah, sözläp, düşündirip bilýän bolsady, janawar onda derdini beýan ederdi. Şeýtse, adamlar ony ýalňyz goýup gitmeselerem gitmezdiler. Bir alaç tapardylar, onuň derdini dep ederdiler. Ol käte beýleräkdäki ýatakda daňlan Kemeriň öz enesine duýgudaşlyk bildirip hokranyşyny eşidýär. Bu onuň «Menem bardyryn, perişan halyňa gyýylýandyryn» diýdigi bolarly... Gör, näçe wagt geçdi. Ýöne seýsem görnenok, ýaşulam gara berenok, ýaş ýigidem. Häk, bu zatlar gowulygyň alamaty däl ýaly. Ine, birdenem baýtal athanada gowul-çowluň başlanandygyny aňşyrýar. Haçanda öten gije özüne nazar aýlap giden nätanyş adam ýataga täzeden gelip girende, baýtal oňa öňküsi ýaly umytly garap bilmedi...

Tarhan aga elindäki tabagy baýtalyň agzyna tutup, onuň içindäki melhemden damdyk goýman içmegi üçin mala hoşamaýlyk etdi, oňa söýünçli sözleri aýtdy. Bu hereketleriň hut özüni halas etmek üçin edilýändigini duýýan ýaly, Demrenem agzyna guýulýan melhemi yrýa etmän içmek bilen boldy.

– Wah, munuň garnyndaky taýy-da şol meşhur Wepalydandy – diýip, Tarhan aga özbaşyna hümürdedi.

– Tarhan aga, ýene birsalymdan baýtala mylaýym suwdan beriber, näçe köp içdigiçe – şonça bähbit. Aç mal suwsagyç bolar. Üç-dört gün bäri bimaza ýatan bolsa, bir çelek suwy dagyny gördümem etmez...

Suwdan içibilenini içen baýtalyň garny alaň ýaly çişdi. Hälki melhemiň täsiri ýetip ugrandan soň bolsa melul bolup, gözleri süzülip, saly gowşady. Bäş kişi baýtaly ýaňja düşelen çägäniň üstüne süýşürdi. Myşşyldap agras dem alýan, bokurdagyna zor salýan haýwanyň dört aýagyna-da tanap salyp, teblehananyň burçlarynda dikilen agaçlara mäkäm berkitdiler.

Mämiş seýis çalça çuwallaryň iki sanysyny eline çemeli ýerde açyp goýdy. Gurallaryny öz horjunynyň üstünde ýaýradyşdyryp, töweregindäkileriň ýüzüne seretmän gepledi:

– Oglanlar, indi siz öz işiňiz bilen boluberiň, heşerlenişip durmaň. Bogaz baýtalam utanjaň bolar. Indi Hudaýy çagyryň-da, ýagşy dilegde boluberiň. Tarhan aga ikimizi goýaýyň bärde.

...Mämiş seýis işini Gün öýlä aganda bitirdi. Ýarag ulanmaly bolmandygy üçin ol çaga ýaly begendi. Öz eden işinden juda razy boldy. Çünki baýtalyň garnynda öz ornuny üýtgeden taýçanagy, onuň enesini halas etmek, baryp ýatan gudratdy. Esli mahaldan soň, dermanyň güýji gaçyşyp, özüne gelip başlan malyň minnetdar bakyşyny görüp, seýsiň damagy doldy. Eýýäm itenek-çomanak edip, ýerinden galmak isleýän balasyna gözi düşende, baýtal ene mähremligi bilen başyny götermäge hyýal etdi.

Ol gün Mämiş seýis Tarhan aganyň myhmany boldy. Saly gowşan mala däri-derman etmesini dowam etdi. Ertesi irden gapyda çykan çasly at kişňemesi hemme kişiniň öýlerden bosup çykmasyna sebäp boldy. Demreniň ýatan teblehanasynyň gapysynda Wepaly durdy. Ol uzak ýerden daňydan boşap gelen bolarly. Demrenem oňa ysgynsyzraga-da hokranmak bilen, «halas boldum» diýip jogap berdi.

– Seýis, özümi halas eden bolsaň, munça minnetdar bolmazdym. Ömrüň uzak bolsun, eliň-gözüň dert görmesin! Seniň barlygyňa şükür. Eger garşy bolmasaň, taý süýtden aýrylansoň, ony oglanlar gapyňa eltip gaýtsynlar.

– Mala eden emim üçin muzd almaýanymy senem eşidensiň, Tarhan aga. Eger meniň diýenimi etseň, bu taýy enesiniň ýanyndan hiç aýyrmagyn. Adyna-da Mäh-

riban dakaýyň. Belki, bir gün Demreniň ornuny tutar. «Ýüzden ýüwrük çykar, müňden – tulpar» diýipdirler. Bujagaz urkaçyja taýyň soňuny bilýän ýokdur welin, ýöne ýagşy umytda bolanyň gowy...

Mämiş seýis öýüne dolanmanka, Demrene nähili esewan edilmelidiginem öwredip gaýtdy...

Umuman, Nepesaly baýdan gaýdýan nesil arygynyň kenarynda behişdi bedewiň egsik bolan wagty ýok. Nepesaly baýyňam, Pyhy baýyňam, Gök baýyňam gapysynda iş atlaryny hasaba almanyňda-da, jylawyny çeýnäp duran üç-dört sany argamak atyň bolandygy belli. Kerwende ýöreýän on-on iki erkegi, on bäş-on alty köşekli düýeleri, Babarap obasynyň ýakynragyndaky öz Atak guýusynyň töwereginde örä ýaýraýan iki-üç süri dowary bu döwletli gapylarda hemişe bolupdyr.

Ýöne XIX asyryň segseninji ýyllarynda başymyzdan inen bela adaty durmuş ýörelgesini ber-bibat etdi. Çapylýan atlaryň müňlerçesi söweşlerde gyryldy. Tohum bedewleriň uly topary zor bilen ýa-da satyn alnyp, uzakdaky sowuk ülkelere äkidildi. Içi buz ýaly sowuk, dar tagta ýataga salnyp, demir ýol bilen ugradylýan atlar, ajy aýralygy duýýan ýaly, gözlerinden boýur-boýur ýaş döküýärdiler.

– Gök aga, ak patyşa demir ýol çekjekmişin, Siz oňa nähili garaýarsyňyz? – diýip soralanda, ol:

– Mal-gara zyýany degmejek bolsa çekibersin – diýip, giň göwrümlilik bilen jogap gaýtarypdy.

...Salan ýarasy bitmedik, däri ysy gitmedik şol ýowuz uruş barada Anna aga hiç haçanam dil ýarmazdy. Öz ýanynda şol uruş barada gürrüň gozgalanynam halamazdy. Ýogsam, 1880-nji ýylyň 28-nji dekabrynda daň atmanka duşmanyň üstüne çozulanda, yzgantly ýigitleriň altmyşa golaýyna baş bolan Anna serdaryň hut özüdi. Şol hüjüme

türkmen esgerleriniň dört müňden gowragy gatnaşypdy. Daňdanyň ümüş-tamyşlygynda aýakýalaň, egni köýnekçe, elleri ýalaňaç gylyçly ýigitleriň duşmanlaryň üstlerini gapyl basmagy olaryň arasyna dowul salyp, başagaýlyk döredipdi. Duşman güýç babatda-da, adam sany babatda-da türkmenlerden has artyk gelýärdi. Daňyň alagaraňkysynda «ur-a» diýen gohlaryny atlarynyň toýnaklarynyň güpürdisine goşup çozuş eden gaýduwsyz ýigitler duşmanyň iki topuny ele salyp, ata süýredip, gala getiripdiler. Bary-ýogy sanalgyja minuta çeken çaknyşykda duşmanyň söweş baýdagy galany goraýjylaryň eline düşüpdi.

Geçirilen uly geňeşde: «Gala gapgarylyp oturmalyň, ata-baba söweş usulyny ýada salalyň. Galkanymyz Garagum bolsun. Duşman bilen gaça-kowa urşuny edeliň» diýenleriň arasynda Anna serdaram bardy. Emma, emma... Anna aga halkyň başyna inen bu bela hakdaky pikirlerini ýazga geçirip, «Akyl sandyklaryna» atdy: «Nesiller netije çykarsynlar. Betbagtçylykdan hem many almaly...».

«Ar köýen ýerde är dörär». Bu sözler sandykdaky ýazgylarda telim ýola gaýtalanýar.

Anna aga ýaňy bolan perzendine özi at goýdy: Berdimuhamet!

Anna baýyň körpe perzendine ala-böle şu ady saýlap-seçip dakandygynyň sebäbini bilýän ýogam bolsa, onuň täze bolan balasyna aýratyn nazar, üýtgeşik mähir, umyt bilen bakýandygy basym mälim boldy. Türkmeniň erkek kişileri öz öwladyny «balam, jigerim, köşegim» diýip suwjaryp, ýalap, ogşap, sypalap ýörenok. Içki duýgularyny, perzende bolan mähremligini kalbynyň gatlarynda saklamaga çalyşýar. Çaga aga-gara düşünip, ulaldygy saýy atasy oňa merdemsi garap ugraýar, çaga

lellim, «ejemogly» bolup ýetişmez ýaly, berk tutmaga ymtylýar. Ýöne bu gezek haýsy akyla sygynanam bolsa, haýsy duýgynyň ýesiri bolanam bolsa, Anna aga ogluna yhlasyny, mährini, söýgüsini töweregindеn ýaşyrjak bolup hem durmady. Öz wagtynda ata-ogullyk gatnaşygynyň lezzetinden ine-gana doýmadyk Anna aganyň özüniň hem häzirki durmuş pursadyndan kaýyllygyny, bagtyýarlygyny, geljege uly umydyny düşündirip bilmezligi mümkindi.

Berdimuhamet bäbeklikden saýlanyp, ýörjen-ýörjen bolup başlandan, Anna aga ony boýunmündük edip gezdirerdi. Çaga päsgel bermesin diýip, telpeginem çykarardy. Bolşy geňräk görünse-de, başy açyk gezerdi. Çaga söýgiňi, hamraklygyňy gizlemek türkmen erkek kişileri üçin aňyrdan adat bolup gelensoň, käbir deň-duşlary ony geňläp, lak atardylar:

– Anna serdar, eýgilikmi-haw! Bu çagany boýnuňdan düşürmän ýörşüň-ä bir hili öz-ä.

– Eýgilikdir, eýgilikdir. Berdimuhamedim meniň gözýetimde görýänimden aňyrlaryny görsün diýip göterýärin. Enşalla, umydym hasyl bolar – diýip, Anna aga jogap gaýtarardy.

Başga bir gezek şeýle diýlende bolsa, ol:

– Perzent pederinden beýik bolmalydyr. Berdimuhamet belent bolmagy şu wagtdan öwrensin – diýerdi.

Ogly dil açyp, jedirdäp ugrandan Anna aga oňa her hili sözleri, san sanamagy öwredip başlady. Käteler Anna aga gözjagazyny gyrpman, jikgerilip diňläp oturan Berdimuhamede iki-üç ýaşly çaganyň-a däl, eýsem on dört-on bäş ýaşly ýigdekçäniň düşünmejek, akyl ýetirip bilmejek zatlaryny hem aýdardy. Goý, şu wagtdan çaganyň gulagy gansyn!

Soňky döwürde Anna aga uly ogullary Aba bilen Ýusupberdinem kän bir ýanyndan aýyrmazdy. Olara-da eden her bir işini, ýerine ýetiren hereketini gaýtalap-gaýtalap görkezerdi. Hatda duýdansyz halatda gelen karary bilen Tejendäki garyndaşlaryna salama gidende-de olary ýany bilen alyp giderdi. Aýalyna ýene üç aýdan, alty aýdan soň, indiki ýyl edilmeli işleri düşündirmäni, tabşyryk bermäni çykarypdy. Kakasy ir wepat bolansoň, ejesiniň sesýetimdäki öýüne öňkülerinden has köp gatnady. Gapyda basylyp goýlan odun ýene iki ýyla ýetjegem bolsa, ejesiniň gapysyna ýene dört düýe ojar düşürtdi. Atasynyň öýünde ýygy-ýygydan ýatyp gidýärdi.

Berdimuhamediň ejesi ýanýoldaşynyň kalbynda bolup geçýän özgerişlikleriň ýorgudyny güman edýänem bolsa, oňa ynanmakdan gaty gorkýardy: – Hernä, Hudaý jan, özüň gowusyny edeweri!

Anna aga körpe perzendine bakyp, asla onuň mährinden ganmaýanlygyny duýýardy. Çagajyk-da kakasynyň bolşuny görüp, onuň öz ýüzüne soňky gezek bakýan ýaly duýgyny başdan geçirýärdi. Tüýlek ýüzüni çaganyň näzijek dulugyna oýkanda, çaganyň jykyrdap gülşi, murtuny oýkap, onuň gyjygyny tutduryşy... Anna aga bu zatlaryň hemmesiniň soňky gezek bolup geçýändigini, çaga gülküsini soňky gezek eşidýändigini syzýan ýalydy. Çaga bolsa onuň özüne şeýle gamgyn halda garaýandygyna düşünip bilenok.

Munuň sebäbi bolsa durmuşyň özi ýaly ýönekeý. Berdimuhamet ýaňy üç ýaşanda, Anna aga ýurduny täzeledi. Sessiz-üýnsüz, duýdansyz, azarsyz-bizarsyz gitdi. Eger-de şu dünýäde bir zat onuň gitmeginiň öňüni aljak bolsa, Berdimuhamediň dünýä inmegi bilen onuň eýe bolan bagty onuň ölüminiň öňüni alardy. Şol bagta guwanyp, şatlanyp, ol ýüz ýylam ýaşardy. Ýöne, bolmady...

Her kimiň maňlaýyna ýazylan ykbaly onuň durmuşyna özüçe erk edýär, näme etmelidigini hiç kimden sorap duranok. Şol sanda çagadanam sorap duranok.

Deň-duşlarynyň hakydasynda Anna serdar, Anna baý, Anna mugallym Berdimuhamet üçin bolsa şol pursat ýöne bir peder bolup galan bu ynsan özünden soňkulara uly miras galdyryp gitdi. Nesil goýup gitdi. Durmuş dowam edýär, nesiller ýetişýär. Mukaddes ojagyň ody öçenok...

Berdimuhamet gaýadan, kakasynyň boýy bilen boýdaş belentlikden aşak gaçan ýaly boldy. Gaçan ýaly däl, asyl gaçdam. Ýöne häzir üç ýaşly çaga bu zatlara doly akyl ýetirip bilenokdy.

## Ýagşy niýet – ýarym döwlet

Berdimuhamet ýetim galyp, ata mähriniň lezzetini doly görmän galdy. Ýogsa bu ýaşdaky çaga ata mähri, ata goldawy näçe diýseň zerurdy, gerekdi. Ykbalyň onuň bilen nähili oýun gurandygyna, ony nähili agyr synaga uçradandygyna Berdimuhamet düşünýän däldir diýip hasap etmek nädogry bolardy. Üç ýaşynda ony enesi Hesel eje ýekesiremesin, oňa höwür bolsun diýip, şonuň ýanyna iberdiler. Mähir-mylakatly, mähek ýaly çagajyk enesiniň iň söýgüli agtygy bolup galdy. Asyl «Barly, döwletli maşgalanyň baýlygynyň ýokam, gut galyndysam ýetmiş ýyla ýetermiş» diýlişi ýaly, ir aradan çykan Gök baýyň döwletli ojagynyň häzirki ýagdaýam orta tapdan has ýokarydy. Öýüniň altyn aşyjygyna öwrülen agtygyny ilden üýtgeşik geýindirmek, ýagşy iýdirip-içirmek üçin hamrak ene hiç zadyny gaýgyrmady. Dogrusy, munuň üçin mümkinçiligem bardy. «Balam, guzym» diýip, uzak günläp agtygynyň daşynda hozanak bolýan ene onuň üçin janyny pida etmäge taýýardy. Çaga kemsinmese bolýar!

Olaryň nebereleri bir syrgyn bolup oturansoňlar, Berdimuhamediň dünýä inen öýem bu ýerden uzakda däldi. Şonuň üçinem ejesindenem, süýtdeş doganlaryndanam arasy üzük däldi, häli-şindi baryş-gelişlidi.

Berdimuhamet sekiz ýaşyny dolduranda, enesi bir saçak pişme bişirdi. Toý paý berdi. Galanynam saçaga dolap, agtygynyň elinden tutdy-da, obanyň orta gürpünde ýaşaýan Hojaahmet mollanyňka ugrady. Ýaşy özünden kiçem bolsa, oňa hormat edip, «aga» diýip ýüzlendi:

– Molla aga, ine, biziň körpämiz şü. Berdimuhamet jan! Şuňa bilim-sowat öwredip, ýoluny açsaňyz diýip, alyp geldim.

– Hudaý halasa, şondan arkaýyn bolaýyň, Hesel eje! Bileniňi öwretmek biziň Allaň öňündäki borjumyzdyr. Oglana, gyza bilim-sowat bermek sogap işdir diýlip aýdylýar. Pygamberimizem aýdypdyr ahyryn, «Bilim Çynmaçynda-da bolsa, gidip öwreniň» diýip.

– Alla ýalkasyn, molla aga, enşalla, bizdenem gaýdar.

– Gaýtarmaly tarap bizdiris, ene. Men medresä okuwa gitmezden öň Anna aganyň «Meýletin mekdebine» gatnapdym. Indi gezek bize geldi. Enşalla, bergi-borjumyzy gaýtarmak bize-de nesip eder.

– Hyzmatyňyza taňryýalkasyn. Agzyňyzdan Hudaý eşitsin!

– Hesel ene, ogluňyzy birigün, çarşenbe güni getiräýiň. Mekdep şol günden gapysyny açjakdyr. Bilşiňiz ýaly, güýzde başlanýan okuwymyz bugdaý oragyna ýakyn tamam bolar.

Garry ene Hojaahmet mollanyň aýaly bilenem salamlaşdy. Niýetläp getiren toý pişmesini gowşurdy. Soňam agtygynyň elinden tutup, öýüne dolandy.

Çarşenbe güni Hesel eje Berdimuhamediň elinden tutup, ýene Hojaahmet mollanyňka alyp geldi. Enesiniň elinde bir bölek galyň keçe bilen hat ýazylýan tagtajygy süpürer ýaly içine pagta dykylyp tikilen pökgüje süpürgiç bardy. Mekdepde dürli ýaşly çagalar okaýardylar. Şu gün gelenlerem, birküç ýyl bäri okap ýörenlerem bardy. Ýigrimi çemesi çaga. Aralarynda gyz çaga ýok. Okuwçylar okaýan ýyllaryna görä, hatar-hatar bolup oturýarlar: birinji ýyl – birinji hatar, ikinji ýyl okaýanlar ikinji hatar... Her kim özi bilen getiren keçesinde çöküne düşüp otyrdy. Berdimuhamet öz keçesiniň özge oglanlaryňkydan

üýtgeşikdigini gördi. Garry enesi ýumşak hem rahat bolsun diýip, keçäniň ýüzüne esli galyňlykda pagta ýazypdyr, ýüzüne-de owadan gülli mata çekipdir. Ol arakesmede hiç kime bildirmän, keçäni beýle ýüzüne ýazdy.

Mekdep kepbe jaýda ýerleşip, onuň içi giň däldi. Çagalar biri-birine gysylyşyp oturýardy. Hat ýazjak bolanlarynda olar gorsanyşyp, bir-birlerine päsgel berýärdiler.

Hojaahmet mollanyň orta boýly, dolmuş, tegelek, boldumly ýüz keşbi täsin bir habar eşidip, «Bäh, şeýlemi?» diýip geňirgenýäne meňzäp durdy. Köseleç sakgaly, saçy, hüwjerip duran gaşlary mor öwüsýärdi. Gözleri mähirlidi. Sesi ýagjymak, mylaýym eşidilýärdi.

Ol gapynyň gabat garşysynda, pessejigräk sekide, keçäniň üstüne atylan körpeçede oturýardy. Öňünde kitap goýulýan – tagtadan ýasalan haçja bardy. Berdimuhamediň çaga ünsüni çeken başga bir zat, olam mollanyň sag eli ýetäýjek ýerde goýlan bir desse inçejik çybyklardy.

Molla ilkinji ýyl okuwa gelen çagalara arap elipbiýiniň başky üç harpyny gaýtalap berdi. Alty oglanyň her biriniň elindäki tagtajyga bu harplary özi ýazyp görkezenden soň, molla harplary sesli gaýtalap oturmagy tabşyrdy. Beýleki okuwçylaram ýumuşlaryny alansoňlar, kepbäniň içi «gowurga paýlaşýan ýaly», gohdan ýaňa ses-üýn alşar ýaly bolmady. Kim näme edýär, kim näme diýýär, düşüner ýaly däl.

Gün günorta boluberende, iki sagatlyk arakesme yglan edildi. Ýany bilen owkat getirenler bu ýerde garbanmaga taýýarlandylar. Öýi uzakda bolmadyklar öýlerine ýelk ýasadylar. Berdimuhamedem jaýdan atylyp çykdy welin, görse daşarda enesi garaşyp duran eken.

– Okadyňmy, oglum! Tüweleme, tüweleme... Ajygansyň, ýör men saňa nahar edip goýdum.

Beýleki okuwçylaryň özlerine geň galyjylyk bilen seredýändiklerini duýan Berdimuhamet mekdepden esli arany açanlaryndan soň:

– Ene, yzymdam gelmesene – diýdi. – Ýoldaşlarym geň görýäler... Men indi çaga däl-ä... Okuwa özüm gidip gelerin...

– Weý, bor, oglum, bolar. Birinji gün bolansoň geläýdim, «balam it-guşdan gorkaýmasyn» diýip. Ertirden beýläk öýde nahar taýýarlap garaşaýaryn.

– Bor, ene, meň özüm ylgapjyk bararyn...

Garry enesiniň bolşundan onuň agtygynyň mekdebe gatnap başlamagyna nähili buýsanýandygyny Berdimuhamet görüp, duýup durdy.

Dürli gylyk-häsiýetli, dürli boý-syratly, gelip çykyşy boýunça parhly ýigrimi töweregi çaganyň toplanan ýerinde, elbetde, her gün bir geň wakanyň ýüze çykjagy tebigy ýagdaý. Daýawraklaryň, garagolraklaryň, bezzatlaryň ejizräk çagalara azar berýän wagtlary hem bolaýýar. Käte gurplurak maşgalanyň çagasy öýden getiren «pişigiň kellesi ýaly» gowurdagyny güjeňläp iýýär. Başga birine beýlekiniň ýamaly balajygy gülkünç bolup görünýär. Garaz, her hili ýagdaý ýüze çykyp dur-da.

Dynç alyş güni anna güni bolansoň, onuň öň ýanyndaky penşenbede geçilýän sapaklar göwnüňe uzyn, kyn ýaly bolup duýulýardy. Ine, birdenem yzky hatarlarda oturan oglanlaryň biri «waý!» diýip, çirkin gygyrdy-da, öňde oturanlary basgalaşdyryp, gapa tarap okduryldy. Çagalar öz işleri bilen başagaýdylar. Hojaahmet molla irkiljiräp oturansoň, allaniçigsi bolup, ör turdy. Molla söýelgi duran çybygyny almaga-da ýetişmän, gapa ýetip barýan oglanyň syýyndan tutup saklady.

– Dur, näme boldy?

– Syçan bar, mollam, syçan gördüm!

– Haý, syçanyňam gursun, syçmadygyňam. Bar, ýeriňe geç-de otur – diýip, molla oglany südenekledip ýerinde oturtdy.

Oglan öz ýerine geçenem bolsa, henizem köşeşenokdy.

– Balagymyň gonjuna girdä, mollam! – Ol gorkudan ýaňa nirede oturanynam, kim bilen gepleşýäninem unudan bolarly. – Öwlüýä kessin! – diýip ant hem içdi.

Içen anty haýyr etmedi. Sag egnine şarpyldap degen çybyk onuň donunyň çaňyny kakyp goýberdi. Jezasyny alanyň öňünde oturanlara-da bu çybykdan dadymlyk ýetdi. Oglan şobada ýerine çökdi. Edil häzir balagynyň gonjuna ýekeje-hä däl, eýsem bir topar syçan giräýse-de, ol ýerinden gozganjaga meňzänokdy.

Hojaahmet molla öwlüýäni özüňe şaýat tutup şert etmegiň, şunuň ýaly küpür geplemegiň her kim üçin, aýratynam, çagalar üçin külli günädigi barada wagyz etdi. Adamlaryň, şol sanda neresse çagalaryň hem her pursatda, her demde Alla tarapyn synagdan geçirilýändigini düşündirdi. Şu sebäpden biriniň (ol gorkan oglanyň adyny tutmady) gonjuna giren syçandan gorkmasynyň-da özbaşyna bir hikmetdigini aýtdy. Belki, ol kişi synag üçin iberilen syçandan gorkmadyk bolsa, başga bir beterräk günä iş etjekdi. Sebäbi gorky duýgusy Alla tarapyn berlen barlyk. Eger ol ýerinde, zerurlyk wagty ýüze çykmaýan bolsa, onda bu gulda bir egsikligiň barlygy. Ertesi bir gün ol guluň Hudaýdan-da gorkmazlygy mümkin. Estagfurullah, bendäň bilen deň bolmaweri!..

Hojaahmet mollanyň çagalara o diýen düşnükli bolmadyk bu uzyn söhbeti gorkan çagany köşeşdirmek üçin däl-de, eýsem öz eden hereketlerini aklamak üçin edilen ýaly boldy.

Başga bir gün üçünji ýyl okuwa gatnaýan oglanlaryň hataryndan biriniň aglaýan sesi eşidildi. Çagalaryň biri

hamsygyp aglaýardy, onam özgelere eşitdirmejek bolýardy.

– Gadamberdi, saňa näme boldy? – diýip, molla seredip oturan kitabyndan başyny göterdi.

– Hi-i-iç zat. – diýende, oglanyň aňyrsynda dykyn alyp duran ahmyr daşyna çykarly boldy.

– Goý, goý, aýyp bolar! Hany, näme bolanyny aýt mollaňa – diýip, Hojaahmet molla has mylaýym ýüzlendi. Hoşamaýlyga hossar tapynan ýaly bolan çaga has-da sojap başlady.

– Mämmedaman onuň düşegini aldy, mollam – diýip, ikinji hatardan şaňňy seslije oglan häsiýetine görämi ýa aglaýan oglana hemaýat etmek üçinmi, bolan wakany habar berdi.

– O nähili? – diýip, birbada bolan ýagdaýa düşünmedik molla oglana dikanlap garady.

– Mämmedamanyň keçesi deşik-deşik, Gadamberdiňki bolsa abat, galyň.

– Hä-ä, ejize ganymlyk bolýar bi – diýip, molla ýüze çykan ýagdaýyň anygyna ýetendigine begenýän ýaly seslendi. – Üç çybyk jezaňy okuwdan soň alarsyň – diýip, ol günäkäre süýem barmagy bilen yşarat etdi. – Häziriň özünde keçäni eýesine ber, özüňem ýyrtyk keçäňi-de düşenmän, sapak gutarýança aýak üstünde dur. Bü Gadamberdä ýene azar berjek bolsa, hökman maňa aýdyň, bu bir dilsiz-agyzsyz ýuwaş çaga ahyryn.

Soňam ýere düşelen gamşyň üstünde somalyp duran günäkäre «gowuja bolgun» diýip yşarat etmegem unutmady. Şundan soň Hojaahmet molla ynsan gatnaşyklary, günä-sogap işler barada ýene uzak gürrüň etdi.

Hojaahmet mollanyň mekdebinde haýsy okuwçynyň dersini gowy özleşdirýändigini çagalaryň oturdylyş tertibinden çen tutup bilip bolýardy. Okuw ýyly başlanaýanda,

gatnaýan ýyllaryna görä hatara oturdylan okuwçylar, bir aýa ýetip-ýetmän, gatym-garym bolýardylar. Sapagyny oňat bilýän okuwçy öňdäki hatara geçirilýärdi, özgelerem bilim derejelerine görä yzda ýerleşdirilýärdi. Ökdeleriň içinden biri halypa saýlanardy. Berdimuhamet okuwynyň dördünji ýylynda molla bolmadyk wagtlary beýleki okuwçylara halypalyk etdi. Munuň özi mollanyň işi çykyp ýa-da nähoşluk tapyp, okuw geçmäge ýagdaýy bolmadyk günleri onuň ýerine mugallym bolmaklygy aňladýar. Mekdepde okuwyň kabul edilen taslamasy, belli düzgüni bolmansoň, kim bu ýere alty ýyl, kim ýedi-sekiz ýyl gatnaýar. Molla «boldy» diýýänçä gatnabermelidi.

Molla hat ýazmagy öwretmeklige bütinleý üns berenok diýen ýalydy. Ol: «Eger sowady mazaly özleşdirseň, hat ýazmagyň gitjek ýeri bolmaz» diýen tymsaly köp gaýtalaýardy. Ýöne mekdebi tamamlanlaryň hem hat ýazyp bilmeýänleri az däldi.

Berdimuhamet okuw derslerini doly çykyp, Hojaahmet mollanyň ak patasyny aldy. Mollanyň alany bolsa, oglanyň enesiniň ýörite bakyp oturan semiz işşegi boldy. «Mollamyz örän sowatlydyr hem akyl-paýhaslydyr» diýlip gürrüň edilýänem bolsa, onuň bilim gory beýle bir çogup duran däl eken. Ol döwege goşulan at ýaly, şol bir aýlanan ýerinde aýlanar-dolanar durardy. Okuwçylar musulman dininiň esasy kadalaryny özleşdirenlerinden soň, molla «Töwhyddan» ders bermäge geçýärdi. Mollanyň aýdýan öwüt-ündewini, berýän edebini hem munuň üstüne goşsaň, şol döwrüň mekdep diýilýäni bolýardy.

Dört ýyllap dini mekdebe gatnamak bilen, Berdimuhamet, ozaly bilen, sowat öwrendi, indi ol okap-ýazyp bilýär, mundan beýläk öz güýjüň bilen bilim-düşünjäň üstüni ýetirmek zerurdy. Ikinjiden, ol 12 ýaşly ýetgin-

jekdi, indi ol maşgalanyň hojalyk işlerine kömekleşip, gün-güzeran görmelidigine-de düşünýärdi. Enesiniň üzümli haýatyna hyzmat etmegem indi Berdimuhamediň gerdenine düşüpdi.

Ejesiniňem, enesiniňem häli-şindi gaýtalap-gaýtalap aýtmaklaryna görä, Anna aga ähli toplan baýlyklaryny, şol sanda kitaplarynam, golýazmalarynam körpe ogly Berdimuhamede miras galdyryp gidipdir. Kakasyndan miras galan «Akyl sandyklaryny» öz öýlerinden enesiniňkä elteninden soň, Berdimuhamet köp wagtyny özbaşdak okamaga bagyşlady. Bu babatda Anna aganyň kitaplary, ýazgylary oňa biçak uly kömek etdi. Olar giden bir gizlin ýatan dünýedi. Her bir kitap, her bir ýazgy, her bir sahypa onuň üçin bilimler ummanynyň heniz açylmadyk syrlaryny açýardy. Onsoňam, bu ýazgylar, sahypalardaky syrlar kakasynyň sesi bolup kalbyna ornaýardy. Berdimuhamet özüni onuň mekdebinde okaýan ýaly duýýardy. Ol hakyt onuň dem alşyny eşidýän, gyzgyn söýgüsini duýýan ýalydy. Sahypalaryň gatlaryny açyp seredip ugranda bolsa, hut kakasy bilen gürleşýän, onuň öwütlerini, berýän maslahatlaryny eşidýän ýalydy.

Anna aganyň goýup giden akyl-paýhas mirasy Berdimuhamediň göwnünden turdy. Kakasy bilim-sowat almagyň ýollaryny, tärlerini ýazyp gidipdir, harplary, sözlemleri agzalar boýunça düzümini seljermegi birin-birin görkezipdir. Özem ylahy mysallar esasynda däl-de, eýsem adaty sözleýiş dilinden, dünýewi kitaplardan alnan mysallar arkaly görkezipdir. Hatda hasap-hesip öwretjek bolanda ulanan şo-ol gamyş bölejikleri bilen aşyklaram duran eken.

Birinji sandygyň agzyny açandan, onuň içindäki yhlas bilen tertipleşdirilip goýlan kitaplara gözi düşen Berdimuhamet özüni depesi baryp göge direýän beýik

dagyň eteginde duran ýaly duýdy. Ýöne haçanda hat okamany, ýazmany öwrenip, aň-bilim atly mukaddes miwäniň bir gyrasyndan gädip ugrandan soň, ol düýpden başga duýgulary başdan geçirdi. Indi ol özüniň bilim-düşünjesini näçe artdyrsa, özi belende göterilip, hälki öňündäki belent dag peselip gidip oturan ýalydy. Berdimuhamet özüniň ruhy dünýäsinde täze özgerişlikleriň bolup geçýändigine göz ýetirdi. Ol özgerişlikler bolsa onuň kalbynda ozal başdan geçirmedik buýsanç duýgusyny döredýärdi. Agtygynyň bu gyzyklanmasyna begense-de, enesi öz şatlygyny, buýsanjyny daşyna çykarmazdy. Ýöne onuň gözleriniň gülüp durşundan, dilinden döküläýän hoşamaý sözlerden, hal-hereketinden, başgalar bilen paýlaşýan pikirlerinden onuň bagtyýarlygyna düşünmek kyn däldi. Ol agtygynyň öz okaýan kitaplary bilen başa-baş galmagy üçin ähli şertleri döretmäge çalşardy, oňa iş buýurmazdy. Agtygy kitaba gümra bolup ugrandan, bildirmän, uzak wagtlap oňa söýgi bilen garap oturardy.

Berdimuhamediň oglan okatmaga ilkinji synanyşygy on iki ýaşynda başlandy. Oňa bir waka sebäp boldy diýseňem boljak.

Bir gün günortanlar Berdimuhamediň öýlerine bir atly geldi. Berdimuhamet edep bilen oňa salam berdi, hormat edip, atyny tutdy. Soňam iki elini uzadyp görüşdi. Atyny teblehanadaky gazyga baglady.

Myhman bu töweregiň adamsy däldi, ýüzi nätanyşdy. Nätanşyň ýüzi ýakymlydy, gelşiklidi. Gür gara gaşlarynyň aşagyndan nurana garaýan şar gara gözleri oýnaklap durdy. Başyndaky ak telpegi, egnindäki üýtgeşik biçüwli geýimleri sypatyna gelşip durdy. Çalasyn, aýgytly hereketleri onuň özüne göwnüniň ýetýändigini aňladýardy.

Bu wagt fewralyň başy bolansoň, entek howanyň ýakymy ýokdy. Berdimuhamediň enesi öýüň ileri ýüzünde güneşläp otyrdy. Myhman edep bilen salam berdi.

– Oglum, öýe gir, häzirjik çaý goýaýyn, duz dat – diýip, garry mürähet etdi.

– Taňryýalkasyn, ene, döwletiň yrylmasyn. Oturmaga wagtym ýok. Köpden bäri gelmekçidim, bir bahana tapylyp, gelibilmän ýörşüm. Ýöne men şujagaz ýerde oturaýyn – diýip, ol ojar tööňesine geçip oturdy. – Sag-salamatmysyňyz, ene, seniň ýagdaýlaryň niçik, han ogul? – Şu sözlerden soň, ol özüni tanyşdyrdy. – Maňa Muhammetguly Atabaýew* diýýärler. Meniň esasy kärim – çaga okatmak, men – mugallym.

Myhman «Men – mugallym» diýenden, Berdimuhamediň ýüregi jigläp gitdi. «Bir gün menem şeýle sözleri ynam bilen aýdyp bilermikäm?» diýip, ol içini gepletdi.

– Sen näme kär edýärsiň, inim?

– Häzir-ä daýhançylyk edýärin.

– Daýhançylyk – gowy kär, peýdaly iş. Ýöne häzir biziň halkymyza köp-köp mugallym gerek. Halky bisowatlykdan halas etmeli, onuň gözüni açmaly. Bilim, bilim, bilim! Ine, häzirki günde gerek zat! Sen näme mekdebe gatnamadyňmy?

– Öz obamyzdaky dini mekdebi tamamladym.

– Ol mekdebiňden o diýen netije bolmaz.

Muhammetguly soňky sözleriniň o diýen ýerlikli bolmandygyny şobada duýup, äheňini birneme ýumşatdy.

– Beý diýmegim, elbetde, nädogry, dini mekdebem gerek. Bolmanda, oňa gatnabam başlangyç bilim alsa bolar. Ýöne soňky ýigrimi-otuz ýylyň içinde halkyň ykbalynda bolup geçen özgerişlikler düýpden başga zatlary talap edýär. Biz indi uly bir kerwene tirkelen bolsak, ana, şonuň jaňynyň düňňürdisine görä, dünýäde bolup geçýän ýagdaýa laýyk hereket etmäge mejburdyrys. Bu

---

*Muhammetguly Atabaýew (1885–1916) – belli türkmen magaryfçysy.

bolsa, bilimsiz mümkin däl. Töweregiňizde rus – ýerli mekdep dagy ýokmudy?

– Şeýle mekdep Bamyda barmyş diýip eşitdim.

– Men şol mekdebi 1905-nji ýylda tamamladym. Ol wagtlar bu mekdep Bäherdendedi. Ol Hasan Efendiniň mekdebidi. Onuň özem Gruziýanyň Gori şäherinde doglan. Men 1908-nji ýylda Daşkent şäherindäki üçýyllyk Türküstan mugallymçylyk seminariýasyny tamamladym. Şondan soňky ýyl Peterburgdaky tomusky mugallymçylyk kurslarynda hünärimi ýokarlandyrdym, Moskwanyň we Peterburgyň rus mekdeplerinde bilim berlişi bilen tanyşdym. Indem olaryň iş tejribesiniň biziň mekdeplerimizde ornaşdyrylmagyny isleýärin. Şeýle, inim, okamaly, sebäbi kämillik diýen zadyň çägi ýok – diýip, myhman özi barada birgiden zatlary gürrüň berdi.

– Men özbaşdak okaýaryn.

– Özbaşdak okabam bilim almak bolar. Sen okap-ýazyp berin bilýärmiň?

– Elbetde – diýende, Berdimuhamediň sesi bu sowalyň berilmegini ýokuş gören äheňde eşidildi. Muhammetgulynyň ýüz keşbine seredeniňde bolsa, onuň bu jogaby geň görenligi duýulýardy. Ol oba dini mekdebiniň näme okadyp, näme öwredýändigini gowy bilýärdi. Ol çalt ýerinden turup, atynyň ýanyna bardy. Barşyna-da eýeriň gaşyndan asylgy horjunyň sag gözündäki bir top gazetden birini alyp, Berdimuhamede uzatdy. Gazet «Maweraýy bahry-hazar» («Zakaspi oblasty») diýlip atlandyrylýardy.

– Hany, maňa şunuň birinji sahypasyndaky şu makalany okap ber.

Muhammetguly oglanyň gazet okaýşyna dykgat berse-de berýärdi welin, şonuň bilen birlikde Berdimuhamede şu okaýan zadynyň nähili täsir edýändigini bilmek gyzyklydy.

– Boldy, bes edäý! – diýip, Muhammetguly oglany saklady. – Berekella, seniň başarnygyň özbaşdak okaýanlygyň netijesi. Sen ýazybam bilýänsiň onda?

– Hawa – diýip, Berdimuhamet jogap berdi, ýöne bu gezegem onuň jogabynda ýokuş göreniň äheňi duýuldy.

– Beýle bolsa, ýigit, sen taýýar mugallym ahyry! Häzir mugallymlaryň birentegi seniň ýaryňça-da bilenok, ynanaý şuňa!

Dogrudanam, düşnüksiz sözleriň duşýanlygyna garamazdan, Berdimuhamet gazet makalasyny säginmän okap çykdy. Myhman ýazuwdanam synag geçirmäge hyýal edäýse, ony ýene haýran galdyrjagyna oglanyň ynamy bardy.

Içeri girip-çykyp ýören ene myhmanyň agtygyna aýdýan öwgüli sözlerine monça bolýardy. Gapa atylan gülli keçäniň üstüne goşa ýassyk oklanyp, bir okara düýe çal, bir okara agaran, düýe ýüňünden dokalan saçak getirilip goýuldy.

– Duzdan uly bolmaýyn – diýip, myhman elini ýuwup, saçagyň başyna geçdi. Gyzgyn çörekden birküç dişlem döwüp alyp, şonuň bilen oňaýjakdy welin, ýöne düýe çalynyň, agaranynyň bark urýan ysy, üýtgeşik datly tagamy myhmany agaç çemçäni birneme «işletmäge» mejbur etdi. Tagamyň hakyna töwir galdyryp, «çeşmesine bereket» aýdyp, soňam özüniň bu gapa ýol salmagynyň sebäbini düşündirdi.

– Ene jan, duz-tagamyňyz üçin taňryýalkasyn, Alla ömrüňizi uzak etsin! Meň özüm Anna agany ýakyndan tanamasamam, ol barada köp gowy zatlar eşitdim. Häzir oturymy Bäherden bolan, Hojaly molla Myratberdi ogly Anna aga bilen ýakyndan tanyş eken. Asyl olaryň eden işlerinde-de meňzeşlik bar. Hojaly molla Peter-

burga, alym Aleksandr Samoýlowiçe iberen hatlarynyň birinde oňa «Isgender aga» diýip ýüzlenýär. Hatynda alyma iberýän «Gül-Bilbil» dessanynyň şu nusgasyny Anna agadan göçürip alandygyny ýazypdyr. Türkmen dilini suw ýaly bilýän Samoýlowiçiň özem 1902-nji ýylyň tomsunyň jokrama yssysynda Mary, Aşgabat*, Bagyr, Gökdepe, Bäherden sebitlerine aýlanyp, maglumat baryny toplapdyr. Ene, ýadyňa düşenokmy, belki, alym Anna aganyň özi bilenem duşuşandyr? Ýaşulynyň aradan çykanyny, Alla oňa rehmet eýlesin, ýaňy olaryň öýlerine baranymda eşitdim. Pahyr biziň obalarymyza-da baryp, köne kitaplar bilen gyzyklanar eken. Ana, şonuň iki sandyk hazynasy bar diýip eşitdik. Geň görmäň, ene, hazyna haçanda halka ýetende, gymmatly bolýar. Siz razy bolsaňyz, şu sandykdaky zatlaryň käbirini öz gazetimizde çap edip bilerdik.

Myhman ýigidiň bu gürrüňlerinden sandyklar özüne has ýakyn bolansoň, garry enäniň pikiri-de düýpden başga hörpde gopdy.

– Oglum, gowy işler edýärsiňiz. Alla Size kömek etsin. Ýöne diýýän sandyklaryňyz, eger olar bar hem bolsa, Berdimuhamet jana kakasyndan galan mirasdyr. Onuň wesýeti şeýledi. Ine, agtyjagym ulalar, ýigit çykar, öz mirasyna özi ygtyýar edip başlar. Ana, şonda bu gürrüňe gaýdyp gelersiňiz. Häzir bu zatlaryň gürrüňini ederden irräk, wagty däl. Munuň ýaly ähmiýetli işde alňasamak bolmaz. Anha, Berdimuhamet ýetişip gelýär. Sandyklaryň içindäki zatlary şondan gowy bilýän ýok. Hemme zadyň öz wagty bardyr, geliň, sabyrly bolalyň...

---

*Bu şäher 1919-njy ýylyň 17-nji iýulyna çenli Ashabad diýlip atlandyryldy, şol günden 1927-nji ýyla çenli – Poltorask we 1927-nji ýyldan Aşgabat diýlip başlandy.

– Bu diýýäniňizem ýerlikli – diýip, myhman garry enäniň getiren delili, teklibi bilen ylalaşdy.

– Onsoňam, indi Berdimuhamet inim bilen gatnaşygymyz ýygjamlaşarmyka diýýärin. Men oňa elimden gelen kömegi ederin. Ýakyn günlerde men Aşgabatda boljak. Soňra aňryk – Mara gidip geljek. Men okuwymy tamamlap, bäş ýyl Maryda mugallymçylyk etdim. Ol ýerler bilen gatnaşygym gowy. Häzir öz obamyzda mekdebim bar. Ýene bir ýolum düşende, inimi obamyza äkiderin. Ýolda Hojaly molla bilen tanyşdyraryn. Biziň okadyşymyzy görersiň, menem bilýän zatlarymy öwretjek bolaryn. Häzir sen ýöne oturman, çaga okatmaga başla. Ýöne muny resmi suratda etmek kyn düşse, onda şu jaýyň bir otagyny boşat-da, okadyp başlaber. Çagalary sowatly edersiň, özüň tejribe toplarsyň. Rus dilini öwrenjek bol. Şo-ol gazetleri alyp gal, şolardan gyzykly-gyzykly zatlary taparsyň. Men seniň Aşgabatda, Daşkentde, belki-de Orsýediň paýtagtynda bilim almagyňa kömek etjek bolaryn...

Muhammetguly özüniň ruhy halypasynyň Kyýat hanyň çowlugy, patyşa goşunynyň harby gullukçysy, polkownik derejesine çenli gulluk eden N.N.Ýomudskiý bolandygyny gürrüň berdi. N.N.Ýomudskiý türkmen milli intelligensiýasynyň Ýewropada bilim alan ilkinji wekillerine kömek eden adam. Şolaryň hatarynda Tatýana Tekinskaýa bilen Muhammetguly Atabaýewem bar. Ol türkmen ilatynyň arasynda bilim ýaýratmagy zerur hasaplapdyr we ýerli halky magaryf bilen, mümkingadar giňden gurşap almagyň aladasyny edipdir. Muhammetguly N.N.Ýomudskiniň özüne ýollan hatlarynyň birinde milletiň öňdebaryjy adamlarynyň borjy barada pikir aýdyp, şeýle ýazypdyr: «Sen öz halkyň betbagt-

lygyny görüp durkaň, özüňi aýap näme etjek? Saňa aňsat düşmez, ýöne sen özgelere ýagşylyk edýärsiň ahyryn. Öňdebaryjy adamlaryň hemmesi şeýdip hasrat çekipdir...».

– Senem adamlara ýagşylyk edersiň diýip pikir edýän, ýöne muňa özüňi taýýarlamaly. Öz üstüňde köp işlemeli, sowatly bolmaly – diýip, Muhammetguly nesihat etdi.

Muhammetguly Berdimuhamede öňdebaryjy aýal, magaryfçy Tatýana Mihaýlowna Tekinskaýa barada gürrüň berdi. Olar ýöne bir ýerli mekdepleriň mugallymlary – kärdeşler bolman, eýsem pikirdeşdiler hem. Ol rewolýusiýadan öň ýokary bilim alan ilkinji türkmen zenanydy we rewolýusiýadan ozalky ilkinji türkmen progressiw magaryfçylarynyň hatarynda görülýärdi. Tatýana Mihaýlowna Tekinskaýa üç ýaşynda 1881-nji ýylyň ýanwaryndaky Gökdepe weýrançylygyndan soň patyşa generaly M.D.Skobelew tarapyndan gyzlyga alnyp, Tatýana diýlip, rus ady, teke taýpalarynyň basylyp alynmagynyň şanyna bolsa Tekinskaýa familiýasy berilýär. Ol Moskwanyň Ýelizaweta institutyny tamamlap, oňat bilim alýar, Harkowda gimnaziýanyň mugallymy bolup işleýär. T.M.Tekinskaýa öz çagalygynyň taryhyny bilýärdi we hemişe Watany Türkmenistan barada oýlanýardy. 1906-njy ýylda ol Ashabada gelip, sekiz ýyllap ilk-ä Ashabatda, soňam Artyk obasynda rus-ýerli başlangyç mekdebinde mugallymçylyk edýär. Bu ýerde ol özüni Artykgül diýip atlandyrýar. Artykgül mekdepde okamagyň, aýratyn hem, garyp-pukaralaryň çagalarynyň okamagynyň zerurdygyna jan-dilden ynandyrýardy. Özüniň magaryfçylyk işi üçin T.M.Tekinskaýany ýerli polisiýa aýratyn gözegçilik astyna aldy. 1914-nji ýylda tutha-tutluk köpelip başlanda, ol Türkmenistany taşlap, Ukraina gitmäge mejbur boldy. Ol Kiýew guberniýasynyň

mugallymçylyk gimnaziýasynda mugallymçylyk işini dowam etdirdi. Muhammetguly Tatýana Mihaýlownanyň özüne ýollan hatlarynyň birinde şeýle ýazandygyny gürrüň berdi: «Men siziň ýaşlaryňyza berk ynanýaryn. Olar kemala gelerler hem-de siziň halkyňyzyň ahlak taýdan ösmegini we azat-erkin bolmagyny üpjün ederler».

– Görýäňmi, iň bir öňdebaryjy adamlar, ilkinji türkmen magaryfçylary ýaşlara kömek edipdirler, öz halkyny hatly-sowatly etmekde olara bil baglapdyrlar – diýip, Muhammetguly gürrüňiniň üstüni ýetirdi. – Seniň ýalylar şolaryň işini dowam etmelidirler, bilimi we medeniýeti köpçülige ýetirmelidirler. Munuň üçin bolsa öz güýjüňi we başarnygyňy aýaman, köp okamak gerek.

Muhammetguly Atabaýew Berdimuhametde ýatdan çykmajak täsir galdyrdy. Garry ene bolsa gelen myhman agtygyny yzyna düşürip alyp gidip barýan ýaly, özünden biygtyýar halda onuň bilen sowuk-salarak hoşlaşdy. Ol öz tebigy taýdan berlen akyl-paýhasy hem-de hamrak ene syzgyrlygy bilen hemişe agtygynyň özünde «Akyl sandyklarynyň» barlygy üçin, haýsydyr bir keseki adam tarapyndan ejir çekmezliginiň aladasyny edýärdi. Enesi hemişe ony goraýan perişde ýalydy, agtygyny haýsydyr bir bela-beterden goramaga çalyşýardy. Şoňa görä-de «Wagt geler, hemme zady öz ýerli-ýerinde goýar» diýen umytdady. Ol hemişe Berdimuhamediň jan saglygy barada aladalanýardy, çünki agtygy wagtynyň köpüsini golýazmalar, kitaplar bilen geçirýärdi, olary gaýta-gaýta okaýardy, nähilidir bir bellikleri edýärdi.

Berdimuhamet köp wagtlap Muhammetgulynyň keşbini, sesini, aýdýan sözlerini ýadyndan çykarmady. Onuň ýazan gazet makalalaryny gaýta-gaýta okap çykanda bolsa, onda bu kişi özüni halkdan ýokarda tutýan, halkyň egsik tarapyny has agdyk hasap edýän bolaý-

masyn diýen ýaly pikir hem döremän durmady. Belki-de, bu uly şäherleri gören, özge halklaryň ýeten derejesini bilýän, özümiziň yza galak ýagdaýymyza jany ýanýan adamyň perýadydyr?!

Muhammetguly bilen bolan gürrüňçiligi häli-şindi ýatlamak bilen, Berdimuhamet ýuwaş-ýuwaşdan onuň içki dünýäsine aralaşdy we oňa gowy düşündi. Käte-käte ol özüni bu ak telpekli, syratly adam bilen ýüzbe-ýüz oturyp gürleşýän ýaly duýdy. Özüniň 12 ýaşly ýetginjekliginiň ýiti zehini bilen Berdimuhamet bir zada akyl ýetirdi, ýagny onuň diňe öz maşgalasynyň durmuşy, gün-güzerany bilen çäklenip oturmaga hukugy ýok. Wagt geçdigiçe, ol halk, ýurt diýen ýaly düşünjelere we özüniň şular bilen berk baglanyşyklydygyna akyl ýetirdi.

Berdimuhamet Muhammetgulynyň özüne goýan gazetlerinem okap çykdy. Ýaş mugallymy, aýratyn hem, uly ýoldaşynyň okatmagyň täze usullaryny, ilata bilim bermegi wagyz edýän makalalary gyzyklandyrdy. Muhammetguly halka hemişe hemme zatdan – azykdanam, suwdanam beter aň-bilim gerek. Bilimsiz hiç bir iş başa barmaz, tümlügine galar. Her bir täze hünär, senet bilimli, okumyş patyşalaryňkyda döräp biler we olaryň döwleti beýlekilerden güýçli bolar diýip ýazýardy. Türkmen mekdepleriniň okuw meýilnamasy köp wagt bäri şol bir durşuna saklanyp galypdyr, hiç zat üýtgemändir... täze meýilnama boýunça bolsa çagalar diňe ýekeje ýylyň içinde okabam bilerler, ýazybam... Şonda olara islän kitaplaryny okamak has ýeňil düşer diýip, ol ynanýardy.

Muhammetguly Şagadamda bolanda, oňa Çelekende ýaş gelin-gyzlaryň 60 sanysynyň täze meýilnama esasynda ýazmagy hem okamagy öwrenýändiklerini gürrüň beripdirler. Ol Çelekene gelende, hut oňa gürrüň berişleri ýaly okadylyşyny görüpdir. Bu ýerde mekdep

açypdyrlar, türkmenleri täze düzgün boýunça okadyp başlapdyrlar. Bu bolsa olaryň tizara okap-ýazmagy öwrenmegine getiripdir. Bu mekdepde ýedi ýaşly gyzjagazlar bary-ýogy bäş-alty aýyň dowamynda hat ýazmagy öwrenipdirler, soňam Gurhan we beýleki dini kitaplary okap ugrapdyrlar. Edil şonuň ýaly olara kiçijik çagalary terbiýelemegi, esewan etmegi öwredipdirler.

Muhammetgulynyň galyň, köp aýallylyk, nähili geýinmelidigi baradaky meseleleri gozgap ýazan makalalaryny gaýta-gaýta okap, Berdimuhamet özüniň käbir zatlar babatda onuň pikiri bilen ylalaşýandygyny, käbir aýdýan zatlarynyň asla kabul ederlikli däldigine düşündi. Käte bolsa onda düýpden garşylyklaýyn pikirler döredi...

Berdimuhamet özbaşdak pikir ýöredip başlady.

Ol, elbetde, Muhammetguludan geljek bir habara ýa-da onuň özüniň atyny säpjedip çykaryna garaşýardy. Ýöne bu isleglериniň hiç birem amala aşmady. Okuwa diýip çykyp gidiberse, garry enesiniň gaty gynanjagyny bilse-de, göwni oraçanyň, obanyň çäginden has alyslara atygsaýardy. Ýaş ýetginjek özünde nähilidir bir täsin üýtgeşiklikleriň bolup geçýändigini duýdy.

Muhammetguly Atabaýyň näme üçin öz wadasynda durmandygyny Berdimuhamet şondan on ýyl soň, Aşgabatda okap ýören döwri bilip galdy. Yzganda gelip giden gününiň ertesi Mara gitmek üçin ýol şaýyny tutup ýörkä, 1916-njy ýylyň 12-nji mart güni ol tarpa-taýyn ýogalypdyr.

Berdimuhamet şeýle hem Muhammetgulynyň Merw we Ashabad uýezdleriniň rus-türkmen mekdeplerinde işlemek bilen, ak ýürekli mugallym, öz kärini jan--dilden söýýän adam hökmünde abraý alandygyny bildi. Okuwçy çagalar hem-de olaryň hossarlary oňa uly hormat goýýar ekenler. Onsoňam çagalaryň aň-düşünjesini

bilimleriň esaslary we öňdebaryjy ideýalar bilen ýaraglandyrýan hem-de olara öz ene dilini öwredýän rus--ýerli mekdepleriň mugallymlarynyň patyşa häkimiýeti tarapyndan yzarlanýandygy Berdimuhamet üçin açyş boldy. Mysal üçin, Muhammetguly Atabaýew türmä-de basylypdyr. Öýi dökülende olardan N.N.Ýomudskiniň we T.M.Tekinskaýanyň oňa iberen hatlary çykypdyr.

Berdimuhamet şo sapardan soň Muhammetgulyny görmedigem bolsa, onuň beren maslahatlaryny ömürboýy ýatdan çykarmady. Enesiniň razyçylygyny alyp, öýüň garşysyndaky tamyň gowy edip içini-daşyny suwatdy, soň agartdy. Alakadyr syçan hinlerine suw guýup, agzyna gara keçe dykdy. Üstünem samanly palçyk bilen galyň suwatdy. Jaýyň üstüni arassaladyp, ony gamyş bilen basyrdy. Okuwçylar öz keçelerini göterip ýörmez ýaly, Berdimuhamet jaýyň içine enesiniň köneräk keçelerini ýazdy.

Mekdebiň açylýandygy barada habar edildi. Berdimuhamedem, onuň enesem mekdebiň nähili dabara bilen açylmalydygyny bilenokdylar. Ýöne haçanda mugallym işikden ätläp, okuw otagyna girende, bilesigeliji çagalaryň dokuz jübüt garaja gözleri oňa bilesigelijilik bilen bakýardy. Ynha, şu pursady welin Berdimuhamet ömrüniň ahyryna çenli ýadyndan çykarmaz.

Mugallym elipbiýi öwredip başlanda, çagalaryň elindäki tagtajyga harplary özi ýazyp bermedi. Olara öz elleri bilen ýazmagy öwretdi. Olaryň dürs we owadan ýazmagyny, harplary dogry okamagyny gazandy. Elipbiýi özleşdirenlerinden soň, ýuwaş-ýuwaşdan harplary goşmaga we aýry-aýry sözleri ýazmaga geçmeklerine üns berdi. Elbetde, çagalaryň elindäki tagtajyklary kiçijikdi, ähli tabşyrylýan, öwredilýän zatlar oňa ýerleşenokdy. Bu ýagdaýa mugallymyň «kejebesi» darygýardy. Ine,

şeýle günleriň birinde-de Berdimuhamediň durmuşynda garaşylmadyk bir waka bolup geçdi.

Anna aganyň üzümli haýaty bardy. Onuň berýän bitginli hasyly we üzüminiň tagamy hemmeleriň dilinden düşmezdi. Hasyl ýetişen döwrem, gyşa ýygnalyp goýlan mahallaram Berdimuhamet iki sany sebedi üzümden dolduryp, taýlap atynyň üstüne atardy-da, her hepdäniň anna günleri Bamydaky bazara giderdi. Demir ýol menzilleriniň esasylarynyň biri bolany, ak patyşanyň adamlarynyň köpdügi, kisesi gabarak adamlaryň kändigi üçin bu ýeri söwda-satyk üçin amatlydy.

Ýakynda bazara baranda ol bir adamyň öz üzümine indi ikinji gezek hyrydar çykýandygyny gördi. Hortap, orta boýly, gözi äýnekli adam geçen annada-da bu ýaş ýigitden üzüm alypdy. Ol iki sany uly salkymy tereziniň jamyna zordan ýerleşdirip goýdy-da:

– Malçik, seniň üzümiň wo! – diýip, başam barmagyny görkezdi. Bu adamyň göwresine görä juda uzyn görünýän başam barmagynyň yşaratyna Berdimuhamet özüçe düşündi.

– Ýok, ýok, gelinbarmak diýemok, seniň getirýän üzümiň şeýle gowulygyny, süýjüligini aýdýan men – diýip, ol ýene başam barmagyny çommaltdy – Meň diýýänime düşündiňmi?

Çalgyrdragam bolsa, sözleri hetjikläp, gaýtalap-gaýtalap aýdansoň, Berdimuhamet müşderisiniň diline has doly düşünip başlady. Onuň alan harydyndan hoşal bolandygyna begendi. Müşderi çekdiren iki hoşa üzümini öz sebedine atyp, ýene iki salkym üzümi terezä goýdy.

Alan harydy bilen hasaplaşyp bolandan soň, ol indi süýem barmagyny çommaltdy:

– Oglum, gulak as! Men stansiýada, demir ýol wokzalynda oturýaryn. Dükanym bar, «Hleb – çörek» diýen ýazgyly. Düşnüklimi, dükan? Meniň adym Platon, Platon

Iwanowiç. Meni bu taýda hemmeler tanaýandyr. Diňle, indiden beýläk göni meniň ýanyma gel. Bazara däl, meniň ýanyma. Tamammy? Düşündiňmi? – Berdimuhamediň düşünendigini aňladyp baş atanyny görüp, ýene sowal berdi:

– Okuw, ýazma bar?

– Hawa-la! – diýip, Berdimuhamet säginmän jogap gaýtardy.

– Molodes! Ýa že wižu, çto ty zolotoý malçik! – diýip, müşderi ýene öz dilinde gürledi.

Oba gaýdyp barýarka, ýolda Berdimuhamet bu adaty bolmadyk alyjy barada oýlanyp gitdi. «Ýalňyşmaýan bolsam, Platon atly bu adam meni demir ýol wokzalyna çagyrdy. Onuň dükany bar bolarly. Şo ýerde-de meniň üzümimi satjakdyr...».

Soňky anna güni Bama gelip, Berdimuhamet kösenmän Platon aganyň dükanyny tapdy. Asyl demir ýolda işleýän ruslaryň ak tamlary hem şol dükandan gündogarlygyna tarap uzalyp gidýär eken.

Platon aga ýetginjegi güler ýüz bilen garşylady. Onuň ýüküni düşürişdi, atyny telegraf sütünine baglady. Harydy dükanyň içine çekdi.

– Hoş geldiň, oglum! Garaşyp otyrdym, tapaýsa ýagşydyr diýip alada-da galdym.

Platon aga Berdimuhamediň getiren üzümini öz gapanynda tiz çekip, ony dükanynyň içinde ýerbe-ýer goýdy. Soňra dükanyň yzky gapysyndan pul alyp çykyp, oglanyň jübüsine saldy. Ol bazar bahasyndan hasaplaşyp, biraz üste-de berdi.

– Indi boldumy, söwdany halalladykmy? Her gezegem göni dükanyma gelersiň, düşündiňmi?

Ol Berdimuhamedi demir oturgyçda oturdyp, özi beýleki otaga girip gitdi. Biraz wagtdan elleri iki bulgur

gara çaýly dolanyp geldi. Bulgurlary stoluň üstünde goýup, soň otagdan eli kitaply dolanyp gelip, özem stoluň başyna geçip oturdy.

– Ajap boldy! Diýseň gowy... Men Platon Iwanowiç Smirnow. Sankt-Peterburgdan. Alym – türkolog. Türki diller boýunça hünärmen. Türk, tatar, pars, arap dillerini, onsoňam, elbetde, öz rus dilimizi men gowy bilýärin, indiden beýläk bolsa seniň bilen türkmençe gepleşeris. Bu dili men öwrendim diýen ýaly, näme-de bolsa, tejribäm bar. Mundan beýläk sen maňa türkmen dilini öwredersiň, men bolsam saňa rus dilini öwrederin. Düşdüňmi? Onda gürleşdik...

Ýaşuly bir ýerlerden daşy kagyzly bir penje süýji çykaryp, çaýly bulgurlaryň gapdalynda goýdy.

– Süýjem al, çaýyňy süýji bilen iç. 1905-nji ýylda Russiýada bolan wakalardan soň, men bäş ýyl türmede oturdym. Soň meni 1910-njy ýylda bu ýere sürgün etdiler. Indem, ynha, alty ýyldyr, şu ýerde ýörün. Şu ýerimden üç kilometrden aňryk sekmek maňa gadagan. Baý, ýaman ýagdaýa düşdüm – Garry birsellem ýanynda Berdimuhamediň oturanynam ýadyndan çykaran ýaly, başdan geçiren günlerini ýatlady – Ah, gaty ýaman bold-a - – diýip, ol ýene gaýtalady.

Berdimuhamet şol wagt nähili erbetlik bolanyna düşünip baranokdy. Ýöne ýaşulynyň «ýaman boldy» diýen sözi köp gaýtalap oturyşyndan, onuň gürrüň berşindenem beter bolandyr diýip düşünýärdi. Platon aga ahyrsoňy öz ýüregini myňçgalap gelen agyr hasratdan halas bolan ýaly, uludan bir dem aldy.

– Hany, oglum, maňa şu kitaby okap ber.

Berdimuhamet özüne uzadylan kitaby açyp, arap dilinde okamaga durdy. Manysyna düşünmeýän arap söz-

lerini okap öwrenen ýigdekçe rus sözlerini başardygyça okap başlady. Onuň bu okan sözlerini dogry ýa-da nädogry aýdýandygyny diňe şu ýaşuly adam aýdyp biljekdi. Ýöne ol birnäçe gezek başyny yrap: «Maşalla, maşalla» diýip, gaýtalady-da oňaýdy.

– Seret, bala, sen-ä öz bilimiň-sowadyň bilen meni begendirdiň. Ýöne sen ýene köp-köp zatlary bilmelisiň. Menem saňa bilenimden kömek etjek bolaryn – diýip, Platon Iwanowiç oňa duýdurdy.

Berdimuhamediň mekdep açyp, oglan okadýandygyny eşidip, Platon aga hasam hoşal boldy.

Berdimuhamet her gezek Bama gelende, bu ýerli türkmenleriň adyny «Eflatun aga» diýip tutýan ýaşuly bilen kän-kän söhbetdeş bolup, onuň bilen halys öwrenişip gitdi. Ol eýýäm gojanyň gepleýiş terzini aldy, oňa sowal bermekden, soraşmakdan çekinip durmady. Onuň «Baý, ýaman bold-a...» diýen sözlerem häli-şindi gaýtalanar durardy. Ony Berdimuhamedem her dem ýadyna salar durardy.

– Oglum, kirilçe elipbiýi öwren, rus diline ökdele... Her zatdan haýyr gazanjak bolmaly, her zady bähbide ýormaly. Käşgä biz elimiz ok-ýaragly däl-de, galam-depderli, duz-çörekli gelen bolsadyk... Ýöne bilip goý, rus halky diňe general Grodekow ýa-da Skobelew däldir. Rus halkynyň beýik ogullary bar. Siz rus medeniýetini öwrenseňiz, ol size dünýä medeniýetine çykmaga köpri bolar. Siziň halkyňyz özüňiz ýaly düşünjeli, akylly-başly ýaş zehinlere mätäçlik çekýär...

Berdimuhamet durmuşda taplanan Platon aganyň aýdýan zatlaryna doly düşünmese-de, onuň özi hakda edýän aladasyna diýseň minnetdardy. Çünki bu ýaşuly Berdimuhamede kirilçe elipbiýi öwrenmek, rus sözleriniň aňladýan manysyna düşünmek üçin taýýarlanylan söz-

lügi, türkçe-rusça sözlügi, kirilçe elipbiýi, rus dilini özbaşdak öwrenmek üçin gollanmany, türkmenleriň taryhyna degişli bir kitaby sowgat berdi.

Her hepde ýanyna gelende, oglandan sorajak zatlaryny öňünden görkezdi. Sözlükden indiki duşuşyga çenli näçe sözi öwrenmelidigini belläp berdi. Her gezek gelende-de ýönekeý, sada oba oglanynyň ukybyna, zehinine haýran galdy.

Ýaş mugallymy has beter begendiren zat, olam gojanyň özüne mekdepde ulanmak üçin galam, syýa, ruçka, kagyz bermegidi. Indi Berdimuhamediň okuwçylary bölejik tagta hek bilen hat ýazman, kagyzyň ýüzüne ruçka hem galam bilen ýazýardylar. Berdimuhamet okuwçylar hat ýazanlarynda ulanar ýaly iki tarapy aýakly uzyn tagtalaryň hem dört sanysyny ýaşuludan alyp, atyna ýükläp mekdebe alyp gelipdi. Başga bir gezek bolsa ýaşuly oňa hek bilen ýüzüne hat ýazylýan uly gara tagtany gowşurdy.

Berdimuhamet Bama anna güni gidip gelensoň, şenbe güni sany on alta ýeten okuwçy oglanlar üçin baýramçylykdy. Mugallym her hepde bäş-alty sany üýtgeşik tagamly demirýol çöregini alyp gelýärdi. Onuň reňki gara bolsa-da, tagamy gowudy. Şenbe güni arakesmede garry enäniň garna dykylan şorja etden ýa-da gowurdakdan bişirilen ýaglyja çorbasy bilen del çörek mekdebiň okuwçylary üçin görülmedik lezzetdi.

Okuw üçin hak almazlyk mekdebiň esasy düzgüni bolansoň, bir habar gulagyna ilen Berdimuhamet bir gün:

– Ene, okuw üçin hak alýarmyşyň diýýärler welin, dogrumy? – diýip sorady.

– Oglum, men kimden näme almalydygyny gowy bilýärin. Sen alada etme. Mazluma ýük bolup, özümizi ýigrendirmeris. Munuň öz sebäpjigi bar. Ine, indiki gezek

Bama gideniňde şu pullaryň ýetenine köýneklik ak mata, balaklyk üçin hem gara mata alyp gel. Soňra düşünersiň...

Berdimuhamet enesiniň sargydyny berjaý etdi. Bir hepde geçenden soň, penşenbe güni irden garry ene agtygyna şeýle diýdi:

– Balam, üns berýäňmi, Mergeniň, Esenmyradyň, Güýçgeldiniň eşikleri ýama-ýamadyr. Bu gün okuwy tamamlamazyň öň ýanynda: «Şu hepde derslerine iň gowy ýetişen okuwçy Mergen boldy» diýip yglan et. Soňra ony meniň ýanyma iber. Ana, şonda özüňem düşünersiň.

Berdimuhamet enesiniň aýdyşy ýaly etdi. Sähel salymdan soň täzeje köýnek-balakly Mergen köne eşiklerini goltugyna gysyp, dylym-dylym edip mekdep otagyna girdi. Aňk bolup galan oglanlar birbada bolan zada düşünip bilmediler. Bu Berdimuhamet üçinem garaşylmadyk ýagdaý boldy. Ol enesiniň pirimine indi düşündi.

– Okuwçylar, Mergeniň ýetişikde gazanan üstünligi üçin alan baýragyny gutlalyň! Derslerine gowy ýetişen okuwçylar indi her hepde baýraga mynasyp bolar. Mergenden görelde alyň!

Dostlary oglanjygy gutladylar, ýerine geçip oturanda bolsa, yrym edip ony çalaja çümmüklediler.

– Ene, sen-ä bir açyş edäýdiň ýöne. Çagalaryň höwesini artdyrmak üçin bu diýseň uly täsir etjek zat. Walla, özümem haýran galdym.

– Oglum, men diňe seniň eneň däl, Anna janyňam ejesidigimi unutma – diýip, garry hezil edip güldi – Onsoňam üns berýän bolsaň, kemis iýýän, ýetmezräk çagalara odun getir, suw getir diýen ýaly ýeňil ýumuşlary buýrup, garynlaryny doýrup goýberýändirin. Bu-da biziň sogabymyza ýazylar, enşalla...

Bir gezek Berdimuhamet ýaşulynyň dükanyna gelende, Platon aganyň adatdakydan ýüzüniň salykdygyny, aladalydygyny gördi. Bir zatdan närazy ýalydy, tolgunýardy. Ol sürgünde bolansoň, ýüregini açmaga, derdini diýmäge adam tapmaýan bolarly. Onsoňam her kime içiňem döküp bolanokdy. Onuň dürli wagtlarda janygyp beren gürrüňleri Berdimuhamediň bütin ömrüne ýadyndan çykmady. Ol bu günem adatyna görä, gara çaý demläp, oglan bilen ýüzbe-ýüz oturansoň, basyk sesi bilen söze başlady:

– 1905-nji ýylda biz gozgalaň turuzdyk. Rewolýusiýa edip, patyşany agdarmakçy bolduk. Halky aýaga galdyryp, biz adamlara bagtly durmuşy wada etdik. Ezijilerem, ezilýänlerem bolmaly däldir diýdik... Gör, näçe adam heläk boldy, nijeme adamyň ykbaly keç boldy. Baý, ýaman bold-a!.. Zorluk bilen, gan döküp gazanylan ýeňiş netije bermeýär. Beýleki bir adamyny betbagt edip, bagtly bolup bolmajak eken. Ynha, Russiýada ýene rewolýusiýa turupdyr. 1917-nji ýyl. Rewolýusiýa... Bu rewolýusiýanyň netijesinde halk näme gazanyp bilerkä? Biziň ägirt uly döwletimiz mundan beýläk nähili öserkä? Meni türkmen halkynyň geljegem örän ynjalykdan gaçyrýar.

Meniň sürgünlik wagtym tamamlanyp barýar. Meniň dostlarym meniň Russiýa dolanyp barmagym barada alada edip ýörler, muny talabam edýärler. Geň zat, meni sürgünlikde saklap, örimi daraldan bu ýerlerini men ýigrenäýmeli ýaly. Ýöne men bu ýerlerini şeýle bir söýüpdirin, heý, goýaý! Megerem, bu ýerleriň aýratyn özüne çekjilik güýji, gudraty bar bolmaly. Men senem gaty haladym. Mende maşgala-da, aýal-da, çaga-da ýok. Meniň maşgalam – meniň ylmy işlerim, kitaplarym, depderlerim. Seni hut öz perzendim ýaly görýärin. Men sizi taşlap nädip gideýin, ýöne gitmezlige-de hakym ýok...

Bu sözleriň hiç biriniň Berdimuhamede niýetlenilip aýdylmaýany görnüp dur. Ýaşuly içinde berç alyp ýatan duýgularyny çykarmaly, ony-da, garaz, biriniň ýanynda aýtmaly-da. Şeýdip, ol öz-özüne teselli berýäne meňzeýär. Çogup çykýan duýgularyna erk edip bilenok. Platon aga dymdy. Ol çal başyny egip otyr, onuň bu bolup oturyşy garrap, awdan galan bürgüdiň hökgerip doňup oturyşyna meňzeýär. Bu surat göz öňünden heniz--henizlerem gidenok.

Russiýada turan ynkylabyň ýelgini bu ýerlerde-de mazaly duýlup başlanda, Eflatun aga-da ýol şaýyny tutup ugrady. Soňky duşuşyklaryň birinde ol Berdimuhamede bir ýazgy gowşurdy.

– Men öz ykbalymyň nähili boljakdygyny bilemok. Ýöne seniň ykbalyň röwşen boljakdygyna ynanýaryn. Sen öz ýüregiňde besleýän maksadyňa hökman ýetersiň. Seniň kirilçäni bilmegiň, belli bir derejede rus dilini öwrenmegiň özi eýýäm seni beýleki adamlardan bir ädim öňe saýlaýar. Siziň üçin bilim almak durmuşy zerurlyk bolup durýar. Şonuň üçinem sen bu ýolda güýç-gaýratyňy aýama. Eger bir ýerlerde aýagym ýer tutsa, men saňa hökman kömek ederin. Meniň şu sözlerimi unutma. Türkmen halkynyň taryhy ýaly taryh hiç bir halkda ýok. Ýöne muny bilmek üçin ony gowy öwrenmeli. Beýle taryhy bolan halkyň geljegi parlak bolmaly. Ol bolsa sizlere bagly. Ine, ýaňky beren kagyzymda birnäçe adamyň ady bardyr. Wasiliý Wladimirowiç Bartold. Akademik, taryhçy. Siziň taryhyňyzy hemmelerden gowy bilýär. Ol bu sebitlere telim ýola gelen adam, soňky döwürlerde--de aýlanyp dur. Samarkant muzeýiniň müdiri Mihail Ýewgenýewiç Masson. Uly alym. Aşgabatdaky muzeýe hem-de jemgyýetçilik kitaphanasyna bolsa S.I.Bilkewiç müdirlik edýändir. Ummasyz köp bilýändir, onuň beýnisi bilimleriň hakyky ensiklopediýasydyr. Öň ol Kazan

uniwersitetinde işleýärdi. Ýene Aşgabatda erkekler gimnaziýasynyň inspektory W.D.Deýneko bolmalydyr. Örän köp zat bilýär, şeýle akylly adam. Aleksandr Nikolaýewiç Samoýlowiçiňem Aşgabatda bar bolmagy ähtimal. Sen özüňe galdyrylan miras babatda onuň bilen maslahatlaşyp bilersiň. Sen öz ildeşiň Han Ýomudskiý bilen tanşyp bilsediň. Wah, sen heniz juda ýaş bolýaň-da! Men bu zatlary bäş-on ýyl soňra boljak özgerişlikleri göz öňünde tutup aýdýaryn.

Birsellem ol gözüni bir nokada dikip, dymyp oturdy. Berdimuhamede ýazgyly depderi uzatdy.

– Ynha, ulalarsyň, şonda bu ýazgylary dykgat bilen okarsyň. Bu meniň bärde bolan ýedi ýyllyk zähmetim. Men muny ýörite seniň üçin gaýtadan göçürdim. Şu ýazgylarda bu ýerlerde soňky ýyllar ýüze çykan hadysalara öz garaýşym bar. Meniň ýüregim bir zatlary syzýar... Sen ýa mugallym bolarsyň, ýa-da döwlet işgäri. Meniň şu aýdanlarymy ýatda sakla.

Platon aga Berdimuhamede gerek bolaýjak kitaplaram berdi. Olaryň arasynda taryha, onda-da türkmenleriň taryhyna degişli kitaplaram bardy. «Şulary okamaly» diýlip bellik edilen kagyzda şu kitaplar görkezilen eken:

II–III we X–XVI asyrlarda ýüz ýyla çeken gurakçylyk. Halklaryň göçe-göçlüginiň sebäpleri;

Parfiýa döwleti;

Göktürkmen döwleti – orta asyrlar;

Seljuk türkmenleriniň beýik imperiýasy;

Köneürgenç türkmenleriniň döwletleri;

Akgoýunly, garagoýunly türkmenleriň döwletleri;

Osman türkmenleriniň soltanlygy;

Amul şäheri;

Türkmenler Hindistanda.

Onuň Berdimuhamede goýup giden kagyzlarynyň arasynda käbir kitaplardan bölekler, alymyň özüniň eden ýazgylaram bardy. Berdimuhamet bu gymmatly peşgeşi alyp gaýdanyndan soňky annada Bama baranda, bu tanyş ýaşulusyny tapmady. Dükanyň gapysyna ýasy agaç çüýlenipdir. Berdimuhamet ýaşulynyň goňşy-golamyndan sorag-ideg edende bolsa, onuň geçen ýekşenbe güni kitaply çemedanlaryny wagona ýüklap, Aşgabada däl-de, Şagadama tarap ýola düşendigini aýtdylar.

Berdimuhamet içi üzülen ýaly, agyr duýga gaplandy. Soňky ýyllarda-da oňa Platon aga bilen sataşmak miýesser etmedi, onuň goldawynam görmedi. Ýöne ol bu sada ynsanyň adyny ömürboýy ýadyndan çykarmady.

1917-nji ýylyň açlygy, Russiýada turan rewolýusiýa we onuň bir ujunyň Türkmenistana-da gelip ýetmegi, tutaşan raýatlyk urşy adamlaryň durmuşyny agyr ýagdaýa saldy. Berdimuhamet ýiti ýetmezçiligi başyndan geçirmese-de, onuňam öňki mümkinçilikleri ýokdy. Şol sebäpdenem ol dört-bäş ýyllap öz mekdebini ýapmaly boldy. Bar ünsüni ekerançylyga berdi, onuňam başynda eklenç aladasy bardy ahyryn. Ýöne nähili iş bilen meşgullansa-da, oňa akylly-başly çemeleşdi. Şonuň üçin gurak gelen ýyllarda-da oňa gowy hasyl almak başartdy. Obada suw meselesi kyndy. Şoňa görä-de ol ýerlerini gyşda gowy edip bejererdi. Aýratynam, ekjek tohumynyň hiline üns bererdi. Kynam, agyram bolsa, ýyllar gelip-geçip dur. Näme-de bolsa, ol bilime bolan höwesini ýitirmändi. Bu hem onuň kalbyna rahatlyk berýärdi, durmuşynyň manysyna many goşýardy. Onuň bilime bolan höwesi barha artýardy. Ol Anna aganyň miras goýan ýazgylaryny täzeden göçürip çykdy. Mümkinçiligine görä, ýazgylaryň birentegini rus diline terjime etdi. Mundan başga-da ol enesiniň aýdyp beren rowaýat-

laryny, hekaýatlaryny, ýatlamalarydyr ertekilerini ýazyp alyp, özbaşyna aýry saklady. Hut şu döwürde ol özüniň ýatkeşligine bil baglap boljakdygyna düşündi. Ol bir zady iki sapar okap çyksa ýa-da göçürse, soň ony ýat bekläp, doly gaýtalap aýdyp bilýärdi. Onuň türkmen folklory bilen tanyşlygam şundan başlandy. Bu tanyşlyk bolsa Berdimuhamede halkyň ruhy güýjüniň hazynasynyň, iň gowy garaýyşlarynyň we ymtylyşlarynyň syryny açdy.

Galagoply döwür uzaga çekdi, ýöne durmuş dowam edýärdi. «Gybat depesi» diýilýän gum depejigi obanyň çetinde ýerleşýärdi. Ana, şo taýdanam suw ýaly akyp ýatan çägeli uç-gyraksyz çöl başlanýardy. Depejigiň gündogar tarapy eliň aýasy ýaly tekiz meýdandy. Çagalar, ýetginjekler ol meýdanda topargaçdy, çilik oýnardylar, göreş tutardylar. Käte uly ýaşly adamlaryňam topargaçdy oýnuna goşulaýmalary bardy. Ýöne olar köplenç şol depejigiň üstüne çykyp, durmuş, gün-güzeran barada tükeniksiz söhbet ederdiler. Ýa bolmasa, öňlerine suwa ezilen ýaglyk ýazyp, onuň üstünde küşt oýnardylar. Beýlekileri bolsa «ony göç-de, muny göç» bolşup heşelle kakardylar.

Ine, bu günem adamlar küşdüň başynda hümer bolup otyrdylar. Dikilen döwde Myrat tepiniň* oýny ökderäkdi. Ol mallaryny göçende goh edip, özüniň güýçli göç edendigine buýsanýardy. Göçensoňam gollaryny gowşuryp, töweregindäkilere üns bermeýän kişi bolup, hondan bärsi bolup oturýardy. Adatça, şunuň ýaly bolanda, janköýerler oýny asgynrak tarapa öwretgiç bolýarlar. «Ussa, atyňy göç!» ýa-da «Harrat**, piliňi göç!» diýen ýaly haýbatly sözler dynman gaýtalanýardy. Başga birleri bolsa beýle göç edilmegine garşy bolup, başga bir göçüm etmegi salgy berýärdiler. Şeýdip, ala-goh bolşup oturandyr-

*Tepi – ädikçi.
**Harrat – agaç ussasy.

lar, käte-käte kimiň näme diýip, näme aýdýandygyny aňşyrmagam bolmaýardy.

Dogrudanam, küşt oýnaýanlaryň ikisem hakyky ussadylar. Myrat ädikçi mesi tikmäge-de, ökjesi beýik gyrma köwüş tikmäge-de ökdedi. Hatda sandalam tikip bilýärdi. Häzirki «ussa» diýlip ady tutulýan Öwez harratdy. Ol neçjardy. Mallary ýaňadan dikip, ädikçiniň garşysyna Ata mysgaly oýnatjak bolup, harrat: «Hany, Bezirgen, özüň geçsene şunuň garşysyna, ýogsa bu tepi biz ýaly gowşagyň iki aýagyny bir gonja sokjak bolup dur, zaňňar» diýip, ýarym degişmä saldy. Ýöne bu söwdagär özi oýnaman, oýnaýanlary daşyndan giňželemegi halaýan bolansoň, başda küşdüň bir gapdalyny almajak boldy. Soňam dünýäni unudyp, dykylyp, küşde golaý bardy.

– Harrat, hany şu ädikçiň piline şol oturan ýeriňden göteril diý-de, şasyna küşt ber! Goý, şasam ökje götersin. Bar, tepi gowy göç edenem eken-dä, onuň oýny uzaga gitmez. Basym paşmagyny eline alyp, aýak ýalaňaç ökje göterer.., sen ýöne oňa ýatlat, gahary gelmesin...

Ädikçiniň sähel gaharyny getiribilseň, soň onuň pikiriniň bulaşýandygyna, nädogry göçüm edýändigine Ata mysgal beletdi. Şeýle ýagdaýda ony utmak aňsatdy. Şonuň üçinem ol ädikçiniň kä o tarapyndan, kä beýle tarapyndan süýkenerdi. Harrat mysgalyň edýän pirimine düşünip, diňe gülüp oňaýdy.

– Belki-de, biz şeýle göçmelidiris, Bezirgen? – diýip, harrat soran boldy. – Özüňkileri beýdip darabermelem däldir, birden öýkeläýmesinler. Ýa-da, ynha, ak pili gyra çeksek, nähili görýäň?.. Onuň şasyna küşt beräýem diýdiňmi ýaňy bir sözüňde, Bezirgen? Birden şasy girere deşik tapman ýörmesin. Özi boýun alyp, oýnuny

tabşyrmazmyka? Seň ýaňky ökje-pökje diýmäň welin bolanok. Myradyň tiken paşmaklaryny Nedir şanyň hut özem geýenmiş diýýärler.

– Geýenem bolsa geýendir, ýöne şondan soň uzagam ýaşan däldir – diýip, ýene biri degişmeli gürrüňiň üstüni ýetirdi.

Myrat tepiniň oýny gowy bolansoň, ol özüni arkaýyn duýýardy. Sarsman otyrdy. Obadaşlarynyň teýeneli gürrüňleri onuň gulagynyň ýele ýanyndanam geçmeýän ýalydy.

– Onda, bar, şeýle bolsun. Onuň şasy biziň ak pilimiziň ýolundan sowulsyn – diýip, Öwez harrat piline ýapyşdy. Ädikçi hut şu göçe garaşan ýaly, garaşylmadyk göçüm bilen jogap berdi.

– Aý, muň bilen oýun eder ýaly däl-haw! Aty bilen şasynyň öňüni ýapdy oturyberdi. Boljak zatmaý bi, masgaraçylyk ahyryn...

– Diýseň-diýmeseň, şeýdäýdaý...

– Öwez kaka, ýöne at diýip sürüp otyrsyň-la. Myrat aganyň onsy at däl-de, baýtal ahyryn.

– Eşek diýsene...

– Inibatyr, diýjek bolsam, menem seň şo sözüňi tapyp bilerin – diýip, Myrat tepi gülümsiredi. Onuň öz oýnundan göwni hoşdy. Ol öýjügi gorjalan arylar ýaly, hüžžerilip daşyny gallap duranlaryň hemmesini utýardy.

– Başga zadyň-a bilemok welin, ine, seniň şujagaz eşejigiň-ä dagy-duwara loňkullamaz ýaly etjek. Al, saňa!

Harrat pili bilen garşydaşynyň ýaňky atyny aldy. Myrat bolsa şasy bilen onuň pilini lak-luk etdi. Edil şo pursadam Ata mysgal öz şortasyny oklady:

– Şasy dagy nähili bu adamyň, iýýäni pil-le. Neneň içine-bagryna sygýarka...

– Ýok, onuň köşeşesi gelenok – diýip, harrat indiki göçümiň pikirini edip, ýeňsesini gaşady.

– Bolýa-la, harrat, oň köşeşeni nämäňe gerek – diýip, Myrat tepi garşydaşyna «igesini sürtedi».

– «Arkaly erke geplär, arkasyz – gorkar» diýýändirler. Gör, munuň gürleýşini – diýip, tepiniň deň-duşlarynyň biri seslendi.

– Arkaly gürlemeli bolsa, harrat ile gezek bermeli däl. Başganyň kellesi bilen akylly bolup bolanok-da ýöne – diýip, tepi gepde-de, küştde-de hüjümini güýçlendirdi.

– Me, gezek bermeli däl bolsa – diýip, Öwez harrat perzisini kelemenledip-kelemenledip, garşydaşynyň leşgeleriniň çep gapdalynda goýdy. Indem törelerini gatlap bölse, oýny birneme gowulanaýjak ýalydy.

Tepe şobada pyýadasyny iki öý öňe sürüp, gara pile hem harradyň atyna howp saldy. Şunça göz bolup garap otursalaram, şeýle howpuň abanýanlygyny hiç kim görmändi. Myrat tepiniň bolsa güýji artyp gidip otyrdy. Harrada biri «Atyňy aýyr», başga biri «Piliňi berme» diýip, maslahat berdi. Maslahatçy köpeldi.

– Oýnuňy ýygna, utuldyň – diýip, Myrat tepi süründi. Dodagyny şapbyldadyp, utuşyň lezzetini gördi. Küşdüň çöplerini iýäýerli göründi – Mundan buýana meniň bilen küşt oýnaýjy bolma. Walla-da, küşt bilýän, bilmedik, «Gel, aga, küşt oýnaly» diýýär. Çemçe-çanak ýasa-da, öz bilýän işiňi et-dä. Küşt akyllylaryň oýny ahyryn.

– Mysgal, seň demiň çykanok-la? – Bu sowaly beren harratdy.

– Ony çilim tutaýdy öýdýän – diýip, harrada derek biri gep oklady.

– Hudaý tutmasa, şükür et – diýip, ädikçi suňşurdy. Ine, gördüň-ä Hudaý tutsa, nähili bolýanyny!

Indi Myrat tepiniň Öwez harradyň gaharyny getirjek bolýandygy görnüp durdy.

– Öwez kaka, deňme-deňlige razy boljakmy? – diýip, biri soran boldy.

– Ussa, utulaýdyň öýdýän – diýip, ýene biri seslendi.

Şundan soň döw tamamlandy. Hemmeler Öwez aganyň tarapyny çalsalaram, indiki döwde hem ýeňiş ýene Myrat tepiniň tarapynda boldy. Şundan soň onuň bilen oýnajak tapylmady. Tepi tagta ýerine ýazan ýaglygyny emaý bilen epleşdirip ýygnady. Bir ýerde bolsa, öz-özleri darkaş gurubermesin diýýän ýaly, küşdüň mallaryny reňkine görä hersini aýratyn haltajyga saldy, soňam agyzlaryny pugtaja edip bogdy. Soňam «Men şu gün sizi nädäýdim?» diýip, agzyny açyp güldi.

– Seniň mekirligiňi, Myrat! Sen, köse, şeýtandan sapak alypsyň öýdýän. Obada özüňe bäsdeş goýmajak bolup, Meret galdawy şol arwaha öýerenem senmikäň diýýän. Ana, bendäni indi öýden daşyna çykaranok. Özüň bolsa süriň tekesi ýaly, hekgerip ýörsüň bärde. Goldaw bolaýsa-ha senden utulmajagymyzy bilýän-le.

– Bezirgen, şu gün goldaw-a däl, asyl ýaňky diýýän arwah aýalyňam arkasyna mündürip geläýse-de, meni utup bilmeýä. Bu gün meniň çal döwüm sürýär.

Tepiniň özünden göwnüniň hoşdugy görnüp durdy.

– Hawa-da, bu gün munuň döwi sürýär. Bu ýerde bir gizlin syr bar bolaýmasyn? – diýip, başga biriniň sesi eşidildi.

– Adamlar, utulanyňyzy boýun alaýsaňyz-la! – diýip, şu wagta çen hiç tarapa-da goşulman, ýöne oýna tomaşa edip duran Atanazar aga dillendi: – Bu gün siz ony utup bilmersiňiz. Munyňyz Söwder düýekeş bilen Guwjy keliň gürrüňine barýar.

Atanazar aganyň bir ahwalaty ýatlamak isleýändigini aňan adamlar, küşt gowgasy sowlansoň, ýene bir güýmenje tapylandygyna begenip, ýaşula tarap üşerildiler.

Söwder düýekeş diýilýän kerwen çekýän inerine kim at daksa, hor diýse, gepsiz-gürrüňsiz sermenekleşiberýän eken. Bu ýagdaýy bilýän oba garagollary käte-käte düýekeşiň gaharyny getirip, heşelle kakýarmyşlar. Bir gün Guwja kelem argyşdan gelýän ýaşulynyň keýpini gaçyraýyn diýip, kerwen oba golaýlaberende, onuň öňünden çykýar.

– Söwder kaka, salawmaleýkim, gelýäňizmi aman-esen?

– Waleýkimessalam, inim. Hudaýa şükür, indi oba ýetiberdik.

– Aldyrman-ýoldurman gelýäňizmi özi...

– Aý, hawa, Hudaýa şükür, synamyzda kem ýerimiz ýok.

– Söwder kaka, bu ineriň gaty hor-la, haw!

Düýekeş bir pirimiň barlygyny aňypmy ýa-da oba ýetip baransoň, keýpimi bozmaýyn diýipmi, garaz, gyzybermän, sowukganlylyk edipdir.

– Aý, hawa, inim, ýol uzak, azaply, onsoň haýwan-ynsan horlanýa-da.

– Aý, haw, agam, bu ýöne bir horlanmagam däl, garny hepbige dönüp, asyl lagar düşäýipdir ahyryn. Asyl indi tagaragyny çykaryp esremän geçäýse gerek bu göherdiň...

– Nämesini çykaryp esrejegin-ä bilemok welin, entek garny sallanyp ýatan iner göräýenem dälsiň-le. Munuň görýän azabynyň müňden birini görseň, nädersiň seniňem garnyň oňurgaňa ýelmeşäýse.

– Diýseňem-ä, Söwder kaka, şu haýwanyň eňki agypdyr. Soňky günlerde munuň gözüne dagy garap gördüňmi? Sered-ä, gözleri çylpyklap, bu batgada bir gurbaga ýetenok. Görgüsi ýaman, bu gün ölmese-de, erte öljek bi. Halallap ýetişseňiz, bir ülşüni maňa-da goýaýyň.

Şu sözlerden soň düýekeş eşegine ulanýan şaldyryny aýlap salar öýdüp, Guwjy ýaşuludan çekeräk durdy. Düýekeş çak edileniniň tersine, gaýta aýdylanlary baş atyp makullady.

– Guwjy batyr, halallap ýetişsek, senem bir paý edäýeris.

Niýetiniň paşmaýanlygyna kejigip başlan Guwjy kel indi näme diýsemkäm diýip säginende, düýekeş ondan öňürtdi:

– Guwjy batyr, münüp oturan agtaň Badan keliňkimidi?

– Söwder kaka, bu bedew-ä özümiziňki bolmaly. Keliňki bolaýanam bolsa, öň bolandyr.

– Hä-ä, ol bu agtasyny saňa satan eken-dä?

– Hawwa-la, el basyşyp söwdalaşdyk.

– Bahasy näçe boldy, bu weýranyň?

– On bäş manat bilen iki sany işşek.

Jogaba gaty geň galan düýekeş ony ýene bir gezek gaýtalatdy.

– Hä-äý, zyrrajym kel-eý! Hut şonça baha sataýdymy bu garantgasyny?

– Hawa, näme, degenokmy?

– Hä-äk, Guwjy inim, sen gaty sada bolýaň-da. Şu yşaratyňy Durunyň gyzan bazaryna çykar, ýedi manatdan artyk gara köpük berseler, gapymdaky aýlawa goşýan atymy bereýin «wah» diýmän. Gözi çakan-a munyň. Güne bolmaz. Toýnagyna seret, pyşbaganyň dyrnagy ýaly seçelenip dur, özem gotur açypdyr.

– Bu ençe aýlawy baglan at diýd-ä ol.

– Ah-eý, keli tanaňokmy sen?

– Aldaýdymyka o kezzap meni?

– Aldadyp dagam oňmandyr, ile peçan edipdir seni. Şu mahal obanyň senden başga gürrüňi ýokdur gulak gabartsaň. Äl-aýt, adamlarda ynsabam galmandyr. Agzy ýetse, gulagynam iýjek-aýt käsi. Oba arasynda ýüz-de-göz bolup ýörkäň, beýdäýmelem däl-ä. Badan kel garyndaşammy saňa?

– Söwder kaka, eger şu aýdanlaryň ýarysy çynam bolsa, men ol garyndaşyň kellesinde taýak döwerin, tünegini başyna ýumraryn.

Gazaba münen Guwjy dergazap bolup, atynyň jylawyny oba tarap öwürdi. Gamak ýaly gopan bedewi sesýetim ýol geçmänkä yzyna garasa, Söwder düýekeşiň içini tutup gülüp duranyny gördi. Ol atyny yza dolap, düýekeş bilen deňleşdi-de:

– Haý, çoça, aldyň-ow! Sen ökde çykdyň. Men öz emelime özüm çolaşdym – diýip, Söwder bilen sazlaşdyryp gülmäge durdy...

Berdimuhamet şular ýaly degişme gürrüňleri hezil edip diňleýärdi. Türkmen diliniň baýlygy, onuň äheňleri, öwüşginleri, many-mazmunynyň çuňlugy – bularyň bary bilime teşne oglanyň aňynda, ýadynda orun alýardy. Köp sözleri, söz düzümlerini ýazyp alýardy.

Mundan başga-da seýrek bolmadyk halatda, küşdüň daşyna hümer bolup üýşen adamlaryň arasyna sümlüp, oýny Berdimuhamet matanyň üstünde bolýan şüwlümli oýny dykgat bilen synlaýardy. «Berk dur! Yza tesäýme!» diýen ýaly goh-galmagallaryň astynda ol garşydaşlaryň birine gapdaldan goldaw bererdi. Şeýdibem ol özi bilmezden, ýuwaş-ýuwaşdan bu täsin oýnuň kadalaryny birkemsiz özleşdirip, ökde küştçüleriň biri boldy ötägitdi. Obadaşlary onuň ezber küştçüdigine boýundylar, ol käteler birnäçe oýunda-da üstün çykardy.

Başga bir gün, şular ýaly küşdüň daşynda gürrüňçilik dowam edýän wagty gum tarapdan bir kowçum atly göründi.

Galtamançylyk, basmaçylyk möwjän döwürlerem Yzgant obasy talanyp, urlup-çapylyp ýörlen oba däldi. Oba adamlarynyň agzybirligi, aryny köýdürmeýän ýigitleriniň batyrlygy, päliýamanlaryň merkini bermegi başarýanlygy bu töwerege mälimdi. Onsoň betniýetlerem bu obadan sowlup geçenlerini kem görmezdiler.

Şeýle-de bolsa, ýaňky görnen kowçum atly oturanlaryň rahadyny gaçyrdy. Çagalar oýun şowhunyny tapba kesip, üşerilişip durdular. Gürrüňe gyzyp oturanlaryň hemmesi ör turdy.

Şu pursatda bolup geçen duşuşyk Berdimuhamediň ykbalynda ýatdan çykmajak öwrülişikleriň biri boldy. Bu 1926-njy ýylyň ýanwarynda bolupdy.

Atlaryny säpjedip gelýän ýolagçylar gum depesiniň etegine gelip saklandylar. Olaryň döwlet gullukçylarydygy geýimlerinden bellidi. Toparyň öňüne düşüp gelýän harby eşikdäki irimçik adam atdan ýeňillik bilen böküp düşdi-de, atynyň jylawyny golaýyndaky ýigide berdi, merdemsi ädimläp, özüne tarap ýöräp ugran adamlara tarap bu-da ugrady. Ak sakgaly döşüni ýapyp duran Atanazar aga edep bilen salam berdi.

– Essalawmaleýkim! – diýip, nätanyş ýigit ýaşula iki elini uzatdy. Soňam beýlekiler bilen ýeke-ýeke elleşip görüşdi. Başy gara gaýyş papakly, bilindäki ýasy kemerinden mauzeri sallanyp duran, daýanykly, çakgan, şar gara gaşlary ýaýbaň, gözleri ýanyp duran, görmegeý adam bilen elleşip galmagy özlerine dereje bilen çagalaram hatara düzüldiler. Harby lybasly adam uly-kiçi hiç kimi goýman, bar kişi bilen görşüp çykdy, soň ýene-de Atanazar aganyň ýanynda saklandy. Ýaşuly myhmandan nazaryny sowman durşuna:

– Sag-salamat gelýäňizmi? Ýol uzakdyr, ýadansyňyz. Sizi görenimize şat, obamyza hoş geldiňiz!

– Sag boluň, atam. Men – Halk Komissarlar Sowetiniň ynanylan wekili Meret Agabaýew. Siziň sebitleriňize tötänden düşdük, nesibämiz çekendir-dä, elbetde. Biz Daşhowuzdan gelýäris, ugrumyz Aşgabada tarap, onsoň, gel, Yzganda-da degip geçäýeliň diýip sowuldyk.

– Hoş sözüň üçin taňryýalkasyn, ogul, ömrüň uzak bolsun! – diýip, Atanazar aga oba kethudasy ýaly bolup gürledi – Hany öýe baralyň. Siz ýol ýöräp ýadansyňyz, çaý-suw, nahar-şor ediniň, dem-dynç alyň. Biziň obamyza beýle mertebeli myhman häli-şindi düşüp ýörenok. Obadaşlarymyzam sizden hoşal bolarlar, hyzmat ederler.

– Mürähet edeniňe sag bol, atam. Biziň çaýdan-nahardan kem zadymyz ýok. Gumda her depeden aşan ýeriň oba bolup dur. Türkmen Garaguma siňäýipdir eken. Gowusy, geliň şu ýerde dyz epip, biraz gürrüňleşeliň. Hernä, bu ýere köp adamam üýşen eken.

Şol pursat ýigitleriň biri atyň eýerini sypyryp, Merediň gapdalynda goýdy. Adamlar myhmanyň daşyna egrildiler. Her kim ony golaýdan görmek, diňlemek üçin ynjalykly oturdy.

– Aýdyň, adamlar, siziň araňyzda okap-ýazyp bilýäniňiz barmy? Içiňizde mürze bolup biljek barmy? – diýip, myhman sorady.

Ýene Atanazar aga ilkinji bolup jogap gaýtardy.

– Ynha, biziň Berdimuhamet janymyz bar. Ol okabam bilýär, ýazybam. Munuň daşyndan özgelere-de öwredýär, akyllyjam.

– Ol ors dilinem bilýär – diýip, Weli hartman Atanazar aganyň beren jogabynyň üstüni ýetirdi.

Berdimuhamedi görüp, onuň bilen tanşandan soň:

– Inim, golaýyma gel, ýanymda otur – diýip, myhman onuň bilen ýaňadandanam görüşdi. Oňa ýigitleriň biriniň uzadan depder-galamyny berip: – Meniň aýdan sözlerimi hem-de gozgalan meseleleri ýaz – diýdi.

Soňky sözlerini Meret rus dilinde aýtdy. Ýylgyryp, dogry hem kanagatly jogap beren Berdimuhamediň arkasyna kakyp, ony öwdi.

– Adamlar, gün-güzeranyňyz niçik, azyk-owkat bilen oňşuk edýärsiňizmi? Türkmeniň ykbalynda öwrülişik pursady gelip ýetdi. Eger-de bize aýaga galyp öňe gitmek başartsa, biz bir zatlary gazanyp bileris, bir menzile ýetip bileris. Öňki bolşumyzda galsak welin, gowy durmuşa zar bolarys. Elbetde, bu zatlar aňsat düşmez. Emma bar güýjümizi goýmaly bolarys, sebäbi biziň ýolumyz aýdyň, geljegimiz ýagty. Indi biziň şatlanjak günlerimiz uzakda däl.

Näme-de bolsa, gün-güzeranyň oňşuk ederçe bardygyny, durmuşyň gidip oturandygyny adamlar hümür-de-hümür bolşup mälim etdiler.

– Adamlar, indi biz täze durmuşda, täze zamanada ýaşamaly. Özgermek, ösmek gerek. Biz täzeden döremeli. Halk hökmünde täzeden kemala gelmeli. Gaýtalap aýdýaryn: biz häzir aýaga galmasak, soňra häzirki ýitirjek zatlarymyzy tapmaga, öwezini dolmaga mümkinçiligimiz bolmaz. Bize-de aňsat düşýändir öýtmäň. Ýöne biz kynçylyklaryň öňünde sarsman durýarys. Biliňi bükdügiň, soňra bütin ömrüňe küýkerip geçersiň. Namysjaň türkmenler muňa hiç wagt ýol bermezler.

– Meret, oglum, biziň suw meselämiz çatak. Altyýap, ynha, ýedi obany suwly edýär. Bizem aýaguçda otyrys. Tutly, Keç diýen çeşmejigimizdenem az-owlak suw alýas. Ýöne bu suw ýerlerimize bol ýetenok.

– Nädeniňde gowy boljagyny oýlanyşmadyňyzmy? – diýip, myhman sorady.

– Ine, şu Berdimuhamet oglumyz-a Bamydan bir ors adamsy bilen gyşyna ulanylman guma siňip gidýän suwlary akdyrmak üçin bir howdan gurmaly diýen ýaly gürrüň-ä edipdirler.

– Soňy näme boldy? – diýip, Meret ýaş ýigide sowal berdi.

– O bir göwün ýüwürtme-laý.

– Her bir iş arzuwdan, göwün ýüwürtmeden başlanýandyr. Şeýle arzuw-hyýallaryň bolmagynyň özi gowy ahyryn. Amyderýanyň mele suwunyň Yzgant obasynyň deňinden lummurdap geçjek wagtam geler. Adamlar, kynçylyklar döwlet gurluşygynda-da bardyr. Hiç bir täzeligem aňsatlyk bilen bolaýanok. Biziň halkymyz asyrlarboýy özbaşdak döwletli bolmagy arzuwlap geldi. Häzirki gün zehinli, sowatly ýaşlary döwlet dolandyryşynyň ähli ugurlaryna çekmek meselesi ähli meseleleri çözmegiň esasy edilip goýulýar. Häzir esasy zat: bilim, bilim, bilim! Bize bilimli, oňat taýýarlykly işgärler ýetenok. Biz bilimsiz hiç zat gazanyp bilmeris. Şuny ýatda saklaň. Siziň obaňyzda näçe mekdep bar?

Hiç kimden ses-üýn çykmady. Ýene Atanazar aga gürlemeli boldy.

– Bir Hojaahmet mollanyň dini mekdebi bar. Onsoňam, ynha, Berdimuhamet oglumyz öz güýji bilen çagalary okadýar.

– O nähili? – diýip, Agabaýew geňledi – Eýse sizde ýekeje-de täze mekdep ýokmy? – Ol biraz dymyp durdy. Soň sözüni soňlady – Biz halky sowatly etmesek, döwlet gurup bilmeris. Ol ýanyndaky at tutaryna ümledi: – Belläp al, Berdimuhamet Anna ogly. Biz Aşgabada baranymyzda, maňa ýatladarsyň, inim – diýip, Berdimuha-

mede ýüzlendi – Biziň döwletimiz özüň ýaly ýigitlere mätäçlik çekýär. Obada ýa-da başga ýerde bolsaň-da, hiç wagt magaryf işi üçin güýç-gaýratyňy aýamagyn. Ýaşuly, indiki täze okuw ýylyna mekdebiňiz taýýar bolsun. Bolýamy?

Meret Agabaýew ýerinden turdy. Hemmeler bilen, hatda çagalar bilenem ýene-de elleşip hoşlaşdy. Ýeňillik bilen atyna atlanyp, Aşgabada tarap ýola düşdi.

– Käşgä, Meret jan ýaly, döwletiň aladasyny edýän döwlet işgärleri köp bolaýsady – diýip, Atanazar aga köpçülige goşulyp, myhmanyň yzyndan garap aýtdy. Indi kalplara rahatlyk aralaşan ýaly boldy.

Şu pursat bu ýerde duranlaryň hemmesi şeýle duýgyny başdan geçirýärdiler. Beýle adam bilen bolan duşuşygyň şatlygy adamlary ganatlandyran ýaly boldy.

Berdimuhamet bolsa aýratyn ýakymly duýgulara gaplandy. Onuň ýüreginde röwşen uçgun alawlady. Ol uçgun onuň durmuşyny ýagtyltmak, bilime söýgi döretmek üçin ömürlik şol ýerde mesgen tutdy. Bu gyzgyn röwşenlik ýaş ýigidiň dünýägaraýşynyň serhetlerini aňry süýşürdi. Göwnüne, ol öňküsinden has beýgelen, güýçlenen, akyllanan ýalydy. Bu duýgular aýratyn röwüş bilen onuň öňünde açylýan täze ýoly ýagtyltdy.

## Okaň, adam boluň!

Günlerde bir gün Berdimuhamet çagyryş hatyny aldy. Büzmeýin raýonynyň halk magaryf bölüminiň hödürlemegi bilen, ol «Goşçy» birleşiginiň göreldeli agzasy hökmünde, çarwa raýonlarynyň başlangyç mekdepleri üçin mugallymlary taýýarlaýan üç aýlyk kurslaryň diňleýjisi edilip bellenipdir. Oňa Büzmeýine söhbetdeşlige gelmek we eýýäm şol ýerdenem Aşgabada ugramak teklip edilipdir. Begenjinden ýaňa ýaş ýigidiň ýüregi gürs-gürs edip urdy. Bu habar arzuw--isleglerden we asylly ymtylyşlardan doly täze durmuşyň başlangyjydy. Ol muny bütin süňňi bilen syzdy.

Begenjeginem ýa-da gynanjagynam bilmän galan enäniň aladasy artdy. Ertesi ir säher turup, sygryny sagdy. Hamyryny süýde ýugrup, agtygyna külçe bişirmegiň aladasy bilen boldy. Olary geçen gyşdan kösendirmän alyp çykan gorküýzäniň düýbündäki galak-gaçak gowurdagy syryp-süpürip aldy. Ony az görübem agylda duran işşekleriň birini soýdurmakçy boldy. Agtygy muny göwnemänsoň, goýunlara degmän, çägä gömlen garnyň gum-gursuny kakyşdyryp, süpürişdirip, ýarysyny bölüp aldy. Agtygynyň çalşyrgyç eşiklerini taýýarlap, tertipleşdirip goýdy. Ähli zada ýetişip, gydyrdanyp ýören enesine kesesinden seredip duran Berdimuhamedi aýratyn bir minnetdarlyk, mähir duýgusy gurşap aldy. Mähriban enesini bagryna basasy geldi. «Geň galaýmaly, şu garry enemsiz meniň durmuşym nähili bolardy?» diýen pikir kellesinde at saldy.

Berdimuhamet Platon aganyň öz kitaplary bilen beren çaklaňrak panar çemedanyna sapak geçende peýdalanýan ýazgyly depderlerini, Anna aganyň hazynasyndan göçürip alan iki kitabyny saldy. Geýimlerini ýerleşdirdi. Şundan soň çemedanda azyk-owkada ýerem galmady. Onda-da iki sany külçäni, enesiniň taýýarlan gowurdagyny eýdip-beýdip ýerledi. Enesi beýleki külçeleri we garnyň beýleki böleginem uly ýaglyga düwüp, ibermek isledi. Ýöne Berdimuhamet islemänsoň, zordan ýene iki sany külçäni almaga agtygyny boýun etdi.

– Ene, bu zatlary görenler, «Bu ýigid-ä öýlerini boşadyp gaýdypdyr» diýäýmesinler.

– Diýmezler, balam, diýmezler. Olar enelerinem öz ýanlary bilen alyp bararlar, ine, görersiň. Senem unutma, o taýda ýyljak çörek bilen gyzgynja çorba-ha ýokdur.

– Ene, seniň ýyljak çöregiň bilen gyzgyn çorbaňy ýatlasamam, meniň garnym doýýar.

Agtygynyň aýdýan sözlerine hezil edýänem bolsa, garry göwnündäkini aýtman durup bilmedi:

– Aý, näbileýin, balam, ýatlamadan garnyň doýsa bolar welin... Ajygsaň, gaýdybererersiň-dä öýe. Aşgabat uzak ýer däl-ä...

– Ýak, ene, sen meni alada etmesene. Men indi çaga däl-ä. Men-ä gaýta seni alada edip, biynjalyk bolaryn öýdýän.

– Sen elli ýaşasaňam, meniň üçin çagasyň, oglum.

... Raýon magaryf bölümine Berdimuhamediň özi ýaly ýene dört oglan gelipdir. Enesiniň aýdyşy ýaly, bu ýere enesi bilen baranam, kakasy bilen gelenem bardy. Bularyň tokarragy Berdimuhamet bolup çykdy.

Raýon bilim bölüminiň işgäri Hanow diýen adam respublikada ilat arasyndaky sowatsyzlygy ýok etmek boýunça iş alnyp barylýandygyny, ýöne mugallymlaryň juda ýetmeýändigini habar berdi. Mugallymlary taýýar-

Büzmeýin raýonynyň halk magaryf bölüminiň «Goşçy» soýuzynyň agzasy Berdimuhamet Anna ogluny okuwa ibermäge ýollamanamasy. 1926-njy ýylda Yzgant obasy şu raýonyň düzüminde bolupdyr.


Т. С. С. Р.
ИНСПЕКТОР
Туркменской
Области
Народного Комиссариата
ПРОСВЕЩЕНИЯ
9 февр. 1926 г.
№
г. Полторацк

В НКПРОС

Одновременно с сим следуют члены союза КОШЧИ Ныяз Гельды Бай МАМЕДОВ и Берды Мухамед АННА Оглы на предмет зачисления слушателями курсов по подготовке аульных учителей кочевых районов.

Секретарь/Районо

Çarwa raýonlarynyň başlangyç mekdepleriniň mugallymlaryny taýýarlaýan üç aýlyk okuw kursunyň diňleýjisi Berdimuhamet Anna ogluna berlen häsiýetnama, Poltorask ş. (häzirki Aşgabat), 1926 ý.


Берды Мухамед Анна Оглы – работает усердно все свое время прилично. Может быть кандидатом на учительскую работу с непременным условием продолжать учение на курсах текущего учебного сезона для кочевых школ.

С подлинным верно:

Секретарь Союза

lamak üçinem şu kurslaryň guralandygyny aýtdy. Olar gysga wagtda oba mekdepleri üçin mugallymlary taýýarlap ýetişdirmelidir. Okamaga gelen oglanlar üç aý kursda bolanlaryndan soňra mugallym bolup işläp bilerler. Ol oglanlaryň öz raýonlarynyň abraýyny saklamalydyklaryny, gowy okap, düzgün-tertipli bolmalydyklaryny gaýta-gaýta ýatlatdy. Soňra ol Berdimuhamede ýüzlendi:

– Berdimuhamet, sen bu oglanlaryň iň ulusy. Şonuň üçinem seni toparyň ýolbaşçysy edip belleýärin. Men seniň kakaň Anna aganam gowy tanaýardym. Seniň çagalar bilen işlemekde tejribäň bar. Bu oglanlaryň taýýarlyk derejesi seniňkiden görnetin pes. Şonuň üçinem bularyň agasy ýaly bol-da, okuwda-da, durmuş ýagdaýlarynda-da golda. Okuw mahaly iki-üç gün arakesme bolar welin, bölüme gelip, meniň bilen duşuş. Okuwlaryň gidişi barada gürrüň berersiň. Indi bolsa, Alla ýaryňyz! Okaň, ile-güne, Watana peýdaly ynsanlar bolup ýetişiň!

Bäş bolup, iki at goşulan furgona münen ýigitler Aşgabada tarap ýola düşdüler. Hossarly oglanlaryň gözlerini balkyldadyp oturyşlary, ugratmaga gelenleriň furgonyň yzyndan galmajak ýaly, ýöräp baryşlary, olaryň tolgunmadan ýaňa boluşlary Berdimuhamede hem azda-kände täsir etdi...

Çukur-takyrrak ýerde bökdürip, takyrdap barýan furgonyň üstünde oglanlar bir-birleri bilen tanyşdylar, kimiň haýsy obadandygyny bildiler. Olaryň bilim derejesi dini mekdep bilen çäklidi. Mollada okan ýyllaryndan unudylmajak gülküli wakalar ýatlanyldy. Oba-garasyz ýerlerde furgonçynyň aram-aram aýdyma zowlatmagy ýoly ýeňledýärdi hem-de gysgaldýardy. Bu pursatlar Berdimuhamet birküç ýyllykda aradan çykan obadaşy, meşhur sazanda Kel bagşyny – Allaberdi Aýdogdy ogluny ýatlady. Bu günüň özünde yzyna-da dolanyp gelmeli bolan furgonçy atlara dözümli daransoň, oglanlar öýlänler paýtagt şäheriň bir çetinden girdiler.

1926-njy ýylyň fewral aýynyň başlarynda, çigreklije gün Berdimuhamet Annaýew Aşgabadyň mugallymçylyk tehnikumynyň işiginden gadam urdy.

Täzelikde açylan mugallymçylyk kurslaryna ýurduň dürli künjeklerinden altmyş oglan okuwa gelipdir. Olaryň ýaş aýratynlyklary göz-görtele bildirip durdy. Edil şonuň ýaly, oglanlaryň taýýarlyk derejesem tapawutly bolup çykdy.

Şonuň üçinem haçanda bu kurslaryň üçüsinde-de birinji aýda elipbiý öwreniljekdigini, ikinji aýda ýazmagy we soňky aýynda hem söz, sözlem düzmekligi we okatmak usullaryny öwretjekdiklerini bilende, Berdimuhamet bu kurslary eýýäm gutaran ýaly boldy. Eýsem-de bolsa, ol ähli geçilýän sapaklara doly gatnaşdy, ähli ýumuşlary we tabşyryklary ýerine ýetirdi, ýoldaşlaryna kömek berdi. Oňa çagalykdan düzgün-tertibe boýun bolmak öwredilensoň, ol bu ýerde-de şol kadany bozman, doly saklaýardy.

Kursda okuwlar sagat ikide tamamlanansoň, nahar edinip, galan wagtda näme işläýin diýseň mümkinçilik bardy. Elbetde, Aşgabadyň gözel ýerlerine gezelenç edibem boljakdy. Ýogsa, ol beýle uly şähere ilkinji gezek düşüpdi. Şäher özüniň abadançylygy bilen onda uly täsir galdyrdy. Şäher ilaty suw kranlaryndan peýdalanýar eken. Jaýlar diýseň tükel bezemen işikli-eýwanly. Ynha, iki gapdaly gül-pürçükli göni, giň köçeler, öz wagtynda suwarylýan beýikli-pesli daragtlar. Şäheriň merkezinde-de uly seýil bagy bar. Ýöne Berdimuhamedi hemme zatdan beter öýe berlen tabşyryklary ýerine ýetirmek, galan wagty özbaşdak okamak, mugallymçylyk tehnikumynyň kitaphanasyna gatnamak gyzyklandyrýardy.

Bu kitaphana ilkinji gezek girende, ol aňk bolup galdy. Ol mundan öň şeýle köp kitaplary we gazet top-

lumlaryny hiç mahal görmändi. Onda şu neşirleriň hemmesiniň many-mazmunyny alsam diýen hyýal bardy. Munuň üçin ummasyz wagt gerekdigine-de, köp zähmet çekmelidigine-de ol düşünýärdi. Berdimuhamet özüni uç-gyraksyz ummanyň kenarynda duran ýaly duýdy. Ol hyýalynda şol ummanda gulaçlap ýüzýän ýalydy. Kenardan näçe uzaklaşdygyça, gözýetimdäki giňişlik ulalyp-ýaýrap barýardy. Ol näçe bildigiçe, bilmeýän zatlary şonça artyp gidip otyrdy. Şeýle duýgular, göwün ýüwürtmeler oňa bihasap kanagatlanma, lezzet berýärdi, özüne çekýärdi.

Berdimuhamet tehnikumyň naharhanasynda garbanandan soň, kitaphana baryp, tä ýapylýança gününi şol ýerde geçirýärdi. Ol öz mekdebinde ders beren mahaly okuw kitaplarynyň ýoklugyndan kösenýärdi. Şonuň üçinem, ozaly bilen, türkmen mekdepleri üçin çykarylan ilkinji kitaplar bilen tanşyp ugrady. 1913-nji ýylda Alyşbeg Alyýew tarapyndan çykarylan ilkinji «Türkmen dili» harplyk kitaby ony aýratyn gyzyklandyrdy. Bu harplyk kitaby Zakaspi oblastynyň kanselýariýa naçalniginiň halk uçilişşeleri bölüminiň inspektory, pars we türk dillerini suwara bilýän Iwan Aleksandrowiç Belýaýewiň başda durmagy we tutanýerliligi bilen neşir edilipdir. Berdimuhamet A.S.Alyýewiň 1920-nji ýylda çapa taýýarlan «Türkmen elipbiýindenem» köp zatlary öwrendi. Türkmen mekdeplerinde rus dilini okatmagyň metodikasy barada şeýle güýçli sowatly, bu ugurda ylmy barlaglary geçiren Muhammet Geldiýewiň «Harplyk» kitabynda beýan edýän zatlaram oňa ýakyn hem düşnüklidi, bu kitap 1924-nji ýylda neşir edilipdir. Şu kitaplar mugallymlaryň we okuwçylaryň her birinde bar bolanlygynda, nähili oňat bolardy!

Berdimuhamet kitaplary ýöne bir okabam oňanokdy. Olardan soň irde-giçde işde gerek bolar öýden ýerlerini göçürip alardy. Çagalara nädip çalt okamagy endik etdirmeli, okamagyň durmuşy endiklerini ornaşdyrmak üçin nähili tekstleri saýlap almaly, çagalarda nädip kesgitli bir düşünjeleri we ynamy terbiýelemeli, okalýan mahaly şol zatlary nädip aňynda aýlamaly we materialy özbaşdak özleşdirmegi öwrenmeli diýen ýaly sowallaryň jogaby onuň ýazgylarynda bardy. Ol öz ýazgylaryny berk düzgüne salyp, olary aýap saklaýardy.

Berdimuhamedi mähriban ülkäniň taryhy baradaky edebiýatam gyzyklandyrýardy. Ol okan kitaplarynda ozal duşmadyk zatlaryna, täze pikirlere, adam ýa-da ýer-ýurt atlaryna gabat gelse – munuň özi oňa diýseň täsin bolup görnerdi. Ony rus dilinde çykan «Весь Туркменистан» («Tutuş Türkmenistan») diýen kitap aýratyn gyzyklandyrdy. Yzgant bilen Bamydan özge ýerini görmedik ýaş ýigit asla Türkmenistany göz öňüne getiribem bilmeýän eken. Ülkäniň dürli pudaklardaky ösüşini görkezýän bu kitap mugallym üçin aýratyn zerur zat eken.

Ülkäni öwreniji Georgiý Iwanowiç Karpow dört at hem-de bäş düýe bilen Garaguma eden syýahatyny şeýle täsin beýan edipdir. Syýahata başlan ýerem Gökdepe bolupdyr. Bu ýeriniň tebigatynyň gözelligine haýran bolmak, ondaky geň-taňlyklary görmek we duýmak üçin, megerem, sen başga ýerden düşen adam bolmaly öýdýän. Çemmerli diýen ýerde, gum depeleriniň etegindäki şorlukdan degirmen daşy alnar diýseň, ömrüni Garagumda geçiren adamlaram agzyny açyp geňlese gerek.

Berdimuhamede türkmenleriň durmuşy barada okamak hasam gyzykly. Olaryň çagalaryna at berişleri, toý-baýramçylyk dessurlary, ýurduň tebigy baýlyklary,

oba hojalygy, senagaty özboluşly, täsin. Sebäbi bularyň bary onuň üçin täzelik, mundan ozal ol bular ýaly zatlary görmändi, olar barada eşitmändi. Hatda köpsanly edaralaryň, kärhanalaryň, şereketleriň, olaryň ýerine ýetirýän işleri barada bilmegiň özi düşünjäňi artdyrýar, gözýetmiňi giňeldýär.

Bu ägirt uly giňişlikde nädip öz ornuňy tapmaly, şu zeýilli çylşyrymly gatnaşyklarda öz şahsyýetligiňi saklap, umumy akyma nädip goşulmaly? Görüp otursaň, şu köpçüligiň içinden saýlanyp çykmak we mugallym bolup, ösüp gelýän nesli bilimli-sowatly etmek we terbiýelemek bagtyna eýe bolmak her kime ýetdirmeýän bolarly. Öz başyňa gonjak-gonjak bolup, pelpelläp duran bagt guşuny sypdyrmaly däl. Öz söýgüli käriňe düýrmegiň bilen berilmeli we özüňde bolan bar zady – bütin ömrüňi şoňa bagyşlamaly. Onuň kakasy Anna aga-da, megerem, ogluna şuny arzuw eden we şuny islän bolsa gerek. Diýmek, il-gün, özüňden soňky nesiller saňa guwanar ýaly, senden ýagşy at galar ýaly bolup işlemeli!

Berdimuhamet kitaby näçe köp okadygyça, öz içki dünýäsine şonça köp nazar aýlady. Öz-özi bilen kän söhbet gurdy, jedelleşdi, ylalaşdy, öz ýoluny gözledi. Her bir meselä töwerekleýin düşünmäge, onuň emer--damaryna çenli seljermäge çalyşdy. Bu gözleglerinde onuň ýatkeşligi ýagşy ýaran boldy. Seljermek, deňeşdirip görmek, ahyrky netijä gelmek oňa ýeňil düşdi.

Kitaby näçe köp okadygyça, Berdimuhamet haýsy ýola baş goşýandygyna, nähili täze dünýäniň çetinden girýändigine düşünip başlady. Ýene, gör, näçe-näçe işleri etmelidigine akyl ýetirdi. Diýmek, biz alys ýoluň başlanýan ýerinde durus oguşýa.

Kitapda 1925-nji ýylda ýurtda nähili taryhy wakalaryň bolup geçýändigi, 29 sany täze mekdebiň

gurulýandygy barada habar berilýär. Şol habarda Gazanjyk raýonynyň Paraw obasynda hem şonuň ýaly täze mekdebiň gurlandygy aýdylýar. Ýöne edil häzirki pursatda Berdimuhamet özüniň «Salam, çagalar!» diýip, hut şol mekdebiň gapysyny açjakdygyny bilenok.

Ýaňky habarda Halk Komissarlar Sowetiniň 1926-njy ýylyň 1-nji aprelinden başlap çarwadarçylyk raýonlarynda 5-6 aýlyk tomusky mekdepleri açjakdygy habar berilýär. Berdimuhamediň okaýan kursunda taýýarlanylýan mugallymlar hut şol zeýilli mekdepler üçin niýetlenen eken. Okuw ulgamyna mekdebe çenli edaralar, zähmet mekdepleri hem girýärdi.

Oba mugallymlaryny taýýarlaýan kurslarda geçilýän sapaklara we tejribe okuwlaryna gatnaşmak bilen, Berdimuhamet ene dilini we matematikany okatmagyň metodikasy boýunça öz bilimini baýlaşdyrdy, mekdepleriň okuw maksatnamalary, mekdepde terbiýeçilik işini geçmegiň metodikasy bilen tanyşdy.

Bir gün giçlik, Berdimuhamet kitaphanada işläp otyrka kursdaş oba oglanlarynyň biri onuň gapdalyna gelip oturdy. Onuň ýüzi aladaly görünýärdi. Ol bir habar aýtjaga meňzeýärdi, onam aýdyp bilmän, ýaýdanyp durdy. Öz ýanyndan «Maşgalasynda bir ahwalat bolup, öýe gitmeli dagy bolaýdymyka ýa-da özüne bir zat bolýamyka?» diýip, özi ünjä galan Berdimuhamet syr bildirmän, gürrüňi başga ýana sowup, onuň saglygy, okuwy barada soraşdyran boldy. Ýöne oglan syryny açmaga howlugyp baranokdy. Ahyry Berdimuhamet gönüledi:

– Obadaş, nämäň aladasyny edýäň? Bir ünjiň-ä bar seniň. Çekinme-de aýt!

– Neme-laý, Berdimuhamet, Hangeldä bir zatlar etmeseň-ä, ol barymyzy masgara etjege meňzeýär.

– Hä, näme boldy?

– Aý, neme-dä, haw!

– Hawa, näme-dä?

– Ol şähere ýakyn obanyň oglanlary bilen tanyşlyk açypdyr. Daşrak garyndaşam öýdýän özleri. Onsoň günde-günaşa gidip, şolar bilen piwomy, çakyrmy, bir zad-a içýärler. Gapy ýapylansoň gelýär kellesini sämedip, entirekleýärem.

– Bu hakykatmy ýa-da güman edýärmiň? Müňkürlik edip, ýoldaşyň göwnüni ynjydaýma.

– Güman edýän bolsam, men seniň ýanyňa beýle şum habar bilen gelmezdim. Aýagyna ot düşen ýaly zowzanaklap, ahyryn ýene gitdi şo ýana.

Kurslaryň dürli raýonlardan we obalardan gelen altmyş sany okuwçysyny bir-birini oňat tanasynlar, dostlaşsynlar diýip, umumy ýaşaýyş jaýynyň alty orunlyk otaglaryna ýerleşdiripdirler. Berdimuhamede-de olara gözegçilik edewergin diýip tabşyrypdyrlar. Ýöne şeýle zat bolar diýip, onuň ýatsa-tursa ýadyna düşenokdy. Olar okuw, nahar iýilýän wagtlary görüşýärdiler. Boş wagtynam, näme, her kim öz islegine görä geçirerdi. Ol hemme kişini özüne osýardy. Olaram wagtlaryny biderek geçirip ýören däldirler diýip düşünýärdi.

– Derweze-gapylar ýapylansoň, ol nädip howla girýärkä? O ýerde garawulam otyr ahyryn.

– Aý, şol-a girýär-aý bir ýerden. Ýeňse tarapda howlynyň adam sümer ýaly ötügi bar öýdýän.

– Bäh, ýadyňa-oýuňa geljek zat däl-aýt! Seni «deşikden süm» diýip iberdilermi diýsene. Şu günem gideni çynmy?

– Gitdi ho-ow, nädýäň-aý, Berdimuhamet!

– Wah, men onuň şeýdip kaňkap ýörenine ynanyp bilemok-da. Sen gaty görme. Hany men işlerimi bir ýüzli edeýin. Onuň geläýmeziniň öň ýanynda ikimiz duşuşaly. Şonda maslahat ederis.

Umumy ýaşaýyş jaýynyň gapysy giç agşam, sagat onlar töwereginde ýapylýardy. Içerdäki hereket bolsa sagat on birde bes edilmelidi. Berdimuhamet hälki şum habary getiren Selimnazar bilen agşam sagat onlarda duşuşdy. Onuň bilen howluda sessiz gezmeläp ugrady. Howlynyň içi gür baglykdy, garaňky böwürleri köpdi. O ýerlere çyranyň ýagtysam düşenokdy. Dymyşlygy Selimnazar bozdy.

– Şu ýerden girýän bolaýmasa – diýip, ol haýatyň aýagujundaky darajyk ötügi görkezdi.

Bujagaz buljum ýerde howlynyň içine gyralaryna hem-de aşagyna bişen kerpiç örülen ýapjagaz girýärdi. Ondan tomsuna baglary suwarar ýaly suw gelýän bolarly. Haýatdanam, ýabyň özündenem birnäçe kerpiç goparylyp, deşik giňeldilipdir.

Kursdaşlar pyşyrdaşyp gezmeläp ýörkäler, birden haýatyň aňyrsyndan düşnüksizräk hümürdi eşidildi. Onuň yzy kikirdä geçdi. Şobarmana-da ötükden adam kellesi göründi. Ol ýüzin ýatyp diýen ýaly, süýşenekläp gelýärdi. Ynha-da bütin göwresi deşikden göründi. Ol ýabyň gyrasyndan ýapyşyp ýerinden turjak boldy. Şol pursadam ýabyň raýşyndaky iki jübüt aýakgaba gözi kaklyşdy. «Men girmeli ýerimi ýalňyşaýdym öýdýän» diýýän ýaly, yzyna çykmakçy boldy. Ýöne geýimi bir zada ilişip, saklandy.

Berdimuhamediň onuň bolşuna hem gülküsi tutdy, hem gaharlanjak boldy. Ol näderini bilmän aljyrap duran kursdaşyna habar gatdy.

– Hangeldi, batyr, bu darajyk ýapda ýitiren zadyň barmydy?

– Men okaýan, şu kursda okaýan – diýip, berlen sowalyň manysyna-da düşünmän samyrdady. Onuň agzyndan aragyň ysy aňkap durdy. Sesi bazzyk-buzzuk çykdy.

– Näme, seni şu ýabyň içinde okadýarlarmy?

– Ýok-laý, men myhmançylykdan gelýän, daýymy görüp gaýtdym.

– Näme, daýyňlara gideniňde şu dar deşikden girip--çykmalymy?

– Derweze ýapyk bolansoň, başga alajym bolman, deşikden girmäge mejbur boldum.

Ol bu sözleri bolan ýagdaýa ökünip däl-de, tapan çykalgasyna begenip aýdýan ýalydy. Çaky, ol bu köwüşleriň eýeleri kursuň ýolbaşçysy, tehnikumyň direktorydyr öýden bolarly. Indi bularyň öz ýoldaşlarydygyny aňyp, ol birneme dogumlandy. Ýapdan çykyp, üst-başyny kakyşdyrdy. Olar ýagta çykdylar. Bularyň Berdimuhamet bilen Selimnazardygyna göz ýetirip, dazzaryldy, üstesine-de, Selimnazaryň döşünden itibem goýberdi.

– Siziňki näm-aý, garantga ýaly bolşup, meň bilen näme işiňiz bar?

– Biz garantga bolup durmaga däl, seniň masgara bolup ýörşüňi görmäge geldik. – Berdimuhamet onuň sag eliniň goşaryndan tutup silterläp, ýagty düşýän ýerde goýlan oturgyçda oturtdy. Onuň oýny däldigini aňybam müzzerdi, dymyp oturdy.

Käte Berdimuhamediň bir demde gyzaýmasy bardy, gany gaýnap, depesine urardy. Ýöne şo pursadam özüni ele alardy, köşeşerdi. Şeýle pursatlarda ol hemişe enesiniň:

«Siziň aňryňyza «däliler» diýip ýöne ýere aýdýan däldirler. Munuň özi olaryň gözsüz batyrlygy, gaýduwsyzlygy üçin aýdylýan sözdür» diýip, häli-şindi gaýtalaýan sözlerini ýada salardy. Anna aga ýazgylarynda öz tirelerine «däliler» diýilmegini şeýle düşündiripdir: «Däli – garadangaýtmaz, batyr, gözsüz batyr adam bolýandyr. Batyr diýip söweş meýdanynda serinden geçýän adamlara aýdylýandyr. Mysallar, «Görogly» şadessanyndan: Däli Mäter, Harman Däli; «Gorkut atadan»: Däli Dundaz, Däli Domrul; akyldar Magtymguludan: «Endişeli iş bitirmez, meýdanda däli bolmasa», ýene «Gaýraty az bolar gahary azyň»... Berdimuhamet gaýduwsyzlygyň ýöne bir gyzmalyk däldigine düşünýärdi. Şonuň üçinem ol hiç wagt erkini elden bermezdi, sögünçli sözleri diline almazdy, hemişe özüni parahat alyp barardy.

– Hangeldi, sen bu bolşuň bilen bir özüňi däl, bütin raýonymyzy masgara edýärsiň. Hossarlaryň seni kursa haýatyň ötüginden gir-de-çyk-da ýör diýip iberen däldirler-ä – diýip, Berdimuhamet onuň üstüne abanyp durşuna aýtdy.

– Bolýa-laý, meni jenaýat edene dönderdiňiz-aý!

– Eýse, seniň şu bolup ýörşüň şondan gowumy? Döwlet seniň üçin birgiden pul çykaryp, seni okadýar, mekdeplerde saňa ýüzlerçe çaga garaşýar. Eneň-ataň, obadaşlaryň «Biziň oglumyz mugallym bolar» diýip, begenjinden ganat baglap uçaýjak bolýarlar. A sen näme işläp ýörsüň... Eýsem olaryň ynamyny, arzuwyny puja çykarmak jenaýat dälmi? Şu bolup ýörşüňi baraňsoň iliň çagalaryna-da öwretjekmi?.. Munuň özi bilene jenaýatdan has çökder günädir.

Gözüniň öňünde, edil burnuna degäýjek-degäýjek bolýan süýem barmak oňa jadygöýüň taýajygy ýaly täsir etdi. Ýaş ýigit birneme akylyna aýlanan ýaly boldy.

– Seret, düzelseň-ä düzelersiň, özüňi ele alyp, il ýaly okuwyň bilen bolmasaňam, çäräňi özüm görerin. Onuň iň bärkisi – ýumşagy okuwdan arkaňa şakyrdyk dakyp, masgara bolup oba dolanmak bolar.

– Bolýa-how, indi gaýtalanmaz.

– Erkek ýaly söz berýäňmi?

– Hawa, erkek ýaly söz berýän!

Hangeldi sözünde durdy, beýle ýagdaýy dagy--duwara gaýtalamady. Berdimuhamediň yzyna düşüp, kitaphana gatnap ugrady, okuwy bilen boldy.

Şondan köp ýyl soň, öňdebaryjy mugallymlaryň respublikan gurultaýynda Berdimuhamet bilen duşuşyp, Hangeldi könäni ýatlady:

– Sen şonda «jylawymdan» çekmedik bolsaň, meniň nä günlere düşjegimi bir Alla bilýär. Bütin ömrüme men saňa minnetdar bolup ýörendirin.

Berdimuhamet hiç wagt öz deň-duşlaryna ýa-da okadan çagalaryna el göteren adam däldi. Onuň täsir ediş ýaragy hoş sözlüligidi, ak göwünliligidi.

Üç aýlyk kurslardaky okuwyň soňky aýy has hem gyzykly we peýdaly geçdi. Geçilen görkezme sapaklary, şäher mekdeplerinde bolan duşuşyklar, şonuň ýaly-da kursda okaýan ýaşlaryň öz geçen okuw sapaklary ýatda galyjy boldy.

Şäher bilen tanyşlyk, köp adamlar bilen bolan duşuşyklar, kitaphanalardaky kitaplardan we döwürleýin metbugat serişdelerinden alnan bilim-düşünjeler Berdimuhamedi beýik dagyň depesine çykan ýaly etdi. Eger-de öň diňe öz obasynyň serhetlerini bilen bolsa, onuň aladasy bilen bolan bolsa, indi Berdimuhamet Türkmenistanyň uç-gyraksyz giňişlikerini göz öňüne getirip bilýär. Şäheriň dem alşyny, gündelik aladalaryny

bilýär, onuň ösüşini we özgerişini görýär hem-de duýýar. Ol indi ýene-de on ýyldan nämeleriň bolup geçjekdigini aňynda aýlap, ýurduň ýokary göteriliş derejesiniň nähili boljakdygyny görüp bilýär. Onsoňam ol şu ösüşde, özgerişde özüne nähili orun degişlidigini bilýär. Her gezekde onuň öz saýlap alan ugur-ýolunyň dogrulygyna, mugallymçylyk käriniň iň mynasyp hem-de asylly kärdigine bolan ynamy artyp gidip otyr. Bagban özüniň ösdürip ýetişdiren bagyna, miwesine, seýis özüniň bakyp-bejeren bedewine, gurluşykçy öz guran gözel binalaryna guwanyp biler. A sen bolsa adam bilen iş salyşýarsyň, ony gowy ynsan edip terbiýeläp ýetişdirýärsiň. Onda-da bir-iki adamam däl, ynsanlaryň giden bir neslini! Sen olaryň kalbynda ýaşlygyň ýitip gitmejek şinelerini oturdýarsyň, şonuň üçinem indiki nesillerde seniňem bir bölejigiň saklanyp galar. Munuň özi gutarnyksyz gaýtalanar durar, gaýtalanar durar...

Ynha, şeýle pikirler Berdimuhamediň kalbyndan bir pursadam aýrylyp gidenokdy. Şonuň üçinem ol döwlet mekdebiniň gapysyny açyp, bilim almaga höwesek çagalaryň garaja gözlerine garajak gününe sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Şol günüňem diňe bir öz durmuşynda däl, eýsem geljekki bilim-terbiýe berjek çagajyklarynyň durmuşyndaky hem ýatdan çykmajak ajaýyp pursat bolup galmagyny isleýär.

Okuw tamamlanan günem Magaryf Halk Komissarlygynyň wekili gelip, kurslara giren diňleýjileriň altmyşysynyňam okuwy üstünlikli gutarandygyny we çarwadarçylyk raýonlarynda mekdep mugallymy bolmaga hukuk gazanandyklaryny yglan etdi. Ol hemmeleri okuwy tamamlandyklary bilen gutlap, her birine degişli şahadatnama gowşuryp, elini gysdy. Öz çykyşynda geljekki mugallymlara öňde duran wezipelerini düşündirdi,

olaryň çagalara bilim berjek ýöne bir mugallym bolubam däl, eýsem täze gurluşa, täze dünýä, täze durmuşa ýol görkezijiler hem bolmalydyklaryny nygtady. Öz terbiýelemeli adamlaryna nusga bolmalydyklaryny ýatlatdy. Galyberse-de, olaryň gabat gelip biläýjek howply-hatarly ýagdaýlary, kynçylyklary barada hem aýtdy.

Tehnikumyň, kursuň ýolbaşçylary, Magaryf Halk Komissarlygynyň wekilleri mugallymlaryň her biri bilen ýekelikde hem duşuşdylar we kimiň nirä, haýsy mekdebe ugradylýandygyny kesgitlediler.

Berdimuhamet Annaýew Gazanjyk raýonynyň Paraw obasynda açylan başlangyç mekdebe mugallym edilýändigi hakynda ýollanma aldy.

## Ilkinji ýol

Berdimuhamet maý aýynyň başlarynda kursy tamamlap, dogduk obasyna geldi. Muňa hemmeden beter onuň enesi begendi hem-de guwandy. Garry enesi ençeme aýlap gözünden uçan agtygyny nirede oturtjagyny, oňa näme bişirip berjegini, ilki çaý berjegini ýa-da nahar goýjagyny bilmän, elewräp ýördi. Berdimuhamet bolsa şunça wagt bäri düýe çalyny we agaranyny küýsäp gidipdi. Saçagyň başynda oturandan şolara ýapyşdy. Enesiniň yzyny üzmän berýän «Aç-suwsuz bolman okadyňyzmy?», «Uly şäherde hor-homsy bolman ýaşadyňyzmy?», «Näme iýip-içdiňiz?» diýen ýaly sowallaryna jogap berýärdi.

Agşamara olara Atanazar aga-da geldi. Onuň ýanynda ýene birnäçe oba ýaşululary bardy. Olar seleň ýere ýazylan keçä geçip oturanlaryndan soň, öňlerine gök çaý çekildi. Berdimuhamet oba ýaşulularyna şäherde gören-eşiden geň zatlary barada gürrüň berdi. Ol başyny ýaýkap, makullaýjylyk bilen tassyklap oturan aksakallary obadan uzakda bolup geçýän täzelikler bilen tanyşdyrdy. Gürrüňçiligiň ahyrynda bu ýaşulularyň näme maksat bilen bu gapa gelendikleri, olary nämäniň ynjalykdan gaçyrýandygy aýan boldy.

– Berdimuhamet, oglum, megerem, seniňem habaryň bardyr. Bizem bütin oba bolup täze, ýagty mekdep gurduk. Biz hut seniň özüň ilkinji bolup şol mekdebiň işiginden girersiň we oba çagalarymyzy okadyp başlarsyň diýip ynam bilen ýoluňa garap oturandyrys. Ýöne seni

başga ýere işe iberýämişler diýip gulagymyza degdi. Bu diýilýän ugrunda barmydyr?

– Hawa, Atanazar aga, meni Paraw obasyna iberýärler.

– Bu nähili bolýar ahbetin. Öz mekdebimizde çaga okadar ýaly mugallym ýokka, seni başga ýere ibermeleri näme? Bü-ýä dürs bolanok öz-ä...

– Bu şeýle diýlip güman edilse-de, döwletiň öz bilim beren adamsyny nirä ibereýin diýse, ygtyýary bar – diýip, Berdimuhamet bu meselä aýdyňlyk girizmekçi boldy.

– Bu diýýäniň dogrudyr-la. Ýöne Yzgandam şu döwlete degişli ahyryn. Bizem onuň raýatlary.

Dogrusy, Berdimuhamet muňa näme jogap berjegini bilmän aljyrady. Atanazar aga tary öteräk çekendigini aňyp, äheňini biraz gowşatdy:

– Oglum, Berdimuhamet, bu çözgütde seniň dahylyň ýokdugyny bilýäris. «Obaňa bar-da, işläber» diýseler, hiç ýerde eglenmän, ylgap geljegiňe-de ynanýarys. Biziňem öz arzuw-umydymyz bar ahyryn. Anna aganyň körpe oglunyň öz mekdebimizde mugallym bolanyny görsek, özümizi nähili bagtly saýardyk, göwnümiz şat bolardy. Bolýa-da, indi boljak iş bolansoň, ahmyr edip oturmaly...

Atanazar aga biraz dymyp oturansoň, täze mugallymyň ýüzüne syrly garady-da, şeýle teklibi mälim etdi:

– Oglum, sen göwnüňe almasaň, biz-ä ýaşulular bolup bu mesele bilen şo-ol oba degip geçen Meret Agabaýewe ýüz tutaýalyň diýen karara geldik, ol Aşgabatda ýokarlarda bir ýerde işleýän ýaly-la.

– Atanazar aga, uly döwlet işgäriniň ünsüni bular ýaly ownuk meselä sowup ýörsek, gelşigi bolmaz. Onsoňam, hamala, Berdimuhamet Annaýew iberilen ýere işe gitmek islänok diýen pikir döremese gowy. Men şeýle bolmagyny islämok.

– Seniň pikiriň dogry bolsa gerek, oglum – diýip, Atanazar aga ahyryn ylalaşdy.

– Onsoňam, Atanazar aga, çarwadarçylyk raýonlarynyň mekdeplerinde geçilýän okuwlar aýratyn meýilnama esasynda alnyp barylýar. Okuwyň möhletem bary-ýogy alty-ýedi aý. Eger-de adaty mekdeplerde okuw sentýabr aýyndan başlanýan bolsa, ol ýerleriň mekdeplerinde maýdan başlanýar. Wagt diýseň çalt geçýär. Şu ikarada siziň mekdebiňize ýaraýjak adamyň tapylaýjagam häzir nägümana. Hudaý nesibäme salan bolsa, enşalla, mekdebimizi özümjik gelip açaryn.

– Belki, Hudaý, şeýle bolsun-da! – diýşip, ýaşulular göwnühoş seslendiler, razylaşyp, hoşlaşyp turmak bilen boldular.

Bedimuhamet özi öňden arzuwda bolany üçinmi ýa-da ýaşulularyň göwnüni awlamak üçinmi:

– Atanazar aga, oba mekdebimize salama barsak nähili bolar? – diýip ýüzlendi.

– Gowy bolar, oglum!

Olar topar tutup mekdebe tarap ýörediler. Boýy alty metr, ini dört metr bolan giň otagyň içi-daşy agardylypdyr, arassaja. Berdimuhamet gapyny özi açyp, sag aýagyny ätläp, salam berip, otagyň içine girdi. Bu wagt otagyň içi boşam bolsa, ýaş ýigit aýratyn bir ruh aldy.

Mekdep jaýy bilen bitişdirilip ini-boýy üç metr bolan ýene bir otag gurlupdyr. Bu myhman otagy bolarly. Soň Berdimuhamet Paraw obasyna baranda, mekdep jaýyny görenden: «Biziň ýurdumyzda gurlan mekdepleriň bary birkysmy eken, elbetde, «şeýle edip guruň» diýlip, görkezme berlendir-dä» diýip güman etdi.

Ir sagat onda Gazanjygyň demir ýol wokzalynda Berdimuhamedi raýon bilim bölüminiň müdiri Saýlaw Tagandurdyýew garşy aldy. Olar daşyndan seredeniňde, deň-duşrak görünýärdiler, müdir, bolsa, birküç ýaş ulu-

rakdyr. Bilim bölümi «Goşçy» birleşigi bilen ýanaşyk bir otagda ýerleşýän eken. Saýlawdan başga-da bölümiň bir işgäri bar. Otagda bu ikisi üçin bir stol goýlupdyr. Bu otagda ýene üç-dört sany agaç oturgyç bar eken. Jaýyň içi darlyk eder ýaly däl. Şonuň üçinem bölümiň ähli goş-golamlary, esbaplary şu otagda saklanýan bolarly.

Saýlaw ur-tut jaýyň bir burçuna baryp, buýsanç bilen rejelenip goýlan mekdep tagtalaryny görkezdi. Olaryň boýy bir ýarym, ini bolsa iki metr çemesidi.

– Ine, şularyň biri seniňki bolar. Diwara çüýlärsiň weliň, gül ýaly bolar. Tagtasyz okatmak kyn düşer. Ine, bu bolsa üstünde hat ýazmak üçin uzynja tagta. Mundanam ýigrimi sanysy seniňki. Men muny Gyzylarbadyň wagon abatlaýyş zawodynda ýasatdym. Maňa bulardan başga parta-da ýasap berdiler, on sany. Häzirlikçe bulardan saňa ýetenok...

Berdimuhamet özüniň bular ýaly tagta bilenem, hat ýazylýan tagtajyk bilenem öňden tanyşdygyny, olary ulanandygyny aýdyp, müdiriň bitiren işine buýsanjyny peseltmek islemedi.

– Men Orazgylyç aga mekdebiň içine gamyş ýaz diýip aýdypdym. Olam «Bu jelegaýda gamyş-a ýokdur welin, bolşuna görä, ýylgyn düşäýerin» diýdi. Onsoňam seniň okatjak oglanlaryň çarwadarlaryň çagalarydyr, olar çägede oturmaga, gum ýassanmaga endik edendirler...

Saýlaw burçda duran sandygy açdy, ondan bir top depder, bir gysym galam, bir kagyz guty hek çykardy.

– Şu günlükçe saňa, ine, şular ýetýär. «Ýene ibereris» diýdiler. Gelse, görübereris. «Harplyk» berip biljek däl. Sen onsuzam öz günüňi özüň görersiň diýip umyt edýän, seniň taýýarlygyň gowy ahyryn. Sen baradaky gürrüňler bize özüňden kän öň geldi. Seniň taýýarlygyň hakynda-da eşitdik. Bir zat, ol hem sen bu ýerlerde uzak eglenmersiň diýip iňkis edýän. Beý diýdigim, «Seni bu

ýerde uzak goýmazlar» diýdigim. Goýmasalar, alajyň näme, gowy işgärler hemme ýerde gerek...

Saýlawyň sadalygy, ýürekdeşligi, alçaklygy, hoşgylawlygy bada özüne çekdi. Asla magaryf işi bilen meşgul adamlaryň, mugallymlaryň häsiýetine, durmuş pelsepesine olaryň bu käri gönüden-göni täsir edýän bolarly. Bu pikir Berdimuhamediň ömürboýy ýadyndan çykmady. Dogrudanam, goh-galmagal edip, sögüşip ýa-da sene-mene edip ýören, eli egrilik edýän, ýaramaz işlere baş goşup ýören mugallymy göz öňüne getirip bolarmy? Bolmaz, elbetde. Diýmek, mukaddes iş munuň bilen meşgul bolýanlaram mukaddesleşdirýän bolarly.

– Berdimuhamet, sen şu ýerde birsalym dem-dynjyňy al-da otur. Günortanlar goňşymyz «Goşçy» birleşigine Paraw obasyndan furgon gelmeli. Ol geler welin, goş-golamlarymyzy ýükläp, bizem onuň bilen oba gideris. Menem gitjek. Ertir bileje mekdebi açarys. Onsoňam sen hiç zady alada etmegin. Mekdep Öwezgylyç aganyň öýi bilen ýanaşyk diýen ýalydyr. Ol oba ýaşulularynyň biri. Köp ýerleri gören we köp zat bilýän ýaşuludyr. Öz döwründe söwda-satyk edip, Hajytarhan (Astrahan) sebitlerinem söküp gelendir. Eli açykdyr. Ynha, özüňem görersiň, ol seni hiç zada zar etmez. Hossaryň bolar. Häzir çaýyň ugruna çykalyň, ýola ugramankak, bir çaýlalyň. Sapar, inim, bar goňşulardan habar tut, semawarlary gaýnamaýarmyka?

Müdiriň kömekçisi semawaryň otlanandygyny, basym gaýnajakdygyny habar berdi.

– Semawar bilen suwy – goňşulardan, kömri – bizden – diýip, Saýlaw ýylgyrdy.

Uly tümmek bolup, üsti basyrylyp goýlan kömür gyşda mekdeplere paýlanyp berilýärdi.

Täze ýerlere, nätanyş adamlaryň arasyna gelip düşse-de, Berdimuhamet ýadyrgamady. Asla ony ýadyrgatja-

gam däller. Ol häzir täze ýola, başgaça durmuşa gadam goýanam bolsa, onuň kalby asudady. Öňde goýlan beýik maksat, mugallym hökmünde ediljek ilkinji ädimler, muňa bolan buýsanç ähli ownuk-uşak näsazlyklary we aladalary basýardy.

Onuň kalbynyň parahat bolmagyna Saýlawyň ýürekdeşligem uly täsir etdi. Ol özüni Berdimuhamet bilen ýüz ýyl bäri tanyş ýaly alyp barýardy, çagalygyny bile aşyk oýnap geçiren ýalydy. Onuň özüni alyp barşynda hiç hili resmilik ýokdy, ýolbaşçynyň özüni işgärinden aýrybaşga saýmak ýaly gylyk asla duýlanokdy.

– Sentýabra çenli parta bermegem wada etdiler. Bolmadyk ýagdaýynda, özümiz buýrup, partalarymyzyň sanyny köpelderis – diýip, Saýlaw geljegiň aladasyny etdi. Onuň gijede-gündizde bar aladasy mekdep, çagalaryň okuwy bolarly. Muny onuň her sözünden aňmak bolýardy. Onuň göwnüne beýleki adamlar hem onuň arzuw-hyýalyny paýlaşýan ýalydy. Bu oňa şatlyk berýärdi.

Saýlaw goňşulara çykyp, eslije eglendi. Gaýdyp gelende onuň elinde içi gowurmaly jam, kagyza dolangy gant, tamdyrdan ýaňy çykan birnäçe çörek bardy. Ol stoluň üstündäki zatlary bir ýana süýşürişdirip, kagyz ýazdy. Getiren zatlaryny stoluň üstünde ýerleşdirdi-de, kömekçisine ýüzlendi:

– Sapar jan, semawaryň gaýnan ýaly, çalt bol-da, çaý demle.

Aslyýetinde, Sapara ýumşy diýip etdirmeli däldi. Ol bu wagt Berdimuhamedi ýeke goýup gitmejek bolup, Saýlawyň gelerine garaşyp durdy. Ol salym geçmänkä çaýam demläp geldi.

Saýlaw ýumruk ýaly gyzyl sogany çaýçorbanyň içine dogramaga meýil etdi-de, ony dört bölüp, okaranyň ýanynda goýdy. Çöregem dört bölüp, onam şeýtdi. Gantly kagyzy açyp, çagaň ýumrugy ýaly tokga gandy

Berdimuhamediň öňündäki şakäsä atdy-da, ol garşylyk görkezip ýetişmänkä, üstünden çaý guýdy.

– Ine, biz-ä şeýdäýýändiris, Berdimuhamet. Görýän welin, sen ýaman ýygra, utanjaň öýdýän. Beýle bolsaň, kösenen ýeriň köp bolar. Öwrenişibergin. Biziň adamlarymyz göwnaçykdyr, warra-şarrarakdyr, ýöne ýürekleri welin kir-kimirsizdir.

– Şol gowy-da, ýuwaş-ýuwaşdan öwrenişibereris – diýip, häliden bäri Saýlawy diňläp oturan Berdimuhamet dillendi.

* * *

– Hany, myhman, «bissmilla» et. Nesip edenden ýürekse edineliň. Çöregimiz täze boldy, gatyrak bolan bolsa, dogranaýsagam kem bolmazdy. Şeýle iýibereliň. Ine, myhmana özbaşyna bir çemçe, Sapar ikimize-de – biri. Başlalyň.

Başda duz dadyp oňaýmagy niýetlän Berdimuhamet oglanlaryň ýürekdeşligi üçinmi, naharyň tagamlylygy üçinmi, duz hormatynamy, garaz, işdä saklaman iýdi. Sogana elini uzatmasa-da, çaýçorbadan soň, süýjüli çaýam aýratyn lezzet berdi. Jam boşap, saçak ýygnalandan soň:

– Owkat bizden, töwiri sizden. Hany, myhman, tagamyň hakyna omyn et – diýip, Saýlaw häzirlendi...

Saýlaw bilen Berdimuhamet furgondan Öwezgylyç aganyň öýüniň ýanynda düşüp galdylar. Ýanlary bilen alyp gelen zatlaryny hem düşürdiler. Myhmanlary Öwezgylyç aganyň özi, biri otuz, beýlekisi otuz bäş ýaşlaryndaky ogullary garşylady. Öwezgylyç aga nätanyş ýigidiň elini sypdyrman, gözüne dikanlap, köp manyly garap duransoň, ýigidiň süňňi gowşap gitdi. Ol özüni içki dünýäňi bilýän, pikir-hyýalyňy okaýan jadygöýiň öňünde duran ýaly duýdy.

Öwezgylyç aga uzyn boýly, agajet, damarlak gollary berdaşly, ujy çürelip gidýän çal sakgally, ýetmiş ýaşa ser

uranam bolsa, ala gözleri jahyl ýigidiňki ýaly oýnaklap duran adamdy.

– Bu tüýs bize gerek ýigit, gözünden aňdym – diýip, ýaşuly magaryf bölüminiň müdirine garap aýtdy. – Biziň obamyza gadamyny basdymy, indi ol biziňki. Gaty gidiberjek bolsa, «aýagyny duşaklarys» welin, onsoň Parawdan uzaga gidip bilmez...

– Haý, näbileýin, Öwezgylyç däde, «duşak» bilen saklap bilseň-ä bor welin... Onda bize-de kemje kerdem bolmaz. «Geçimiziň ekiz guzladygy»...

Öwezgylyç aga:

– Hany, öýden oturalyň onda. «Gonak gelen güni türkmeniň öýünde toý bolar» diýipdirler könelerimiz – diýip, mürähet etdi.

Arasy golaý dikilen üç sany gara öýüň gapysynda gurlan uly jaýa ýakynlaşanlarynda, ýaşy durugşan aýal maşgala, eteklerinden iki-üç sany ýaş çaga aslyşyp duran iki sany gelin we on bäş-on alty ýaşlaryndaky görmegeý gyz gara öýüň birinden çykyp, myhmanlar bilen baş atyp salamlaşdylar. Oba gelen mugallym ýigidi görmek islegi olary öýde oturtmadyk bolarly. Eýsem-de, zenanlaryň özlerini juda erkana alyp baryşlary, utanyp, çekinip durmaýyşlary Berdimuhamediň dykgatyndan sypmady.

– Weý, Öwezgylyç däde, ilki bir mekdebe girip--çykaly-la. Goş-golamlaram şol ýerde goýsak göwnejaý bolar. Berdimuhamet mugallym hem mekdebine ilkinji salamyny berer – diýip, Saýlaw teklip etdi.

– Wä, bally, mekdep diýeniň iki ädim, ýör salamlaşsaň, salamlaşalyň.

Ýaşulynyň ogullaram bulardan galmady.

«Bissimilla» diýip, gapyny açan Berdimuhamet salam berip, otaga sag aýagyny ätledi. Içine gamyş ýa-da ýylgyn bir düşedilermikä diýip pikir edip gelýän müdir otaga girenden, haýran galyp:

– Bäh, Öwezgylyç däde, muny nädäýipsiňiz ýöne! Gül ýaly bolaýypdyr-a! – diýip seslendi.

– Apalap salan mekdebimize ýylgyn düşäp ýörsek, gelşigi bolmaz diýdik-dä, oglum! Mekdep diýeniň mekdep şekilli bolsun-da.

– Berekella, muny başga obalara-da nusga hökmünde görkezmelimikä diýýän.

– Iki gatdyr özem – diýip, ýaşuly nygtady. – Obadaşlarymyz üýşüp düşeklediler mekdebi. Mugallymyň otagynam düşekledik... Bala-çagalarymyzy sowatly etseň bolar, mugallym. Biz hyzmatymyzy gaýgyrmarys...

Bu döwürde obalarda heniz ýörite mekdep jaýlary ýokdy. Okuw esbaplary, enjamlary ýetenokdy. Muňa akyl ýetiren oba adamlarynyň okuw ýylyna gowy taýýarlanandyklaryna, mümkin boldugyndan, okuwçylar hem-de olaryň mugallymy üçin ähli şertleri döretmäge çalşandyklaryna Berdimuhamet düşünýärdi. Eger-de oba ýaşaýjylary bilimiň nähili zerurlygyna düşünýän bolsalar, onda eýýäm işiň ýarpysynyň bitdigi biläý. Şeýle goldawyň bar ýerinde gowy netijäniň hem boljakdygy gümansyzdyr.

Gelenler bu gije Öwezgylyç aganyň myhmany boldular.

Ertesi irden mekdebiň töweregine dürli ýaşdaky ýigrimi çemesi adam ýygnandy. Berdimuhamediň göwnüne oba adamlarynyň bary ýygnanmaly ýalydy. Onuň geňirgenýändigini görüp, müdir ýagdaýy düşündirdi:

– Oba ilatynyň ählisi Orazgylyç aga ýalydyr öýdäýme. Täze okuwa garşy bolýanlaram bar. Olar «kapyryň okuwy» diýip, biziň öwredýän bilimimize garşy çykýarlar. Dinimize garşy bolar, däp-dessurymyzy, urp-adatymyzy bozar öýdýärler. Muňa üns bereniň gowy boldy. Işlän mahalyňam häzirräk bolmalydygyňa düşündiň. Ätiýaçly bolsaň gowy-da, garaz.

Saýlaw Tagandurdyýew mekdebe ýygnananlaryň öňünde söz sözledi. Bilimiň zerurlygyna, täze okuwyň peýdalydygyna degişli pikirlerini mysallar bilen delillendirdi. Mekdebe mugallym bolup gelen Berdimuhamet Annaýew bilen adamlary tanyşdyrdy. Onuň Aşgabatda ýörite okuwy gutaryp, şu oba iberilendigini, ozalam öz obasynda özbaşdak çaga okadandygyny ýatlatdy. Näme üçindir, mugallymyň ozal dini mekdebi-de tamamlandygyny iki-üç gaýta nygtady. Belki-de, bu onuň mugallymyň alan bilim-terbiýesini aýdyp, onuň dine garşy çykyp durmajagyny ýatlatdygy, başgarak pikirdäki adamlary köşeşdirdigi bolandyr.

Ýygnanan jemendäniň arasynda bäş-alty çaganyň bardygyny görüp, Berdimuhamet öz ýanyndan: «Bä, okuwçy sany gaty az boljag-ow» diýip pikir edipdi. Ýöne okajak oglanlar ýeke-ýekeden mekdep otagyna girip ugranlarynda olaryň sany on iki boldy. Sekiz – on sekiz ýaşlylar okamaly diýlip yglan edilenem bolsa, gelenleriň arasynda has ekabyrraklary hem bardy.

Saýlaw mugallymy goldap hem-de ýadyrgamasyn diýip, oňa ýüzlendi:

– Berdimuhamet mollum, işiň rowaç bolsun! Başlaber. Men adamlar bilen hal-ahwal soraşaýyn. Arçyn Ödegurban aga görünmedi, ondan habar tutaýyn. Häzirlikçe hoş gal!

Edil şu pursat Berdimuhamede az-kem tolgunma aralaşdy. Sebäbi ol häzir uzakdaky ýat obada resmi, ykrar edilen mugallym hökmünde ilkinji ýola mekdep otagyna girýärdi. Tolgunmadan ýaňa gözleri garaňkaryp, bogazy gurady. Onda-da aýgyt bilen gapyny açyp, otaga girdi. Işikde çykarylan köwüşdir çokaýlaryň arasyndan ätläp, öz ýerine geçdi. Çagalaryň biri dyzyna çöküp, biri aýbogdaşyny gurup, ýene biri diwara arkasyny berip otyrdylar.

– Salam, okuwçylar! – diýip, Berdimuhamet adaty bolşundan has batlyrak ses bilen aýtdy.

Okuwçylar tarapyndan «salawmaleýkim» sözi ýa şoňa meňzeş hymy-symy sesler eşidildi.

Berdimuhamet bu ýerde diňe çagalary okatmak bilen oňman, olara ähli zady öwretmelidigine bada düşündi.

– Okuwçylar, ilki bilen sapaklar, okuw dersleri başlanmazyndan öň, etmeli hereketlerimizi, diýmeli sözlerimizi öwreneliň. Gulak asyň, ozaly bilen, mekdep otagynda her bir okuwçynyň hemişe oturýan belli ýeri bolmaly. Göçüp-gonup ýörmän, her gün şol bir ýeriňde oturmaly. Meniň bu diýýänim size düşnüklimi?.. Düşnükli bolsa gowy. Onsoň kiçi ýaşly we boýy pesräk çagalar öň hatarda oturmaly. Sen, sen, sen... geçiň öňe.

Berdimuhamet çagalary şol tertipde oturtdy. Şundan soň okuwçylar hersi üç çagadan dört hatara düzüldiler.

– Indi beýleki käbir düzgünleri öwreneliň. Her gün siz mekdebe gelip, okuw otagynda sessizje, tertiplije oturmalysyňyz. Mugallym otaga gireninden hemmäňiz ýeriňizden turýarsyňyz we şeýle göni durýarsyňyz – Berdimuhamet nähili durmalydygyny görkezdi – Onsoň, haçanda mugallym «Salam, çagalar!» diýende, siz bir adam ýaly, agzybirlik bilen «Salam, mugallym!» diýersiňiz. Hany, geliň, şuny gaýtalap göreliň. Ynha, men otaga girip, size ýüzlenýärin: «Salam, okuwçylar!».

Salamyň jogabyny başly-baradrak gaýtaladylar. Bu düzgün ýene telim ýola gaýtalanandan soň, ahyryn bir kada golaý geldi. Haçanda Berdimuhamet: «Bolýar, indi bes edäýeliň» diýen mahaly, yzdaky hatardan ekabyrrak oglanlaryň biri:

– Biz-ä öňki mekdepde mollamyz «Sag-aman örüşdiňizmi?» diýende, «Şükür Hudaýa» diýýärdik – diýip, gor-gor etdi.

– Ol öňki mekdebiňdedir. Täze mekdepde düzgünlerem täzedir, öwrenişiberiň.

Berdimuhamet üstünde hat ýazyljak tagtajyklary okuwçylara paýlap berdi.

– Bäriňize serediň, aýbogdaşyňyzy gurup, tagtajygy dyzyňyzda goýup ýazsaňyzam bolar. Eger-de ýadasaňyz, aýagyňyzy uzyn salyp, tagtajygy aýagyňyzyň üstünde goýubam bolar. Ynha, serediň... Hany, indi synanyşyp görüň.

Oglanlar ýazmagy öwrenmäge synanyşdylar. Şol wagt üçünji hatardan çaga sesi çykdy.

– Itmesene-how!

– Men näme edeýin, aýagymy uzatmaly boldum-da. Beýlämem diwar bolup dur.

– Düýäňem aýagy öz aşagyna sygýar ahyryn – diýip, ýaňky oglanam ondan kem galmady.

Berdimuhamet yzky hatarda oturan uly oglana aýagyny birneme çepe tarap uzadyp oturmagy tabşyrdy. Şonda-da ýaňky goçak oglanyň kätmen ýaly aýaklary öňde oturanyň arkasyna kaklyşdy. Öňde oturan hötjet oglanjyk bolsa yzkynyň aýaklaryna seňrigini ýygryp seredenden, Berdimuhamet «Bularyň arassaçylygy barada-da gürleşmeli bolar» diýen netijä geldi.

– Indi bolsa serediň! Men häzir size depderiň bir tagta kagyzyny paýlap berjek. Kagyzyň ýüzi dik we kese çyzyklara bölünen dört bölekdir. Siz ilki birinji bölekde, soňra beýleki böleklerde işlärsiňiz. Başlaň bakaly ...

– Indi men size gara galam paýlap berjek. Eliňiz öwrenişer ýaly, ine, galamy nähili tutmalydygyna serediň. Ine, gördüňizmi? Ýazanyňyzda galamy gaty basmaly däl, ujy döwler. Ujy köp döwlüberse-de, galam basym gutarar. Kimiň galamy çalt gutarsa-da, ol tabşyrylýan ýumuşlary berjaý edip bilmez. Düşnüklimi? Galamlaryňyzy aldyňyz dälmi? Hop, ýagşy... Indi tagta serediň! – Berdimuhamet tagtanyň ýüzünde birlik sana meňzeş dik çyzyklary çekdi. – Serediň, sizem kagyzyň

birinji böleginde şeýle şekilleri çekip başlaýarsyňyz. Gyssanmaň, galamy gaty basmaň...

Berdimuhamet «Galamymyň ujy döwüldi» diýen ses ilki aýagy uzyn oglandan çykar öýdüpdi. Ýöne beýle bolmady. Ol köne mekdepde okansoň, her hal beýlekilere görä usullydy. Käbiri galamyny gaty basmajak bolup, zordan çyzygyň suduryny çekipdir. Mugallym her okuwça aýratyn maslahat berip, birinji ýumşy bitirdim etdi. Elbetde, göni çyzyk diýlip çekilenleriň hiç birem göwnejaý däldi.

– Indi bolsa üns beriň! – diýip, Berdimuhamet diwardaky uly gara tagta ýakyn bardy. – Öňki çyzygyň gap bilinden şonçarak kese çyzyk çekýärsiňiz. Ýöne gönüje bolsun, gelşikli etjek boluň.

Soňra Berdimuhamet dik hem kese çyzygyň emele getiren goşmak belgisini çagalara düşündirdi. Okuwçylaryň elini öwrenişdireýin diýip başlan ilkinji ýumşunyň netijesinde goşmak belgisiniň emele gelmegi Berdimuhamede kakasy Anna aganyň hasap sapaklaryny ýatlatdy. «Men bir size goşmagy öwredeýin» diýer eken bende. Mugallymy begendiren zat – çagalaryň tabşyryklary dykgat bilen diňläp, yhlas bilen ýerine ýetirmeleri boldy. Okuwçylaryň käbiriniň burnuny çekmesi bolaýmasa, otagyň içi dym-dyrslykdy.

Okuwyň iň ilkinji sagady tamamlanyp, on bäş minutlyk arakesme yglan edildi. Berdimuhamet açyk howa çykanda, ertirki gelen adamlaryň Öwezgylyç aganyň daşyna üýşüp oturandyklaryny gördi. Olara golaý bardy.

– Işiňi Alla ugruna etsin, bally! Okuw dersleriňe başladyňmy?

– Sag bol, Öwezgylyç aga, siziň ýardamlaryňyz bilen... Hemmesi gowy. Tüweleme, oglanlar yhlasly. Galany bize bagly.

– Aý, inim, biziň çagalarymyzdan otly sürüp ýören uly adamlar çykasy ýok. Bize seniň olara ýazmany-

-pozmany, hasap-hesibi öwredeniň ýeterlik. Ömrüň uzak bolsun, köşek! – diýip, başy çöwürmeli, gür mor gaşlary hüžžerip duran, tegelek ak ýüzli ýaşuly gepledi.

– Otly dagy näme, döwleti dolandyrjak adamlary hem ýetişdireris, agam! – diýip, Berdimuhamet biraz badyhowa gep urdy.

Sözüň asyl manysyna düşünen Öwezgylyç aga ýeser ýylgyrdy-da:

– Agzyňdan Alla eşitsin, mollum, belki – diýip, sakgalyny sypalady.

Soňky sagatlarda tegelek, üçburçluk, köpburçluk, egri, tolkunly çyzyklary çyzmak bilen meşgullanyldy. Olar ýerine ýetirilende, galamyň nähili tutulmalydygy, nähili güýç bilen basylmalydygy gaýta-gaýta görkezildi. Sapaklar tamamlanandan soň, hoşlaşmanam öwredip, okuwçylary öýli-öýüne goýberdi.

Okuwdan soň, Berdimuhamet sapaklaryň geçişini öz hakydasynda ýaňadan aýlap, käbir zatlary başgaçarak edenem bolsam boljak eken diýen netijä geldi: «Belki-de, okuwçylar bilen ýekän-ýekän tanşyp, mekdep žurnalyna ýaşyny, adyny, familiýasyny ýazan bolsam... ýa-da tabşyryklary kagyza ýazdyrman, gara tagta ýazyp görkezen bolsam, gowy özleşdirerdiler... Dogrusyny aýtsaň, özüň mugallymam bolsaň, bilmeli, öwrenmeli zatlaryňam köp. Mugallym bütin ömrüne okap, öwrenip ýörmeli, şondan soň özgelere öwretmeli eken». Muňa Berdimuhamet hut ilkinji işe başlan gününden göz ýetirdi.

Berdimuhamet mekdep otagyndan çykanda, tümmejigiň üstünde Öwezgylyç aga bilen Saýlawyň oturandygyny görüp, olaryň ýanyna bardy.

– Ýigitler, günorta nahar wagty-da boldy. Gelin-gyzlar bir zatlar taýýarlandyrlar. Ýörüň, nesip edenden, iýeliň, duz-tagamy garaşdyrmalyň – diýip, Öwezgylyç aga donunyň syýyny silkip, ýerinden turdy.

– Öwezgylyç däde, sen barybir, bizem «hä» diýmänkäň, bararys.

Saýlaw Berdimuhamet bilen mekdep jaýyna ýöneldi.

– Ýaňy ýaşuly bilen synlap otyrys welin, iki otagyň gapysynyň öňünden bir taşa edilse, gowy boljak. Agaç-dan ýa-da kerpiçden dalan dagy edip, gapam goýaýsaň, ýylylyk üçinem peýdasy boljak, çagalaram köwüş-söwüşlerini şu taýda çykaryp biljekler. Ýöne edil häzir-ä muny edip bilmeris. Belki, sentýabra çenli bolsa-da bolaýar. Ýene-de şu töwerekden hajathana gurmaly. Bular çagadyr, özlerem çarwa çagalary. Çem gelen ýerde oturyp-turmaga endik edendirler. Bu işi Öwezgylyç aga «Özüm bitirerin» diýdi. «Agaç-ugaç tapylmadyk ýag-daýynda ýylgyndan ederin welin, bir taşa ederin» diýdi.

– Arçyn Ödegurban agadan saňa goldaw bolmazmy-ka diýýän. Ol bir zatdan aşa howatyrlanýar. «Arçynlygam tabşyrjak» diýýär. Bäriňi gara, bu obada baý adamlar bar, öte dindarlar bar. Şonuň bilen bir hatarda Öwezgylyç aga ýaly ortagürp adamlaram bar. Olar hiç kime garaşly däl, erkana adamlar. Öz başlaryny özleri çaraýarlar. Hiç kimiň igenjinem çekenoklar, hiç kimden minnetdarlyga-da garaşanoklar. Öwezgylyç aganyň nebereleri hakyky ga-ladyr, olara batyrynyp biljek bolmaz. Eger batyrynmakçy bolsalar, şo pursat almytyny alarlar. Şonuň üçin seniň bu obadaky goragyň Öwezgylyç aga bolar. Indi gulak as – diýip, Saýlaw Berdimuhamede gezek bermän, sözü-ni dowam etdi – Men Ödegurban agany käbir zatlara boýun etdim. Agşam arçynlykdan bir ýigit gowurma bilen goýun ýagyny getirer. Men «Bir janlyny soýup, gowruň» diýip aýdypdym. Men özümi Gazanjyga eltjek furgon bärik, yzyna gaýdanda, biraz un, gant, sogan, käşir hem-de kömür atyp, saňa ibererin. Düýn bu zatlaryň ýadymyza düşmeýşini diýsene! Sen alada etme, bu zat-lary ugruny tapyp, aýlygyňdan tutarys. Çörek meselesini Öwezgylyç aga öz üstüne aldy. Kimdir birinden çörek

getirmekçi bolsalar, özüniň halamajakdygyny aýtdy. Ol asla seniň olardan örüp, olardan nahar-şor edinmegiňi isleýär. Ol uly maşgalany ekleýär, onsoň bir adamyň olara gaýry ýük bolmajagyny aýdýar. Men oýlanman, munuň üçin hak-heşdek aljagyny-almajagyny soraýdym welin, ol ör-gökden geldi, gaty gördi. Seniňem kesekiniň çöregini mugt iýip ýörmejegiňi bilýän. Bu açyk görnüp dur ahyryn. Hawa, ertir men saňa iki sany panus çyra bilen nebitem ibererin. Tapyp bilsem, birdir-ýarymdyr köne stol-stulam furgona ataryn. Bolmasa, «Goşçy» birleşiginden haýyş ederin. Mugallymyň oturýan ýeri beýlekileriňkiden tapawutlansa gowy...

Bäh, tasdan başga bir zady ýadymdan çykaran ekenim. Ýaşajak jaýyňy ýa-da mekdebi syryp-süpürjek diýip, eliňe sübse almagyn, geýim-eşigiňi özüň ýuwjak bolmagyn. Beýtseň, bu ýeriniň adamlarynyň göwnüni ýykdygyň bolar. Olar muňa başgaça düşünerler. Saňa Öwezgylyç aganyň gelni-gyzy kömek eder. Muny ýaşulynyň hut özi aýtdy.

Men saňa aýtmaly zatlarymyň hemmesini aýdaýdym öýdýän. Her halda, Gazanjyga furgon günaşa, käte bolsa her gün gidýändir. Eger-de saňa bir zat gerek bolsa ýa--da kyn-gyssaglyk ýüze çyksa, bir bölejik kagyza ýazyp, furgonçydan iberiber. Mümkinçilik tapyp, özüm gelerin.

Indem, ýör, ýaşulynyň ýanyna baraly, ony köp garaşdyrmak gelşiksiz.

Berdimuhamet Saýlawa garap, onuň işe degişli nähili gymmatly maslahatlary berendigine, onuň ähli derwaýys meseleleri kerpiç ören ýaly, ýerbe-ýer aýdyşyna haýran galdy. Raýon bilim bölümine hut şunuň ýaly janypkeş adamyň baştutanlyk edýändigine öz ýanyndan begendi.

Çaý-nahar edinenlerinden soň, Saýlaw Tagandurdyýew gelen furgona münüp, raýon merkezine, öz iş ýerine rowana boldy. Öwezgylyç aga buýruk beriji

äheňde: «Agşamlyk naharyny-da bizden edinersiň» diýip, Berdimuhamede tabşyrdy.

– Onsoňam gelinler-gyzlar saňa oduk-buduk getirseler, ony yzyna gaýtaryjy bolaýmagyn. Eger-de bir zat gerek bolsa, ýaýdanman, çekinmän, göni aýtgyn – diýip, berk tabşyrdy.

Ýaşulynyň ogullary mugallymyň bolýan jaýyna sallah ýaşaýyş üçin gerek bolaýjak ähli zatlary – gap-gaç, çäýnekdir käse, gazan, tüňçe we beýleki esbaplary getirip gitdiler. Olaryň ýaşy Berdimuhamediňkiden ulam bolsa, mugallym bolansoň, oňa hormat-sarpa bilen garaýardylar, özleriniň islendik hyzmata taýýardyklaryny görkezýärdiler. Olaryň mugallyma hormat bildirýändikleri ýüz-gözlerinden hem bildirip durdy. Berdimuhamet öz otagynyň Öwezgylyç agalaryň öýüniň ters tarapyndadygyna şu mahal gözi düşüp, oňa az begenmedi. Sebäbi çaý gaýnadyp, biş-düş edäýeniňde-de ol tarapdan görünjek däldi.

Berdimuhamet mekdebiň öňündäki depäniň üstünde gyzaryp ýaşyp barýan Güne seredip oturyşyna bu günüň – Berdimuhamediň hakyky mugallym bolup işe başlan ilkinji gününiň, bir müň dokuz ýüz ýigrimi altynjy ýylyň on altynjy maýynyň tamam bolup barýanlygyny serinde aýlady.

On altynjy maý! Bu gün onuň üçin aýratyn gündi.
Bu gün onuň ömründe hiç haçan ýatdan çykmajak gündi.
Bu gün onuň arzuwlarynyň, isleginiň hasyl
bolup başlan günüdi.
Bu onuň uzak mugallymçylyk ömrüniň başlangyjydy...

Berdimuhamet agşamlyk naharyny Öwezgylyç agalardan edinip, öz otagyna dolanyp geldi, soň ertire çenli şo ýerde boldy. Onýança Saýlawyň diýýän ýükem gelip

ýetişdi. Iňrik mazaly garalanda, arçynyň wada eden zatlaryny getirdiler. Olar bu haýyrly işleri oba adamlaryna mahsus bolan sadalyk bilen etdiler.

Ýadawlykdanmy ýa-da bir günüň örän köp wakalaryndan hoşallyk bilen alnan lezzetdenmi, Berdimuhamet köňül rahatlygy bilen süýji uka gitdi...

Mugallym arap kökenli jezitçe elipbiýi öwredip başlanda, işlemek has gyzykly boldy. Başda çagalar harplary öz gara tagtajyklarynda ýazmany öwrendiler, şondan soň olary öz depderlerine göçürýärdiler. Berdimuhamet başdan «Öwreneniňi öwret» diýen täzeligem girizdi. Çagalar mekdepde öwrenenlerini öýlerine gelensoňlar, jigilerine-de, hatda ata-enelerine-de öwredýärdiler. Olaryň aýdýanlaryny öýlerindäkileriň nädereje-de özleşdirýändikleri belli bolmasa-da, çagalar özgelere öwretjek bolup, dersleri mazaly bişirýärdiler.

Saýlaw Tagandurdyýewden goşmaça depder, galam alanyndan soň, Berdimuhamet okuwçylara kagyz-galamlaryny öýlerine äkitmäge-de rugsat berdi. Bu okuwçylaryň hossarlaryny has-da bilime, okuwa höweslendirdi.

Mekdebiň öňündäki depejigiň üsti adamsyz bolmazdy. Öwezgylyç aga-da, köplenç, ýeke özi, käte-de birküç sany ýaşuly bilen şol depejige çykyp oturandyr.

Bu günki sapaklaryndan dynyp, otagdan daş çykanda, Berdimuhamet Öwezgylyç aganyň özi ýaly ýaşuly adam bilen hümürdeşip oturandygyny gördi. Baryp olar bilen salamlaşdy.

– Ýaşulular, ýörüň, düşek üstüne geçäýeliň, çaýam demläp bereýin size – diýip, bolýan otagyna tarap ümledi.

– Sag bol, ogul, sag bol. Indi biziň ýaşymyzda gaty çaýçam bolubermeli däl. Soň çaýyň ýumşap köpeliberýär.

– Aý, Hanmeňli, senem bir şortaňy oklaýýaň – diýip, Öwezgylyç aga hezil edip güldi. – Oglum, bu çal bilip

diýýändir. Munuň tebiplikdenem habary bardyr, ot-çöp bilen bejerýär bi...

– Bäh, Hanmeňli aga, tüýs maňa gerek adam ekeniňiz Siz – diýip, mugallym ýaşaýan jaýyna tarap ýöneldi. Az salymdan eli bir petde kagyzly dolanyp geldi.

– Ýaşulular, dermanlyk ot-çöpler, tebipçiligiň syrlary bilen kakam Anna aga-da gyzyklanypdyr. Dogry, özi tebipçilig-ä etmändir, ýöne görüp-eşidenlerini ýazyp alypdyr. Em salgy beren halatlaram bolupdyr, elbetde. Ine, diňläň, Hanmeňli aga, onuň aýdanlaryny:

«Çitçitini owradyp, oňa azajyk zirk goşup, azgyn-iriňli çişe ýapsaň, iriňini sorýar. Onuň tohumyny owradyp ýa-da ýakyp, külüni içseň, ol aşgazandaky çişi aýyrmaga kömek edýär. Çitçitiniň dänesi demgysma keseliniňem emidir».

Berdimuhamet Hanmeňli aga soragly nazar bilen garady.

– Aý, ogul, çitçiti diýlen bitgini men-ä tanajagam däl. Sebäbi o barada eşitmändim henize çenli. Gumda, gyrda-ha beýle çöpe gabat gelmedim. Ady başga hili tutulýanam bolsa, biçeme däl. Ýöne sen onuň em bolýan dertlerini sanadyň welin, ol-a durşuna bir gudrat eken.

– Hanmeňli aga, çitçiti dag derelerinde, jülgelerde bitýär. Durşuna gyldyrgan ýaly tiken bolup durandyr. Ýalaňaç teniňe degen ýerini awuşadyp alyp barýandyr.

– Bilmedim-dä, oglum, görsem – tanaýmasam. Ony tanaýamda-da, haýsy kesellere emdigini şu mahal eşidip durun. Düwnüge-de em bolýar diýýär-ä. Gudrat diý-de goýaý!

Berdimuhamet dowam etdi.

«Böwregine daş ýygnanan adam çopantelpegiň gülüni gaýnadyp içibermeli. Ol daşy eredýär».

– Dogrudyr, dogrudyr – diýip, Hanmeňli aga gaýta-gaýta tassyklady. – Çopantelpegiň peýda edýän derdi köpdür...

«Naryň dänesini bala garyp iýseň, diş agyra, gulak agyra peýdasy köp.

Soganyň suwuny burnuňa damdyrsaň, kelläňdäki güwwüldini aýrar.

Narpyz sarygetirmäni dep etmek üçin oňat serişde.

Bugdaý çeýnäp ýapsaň, çybany basym ýarar.

Bitmeýän ýara ýabany naryň gülüni ýapsaň, ýarany basym bitirer».

– Aý, oglum, bu emler, bu diýilýän zatlar ylymly-bilimli adamyň aýtjak sözleri. Biz häki bir jan durmazlykdan ony-muny salgy beren bolaýýas. «Ýüzärlik ýüz derdiň dermany» diýen ýaly...

– Hanmeňli aga, geliň, siziň bilýän zatlaryňyzam ýazalyň. Belki, Siziň bilýän emleriňizem il-günüň derdine em bolar.

– Ýok-la, oglum, biziň ýazyp alar ýaly oňly bilýän zadymyz ýokdur. Biziňki bir yrym-yrym, ýom-ýom diýen ýalydyr...

– Bäh, Hanmeňli, ýöne arkan gaýşyp duran bolaýdyň-la. Aýdyber-dä...

– Ýak, Öwezgylyç, saňa-da oýun gerek. Aýdybermek üçin aňryňda mazalyja goruň bolmala! Bilmeseň, aýdyp bolýamy, näme?

– Ine, ýowşan ýa-da ajy ýowşan barada Lukman Hekimiň aýdanlary-da bar:

«Ýowşandan taýýarlanylan melhem dogry ulanylanda, ýüzüň reňkini durlaýar, gözüň etegindäki, teniň başga ýerlerindäki gök tegmilleri aýyrýar. Gaýnadylýan ajy ýowşanyň buguna tutsaň, gulak agyrysy azar bermesini keser. Onuň gaýnadylan lötüni, süzülip alnan suwuny içseň, işdäň açylar, aşgazanyň, içegeleriň arassalanar».

– Hä-ä, gördüňmi? – diýip, Hanmeňli aga seslendi. – Biziň töwereklerimiziň biten çöpi ýowşandyr özi...

– Hanmeňli aga, mazalyja taýýarlanyň, men siziň bilýänjeleriňiziň baryny ýazyp alaýyn. Ot-çöp diýip, daga-düze çykmakçy bolsaňyz, maňa-da duýduryň, kömekçiňiz bolaryn...

...Mekdebiň işläp başlanyna iki aý boluberende, gije ýarymda Berdimuhamediň ýatan otagynyň gapysy emaý bilen kakyldy. Yzyndanam:

– Mol-lum, mol-lum – diýen näzik, zenan sesi eşidildi.

Ukusyna sak Berdimuhamet ýeňillik bilen ýerinden galyp, gapa bardy-da, daşaryk boýnuny uzatdy. Gapydan bir-iki ädim gapdalda «haş-haş» edip Sonagül durdy.

– Kakam «Mugallym dessine gelsin» diýip iberdi. Basym baryň – diýdi-de, ýene tasap yzyna gitdi.

«Bolmasyz bir zat bolaýdymyka?» diýip iňkise giden Berdimuhamet hasyr-husur geýindi-de, gapyny ýapyp, Öwezgylyç agalara eňdi. Ýaşuly daş gapyda garaşyp durdy.

– Geldiňmi, oglum? – diýip, ol bir hili aladaly ýaly gürledi. – Biziňkiler bir habar getirdiler. Madaw baýýyňka birnäçe atly gelip düşüpdir. Olaryň täze gelen mugallymy öldürip, mekdebem otlamak hyýaly barmyş. Täze mekdep, hamala, dine garşymyş, çagalary ýoldan çykarýarmyş.

Öňde-soňda özüni şeýle asylly, mukaddes iş bilen meşgullanyp ýören, halkyň geljek nesillerini okadyp, terbiýeläp ýören Berdimuhamet bu habary ýokuş gördi. Ol:

– Bu nähili bolýar?! – diýeninem duýman galdy.

– Aý, oglum, sen entek ýaş bolýaň. Dünýede her jüre adam bolýandyr. Şonuňam iň ýamany seniň edýän gowy işiňi tersine çöwrüp, maňlaýyňa urýanydyr. Ýagşylyga ýagşylyk hantama bolsaňam bolar, bolmasaňam. Köp-

lenç, ýamanlyk alarsyň. Hany, oglum, öýe gir. Ine, şu gündogar taýdaky otaga geç. Penjiresi ýokdur munuň... – Öwezgylyç aga gapa golaý duran çyrany alyp, ýoly ýagtyltdy – Ana, düşek ýazylgydyr. Şoňa geç-de, gaty rahat ýat. Öwezgylyç dädeň hiç haçan bular ýaly şagallardan heder eden adam däldir. Wah, Mergen dagam dowarlaryň üstüne gidäýdiler, ýogsam bularyň biz tarapa burnuny sokmaga-da bogny ysmaly däl. – Ol burçda söýelgi halylaryň aňyrsyna elini sokdy-da, nili gysga ýapon bäşataryny çykardy – Mollum, ýarag bilen tanyşlygyň barmydyr?

– Ýok, Öwezgylyç aga, şu wagta çenli elime aw tüpeňinden başga ýarag alyp göremok.

– Aw tüpeňem gowy ýaragdyr öz ýerinde. Aý, bolýa-da, men muny häki bir soraýdym.

Ol elini has aňyrrak sokup, gaýyş gaply, nili uzyn mauzer çykardy-da, bäşatary öňki ýerinde goýdy.

– Arkaýyn ýat, oglum. Goh-galmagal turaýsa-da, daşary çykyjy bolma. Olaryň ýapyk gapyny açmaga bogny ysmaz. Alla bardyr. Madaw baýlara düşlän bolsalar, baýyňam depesine turşusy çykan däldir. Akyly gözündedir. Onuň myhmanlary şeýle jenaýata baş goşjak bolsalar, özünem bu dünýäniň lezzetini görüp şatlanmak başartmasa gerek. Ýöne, ynha, olar baýa duýdurman, bir pislik edäýmeseler...

Öwezgylyç aga ýaragyny ýalaňaçlap, egnine ýasgynjak alan agar çäkmeniniň içinde görünmez ýaly, çep eli bilen ýakasyny çekişdirdi.

Berdimuhamet özüni müýnli ýaly duýdy. Sebäbi ýetmiş ýaşly garry adam-a eline ýarag alyp, ony goramaga çykýar, ol bolsa bu wagt onuň töründe basyrynyp ýatyr.

– Öwezgylyç aga, biý-ä gaty karam bolýar. Siz-ä ýeke özüňiz duşmanlaryň garşysyna çyksaňyz, menem bukulyp ýatsam, bu, heý, boljak zatmy? Men razy däl. Siz maňa ýaňky bäşatary tutmagy, atmagy öwretseňiz, men şo bada öwrenerin. Geliň, şeýdip, betpällileriň garşysyna bile duralyň.

– Ýo-ok, sen düşünmediň, oglum! Bu gelýänler açyk söweş edibiljek mert ärler däl. Bular – kümsük, «saman astyndan suw goýberen» kezzaplar. Olar süriniň içindekäler batyrdyrlar. Ýeke-ikikä namardyňam namardydyr bular. Düşün, olar ne seniň, ne-de meniň janymy almak üçin gelenoklar. Bilýäňmi olar nä hyýalda? Men aýdaýyn. Olar «Şeýle bir mugallym bar, on-a öldüreris, täze açylan mekdebiňem külüni sowrarys» diýip, halkyň arasyna dowul düşürmek üçin gelýärler. Olaryň esasy maksady – halky gorkuzmak. Eger-de olar mugallymy tapmasalar, olaryň hiç zada el urasy gelmez, gaýratlary çatmaz. Sen arkaýyn bol. Häzir sen jelegaýda ýok hasabynda. Indi düşnüklimi?

Düşünmäňde-de seniň etjek alajyň ýok. Öz eňegiňe tutup otursaň, ýaşulynyň başyny gora sokmagyň mümkin.

Öwezgylyç aga çyrany alyp, daş çykdy. Daşky gapyň takyrdysy onuň mäkäm ýapylýandygynyň alamatydy.

Berdimuhamet ýazylan düşege geçse-de, gözüne çüý kakylan ýaly, ukusy tutmady. Çar ýandan pikirler ony öz girdabyndan sypdyranokdy. Onuň häzir mugallymy öldürmek, täze mekdebi otlamak isleýän adamlaryň içki dünýäsine, aňyna aralaşasy, olaryň nähili akyla gulluk edýändiklerine düşünesi gelýärdi. Ýöne düşünip bilmeýärdi. Sebäbi şeýle zabun bolmaga, şeýle zalymlyk etmäge hiç hili bahana, hiç hili esas ýokdy. Yslama garşy

goýar ýaly, çagalary azdyrýar diýer ýaly Berdimuhamet näme etmiş etdi? Eýse, Muhammet pygamberiň hut özi dälmi «Ogul-gyzyňy bilimli etmek parzdyr. Bilim Çynmaçynda-da bolsa, almaga gidiň» diýip sargan. Onsoňam iň uly günä adam öldürmek dälmi? Yslam bir adam öldürmegiň günäsi tutuş adamzady öldüren bilen deň diýýär ahyryn. Berdimuhamet bolsa bisowat çagalaryň gözüni açýar, durmuşda öz ýoluny tapar ýaly olara ugur salgy berýär...

Bu pursat daşarda şeýle wakalar bolup geçýärdi. Gapylarda aýlanyp ýörkä, Öwezgylyç aga mekdebiň ýakynynda saklanan iki atlyny gördi. Olar ters ugurdan gelen ekenler.

Atlylaryň biri ýaragyň gundagy bilen ilk-ä mugallymyň otagynyň gapysyny açdy, soňam mekdebiňkini.

– Bärde iňlär siňek ýok.

– Ol gelmişek nirede bolup biler?

– Sen menden soraýarsyňmy?

– Başga kimden soraýyn?

– Men onuň nirä gidenini nädip bileýin? Ol pylan ýere gidýändirin diýip maňa aýtmad-a.

– Häk, elime düşen bolsa, men oňa nirä gitmelidigini gözüne görkezerdim.

– Eý, Tagan batyr, biziň şu etjek bolýan işimiz maňa-ha ýaranok. Meniň aslymyň şu obadandygyny unutma. Bu işde meniň elimiň bardygyny bilseler, bütin oba maňa ýagy bolar, ýere sokarlar. Gel, yzymyza dolanyp, mugallymy tapmadyk diýip baraly.

– Serdar seniň bu jelagaýlara beletligiň üçin maňa ýoldaş edip goşdy. Senem indi gorkýarmyň, züwwetdinlik edýäňmi...

– Aýtdym-a, how, men şu obaň oglany diýip. Bu taýyk gelenem obanyň myhmany bolar-da. Ony it ýoklan ýaly etmek şerigata sygjak zatmy? Bu bir kyýamat ahyrda geçiljek günä däl ahbetin.

– Saýra, saýra bakaly. Sen-ä bu ýerde günäni-sogaby saýgarýan bolaýdyň. Serdaryň gaşynda müzzerip duraňda, nähili saýrarkaň?

– Serdar, Serdar diýip alaýdyň-aý senem. O-da hinine suw goýberilen böri ýaly görene agyz urjak bolup dur. Öz-ä «Türkmensähra gaçyp gitsem» diýýä, onsoň bu ýagdaýda mugallymy öldürip, mekdebi otlamak nämä gerek? Ýeri, seň bu ýerde utýan zadyň barmy diýsene! Ýa-da ýitigiň gaýdyp gelýämi? Ak patyşaň arkasynda bukulyp, birmeýdan döşüňe kakyp gezdim diýmese, ýitiren zady beri barmy asla? Aslynda, onuň täze hökümete algy-bergisi bir galdymy? Bolaýanda-da, özüň-ä ýat illere gitjek bolýaň, soň yzyňa getirtmejeklerem belli. Onsoň ötüp giden köprüleriňi ýumurmak nämäňe gerek, Serdar bolýan bolsaň, guýrugyňy ýamzyňa gys-da, öz ýoluň bilen gidiber-dä, walla.

– O-how, Şady pälwan, seniň-ä diliň bagjygy çözüldi. Obaňyzyň topragy täsir etdimi ýa-da mekdebiň howasy? Eneňden dogalyň bärem geplemediňmikäň diýýän şunça.

– Tagan batyr, seniň zatdan habaryň ýok. Öňki hökümet döwründe bizem Ödenazardan ýokary derejede bolmasak, ondan pes däldik. Päguny sypyryp taşlanymyza köp wagt geçenok. Degirmeniň daşy tersine aýlansa nätjek-dä...

– Ynha, munyň başga gürrüň. Ýogsa ýöne çöpe-çalama urup otyrsyň. Bolýar, erteki otarmany bes edeli, indi näme işläli. Bar, şol ýylgyn kepbäni görüp gel, şo ýerde çugutdyryp oturan bolmasyn.

– Ýok-laý, o ýerde näme işim bar? Gidesiň gelse, özüň gidäý!

– Näme, ol ýarag çenäp, garaşyp oturandyr diýip gorkýamyň?

– Aý, nämesini çenese, şony çenesin. Menden bir oňa zyýan gelmesin diýýän.

– Berekella, Şady pälwan, gowy niýetiň bar. Gowudan-gowy sözem tapýaň-aý. Onda biz, ynha, şeýdäýeli...

Tagan tüpeňiniň çakmagyny çekip, nilini ýaňky kepbä tarap öwürdi.

– Dur, zaluwat! – diýip, Şady çasly gygyrdy-da, ýoldaşynyň ýaragyna ýapyşdy – Ýarag sesi çyksa, oba örer, aýaga galar, bize-de gowy bolmaz.

Näme diýse, haýsy tarapdan gopsa, garşylyk görüp duran Tagan gaharlandy.

– Bir zat etmeli bolar-a, how! Näme mollumyň içini gyjyklap öldürjekmidiň eýse? Serdar bize «Mugallymy öldüriň, mekdebem otlaň» diýip, anyk aýtdy ahbetin. Mugallym ýerinde ýogam eken-dä, mekdep ýerinde dur ahyryn. Onda mekdebi bir otlaly-da. Ýogsa-da, ho-ol öý kimiňki? Belki, olardan sorarys. Ol kezzap şolarda gizlenip oturan bolmasyn. «Raýondan geldik, bizi mugallymy gyssagly alyp gelmeli diýip iberdiler» diýeli. Obadan çykan dessine-de janyny jähenneme ibereli...

– Ol öý Öwezgylyç çakmagyň öýüdir. Eger mugallym şolarda bolaýanda-da, ol bu öýüň myhmany bolýar. Ol öz kellesinden geçer welin, myhmanyny süteme bermez. Onsoňam oňa ýanaşmanyň gowudyr, soň yzyňy tapmaz ýaly eder. Türkmensähra-ha däl, ýeriň o başyna gitseňem, gözläp tapyp, tohumyňy tükeder... Onuň owadanja gyzam bar diýýärler. Bu mugallymyň onuň giýewsi bolup galaýmagam ahmaldyr.

– Ynha, görýämiň? Men saňa näme diýdim? Gyzam basaly atyň syrtyna. Eger olar biziň yzymyzdan ýetip öldüräýseler, olam kysmatymyzda bardyr-da. Men-ä şu kysmata razy.

– Sen, how, diliňi salajyn goýberme. Sen, näme, men öz obamyzyň gyzyny seň atyň syrtyna atyp, soň şu gara kellä telpek geýer ýörer öýdýärmiň? Sen şu pyçak bilen damagyňy çaldyrmajak bolsaň, diliňe bek bol.

– Ýigitler, bu nämäň dawasy? – Öwezgylyç aganyň sesi duýdansyz çykdy. Ol depejigiň üstünde duransoň, Aýyň öçügsi ýagtysyna hasam uzyn bolup görünýärdi.

– Hm, biz şu mekdebe okuwa ýazylmaga geldik. Biziň şu mekdepde okap, öz bilim paýymyzy alasymyz gelýär – diýip, Tagan degşen kişi boldy. Özüniň Şadynyň ýigrenjinden halas bolanyna begendi.

– Şüýä bolaýdy. Siz gaty jaý wagty geldiňiz – diýip, Öwezgylyç aga olaryň äheňi bilen gürledi.

– Hawa-la, biz haýyrly işimizi ertire goýmaga ätiýaç edip, ertire galsak, giç bolaýmasyn diýip gije geläýdik.

– Dogry, ertire galan bolsaňyz, giç bolardy – diýip, Öwezgylyç aga ýene köp manyly gürledi – Onsoňam siz eýýäm galamyňyzyň ujunam çykaryp gelen ýaly-la.

Şady özüni tanalar öýdüp, ýüzüni kese sowdy, soňra geplemedi. Gürleýän indi diňe Tagandy.

– Ýaşuly, Siz mugallym-a gören dälsiňiz?

– Gördüm. Ilkagşam bir atly gelip, özi bilen alyp gitdi. Gum tarapdan basmaçylar ýetip gelýämişin diýen habar bar. Enkewedeler bilen gaýdyp gelerin diýdi. Indi «haý» diýmän, geläýseler gerek.

– Beý, ýaşuly, bolsa-da, degişgen ekeniň-aý – diýip, Tagan ynanjagynam, ynanmajagynam bilmän, saly gowşak gürledi – Toparyň öňbaşçylary eýýäm bärde,

biz-dä şol enkewedeçiler diýýäniň. Ynha, biz geldik-dä. Bu ýerde bizden başga adam peýda bolar diýip garaşma. Biz ýöne özümiziň şu ýerdedigimizi bildirmek isledik. Onsoňam, ýaşuly, sen wagty geldi diýip, ýalan sözleýän bolaýma?!

– Sowal bermän durup bilseň, saňa ýalan jogap beren bolmaz, ogul.

Öwezgylyç aga mauzeriň gulagyny saklap duran barmagynyň syzlap ugrandygyny duýdy. Ol bularyň üstaşyr birki sany ok goýberäýeýin diýdi. Soň bu pikirinden dändi. Bular gowulyk bilen gitseler, oňat bolar diýdi.

– Ýör gideli-le bu ýerden.

Ýaşuly görünmejek bolup, beýläk çekileniň öz boluşlaryndan nägile bolup aýdan sesini eşitdi.

– Ýaşuly, sen bizi garaňky öýüňe çaýa-da çagyrmadyň-la?

Öwezgylyç aga öte bir zat aýtmakdan zordan saklandy.

– Eger-de mugallymy görseň, oňa salam aýt. Biz öz adymyzy onuň ýazzy maňlaýyna belläp gidäýjekdik-dä – diýip, Tagan ýoknasyz güldi.

– Ah, inibatyr! Onuň maňlaýynda siziň adyňyzy ýazar ýaly ýer ýokdur. Onuň maňlaýyna Hudaýyň özi ýazjagyny ýazypdyr, ony indi hiç kim pozup bilmez. Özem diýseň gowy ýazgy. Hudaýa şükür, onuň ýoly açyk... Sen, ogul, öz maňlaýyňa ýazylanyny okajak bol. Sowadyň bolmasa-da, okap bilersiň. Belki, bir zatlara düşünersiň.

– Beh, ýaşuly, gelmişek mugallym seniň juda ýakynyň ýaly-la – diýip, Tagan ýaňsyly gürledi.

– Gowy adamlaryň hemmesi meniň ýakynym.

– Sen bize «erbet adamlar» diýjek bolýarmyň? – diýip, ol gaharly äheň bilen sorady. Ol bu ýerden bir mojuk iş etmän gitmejege meňzeýärdi.

– Ýok, ogul, tanamaýan adamyma pylan diýsem, ýalňyş bolar. Atyň dört aýagy baram bolsa, şolam büdreýär. Adam diýeniň ýalňyşmag-a baýakydyr – diýip, ýaşuly özüni parahat alyp bardy.

– Ýörsenaý!

Ýüzüni garaňka tutup duran ýigit şeýle diýdi-de, atynyň başyny tümlüge tarap öwrüp debsiledi.

– Aý bolýa-da, ýaşuly. Bu gün biziňki paşmady – diýip, Tagan ýoldaşynyň yzyndan eňdi.

– Hawa-da, ogul, tüm garaňkyda gündizligi gözleseňiz, size hemişe aňsat düşmez.

– Seniň diýýäniň dogry, atam – diýip, göwnüçökgün Tagan tümlüge siňip gitdi.

Dartgynly ençe sagady başdan geçiren Öwezgylyç aga süňňüniň birden gowşandygyny duýdy. Sowuk der inen ýagyrnysynyň jümşüldeýändigini syzdy. «Hudaýa şükür!» diýip Biribary alkyşlady-da, birmeýdan mekdebiň töwereginde gezmeledi. Soňra Gün dogýança öýüniň daşynda aýlanyp, bu gijäni çirim etmän geçirdi.

Öwezgylyç aga ertir çaýyny Berdimuhamet bilen içdi. Ýöne agşamky bolup geçen wakalar, edilen «içi güjükli» gürrüňler barada dil ýarmady. «Her näme-de bolsa, ägä bolmaly. Näderini bilmän, gije-gündiz kaňkap ýören ýataşärik gyt däl bu eýýamda» diýip, köpmanyly duýdurdy.

– Öwezgylyç aga, maňa hökman ýarag ulanmagy öwrediň. Kim bilýär, meniňem ýaraga ýapyşmaly wagtym bolmagy ähtimal. Bilsem gowy-da.

– Dogry aýdýaň, oglum. Ine, oglanlar gumdan gelerler welin, Mergen jan saňa tüpeň atmagy öwreder. Onuň

atan oky boş geçýän däldir. Mergen adyna mynasypdyr. Hälki tüpeňler öňki döwürden galan ýaraglardyr. Ol wagtlar şeýle ýaraglary edinmek kyn däldi. Bir elhaly berseň, deregine bir tüpeň bererdiler. Biziň bir ýanymyz dag, bir tarapymyz çöl. Beýle gapdalymyzdan söwda ýollary geçýär. Biz şeýle gurşawda otyrys. Onsoň, garaz, öýümizde ýarag saklamaly bolduk-da. Häzirki hökümet-ä muny beýle bir halabam barmaýan ýaly. Görübereris-dä...

Dogrudan hem, oglanlar gumdan dolanyp gelenlerinden soň, obadan çete çekilip, Berdimuhamede dürli tüpeňlerden dürli aralyklara ok atmagy öwretdiler.

Mergen Berdimuhamediň başarnygyna, bir gezek görkezilen, aýdylan zady, ikinji gezek aýtdyrman, edil şänik döwlen ýaly edýändigine haýran galdy.

– Mollum, «Ýaragdan habarym ýokdur» diýýädiň welin, ýarag tutuşyň-a «tüweleme» diýäýmeli. Sen ýaragdan atmagyň ähli syrlaryny bilýäne meňzeýäň. Ine, seret, esasy zat näme! Tüpeňiň mäşesiniň ýanyndaky sag eliňi, tüpeňiň göwdesine tekge berýän çep eliňi, ine, şeýdip mäkäm gysmaly-da, soňam gowşatmaly. Şonda ýarag ykjam durar. Gundag çigniňe bir gysylansoň, hiç gymyldamasyn. Iň esasy syram mäşäni emaý bilen gysmaly we şol pursat dem almaly däl. Didiwan sähel titrese, ok nyşanadan sowa geçer. Tüweleme, gözüň-ä ýiti...

Öwgüli sözlere monça bolan Berdimuhamet ýarag öwrenmekde kän bir kyn-gyssaglyk görmedi. Basym öwrenişdi. Ýarag bilen ony atýanyň arasynda jan agyrysy bar diýilýän dogry hem örän jaýdar gürrüň bolsa gerek.

Okuwçylar ilki harplary, soňra sözdür sözlem düzmäni öwrenip, özbaşdak okap başlanlaryndan soň, okalýan dersler olara has-da gyzykly göründi. Berdimuhamet mugallym penşenbe günleri okuwçylara «Görogly»

şadessanyndan, «Şasenem-Garyp», «Zöhre-Tahyr» dessanlaryndan bir parça ýazdyryp, olary okuwçylaryň özüne berip goýbererdi. Olar dynç alyş günleri bu parçalary öýlerindäkilere okap bererdiler. Ýazylan zatlary ýatdan bilýän çagalary öwüp, olaryň aň-düşünjesiniň ösmegi üçin her dürli usullary ulanardy.

Paraw obasynda işlän bir ýyla golaý wagtynyň dowamynda Berdimuhamediň ýadynda galan duşuşyklar, wakalar köp boldy. Şolaryň arasynda Hökgüje mama bilen bolan duşuşyklar hasam täsir galdyrypdyr. Hökgüje mama elleri ätişgir ýaly, ýüzjagazy mürşük-mürşük garryja kempirdi. Küýkerip, iki eplenen ýalydy. Burny ýere degäýjek-degäýjek bolýardy. Käte oňa:

– Mama, beýdip ýerden näme gözleýäň? – diýip degşerdiler.

– Wa-ah, ýaşlygymy gözleýän, ýaşlygymy-y – diýip, ol-da aýtmaly sözüni tapardy.

Obada bu garry mama barada üýtgeşik bir rowaýat bolup galan gürrüňem bardy.

Ogulmeňli gözelligi, tälim-terbiýesi bilen akylyňy haýrana goýýan gyzdy. Görmegeýlikde, edep--ekramlylykda onuň bilen bäsleşip bilýän ýokdy. Göze görnen mahaly oňa obanyň atarman-çaparman goç ýigitleriniň biri aşyk bolýar. Gyzam oňa göwün berýär. Ýöne, gör-ä bolýan zady, gyzyň Türkmensähradaky garyndaşlaryndan biri onuň ene-atasy bilen guda bolup, gyzy Etrek derýasyndan aňry alyp gidýärler.

Öýlenen ýigit gyzyň gül ýüzüniň solgunlygyny görüp, bu ýerde bir oňaýsyz syryň gizlenip ýatandygyny syzýar. Gyz bilen çyn ýürekden, içgin söhbet edilýär. Ogulmeňliniň ýüreginiň başga ýigide berlendigine göz ýetiren ýigit: «Maňa boş göwre gerek däl, maňa mähir-

-mylakatdan doly ýürek gerek, sen öz söýen ýigidiň bilen bagtly bolup bilersiň» diýip, ene-atasynyň garşylygyna garamazdan, gyzy atynyň syrtyna mündürip, yzyna, öýlerine getirip gidýär.

Ýöne Ogulmeňlini üsti kejebeli maýa mündürip äkidenlerini gören obadaş ýigit hem obany terk edip, çykyp giden eken. Soňra yzyna-da dolanmanmyşyn...

Şeýdip, başy boglan biçäre gyz öz öýlerinde galyberýär. Häzir «Onuň ýaşy togsandan dagam aňyrdadyr» diýýärler.

Berdimuhamet bu garry mamanyň köp-köp goşgy--gazal, birgiden hekaýatlary, rowaýatlary bilýändigini eşidipdi. Ol özüne berilýän gant paýyndan düwünçejige düwüp, Hökgüje mamanyňka gatnap ugrady. Onuň aýdyp beren «Isgendernama» hem Hatamtaý hakdaky rowaýatlaryny ýazyp aldy.

Mugallym her näçe çytraşsa-da, garry mama özi bilen baglanyşykly gürrüňleri aýdyp bermedi. Ol «Iliň gürrüňidir» diýip, gürrüňi başga ýana sowýardy. Ol öz goşgularyny aýdyp bermekdenem ýüz öwürdi. Parawbibi hakdaky rowaýatlar barada soralanda bolsa:

– Bibim özi hakda gürrüň edilmegini halamaz. Ol hakda erkek kişä gürrüň bermek bolsa günädir – diýip, jogap bererdi.

Paraw obasynda işläp ýören günleriniň birinde furgon sürýän ýigit müdir Saýlaw Tagandurdyýewden bir habar getirdi: Ýigriminji aprel güni okuw ýylynyň ýapylyşy boljak.

... Bu gün mekdebiň daşynyň jemendesi köp boldy. Bu ýerde okuwçylar, olaryň atalary, doganlary üýşüpdirler. Kiçijik gyzjagazlardan başga zenan maşgala ýokdy. Geň galaýmaly, bu gezek oba arçynam gelen eken.

Saýlaw Tagandurdyýew mekdep, okuwyň alnyp barlyşy, çarwa çagalarynyň sowatly bolmagy üçin ädilen ilkinji ädimler barada gysgaça söz sözledi. Berdimuhamet mugallymyň başarnygy barada aýratyn durup geçdi.

Sözüniň ahyrynda bolsa:

– Ýöne, gynansagam, Berdimuhamet mollumy bizden aljaklar. Ony başga ýere işe geçirýärler – diýdi.

«O nähili! Beýle-de bir zat bolarmy? Ýaňy öwrenişdik ahyryn. Özi isledimikä bu taýdan gitmegi? Razy bolawergin, how, inim!» diýen ýaly sözlerden uly gowur göterildi. Okuwçylaryň balkyldaýan gözlerine ýaş aýlandy, hamsygýanlaram boldy.

Bu habary öňden bilýänem bolsa, bu pursat Berdimuhamet öz ruhy dünýäsinde düşnüksiz bir ahwalatyň bolup geçýändigini syzdy. Endamy jümşüldedi.

– Adamlar, bu ýokary guramalaryň karary. Biz hökümet gullukçysy, nirä git diýseler, şol tarapa gidibermeli. Ine, öz obamyzda edil şunuň ýaly mekdep gurlandygyna, onda çaga okadar ýaly mugallymyň ýoklugyna garamazdan, siziň obaňyza işe geldim. Hut şu ýerde mugallymçylyk kärime başlanym üçin özümi bagtly saýýaryn. Obaň adamlaram, çagalaram gaty gowy, mähriban adamlar. Sizi öz hossarlarym ýaly görýärin. Menem elimden geleni etdim, başardygymdan öz bilýänimi çagalaryňyza öwretdim. Siz meni ýagşylykda ýatlarsyňyz diýip umyt edýän. Eger agyran-ynjan ýeriňiz bar bolsa...

Berdimuhamediň damagy dolup, soňky «bagyşlarsyňyz...» diýen sözi aýtmaga maý bermedi. Ýöne onsuzam bary düşnüklidi.

«Ömrüňiz uzak bolsun, mollum! Senem bizden razy bolgun, how! Gezen ýeriňde aman-sag bol. Parawam unudaýmagyn ýöne...» diýen ýaly sesler köp gaýtalandy.

Berdimuhamet ilki öz okuwçylary bilen ýeke-ýeke elleşip, sagbollaşyp çykdy. Soňra oba adamlary bilen hoşlaşdy. Iň soňunda Öwezgylyç aganyň elini gysanda, ýaşuly bir hili närazy görnüşde:

– Aý, näme-de bolsa, bähbitlisi bolsun. Oglum, işiňi Alla oňarsyn. Indi öýe baralyň, duz datman gitseň bolmaz... Mollum, duýduraýmansyňyzam öňünden. Dabarany uludan tutardyk... Saýlaw, ýörüň, inim, öýe...

Adamlar dargaşansoňlar, Berdimuhamet öz otagyndan öňden taýýarlap goýan goş-golamlaryny çykardy. Mekdep otagyna girip, dem salym sessiz dymyp durdy. Goşlaryny furgona atyşdyrdy.

Ýaňyja soýlan işşegiň etinden taýýarlanylan nahardan iýlip, birki käse çaý içilenden soň, öýdäkiler Berdimuhamet mugallymy ugratmak, ýola salmak, hoşlaşmak üçin daş çykdylar... Olaryň arasynda bir Sonagül ýokdy...

## Hakdan içen mugallym

Bir müň dokuz ýüz ýigrimi ýedinji ýylyň birinji sentýabrynda Berdimuhamet Annaýew öz dogduk mekany Yzgant obasynyň 14-nji ikiýyllyk başlangyç mekdebinde işe başlady. Munuň özi obadaşlarynyň islegi, aladasy bilen boldumy ýa-da işiň akymyna görä ýüze çykdymy, ol anyklap bilmedi. Çünki bu mekdep Atanazar aganyň Berdimuhamedi içinde görmek islän mekdebi däldi-de, 1924-nji ýylda açylyp, 8–12 ýaş aralygy çagalara bilim bermäge niýetlenen bir basgançakly zähmet okuwydy.

... Paraw obasyndan furgona münüp, Gazanjyga tarap ýola düşenlerinde Berdimuhamediň içki dünýäsi entek özüne-de belli bolmadyk duýgulardan doludy. Çar ýandan çekeleýän duýgulara çäre tapyp bilmeýän mugallymyň halyna duýgudaşlyk bilen seredip oturan Saýlaw häzir oňa iň gowy ýardamyň dymmakdygyny gowy bilýän bolmaly.

Dogrudanam, täze bir zada ýakynlaşmak üçin başga bir zatdan uzaklaşmaly. Başga bir zada ýetjek bolsaň, öňkiňi terk etmeli.

Bir ýyla-da ýeter-ýetmez wagtyň içinde Berdimuhamediň abraýy, mertebesi öz gözüniň öňünde näçe gez beýgeldi. Sebäbi ol yhlas bilen oturdan daragtlarynyň miwesini görüp başlady. Ozal harp diýen zadyň nämedigini görmedik, bilmedik çagalaryň kitap okap oturyşlaryny görüp, neneň begenmejek, neneň muňa buýsanmajak?! Bular seniň öz zähmetiň netijesi ahyryn.

Soň näme? Soňra näme boljagy belli däl. Soňra boljak zatlaryň, ähtimal, şunuň ýaly begençli bolmazlygy mümkin. Ýaňy gözýetimi bir ädim öňe giden, üýtgeşik howadan dem alan, dünýäsi giňän çaga ýene çarygyny, çokaýyny geýip, egri taýagyny egnine atyp, çöle gider, mallaryň yzyna düşer. Ýanyna galam-depderini, kitabyny alyp gitse, ne ýagşy. Bolmasa, bir-iki, aňry gitse, üç ýyldan soň geçen maý aýynda mekdebiň gapysyndan ätlän mönte çagajyklar ýaly, öwrenenlerini unudan, bar zatdan habarsyz oglanlar bolarlar.

Hany, onda Berdimuhamet mugallymyň azaby, begenji, gynanjy, umytlary?.. Ol tisginip gitdi. Göýä haraý isleýän ýaly, Saýlawa nazar aýlady. Ýöne onuňam özüniňkiden parhly jogap berip bilmejegini aňansoň, oý-hyýallaryny aýdyp durmady.

Diýmek, şeýle netije çykýar. Bilim üznüksiz, dowamly, barha ýokarlygyna, belentlige ösýän bolmaly. Bilim ulgamy zynjyr ýaly biri-birine sepleşip gitmeli. Bir halkanyň üzülen ýerinde, onuň zynjyrlygy galmaýar. Bilimem şonuň ýaly, onuň öňi ýa soňy hakda gürrüň etmek mümkin däl. Çünki ol bütewüligini ýitirýär, peýdasyz bolup galýar.

Berdimuhamet kursda taýýarlyk geçýän wagty okan, öwrenen zatlaryny ýatlady. Dünýädäki ösen ylym, tehnikada ýetilen sepgitler... Biz bolsak, okamany, ýazmany öwrendik diýip begenýäris. Elbetde, muňa-da begenmeli. Bu – başlangyç. Ýöne soňra... Ine, şu furgondan düşäýsem, ol öňe gider, men bolsa düşen ýerimde galaryn. Dünýäniň ösüşem şeýle bolmaly. Biz dünýäden düşüp, gapyl galypdyrys, ol bolsa öňe, gaty öňe gidipdir. Biz şol öňe gidişlikden kän menzil yza galypdyrys...

Bize, gör, näçe köp işler etmek, täze menzillere ýetmek gerek!

Obadan daşlaşdykça, Berdimuhamet Paraw obasy bilen ýüregine baglanan taryň inçelip barýandygyny syzdy. Ol bu gysga döwrüň içinde, gör, näçe adamlar bilen tanyşdy, söhbetdeş boldy, öwrenişdi. Öwezgylyç aga «öz ataň ýaly, ondanam ýakyn» diýseň, eýse, ýalňyş bolarmy? Asla bolmaz! Okuwçylara näme diýersiň?! Hersi bir dünýä, her biriniň häsiýeti başga, ukyby başga, ýöne barysy sada, namazlyk ýaly päk...

Sonagül näme üçin ony ugratmaga çykmadyka?..

Gazanjykdan Büzmeýine gaýdyp gelende, raýon bilim bölüminiň müdiri Hanow Berdimuhamediň täze iş ýeri barada oňa habar berdi. Şeýle-de tomusky dynç alyş döwründe onuň Aşgabada, üç aýlyk kursa gitmelidigini aýtdy.

– Häzirlikçe bir-iki hepde öýüňde dynç al. Soňra mekdebiň taýýarlygy bilen meşgullan. Şondan soň diýýän kursuma gidersiň.

Berdimuhamet şeýle-de etdi. Dogduk obasyna gelip, bütin bir hepde enesi, ejesi, doganlary bilen boldy, olaryň didaryndan gandy. Şu wagtyň içinde onuň bar ünji-aladasy, gaýgy-hasraty ýitirim bolup gitdi. Keýpi sazlandy. Ol kakasyndan miras galan hazynaly sandyklara täze nazar bilen garady, öz ýazgylaryny tertibe saldy.

Berdimuhamet täzelige, has köp bilmäge bolan islegiň mydama ony gözýetime, gözýetimden has aňyrlara yzyna düşürip alyp gitmäge taýýardygyna ynam edýär. Bu soňsuz isleg ony ömürboýy ýeke-ýalňyz goýmady.

Täze işlejek ýeri zähmet mekdebi bolansoň, Berdimuhamet geçen ýyl kursda okan mahaly eden ýazgylaryna ser saldy. Olaryň arasynda 1916–1919-njy ýyllarda, ilki-hä rewolýusiýadan öň Kaka stansiýasyndaky iki ýyllyk rus-ýerli uçilişşede, rewolýusiýadan soňam şol

ýerdäki ýeke-täk zähmet mekdebinde mugallym bolup işlän Raisa Nikolaýewna Alyýewanyň iş tejribesi barasynda hem maglumat bar eken.

Berdimuhamet olary ýazyp alypdyr. ...Biziň mekdep jaýymyz bazaryň içinde ýerleşen garaňky iki otagly öňki dükan tamdy. Arakesme boldugy okuwçylar bazara çozardylar. Çygly sowuk howada bolsa ýygrylyşyp oturardylar. Ne okuw kitaplary, ne-de okuw-görkezme esbaplary bardy.

Uçilişşede okuw rus dilinde geçilýärdi. Okuwçylar bolsa, esasan, türkmen çagalarydy. Dini okuw – hökmany sapak. Emma biz ony okatmaýardyk, onuň deregine rus dilinde tejribe sapaklaryny geçirýärdik. Mekdebiň direktory A.Alyýew türkmen dilini öwrenmegi mekdepde berilýän bilimiň hökmany tarapy bolmaly hasap edip, ony ýerli naçalniklerden gizlinlikde hut özi okadardy. Çagalar bu sapagy gowy görerdiler, okuw sagatlary gutaransoňam galyp, höwes bilen öwrenerdiler. «Özbaşdak hereketi üçin» mugallym üç gezek duýduryş alansoň, işden çykarmak duýduryşy edilensoň, ol türkmen dilini okatmasyny bes etmäge mejbur boldy. Hernäme diýselerem, ol rus dilini we beýleki sapaklary geçende-de türkmen dilinden peýdalandy. Şeýle edilende çagalar geçilýän sapagy gowy özleşdirýärdiler.

Uçilişşede okuw-terbiýeçilik işiniň oňat ýola goýulmagy netijesinde bize diňe türkmen çagalary okuwa gelmän, eýsem rus, ermeni hem-de beýleki milletleriň çagalaram okuwa gelýärdiler.

Uçilişşede sapaklar ir sagat dokuzda başlap, öýlän sagat ikä-üçe çenli dowam edýärdi. Sagatara kiçi arakesme 10 minut, uly arakesme ýarym sagatdy.

Okuw ýyly birinji sentýabrda başlanyp, 20–25-nji maýda tamamlanardy. Gyşky dynç alyş 22-nji dekabrdan

10-njy ýanwara çenli dowam edýärdi, ýazdaky dynç alyş hristianlaryň pasha baýramyna gabatlanyp, ýedi-sekiz güne çekýärdi.

1919-njy ýylda rus-ýerli mekdebiniň binýadynda ülkede ilkinji we ýeke-täk zähmet mekdebi açylypdy.

Halk magaryfynyň Kaka wolost bölüminiň müdirligine işe geçen A.Alyýew raýispolkoma çykyp, mekdebe başga jaý berilmegini gazandy. Öň bu jaý ýokanç keseller hassahanasydy. Jaý uludy. Oňa halk magaryfynyň wolost bölümem göçüp geldi. Mekdep üçin üç sany synp otagy, muzeý üçinem bir otag berildi. Şu jaýda mekdebiň okuw bölüminiň müdiri üçin gapdaly aşhanaly bir otag berdiler.

Howa gapyşanda, çagalar arakesme wagty jaýyň giň dälizinde oýnardylar, howa açyk wagty howla çykyp oýnardylar. Howlyň içi abadanlaşdyrylandy, tertiplidi, gowy sport meýdançasam bardy.

Raisa Nikolaýewna bu zähmet mekdebinde 1919--njy ýyldan 1926-njy ýyla çenli rus dilinden we edebiýatdan okadypdyr. Türkmen dilini okatmaga-da uly ähmiýet berlipdir. Mekdebiň ýanynda mugallymlar we raýispolkomyň işgärleri üçin türkmen dili gurnagy hereket edýärdi.

Türkmen çagalary öz mekdeplerini diýseň gowy görýärdiler. Olar mekdebiň golaýyndaky tejribe meýdanynda höwes bilen zähmet çekerdiler. Gurnaklara--da höwesli gatnaşardylar. Mekdepde edebiýat, drama, matematika, orfografiýa, ülkäni öwreniş we tikinçilik gurnaklary işleýärdi.

Mekdebiň ýanynda internat hem bardy. Uzak obalardan gelenler hem-de garyp-gasarlaryň çagalary şonda bolýardylar.

Mekdep Kaka raýonynyň oba mekdepleri bilen ýakyn aragatnaşyk saklaýardy. Anna güni – dynç alýan günü-

miz obalardan mugallymlar gelerdiler. Bu ýerde olaryň özlerem okuwçy bolardylar. Olar bilen Alyýew iş alyp barardy. Eger-de oba mugallymlary Kaka şäherçesine başga iş bilen gelseler-de, hökman mekdebe-de degip geçerdiler. Olar sapaklara gatnaşardylar, gurnaklaryň işi bilen tanşardylar, iş meýilnamalaryny düzmegi öwrenerdiler, sapaklary guramak boýunça maslahat alardylar.

R.N.Alyýewanyň ýazgylaryny okap çykyp, Berdimuhamet: «Wah, zähmet sapaklaryny geçirmegiň usullary we mazmuny barada has jikme-jik ýazylan bolsa, nähili oňat bolardy» diýip ahmyr etdi. Hernäme-de bolsa, onuň bu ýazgylara göz gezdireni gowy boldy. Sebäbi çagalary beden taýdan terbiýelemekde-de, synpdan daşarky işler babatda-da ýene köp zat etse boljak eken. Bu işi hökmany suratda ýola goýmak gerek.

Berdimuhamet geçen ýyl Aşgabatda okan kursunyň üçünji aýynda bolan bir wakany ýadyna saldy. Sebäbi olam hut şu ýazgylar bilen baglanyşyklydy.

Kursda Berdimuhamet Abdyweli Gudratyllaýew diýen ýigit bilen tanyşdy. Oňa bu oglanyň bir häsiýeti diýseň ýarady. Ol örän bilesigelijidi, diýseň tutanýerlidi, soranjaňdy. Sowal dagy beräýse, onuň anyk jogabyny alaýmasa, asyl aýrylmazdy. Onuň käte kejirlige çenli baryp ýetýän tutanýerliligi ders berýän mugallymlaram eýmendirmän duranokdy. Daýaw göwresi, hereketleriniň çaltlygy we kesgitliligi, ämter-sämterligi oňa has-da mahabat berýärdi.

Abdyweli baryp 1920-nji ýylda üç aýlyk taýýarlyk kursuny tamamlap, Kaka raýonynyň Gozgan obasyndaky mekdepde mugallym bolup işläp ýördi. Onuň okan kursunyň maksady çarwadarlaryň çagalaryna başlangyç bilim bermek bolansoň, bu usullary-da öwreneýin diýip, ol muňa-da ýazylypdyr. Ol hem Berdimuhamet ýaly

kitaphanadan çykmazdy. Özünden has ýaş oglanyň rus dilindäki kitaplary ökdelik bilen okap bilşine, terjime edip bilşine gözügidijilik bilen bakardy. Käteler bolsa entek resmi mugallymçylyk tejribesi bolmadyk, bu işe indi başlajak Berdimuhamede öz başyndan geçenleri aýdyp bererdi.

Abdyweli işleýän obasynda adamlaryň öz çagalarynyň okaýşyna şeýle uly ähmiýet berýändiklerini begenip gürrüň bererdi. Ol gürrüňleriň birem şol obadan Şabasan Garamürri diýen adamyň obanyň ortarasyndaky şaňlap duran jaýyny mekdep üçin bermesidi. Obadaşlary bu jaýyň gädigini-gemrigini düzedip, ony pollap, potoloklap, arassalap, agardyp, mekdep jaýy edişlerini, başlangyç mekdebi bu ýere göçürip getirişlerini soň-soňlaram tolgunyp ýatlardylar. Onuň aýtmagyna görä, şunuň ýaly ikinji bir mekdep jaýy ýurdumyzda başga ýogam bolsa gerek. Şonuň üçin-de her gezek muny ýatlap gürrüň berende, şondaky şatlygyny edil häzirem başyndan geçirýän ýalydy.

Berdimuhamet: «Ähtimal, mugallym diýilýän käri ele alan adam başgalaryň bagtyna begenip, guwanyp bilýän adamlar bolsa gerek» diýip, içini gepledýärdi.

Zähmet mekdebi hakdaky ýazgylary okandan soň, Berdimuhamet:

– Sen Raisa Nikolaýewna Alyýewany tanaýarmyň? – diýip, Abdyweliden sorady.

– Wiý, elbetde, Raýa mugallymy tanamaýan barmy, tanaýan. Ol mugallymlaryň mugallymydyr. Özem Alyşbeg Alyýewiň maşgalasydyr. Adam dagam däl! Alla ömrüni uzak etsin! Onuň bir özüniň türkmen halkyna eden hyzmatyny on müň adamam etmez. Özem çaga ýaly kiçigöwünli, şeýle mähriban...

Abdyweli sözüni tamamlamanka, Berdimuhamediň kellesine şeýle bir pikir geldi.

– Dost, gel, kursuň ýolbaşçylary bilen gürleşip, Alyşbeg aga bilen kursda okaýanlaryň duşuşygyny geçireli, onuň maslahatlaryny diňläliň, bu bir. Ikinjiden, olar ylalaşsalar, sen ýaşuly bilen aragatnaşygy ýola goýup bilmezmiň?

– Heý, onuňam gürrüňi bolarmy? – diýip, Abdyweli göwünjeň ylalaşdy. – Bu meniň üçinem gowy bolar. Bu bir ýaşuly adama hormat diýen ýaly bir zat boljak-da! Şeýle dälmi?..

Olar kursuň ýolbaşçylarynyň ýanyna bardylar. Tekliplerini aýtdylar. Goldaw tapdylar. Soňra Abdyweli Kaka bilen habarlaşdy. Asyl Alyşbeg Alyýew bu mahal Aşgabatda, iş saparynda eken. «Magaryf Halk Komissarlygyndan taparsyňyz» diýdiler.

Aýdylyşy ýaly, oglanlar ony şol ýerdenem tapdylar.

– Hä-ä, şeýle diýseňiz-le! – diýip, ýaşuly olary diňläp durdy. – Meniň, dogrusy, wagtym-a ýok, oglanlar. Ýöne geljekki mugallymlar bilenem duşuşasym gelýär. Hudaý ýol berse, ertir günortan sagat birde men siziň mekdebiňize bararyn.

Göwünleri hoş bolan Berdimuhamet bilen Abdyweli yzlaryna gaýdyp geldiler.

Alyşbeg Alyýew bilen bolan duşuşyk kursuň diňleýjileri üçin ýatdan çykmajak waka boldy. Ol öz iş tejribesini olar bilen paýlaşdy, geljekki mugallymlara köp peýdaly maslahatlary berdi.

Ýöne başga bir zat Berdimuhamedi has beter begendirdi. Duşuşykdan soň ýaşuly bu ikisiniň garşylyklaryna bakman, olary çaýhana alyp bardy. Uly garagajyň kölegesinde düşek ýazylan daş sekä geçip oturanlarynda, Alyşbeg aga hasanaklap hyzmat edip ýören ýaş oglany ýanyna çagyryp, çaý, lawaş hem-de lülekebap getirmegi buýurdy. Buýrulan zatlar haýal etmän getirildi. Ýaşuly lülekebaby lawaşa turba şekilli edip, uzaboýuna dolady.

– Lüläni, ine, şeýdip iýmelidir, oglanlar, öwreniň – diýip, ol işdämenlik bilen iýip başlady. Ýigitlerem ondan galmadylar. Naharlananlaryndan soň, yzyny çaýa berdiler.

– Men Dagystanda doguldym. Meniň kakam taryh mugallymydy. Ýöne men sekiz ýaşymdakam ol ýogalypdyr...

Bu sözleri eşidip, Berdimuhamediň ýüregi üzülen ýaly boldy: «Wah, meniň kakam men üç ýaşymdakam ýogalypdyr».

– Mahaçgalanyň dini uçilişşesinde dört ýyl dini bilim aldym. Soň özbaşdak okadym, (Berdimuhamediň göwnüne, ýaşuly onuň özi barada aýdýan ýalydy) we şonuň esasynda hem başlangyç synplaryň mugallymy diýen hünär almak üçin Bakuwyň gimnaziýasynda ekzamenlerimi tabşyrdym. Üç ýyllap şäheriň golaýyndaky raýonlaryň birinde mugallymçylyk etdim. Türkmenistana 1906-njy ýylda geldim. Men bu zatlary siziň geçmeli ýoluňyzyň agyrdygyny, bu işde ýanbermez tutanýerliligiň hem-de maksada okgunlylygyň gerekdigini size ýatlatmak üçin aýdýan – diýip, Alyşbeg çaýyndan owurtlady. Oglanlar bolsa çaýdan-suwdan geçip, dünýäni unudyp, ýaşuly mugallymyň gürrüňlerine aňkarylyşyp oturdylar. – Onsoň 1912-nji ýyla çenli Tejende mugallymçylyk etdim. Soňra bolsa Büzmeýin demirýol stansiýasyndaky rus-ýerli mekdebinde az wagtlyk müdirlik etdim. 1915--nji ýylda rus-ýerli mekdebini ýola goýmak üçin meni Kaka iberdiler. Häzirem şonuň esasynda ýeke-täk zähmet mekdebi hereket edýär.

– Men Raisa Nikolaýewnanyň şol mekdep baradaky ýazgylaryny okadym. Biz Siziň kitaplaryňyz bilenem tanyşdyk – diýip, Berdimuhamet gürrüňe goşuldy.

– Bu aýratyn gürrüň. Ykbalyň açyk bolmagy üçin durmuş ýoluňda saňa oňat adamlaryň duşmagam gerek. Olaryň goldawy seniň on ýylda-da geçip bilmejek menziliňi bir ýylda geçmäge kömek edýär. Aşgabada gelenimden soň, men Zakaspi oblastynyň halk uçilişşeleriniň inspektory Iwan Aleksandrowiç Belýaýew bilen tanyşdym.

– Onuň 1913-nji ýylda çykan «Rusça-türkmençe sözlügi» we 1915-nji ýylda rus dilinde neşir edilen «Türkmen diliniň grammatikasy» diýen kitaplary mende bar. Olary maňa Platon Iwanowiç Smirnow berdi.

Alyşbeg Alyýew haýran galyjylyk bilen Berdimuhamede seretdi.

– Oglum, sen kurslarda okaýarmyň ýa-da mugallymçylyk edýäň?

– Hawa, men ol ýerde okaýan, Alyşbeg aga. Okadardan biziň bilim-düşünje ýükümiz ýeňilräk. Ýogsa-da, ýadyma düşüp durka soraýyn, kitapda sözlük düzüjiniň belligi bar. Ol sözlügi taýýarlamaga türkmenler Söýünberdi Garryýew, Muhammetguly Ataýew, şeýle hem A.S.Alyýew kömek berdiler diýip ýazýar. Bu Sizmi?

– Hawa, Iwan Aleksandrowiç bilen her saparky duşuşygymyz meniň üçin uly bir mekdep boldy. Onsoňam siz bir zada düşüniň, bir-ä parahat oturan halkyň üstüne ajal getirýän ýarag çekip, ýagy bolup dökülýär, başga biri bolsa oňa kitap, bilim getirýär...

– Platon aga (onuň Eflatun diýmäge dili barmady) Belýaýew heniz talyp wagty ilk-ä garagalpak, soňam gazak dillerini öwrenipdir diýip gürrüň beripdi. Hemişe «Onuň mugallymlary gaty güýçli bolan» diýerdi. Onuň Türkmenistany tüýs ýüreginden halandygyny aýdardy. Siziň Smirnow bilen tanyşlygyňyz barmydy?

– Duşuşmak nesibämde ýok eken. Ýöne Belýaýewden ol barada gaty köp gezek eşidipdim. Ol türkolog alymdy, üstesine-de, rewolýusionerdem. Ol goşunda-da gulluk edäýipdir öýdýän. Olaryň «Watan üçin!» diýen guramasy soňra «Ýer we erkinlik» diýen gurama bilen birleşýär. Meniň bilşime görä, bu guramanyň agzalary goşuny özgerdip gurmak isläpdirler, uruşlara garşy çykypdyrlar. Olar 1905-nji ýylyň wakalaryna işjeň gatnaşypdyrlar. Meniň pikirimçe, Belýaýew sürgünde-de bolan ýaly...

– Hawa, ol sürgüni Bamyda geçirdi. Häzir Türkiýäniň ilçihanasynda.

– Eý-ho, ana, gördüňmi, tutanýerlilik ahyry bir gün ynsana bagt eçilýär, maksadyna ýetirýär. Bamy nire, Türkiýe nire! Sürgüniň ýesiri bolan adam bu gün ilçihanada otyr. Ykbalyň oýnuna seret...

Ýaşuly birden dymdy-da, söhbedi ýene öňki ýoluna getirmek üçin Berdimuhamede ýüzlendi. – Sen onda rus dilinem oňat bilýän bolmaly.

– Belli bir derejede.

– Berekella, rus dilini bilmek dünýä medeniýeti bilen bagly bolmak diýmekdir. Ýaş ýigit, seni görenimde, dostum Muhammetguly Atabaýew ýadyma düşdi...

– Menem onuň bilen birje gezek duşuşypdym... Şonda-da ol adamdan gaty köp gürrüňleri eşitdim, köp zatlary bildim, düşündim. Ol türkmen halkynyň hakyky magaryfçysydy. «Закаспийская туземная газета» diýen neşirde žurnalist bolup işlände ol bu ugurda köp iş edipdi. Onuň erkinlik baradaky progressiw makalalary bu gazetde köp çykýardy. Kitaphanada onuň «Okuw we türkmen mekdepleri», «Türkmen halkyna», «Türkmen aýallarynyň zehini» diýen makalalaryny okadym. Ol bu makalalarynda ilat arasynda bilimi giňden ýaýratmagyň,

umumybilim berýän mekdepleri, şol sanda gyzlar üçin mekdepleri mümkingadar köp açmagyň zerurlygyny nygtaýardy. Onuň diýýänleri meniň mugallym bolmaga höwes-yhlasymy has-da güýçlendirdi, berkitdi...

– Ol diýseň üýtgeşik ýigitdi. Gujury-gaýraty, hyjuwy edil ýanardagyň otly akymy ýaly çogup çykyp durdy. Ol ýene-de, gör, nähili köp işleri bitirip biljekdi! Arman, ömri gysga eken neressäň. – Alyşbeg aga şu pursat biraz gama batyp dymdy. Soň ýene gürrüňini dowam etdi. – Okaň, oglanlar, okaň! Köp zat öwreniň! Siz halkyňyza gereksiňiz. Döwür üýtgeýär, daş-töweregimizdäki durmuşam täzelenýär. Onuň bilen aýakdaş gitmeli. Asyl aýakdaş däl, ondan öňe geçip, öňüňi nazarlap, çalt ösmeli. Halkyň geljegi, ykbaly siz ýaly bilimli-sowatly adamlaryň elinde. Muhammetguly ýalylaryň edip ýetişmedik işlerini özüňiziň etmelidigiňizi unutmaň. Sen onuň bilen atdaşam ýaly-la. Siz ýaly ýigitleri görenimde, meniň nähili begenýänimi, guwanýanymy bir bilsediňiz! Dogrusy, ganat baglap, uçaýasym gelýär...

Duýgulara ýugrulan bu basyk sesden soň hiç kim dymyşlygy bozmaga meýil edip bilmedi.

– Ýigitler, biziň bu ilkinji çaý içişligimiz hoşlaşyk duşuşygymyzam bolsa bolaýar. Meni Daşkentdäki Türkmen mugallymçylyk institutynyň direktory wezipesine bellediler. Siz haçan okuwa gelersiňiz diýip, menem garaşaryn otyryn.

Ýyrşaryp, oýunlyga salnyp aýdylanam bolsa, bu teklibe ýigitler monça boldular.

– Maňa-ha olar ýaly uly okuwlara barmak irräk. Dini mekdep, özbaşdak okuwym, öz açan «meýletin mekdebimde» eden mugallymçylyk işim. Indem ýene-de kurs okuwy. Bular Siziň institutyňyzda okamak üçin ýeterlik däl. Abdyweli barada aýdanymyzda bolsa, Siziň

özüňizem bilýänsiňiz, ol menden has köp okap, öňe geçipdir. Ynha, birneme tejribe toplap, soň baryp, Size azar bolup başlarys – diýip, Berdimuhamedem sözüniň soňuny degişmä ýazdyrdy.

– Hiç wagt özbaşdak okamagyňyzy goýmaň – diýip, ýaşuly maslahat berdi – Kurslarda, geçilýän sapaklarda siz diňe berilýän tabşyryklary özleşdirýärsiňiz, özbaşdak okalanda, göwnüňe ýaran zady öwrenmek bolýar. Munuň özi juda zerurdyr...Ýene bir zady size ýatlatmak isleýän. Basym latyn elipbiýine geçiljek. Oňa taýýarlyk işleri tamamlandy diýen ýaly...

Alyşbeg Alyýew çaý-nahar tölegi üçin oglanlara elini kisesine sokmaga ygtyýar etmedi, özi töledi. Gaýta, sowunar ýaly olara pulam hödürledi. Ýöne oglanlar öz harçlarynyň ýeterlikdigini aýdyp, pul almakdan boýun gaçyrdylar.

Ýaşuly özüniň ugradylmagyna garşy bolsa-da, Berdimuhamet bilen Abdyweli ony Halk Magaryf Komissarlygynyň jaýyna çenli ugradyp, onuň bilen gyzgyn hoşlaşdylar...

Häzir Berdimuhamet bu ýatlamalardan aýratyn lezzet aldy we özüne uly güýç goşulan ýaly duýdy.

Berdimuhamet Annaýew çagalara diňe sowatly okamagy we ýazmagy öwretmän, bilim bermän, eýsem olaryň kalbyna jemgyýetde özüňi mynasyp alyp barmagyň endiklerinem guýýardy. Ol çagalarda diňe bir uly adamlara däl, eýsem öz deň-duşlaryna-da hormat bilen we aýawly garamagy terbiýeleýärdi. Berdimuhamet çagalaryň şugulçylyk edip, özge biriniň etmişini buşlamagyny mugallymyň goldamaly, oňlamaly däldigine ynanýardy. Mysal üçin, sapak otagynda bir okuwçynyň galamy ýa-da kagyzy, ýa bolmasa ýene bir zady alnypdyr-da, ol mugallyma arz edýär. Şu ýagdaýda ol parahat halda okuwçylara ýüzlenýär:

– Çagalar, siziň haýsyňyz ýoldaşyňyzyň zadyny alan bolsaňyz, ony eýesine gaýdyp beriň. Siz ony ýalňyşyp, özüňiziňkidir öýdüp alan bolmaly.

Okuwçylar bolsa ol alnan galamdanam, bir tagta kagyzdanam bihabar. Olaryň öz ýoldaşynyň zadyny almak küýünde-de ýok. Ýöne mugallymyň ýaňky sözünden soň, olar özlerini birhili oňaýsyz duýýarlar, olaryň kalbyna galagopluk aralaşýar. Gozganyşyp, ellerini nätjeklerini, partanyň aşagynda goýjaklarynam, üstünde goýjaklarynam bilenoklar.

Şol wagtam:

– Ol zatlary pylany aldy, mugallym – diýip, biri şugullaýar.

Ýiten zatlar, belki-de, ýaňky ady tutulan okuwçydan çykar. Eger-de ondan çykmasa näme?.. Bu pursat örän çynlakaý waka ýüze çykdy. Ýiten zat haýsydyr bir okuwçynyň şugulçylyk meýlini ýüze çykardy. Eger-de mugallym bu wagt :

– Berekella, ine, pylanyň hüşgärligi bilen eli egri ogry paş edildi! – diýdigi, munuň özi beýleki okuwçylarda hem şugulçylyk meýliniň peýda bolmagyna getirer. Iň ýamanam, bu meselede özgäniň zatlaryny almadyk okuwça günä ýöňkelmegi bolar.

Berdimuhamet mugallym öz borjunyň, ozaly bilen, okuwçynyň ýalňyş goýbermezligini terbiýelemekdigine berk düşünýär. Eger ýalňyşlyga ýol berläýende-de, ony mertlerçe boýun almaly. Bu meselede onuň esasy daýanjy töhmetçi ýa-da şugulçy bolman, eýsem batyr we dogruçyl okuwçylar bolmalydyr.

Zähmet mekdebinde Berdimuhamet bilen ýene bir mugallym işleýärdi. Okuwlar iki tapgyrlaýyn guralypdy. Birinji tapgyrda 30, ikinji tapgyrda hem 20 okuwçy okaýardy. Bularyňky zähmet mekdebi bolansoň, onuň

özboluşly taraplary bardy. Mekdebiň golaýynda okuw tejribe meýdany bolup, çagalar ol ýerde topragyň, suwuň ýagdaýyny öwrenýärdiler, dürli ekinleri ekip, olardan gowy hasyl almaga kämilleşýärdiler.

Onuň esasy işi çagalara bilim bermek bolup, Berdimuhamede çagalara ekerançylygy öwretmek, bilmeýän zatlaryny edip görkezmek, maslahat bermek kyn düşenokdy. Çünki azalyň nämedigini, ýerdemriň çoýundan ýa-da demirden guýulýandygyny, onuň jübüt öküze, düýä ýa-da gylýala tirkelýändigini özgelerden sorap bilmeli däldi. Ol azalyň ýeri çöwrüp barşyny şu gün görmeli däldi. Onuň özem azal tutup görüpdi.

Berdimuhamet çagalar bilen geçýän sapaklarynda kakasy Anna aganyň sapma usuly bilen üzümiň täze görnüşlerini ýetişdirip bolýandygy baradaky ýazgylaryndan peýdalanardy. Okuwçylar bilen gidip, dürli görnüşli üzümleriň çybyklaryny kesip getirip, ýere sünçdüler, öň ösüp oturan üzüm düýplerine sapdylar. Klasda geçilýän sapaklar, ekin arasynda edilýän işler we söhbetler okuwçylaryň biri-biri bilen ysnyşmaklaryna, dostlaşmaklaryna mümkinçilik döredýär. Esasy zat okuwçylar hemme bolýan ýerlerinde üznüksiz bilim-düşünje alýardylar, köp zat öwrenýärdiler, göz ýetirýärdiler.

1928-nji ýylda Berdimuhamet özi ýaly mugallymlar bilen täze elipbiýi – latyn elipbiýi esasynda okuwlary guramak boýunça taýýarlyk kursuny geçdi. Sebäbi arap elipbiýini türkmen ýazuwynda öwrenmek örän kyndy, şonuň üçinem latyn elipbiýi bilen çalşyrdylar. Munuň özi halka bilim bermegi ýeňilleşdirdi. Berdimuhamet Daşhowuz oblastynyň Tagta raýonyndan gelen mugallym, kursdaşy Baba Saparowyň pikiri bilen doly ylalaşdy. Onuň pikiriçe, arap elipbiýi esasynda türkmen

ýazuwyny öwrenen çagalar arap sözleriniň manysyna düşünenoklar, arap harplary bilen ýazylan türkmen sözlerini sowatly okabam bilenoklar. Üstesine, bu babatda ýekeje-de türkmen dilinde ýazylan okuw kitaby ýokdy. Aşgabatda açylan üç aýlyk kursda okaýan mugallymlar täze elipbiýiň artykmaçlyklaryna doly göz ýetirdiler.

Berdimuhamet zähmet mekdebinde iki ýyl mugallym bolup işländen soň, 1929-njy ýylyň birinji sentýabryndan Gökdepe raýonynyň Birinji Birleşik obasyndaky 16-njy orta mekdepde işe başlady. Ýöne az wagtdan Berdimuhamet Annaýewiň guramaçylyk başarnygyna mynasyp baha berip, ony Aşgabat oblastynyň Kirow raýonynyň «Gyzyl çarwa» kolhozyndaky 6-njy doly däl orta mekdebiň direktory wezipesine bellediler.

«Gyzyl çarwa» kolhozy Tejen derýasynyň aýak ujunda, Garagumuň eteginde ýerleşýärdi. Mekdep bolsa depesinden gum dökülip duran kepbe jaýlardady. Bu ýagdaýy gören badyna direktor öz işini nämeden başlamalydygyny kesgitledi. Bu meseläniň oňyn çözülmegi onuň direktor, ýolbaşçy hökmünde kabul edilmesi, ykrar edilmesi bilen gönüden-göni baglydy. Diňe olam däl, okuwçylaryň okamaga bolan islegi, bilime bolan höwesi hem şunuň bilen berk baglanyşyklydy.

Täze direktoryň raýon magaryf bölüminde, raýispolkomda täze mekdep gurmak barada mesele goýmagy, meseläni örän ynandyryjy esaslandyrmagy, diýseň erjelligi ilkinji netijelerini berip başlady. Bu teklip bilen umuman ylalaşylan hem bolsa, mekdebi Berdimuhamediň isleýşi ýaly gurmaga ne güýç bardy, ne serişde. Emma direktor öz diýeninden dänmedi: «Mekdep beýleki obalar, mekdepler üçin nusga bolar ýaly derejede gurulmaly. Özem gurluşyga oba ilatam gatnaşmaly, gurluşyga

maddy ýardam bermeli. Diňe şu ýagdaýda bilime, okuwa, mekdebe garaýyş başgaça bolar».

Netijede «Töwekgeliň endişe bilen işi ýok» diýleni boldy. Bu jelegaýda heniz görülmedik mekdebiň gurluşygyna başlandy. Otaglary giň hem ýagty bolar ýaly iki sany uly penjire, «golland peçleri» diýilýän ýaýrawly gara peçler, polly-potolokly, hemme zat ýerbe-ýer mekdep – bu bir tüýs ýetilmejek arzuwdy. Gyşyna içi ýyly, tomsuna salkyn bolar ýaly diwarlary iki kerpiç inli galdyryldy. Özem bişen kerpiçden. Mugallymlar otagy, muzeý, ussahana, aşhana, başga ýerden gelip işlejek mugallymlar üçin ýaşar ýaly otaglar – bularyň bary Berdimuhamet mugallymyň taslamalary, çyzgylary esasynda ýerine ýetirildi. Mekdebiň demirgazyk tarapynda ýüz inedördül metrlik meýdança arassalanyp, tertibe salnyp goýuldy. Okuwçylara işlär ýaly ýer açylyp, olara zähmet endiklerini öwretmäge mümkinçilik döredildi. Çagalar çig suw däl, diňe gaýnan suw içsinler diýlip, aşhanada ýörite çaý ganadylýan güp we suw içer ýaly saplaw goýuldy. Çagalaryň hajatlary üçin ýörite salnan hem el-ýüz ýuwar ýaly jaýjagazlar wagtly-wagtynda syrylyp-süpürilip duruldy.

Oba ilaty-da ýaş direktoryň mekdep barada edýän aladalaryndan çetde durmady. Täze hökümete gyýa göz bilen garaýan baýlar hem «ellerini açdylar». Öz çagalarynyňam şeýle mekdepde okamagyny islediler. Eýsem-de bolsa, halkyň bilime bolan teşneligi haýran galdyrýardy. Olar muňa öň-ä ýitirip, indem tapan ýaly bolup yhlas edýärdiler. Sebäbi isleýän zadyň tagamyny öň dadyp görmedik bolsaň, oňa bular ýaly özelenmeseň gerek. Ýitirilen zat baradaky düşünje, eýse ondan bäri köp ýyl, döwür-döwran geçenem bolsa, ol halkyň ganynda ýaşamagyny dowam edýän bolarly. Onsoňam baý

hasap edilýän adamlar-da bolany-boljagy saýgarmajak kişiler däl ahyry.

Bilimli adam bolsa mydama baýdyr, özem onuň baýlygy artsa artar, ýöne kemelmez.

Berdimuhamet işe şeýle hyjuw bilen girişdi welin, asyl Günüň haçan dogup-haçan ýaşýandygynam unutdy. Alada-azabynyň ýerine gowuşýanyny görüp, onuň güýç-kuwwaty gün-günden artýardy. Kirow raýonynyň 6-njy mekdebi doly däl orta mekdebem bolsa, bu ýerde bolup geçýän zatlar orta mekdepleriň ählisinden öňe saýlanýardy.

Mekdebe zerur bolan parta, stol, oturgyç, klas tagtasy, karta, kitap-depder, okuw-bezeg esbaplary kynlyk bilenem bolsa, tapyldy, alyndy. Hatda obanyň demirçi ussasy düýä dakylýan mis jaňy eýle-beýle edip, mekdebe jaň ýasap berdi.

Täze okuw ýylynda mekdepde Berdimuhamediň özünden başga ýene alty mugallym işe başlady. Olaryň üçüsi öň başlangyç mekdepde ders beren şu obaly mugallymlardy. Başga ýerden gelenleriň biri fizika-matematika, beýlekisi himiýa, biologiýa mugallymydy. Direktor haýyş edip, ýalbaryp diýen ýaly, Tejenden bu ýere rus dili mugallymasyny – Galina Iwanowna Droninany hem getirip bilipdi. Ol ýaşy kyrkdan agan, örän tejribeli, türkmen dilinem bilýän mugallymdy. Oňa aýratyn iş şerti döredilipdi. Ol anna güni şähere gidip, duşenbe günem mekdebe gaýdyp gelerdi.

Droninanyň adamsy Tejen demir ýol stansiýasynda ýolbaşçy işde bolansoň, onuň mümkinçiliklerinden peýdalanmagy ýadyndan çykarmady. Sport meýdançasy nähili bolmaly, sportuň özi nämelerden ybarat? – ine, bu sowallara jogaby direktor rus dili mugallymy bilen bile gözledi. Iki-üç sany kitap tapyldy, şondaky

sport enjamlarynyň çyzgylarynyň esasynda demir ýol stansiýasynyň ussahanalarynda ençeme esbaplar ýasaldy. Olaryň birentegi açyk meýdandaky sport meýdançasynda oturdyldy, birnäçesi bolsa boş otaglaryň birinde oturdylyp, mekdep sport zally boldy. Kynlyk bilen tapylyp getirilen dört sany pökgi bilen birlikde «woleýbol, futbol» diýen sözler çagalaryň dilinde gaýtalanyp başlandy.

Berdimuhamet bu obada ady belli pälwanlaryň bardygyny bilende, muňa aýratyn ähmiýet berdi. Olaryň birine hak töläp, onuň çagalar bilen bedenterbiýe sapaklaryny geçmegini ýola goýdy.

Ähli zady täzeden, başdan başlamaly bolýardy. Berdimuhamet direktoryň ähli zatda özgelere görelde bolmalydygyna berk ynanýardy we şu akyla gulluk edýärdi. Diňe şeýle bolanda, adamlar saňa ynanýarlar we seniň yzyňa düşýärler. Berdimuhamet öz gündelik durmuşynda hem töweregindäkileri geň galdyryp bilýärdi. Bu onuň tebigy ýaradylyşydy, onda ýasamalyk ýokdy. Mugallymyň daşky görnüşem, onuň içki dünýäsiniň bolşy ýaly, owadan hem päkize bolmalydyr diýip, Berdimuhamet hasap edýärdi. Mugallym hemme wagt öz üst-başyna esewan bolmalydyr, timar bermelidir, her möwsüme görä geýim-eşik geýmelidir. Onuň özi şu kadanam saklaýardy. Ak köýnek, gara jalbar, arassalygyndan ýaldyrap duran köwüş onuň syratyna bezeg berýärdi. Howa salkyn wagty egnine şapylaşyp duran gara penjek geýerdi. Ilkinji gezek Aşgabatdaky kursa gatnaşanda satyn alan, kömür ýakylyp gyzdyrylýan ütügini ýanyndan goýmazdy. Köýnek-balagynda ýygyrt görjek gümanyň bolmazdy. Ony gyş günlerem, galyň, hopul-sopul eşikde, mekdep otag-a beýlede dursun, eýsem mekdebiň töwereginde-de, gören ýokdur. Ol mekdebe öýünden ýeňil garbanyp gelerdi. Garnyny göjäp gelip, gägirsemmikäm-gägirmesemmikäm diýip çagalaryň öňünde derde

galýan, hynçgylawygy tutup, çym-gyzyl bolup duran, otursa irkilmäge meýilli mugallym onuň ýek ýigrenýänidi. Ol sapagy şeýle göz öňüne getirýärdi, sapak bir aýlaw ýaly zatdyr, sen onda çapylýan sagdyn, ýyndam, seýislenen bedewsiň. Okuwçy seniň bilen bir göwrä öwrülip, seniň bilen deň oturyp, deň turmalydyr.

Berdimuhamet kakasynyň ýazgylaryndaky «Saglygyna seretmeýän adam iki tarapyndan ýakylan şem ýalydyr» diýen sözleri häli-şindi ýatlaýardy. Bu Anna aganyň öz pikirimi ýa-da başga bir ýerden ýazylyp alnanmy, bu belli däl. Ýöne munuň jaýdar aýdylan sözdügi welin çyn.

Galina Iwanownanyň getiren kitaplaryndan türgenleşik işleriniň nähili geçirilýändigini ýuwaş-ýuwaşdan öwrenen ýaş direktor ol maşklary ilki özi edip başlady. Ertir ir bilen meýdançada ylgap ýören, esli beýikligi bolan uzyn nawyň üstünden ýykylman ýoreýän, ýogyn agaçdan ýasalan «eşegiň» üstünden ellerine daýanyp bökýän, turnikden arasyny üzmän aslyşyp, telim ýola özüni çekýän Berdimuhamedi görenler başda onuň bolup ýörşüni geňlediler. Oňa ilde ýok iş edýän ýaly garadylar. Soňra irdenki türgenleşiklere beýleki mugallymlar, oba sowetiniň işgärleri, okuwçylar goşulyşyp gidensoňlar, bu bir adaty zat ýaly bolup galdy. Her anna güni geçirilýän futbol, woleýbol oýunlaryna tomaşa etmäge bolsa eli boş adamlaryň, okuwçylaryň bary gelerdi. Direktor arassaçylyga aýratyn üns berýärdi. Bu meselede işiň agramly bölegi Galina Iwanownanyň paýyna düşýärdi. Mugallym çagalaryň öz el-ýüzüni, dişini, saçyny nädip arassa saklamalydyklary baradaky gürrüňleri yzygiderli geçirýärdi. Käte direktoryň hatda öz puluna sabyn satyn alyp getirýän pursatlaram bolýardy. Direktor Galina Iwanowna bilen maslahatlaşyp, çagalaryň içki ýuka geýim geýmäge endik etmeklerini gazandy. Bu işde ýene-de

demirýolçulara ýörite iş geýimlerini taýýarlaýan tikinçilik ussahanasynyň hyzmatyndan peýdalanyldy.

Täzelik yzyna täzelik tapýan direktoryň tekliplerinden halys basylan magaryf bölüminiň müdiri döwletiň trusy-maýka ýaly zatlar üçin pul goýbermeýändigini hykaratlyrak aýtdy. Direktor munuň üçin darykmady. Ol öz aýlygyndan çagalara trusy-maýka tiker ýaly mata satyn aldy-da, Galina Iwanowna gowşurdy. Ol hem matalary tikinçilik ussahanasyna eltip berdi...

Şondan birnäçe gün geçenden soň, Galina Iwanowna bir gujak çaga geýimini özi bilen getirdi. Alnan matalar 15 kişilik çykypdyr. Synag üçin saýlanyp alnan dördünji synpda bolsa 18 çaga okaýardy. Sapakdan soň, direktor bilen rus dili mugallymy şol synpa gelip, adaty bolmadyk täzeligi habar berdiler: Içki geýim arassaçylygy saklamak üçin gerek. Daşky geýimlerden tapawutlylykda, ony häli-şindi ýuwup, çalşyryp durmaly bolýar. Galina Iwanowna muny birin-birin düşündirdi. Ol geýimleri düwünçekden çykaryp, nähili geýmelidigini görkezdi. Geýimler çagalaryň atlarynyň žurnaldaky ýazylyş tertibine görä paýlandy. Geýim ýetmediklere bolsa Berdimuhamet şeýle diýip ýüzlendi:

– Bu çagalara biz şeýle geýimleriň has gowusyny buýurdyk. Ol basym taýýar bolar.

Bu sözleri aýdan mahaly, onuň kellesine ýene bir pikir geldi: Galina mugallymyň adamsy öz edarasynyň hasabyna mekdebe kömek berip biler ahyryn. Ýaňky zatlaryň çykdajysy olar üçin nämejik?... Onsoňam oba mekdebine kömek beripsiňiz diýip, olara azar berjek adam ýok. «Siz bize kömeg-ä etmediňiz, indi hat bir beriň» diýip, bilim bölüminiň müdiriniň demir ýola haýyşnamasyny alyp barsak, işler düzeläýse gerek. Bar diýiljek zadam iki toplum çalşyrgyç içki çaga geýimi-le...

Şol günüň ertesi Berdimuhamet şol synpyň çagalaryny görüp, güljeginem bilmedi, gynanjagynam. Içki geýimler täzeje bolansoň, çagalaryň käbiri ony daşky geýimleriniň üstünden geýipdir. Geýim ýetmedik oglanlaryň biri bolsa abatja balagynyň aşagyny gyrkdyrypdyr, bitinje köýneginiňem gollaryny gopardypdyr.

Demir ýol stansiýasynyň naçalnigi Dronin Galina Iwanownanam ýany bilen alyp gelen direktoryň haýyşyna ýok diýmedi. Tersine, ol mekdebi şeflige alyp, oňa gerek bolan ýardamy etjekdiklerine wada berdi. Ýöne welin bir şert bilen: onuň aýalyny mekdepden yzyna berseler...

Direktoryň baý edaranyň berjek kömeginden ýüz öwürjek gümany barmy? Ýöne mekdebiň rus dili mugallymyny yzyna bermek barada welin gürrüň bolup bilmez. Bu asla boljak zat däl. Şonuň üçin direktor jogap bermegiň deregine diňe ýylgyryp oňaýdy.

Berdimuhamet ülkede sowatsyzlygy ýok etmegiň hemişe öň hatarynda barýar. Otuzynjy ýyllarda Türkmenistanda köpçülikleýin jemgyýetçilik-syýasy iş – medeni aň-bilim hereketi başlandy. Ilatyň sowatsyzlygyny ýok etmek ugrundaky hereket daýhanlar köpçüliginem gurşap aldy. Ýaş direktor gündiz zähmet çekýän uly adamlar üçin agşamky mekdebiň açylýandygyny habar berdi. Agşamky mekdebe otuz-kyrk ýaş aralygyndaky adamlaryň ýazylyp biljekdigini düşündirdi. Ýöne ýazylýanlaryň arsynda elli ýaşlaryndaky çal sakgal adamlaryňam bardygyny görüp, okamaga isleg bildirýänleriň onuň çak edişinden has köpdügine düşündi. Mekdebe hatda goňşy Azatlyk we Harjagaz obalaryndan gelip ýazylanlar hem boldy. Goňşulardan gelenleriň iň ýaşulusy Halap aga boldy. Ol padymandy – sygyr çopanydy.

– Mollum jan, maňa bakýan sygyrlarymyň sanyny ýalňyşman işlemegi öwretseň bolany. Has beterem öküz

meň hasabymy bulaşdyrýar. Mugt işledip ýören bolaý-maýyn o janaweri – öz tapan şortasyna özi hoş bolup güldi.

Halap aga ýomak atyşmany gowy görýän adamdy. Dilli tüýdüge-de dil bitirýärdi. Öz diňleýjilerini höweslendirmek, olaryň bilime bolan meýlini götermek üçin, Berdimuhamet olara dessan aýdyp bererdi. Waka iň bir jygba-jygly ýerine gelende, aýtmasyny bes ederdi. Berdimuhamediň sesi, labzy, dessandaky gahrymanlaryň keşbine girmek ukyby diňleýjileri aňk edýärdi. Mekdebe gatnaýanlaryň arasynda Berdimuhamediň nebereleri-ni gowy bilýän ýaşulularam bardy. Görlüp oturylsa, oba ýaşaýjylarynyň birentegniniň Yzgant obasynyň we oňa goňşy obalaryň ýaşaýjylary bilen garyndaşlyk gatnaşyklary bar eken. Bu bolsa Berdimuhametde öz obasynda işläp ýören ýaly duýgy döretdi.

Çagalar okuwa ýedi ýaşyny dolduryp ýa-da şondanam soň gelýärler. Bu ýaşa çenli olaryň bilim bilen, mekdep terbiýesi bilen hiç hili baglanyşygy ýok. Çagany mekdebe taýýarlamak işi guralsa, çagalar üçin gowy bolmazmy? Elbetde, gowy bolar. Çünki dünýäni öwrenmek – bilmek çaga doglandan beýläk başlanýar. Ol şondan beýläk, belki, şondanam öň töweregindäki sesleri eşidip ugraýar. Diýmek, okamak, öwrenmek üçin hiç bir ýaş ir hasap edilip bilinmez. Çagalary okatmagy näçe ir başlasaň, şonça-da gowy. Ýöne olarda okuwa, bilime bolan höwes, gyzyklanma döredip biljek degişli sapaklary saýlap bilmegi hem başarmaly. Ýogsa-da, näme etmeli?

Berdimuhamet öz pikir-hyýallary hakda Galina Iwanowna bilen maslahatlaşdy.

Dronina şeýle diýdi:

– Men ýalňyşmaýan bolsam, 1923-nji ýylda Türkmenistanda ilkinji çagalar bagy açylypdy. Onuň müdirem

Ýewgeniýa Stepanowna bolupdy. Onuň adaty bolmadyk familiýasy bardy. Dabeçdi öýdýän. Diýseň güýçli mugallymdy, terbiýeçidi. Biz ol barada köp eşiderdik. Eger isleseňiz, men öňümizdäki dynç alýan günlerimizde Aşgabada gidip, onuň iş tejribesini öwrenip gaýdaýyn.

Berdimuhamet bu teklibi ikelläp goldady. Haçan-da soňky hepdäniň birinji güni Galina Iwanowna mekdebe gelende, onuň bu duşuşykdan uly täsir alandygy ýüzünden görnüp durdy.

– Ýoldaş direktor! Ajaýyp diý-de goýaý! Meniň şo diýilýän çagalar bagyna baryp görenim gowy boldy. Ýewgeniýa Iwanowna – familiýasy hakykatdanam Dabeç eken – diýseň ýürekdeş, gowy adam eken. Çagalar ony hut öz eneleri ýaly söýýärler. Neneň söýmejek?! Haçan-da ol öz başyndan geçirenlerini gürrüň berende, meniň öz başymdan geçen durmuş ýolum göz öňüme geldi. Ýewgeniýa Stepanowna 1921-nji ýylda Köşi obasyna göçüp gelendiklerini we türkmen çagalary üçin açylan mekdebiň müdiri bolup işe başlandygyny gürrüň berdi. Öz çagalaryny täzeçe terbiýelemegi, saglygyny goramagy ene-atalaryň aňyna guýmak üçin bu hyjuwly zenan ýadawsyz işlemeli bolupdyr. Obada medisina işgäri bolmansoň, Ýewgeniýa Stepanowna öz bilim-düşünjesine we durmuş tejribesine görä oba ilatyna medisina hyzmatynam edipdir. Wagtyň geçmegi bilen ol obada iň gerekli adamlaryň biri bolup galypdyr. Gerek ýerinde aýallaryň saglygynam gorapdyr, çagalaryň saglygyna gözegçilik edipdir, zerur bolanda, olara arza ýazyp bermäge-de ýaltanmandyr. Rus zenanynyň bu galdawlygy we işeňňirligi aýallary ysnyşdyrypdyr, çagalar ony oňat görüpdirler. Birnäçe aýdan soň garyp-gasarlaryň maşgalalaryndan dokuz sany oglanjyk, birem gyzjagaz Ýewgeniýa Stepanownanyň ýanyna gün yrman gatnap ugrapdyr. Şu hem onda çagalar bagyny açmak pikirini

döredipdir. Şeýdibem, ol çagalar bagyny açmagy haýyş edip, uýezd magaryf bölümine ýüz tutupdyr. Ol ýerde bu teklip goldanan hem bolsa, bu işiň ýola düşjegine ynanýan ýokdy. «Çagalary mekdebe gatnadyp bolanok, olary çagalar bagyna gatnamaga nädip mejbur etjek?» diýen pikir ikirjiňlenýän adamlary erkine goýanokdy. Her näçe kynam bolsa, 1923-nji ýylyň 5-nji awgustynda ahyry Köşi obasynda ilkinji çagalar bagy açylypdy. Bu waka jemgyýetçilik guramalarynyň köpüsini gyzyklandyrdy. «Goşçular» birleşigi 5 müň manady we 30 metr setin matany kömek diýip berdi, munuň daşyndan pisse bilenem üpjün etdi. Kiçi ýaşly çagalar daşky görnüşe, suratlara, bezeglere üns bergiç bolýarlar. Şoňa görä-de, çagalaryň bu ýerde geçirjek wagtyny gyzykly, täsirli etmek üçin bezegçi suratkeş gerek boldy. Ahalteke atçylyk zawodynyň direktory Wladimir Aleksandrowiç Gruzdew bu wezipäni çözmegi öz üstüne alypdy.

Çagalaryň üst-başlarynyň arassaçylygyna aýratyn üns berilýärdi. Sabyn, elsüpürgiç alnypdy. «Içki geýimiň adamyň saglygy üçin ähmiýeti» diýen temada gürrüň geçirilipdi.

Çagalaryň mekdebe gatnap başlamazlaryndan öň terbiýelenilişi Berdimuhamet mugallymy diýseň gyzyklandyrdy.

– Galina Iwanowna, biziň öz mekdebimizde bu ugurda alyp barýan işlerimiziň, heý, olaryňky bilen meňzeşligi barmy?

– Gürrüňsiz!

– «Akylyň ýoly bir» diýilýäni dogry-da onda!

– 1930-njy ýylda Ýewgeniýa Stepanowna «Nobatçylar» diýen kitabyny türkmen we rus dillerinde neşir etdiripdir. Kitaplaryň çeper bezegini Gruzdew ýerine ýetiripdir. M.Ysmaýylow bilen B.Kerbabaýew bolsa

kitaby türkmen diline terjime edipdirler. Men kitabyň iki sany nusgasyny alyp gaýtdym.

– Gowy edipsiň. Onda bizem synag toparyny açyp bileris. Guramaçylyk işinem öz üstüňize alsaňyz – diýip, direktor mugallyma maslahat saldy.

– Dogrusy, bu iş özüm üçinem gyzykly göründi. Dünýä ilkinji gezek göz ýetirip başlaýan çagalar bilen işlemegiňem öz lezzeti bar. Öz kalbyňam şolaryňky ýaly kir-kimirsiz, arassa bolýar – diýip, Galina Iwanowna soňky sözlerini aýratyn duýgy bilen aýtdy. Şeýdibem, mekdebiň ýanynda çagalar ýaslisi hem-de bagy açyldy.

Öz bilim-düşünjesini artdyrmak bilen, Berdimuhamet köp okaýardy. Çeper eserlerden, aýratyn hem türkmen nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň döredijiligi onuň ruhy başdan geçirmelerine saz gelýärdi. Şahyryň goşgularynyň köpüsini ýatdan bilýärdi. Olary okuwçylara, obadaşlaryna okap, aýdyp bererdi. Okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek maksatlarynda, ol «Kommunistler magaryfy», «Mugallyma kömek» žurnallarynda we «Sowatlylyk ugrunda göreş» gazetinde berilýän makalalar arkaly Türkmenistanda mugallymçylyk pikiriniň ösüş taryhyny öwrenýärdi. Mekdeplerde okuw we terbiýeçilik işini guramakda täze usulyýetleriň ornaşdyrylyş tejribesini ele alýardy. Munuň özi oňa halk magaryfynyň, okuw-usulyýet işleriniň dürli sowallaryna jogap tapmaga, meýilnamalary, okuw kitaplaryny, aýry-aýry mugallymlaryň sapaklaryny seljermäge we mekdepde okuwy guramagyň has gowy usullaryny tapmaga kömek edýärdi.

1931-nji ýylda Berdimuhamet Gurban Sopyýewiň «Kommunistler magaryfy» žurnalynda çap edilen «Biziň aramyzda nähili mugallymlar bar?» diýen ilkinji makalasy bilen tanyşdy. Bu makalasynda awtor türkmen

dilliniň okadylyşy barada mesele gozgaýardy. Makalada aýdylýan düzgünleri öz mugallymçylyk işinde peýdalanýardy. Şondan buýana ol Gurban Sopyýewiň makalalaryny sypdyrman, üns berip okady. Çünki G.Sopyýew 30-njy ýyllaryň iň bir işeňňir magaryfçylarynyň biridi, onuň okuw kitaplary we gollanmalary Berdimuhamediň häli-şindi eline alýan el ýüzündäki kitaplary boldy. Ol Hojamyrat Baýlyýew, Aman Kekilow, Muhammet Geldiýew, Pygam Azymow, Hydyr Derýaýew, Beki Seýtäkow ýaly awtorlaryň çap bolup çykýan işlerinden hem özi üçin bellikler edip, soňra iş ýüzünde olardan peýdalanardy.

Mugallymlaryň hünärini kämilleşdirmek boýunça her ýyl Aşgabatda geçirilýän bir aýlyk kurslara gatnaşmagy Berdimuhamede okaýan zatlaryny özleşdirmäge, olardan baş çykarmaga, okuwda, işde gerek zatlary saýlap almaga kömek edýärdi. Bu kurslarda okamagyň ýene-de bir peýdaly tarapy bardy. Kärdeşleriň bilen ýüzbe-ýüz bolmak, olar bilen tejribe alyşmak durmuş, adamlaryň arasyndaky özara gatnaşyklar baradaky düşünjesini baýlaşdyrýardy, iň esasy zat hem çagalar bilen iş geçirmäge kömek edýärdi.

Berdimuhamet Mary raýonynyň Gowşutbent obasyndan zehinli mugallym Kakajan Seýitgulyýew bilen tanyşdy. Onuň ýaşy Berdimuhametden biraz ýokarydy. Mugallymlar özara pikir alyşdylar. Kakajanyň çagalara bilim we terbiýe bermekdäki bitirýän hyzmaty barada aýdan sözleri Berdimuhamediň ýadynda galdy: mugallym arzuwlara uçgun berip, ony lowladyp ýakýan çakmak daşydyr. Bu pursatda oňa çagalaryň bilesigeliji nazary garap dur. Olaryň her biriniňem özüne mahsus bolan aýratynlyklary, hüý-häsiýetleri bardyr. Ol bularyň ähli arzuw-hyýallaryny belende göterip, özüniň derejesine ýetirmeli. Diýmek, ilki bilen onuň özünde şol «dereje»

diýilýän bolmaly. Şol belentlige ýetmek aňsat däl. Munuň özi uzak-uzak wagtlap dyrmaşyp çykmaly dagdyr. Bu işe bolsa bütin ömrüňi bagyşlamaly...

Bu sözler Berdimuhamediň ruhy dünýäsine laýyk gelýärdi. Çünki ol baryp ýetginjeklik ýyllaryndan bäri özbaşdak okap-öwrenýärdi hem-de kämilleşýärdi. Asla munuň soňam ýok ýaly.

Soňra Berdimuhamediň Gyzyletrek raýonynyň Gudryolum obasyndan Hojaguly Berdiýew diýen mugallym bilen täsin duşuşygy bolup geçdi. Onuň häli-şindi terbiýeçiligiň usullary barada berýän gürrüňleri Berdimuhamediň pikir edişine gabat gelýärdi. «Çaganyň häsiýetini okamagy başarmak gerek – diýip, ol aýdýardy. – Oňa düşünmek gerek. Çaga ýalňyşybam biler, onuň pikiri düýbünden nädogry bolubam biler, ol hatda garagolluga we ýalňyş etmişlere-de ýol berip biler. Ýöne her hili ýagdaý bolanda-da, çaga gahar bilen bakmak we üstüne gygyrmak bolmaz. Çaga diňe birje gezek uly adamyň özüne gahar bilen garandygyny görse, indiki gezek oňa gulak asmasyny düýbünden goýar. Eger-de sen çaganyň üstüne ýekeje sapar gygyrsaň, soňky gezek sen şondanam gaty gygyrmaly bolarsyň, ýogsa sen onuň ünsüni özüňe çekip bilmersiň. Beýdip, uzak wagtlap gidip bolmajagy düşnükli ahbetin!»

Berdimuhamet synagdan geçen usullara daýanýardy. Ol hemişe çagalara söýgi, mylaýymlyk bilen täsir etmäge çalşardy. Talap edijilik diňe onuň sesiniň äheňinde bardy. Uly adamlaryň çagalara täsir etmeginiň iň güýçli tärleri olara bolan söýgüsi, mähribanlygy, bilim-düşünjesi we mertebesidir.

Şol günlerde Berdimuhamet Annaýewiň ykbalynda ýene-de bir ýatdan çykmajak waka bolup geçdi. Ony Aşgabada gyssagly çagyrdylar. Bu otuzynjy ýylda

Aşgabatda geçirilen Dilçileriň birinji konferensiýasyna çakylykdy. Onda gürrüň türkmen edebi diliniň esaslaryny goýmak barada gitdi.

Maslahatyň birinji güni örän dartgynly, jedelli geçdi.

Ilki Muhammet Geldiýew, soňra Allaguly Garahanow çykyş etdiler. Olaryň türkmen edebi diliniň esasynda haýsy şiwe diliniň ýatmalydygy baradaky pikirleri biri-birine bütinleý çapraz gelýärdi. Edebi dili baýlaşdyrýan serişdäniň şiwe dilleridigini olaryň ikisem goldaýardy. Ýöne edebi diliň esasynda haýsy şiwe diliniň ýatmalydygy barada welin, olar asla «bir çukura tüýkürjege» meňzemeýärdiler. Şeýlelikde, jedel gyzyşdy. «Ähli şiweleriň sözlerinden alnan ortalyk sözlük düzülsin» diýip teklip edenlerem boldy. Şol döwürlerde belli dilçi Muhammet Geldiýew pikirini özüniň hem beýleki awtorlaryň ýazan kitaplary bilen esaslandyrmaga çalyşdy. Allaguly Garahanow bolsa hut şol kitaplara esaslanyp, garşydaşynyň pikiriniň ýalňyşdygyny subut etmäge dyrjaşdy. Ýygnak geçýän ýerde uly galmagal turdy. Konferensiýany alyp barýan Kümüşaly Böriýewe jedelleşýänleri köşeşdirmek iş boldy. Olaryň ylalaşyksyzlygy şu gün ýüze çykan jedel däldi. Olaryň jelit elipbiýindäki dört sany çekimli harp baradaky jedeli häzirki çekişmä ot beripdi.

Iki tarapyňam pikirini diňläp oturan Berdimuhamet A.Garahanowyň getirýän delillerini has ylmy, has ynandyryjy hasap edýärdi. Göwnüne bolmasa, Geldiýew diňe öz aýdýanlaryny dogry hasaplap, her kim özüniň aýdýan pikiri bilen ylalaşar diýen ýalňyş düşünjäniň ýesiri bolana meňzeýärdi. Şoňa görä-de, onuň sözünde käte-käte gyzmalyk duýulýardy.

Dilçiler, edebiýatçylar, alymlar yzly-yzyna çykyş edýärdiler. Mahlasy, maslahata gatnaşýanlar iki topara

bölünipdiler. Hojamyrat Baýlyýew, Nazar Baýnazarow ýaly dilçileriň goldamagy bilen Allaguly Garahanowyň tarapy rüstem geliberende: «Git-de tebipçiligiňi et-dä, walla! Dil bilen nä işiň bar seniň» diýip, onuň göwnüne degäýjek söz aýdanam bolupdy.

Allaguly Garahanow türkmenleriň arasyndan çykan ilkinji ylymly lukmanlaryň biridi. Ol Moskwadaky Soýuzlar öýüniň Sütünli zalynda lukmançylykdan ylmy nutuk okamak bagty miýesser eden şahsyýetdi. Alyşbeg aga çenli ilki Maryda açylan mekdebe, soňra mugallym ýetmezçiligi sebäpli Daşkende geçirilen mugallymçylyk institutyna-da Allaguly Garahanow ýolbaşçylyk edipdi. Ýogsam şol döwürde Allaguly Garahanow uniwersitetiň lukmançylyk bölüminiň talybydy. Bu zatlary bilensoň, gepi-sözi ýerinde, ýokary medeniýetli, käte üstüne sürnüp, göwnüne degilse-de, edebini saklap,  özüne erk edip bilýän bu adama Berdimuhamediň hormaty has-da artypdy.

Maslahatyň ikinji güni Berdimuhamede söz berdiler. Ýygnagy alyp baryjy tanyşdyryp, mugallymyň işlän ýerlerini sanap geçende, Muhammet Geldiýew oňa aýratyn bir umyt bilen garady. Ýöne eli hiç bir ýazgysyz çykyş eden Berdimuhamet Allaguly Garahanowyň «goraýan serhedini» şeýle güýçli deliller bilen berkitdi welin, oturanlar ony el çarpyşmalar bilen goldadylar. «Gybat depaň» gürrüňleri, Anna aganyň «Akyl-paýhas sandyklary» hazynasy, Magtymguly Pyragynyň dürdäne goşgy setirleri oňa diýseň täsirli, ynandyryjy çykyş etmäge mümkinçilik beripdi. Ol hemmelerde uly täsir galdyrdy.

Arakesmede Berdimuhamediň ýanyna ilki bolup gelen harby pisint adam boldy. Onuň sesi daş sypatyna görä däldi, asuda hem ýakymly çykýardy.

– Mugallym, gutlaýaryn! Gaty gowy çykyş etdiňiz. Geljegi, öňüni görüp bilýän mugallymlaryň bardygyna tüýs ýüregim bilen buýsanýaryn. Siz meni tanan-a dälsiňiz?

– Gutlanyňyz üçin sag boluň! Ýok, tanamadym.

– Men Gulmuhammedow ... Abdylhekim Gulmuhammedow.

– Şeý diýseňiz-le! – diýip, Berdimuhamet onuň bilen täzeden görüşdi. – Men Siziň bilen gaýybana tanyş. Mugallymçylyk kursunda okan döwrümizde Siziň «Degsinmedik dul galar» diýen eseriňizi okapdym. Kakadan gelen bir kursdaşymyz – Abdyweli bilen jedelem edipdik. Ol: «Bu durmuş hakykatyna gabat gelenok» diýýär. Men: «Bu otuz-kyrk ýyl soňra bolup biljek wakalar, ýazyjy bu ýagdaýlary öňünden görüp duýduryar, «hüşgär boluň» diýip, ýol görkezýär» diýýärin. Öňdengörüjiligiňiz üçin Siziň öňüňizde baş egýärin.

– Sag bol, sag bol, minnetdar – diýip, ol Berdimuhamedi içgin synlap durşuna: – Inim, seniň kökleriň gaty çuňa uran hem-de örän sagdyn bolmaly. Geljegiňiz hasam ajaýyp bolar – diýdi...

Şol pursat Allaguly Garahanow ýetip geldi-de, Berdimuhamedi köne tanyşlar ýaly garsa gujaklady.

– Mollum, saňa uly taňryýalkasyn aýdýaryn. Berekella, inim, tüýs göwnüm bolduň, sag bol! Meniň aýdyp bilmedik zatlarymam sada dilde düşündirdiň oturyberdiň. Bu günki jedel şu günüň dawasy däl. Bu zatlar geljek bilen bagly. Şu meseläniň oňyn çözgüdini göresim gelýä, onsoň gitjek-laý obama. Lukmançylygym bilen boljak.

Ol Berdimuhamediň elini sypdyrman durşuna, Gulmuhammedowyň ýüzüne syrly bakdy.

– Abdylhekim, sen näme sesiňi çykarmanjyk bir burça gysylyp otyrsyň? Näme üçin söweşe girmediň?

– Söweşiň netije berýäni iň soňky hüjümdir.

– Munyň dogry. Ýeri, sen onsoň haýsy leşgerdesiň?

– Geldiýew ikiňiz ýaly boljak bolsam-a, meniňem aýratyn leşgerim bolmaly. Ýöne hakykat seniň tarapyňda.

– Goldawyňa bil baglap bolarmy?

– Gürrüňsiz.

Garahanow çaga ýaly begenip, ýeňil-ýeňil ädimläp, bularyň ýanyndan daşlaşdy. Arakesme gutarýança, Berdimuhamet Gulmuhammedow bilen bile gezmeledi.

Berdimuhamet bu gürrüňdeşiniň durmuş ýoluna belli bir derejede beletdi. Şonuň üçinem oňa aýratyn hormat goýýardy. Ol 1910-njy ýylda Türkiýede Ziýa Gökalp, Faud Köprüli, soňra Sankt-Peterburgda W.W.Bartold, A.N.Samoýlowiç ýaly alymlardan sapak alypdy, Türkiýäniň harby serkerdeleriniň biri Enwer Paşa bilen dostlaşypdy, 1918-nji ýylda Daşkentde döredilen Buhara Kompartiýasynyň ilkinji ýolbaşçylarynyň biri, Buhara emirine garşy gozgalaňa serdarlyk eden, soňra Buhara Halk Respublikasynyň goranmak ministri bolupdy. Galyberse-de, «Türkmenistan», «Daýhan» gazetlerine, «Tokmak» žurnalyna ýolbaşçylyk edipdi. Berdimuhamet şeýle adam bilen tanyşlyk açany üçin özüni bagtly saýýardy.

Üç gün dowam eden maslahat Allaguly Garahanowyň tarapdarlarynyň teklibiniň kabul edilmegi bilen tamamlandy.

Täze okuw ýylyna taýýarlanmagyň aladasy bilen meşgul bolup ýören Berdimuhamet Annaýewi 1935-nji ýylyň 18-nji awgustynda Aşgabada gyssagly çagyrdylar. Irden sagat onda Türkmenistanyň magaryf halk komissary Döwlet Mämmedowyň iş otagynda ýygnanyşyldy. Dürli raýonlardan gelen alty sany mugallymyň arasynda dosty Abdyweli Gudratyllaýewi görüp, Berdimuhamet örän begendi.

Sagat on birde Türkmenistan K(b)P Merkezi Komitetiniň sekretary Anna Muhammedowyň huzurynda bolmaly diýdiler. Gelenler bilen ýeke-ýeke elleşip salamlaşan adam örän resmi görünýärdi. Ol:

– Mesele siziň juda belet işleriňiz bilen baglanyşykly. Obalardaky doly däl orta mekdepleriň bäşinji, altynjy, ýedinji klaslaryna okuwçy çekmek işi düýbünden kanagatlanarsyz. Ýaňky tertibe görä, şol klaslarda 1774, 321 we 184 okuwçy bar. Şeýle çydamsyz ýagdaýyň ýüze çykmagynyň esasy sebäbi bolsa mugallym kadrlarynyň ýetmezçiligidir. Mugallymçylyk tehnikumlary öz öňünde goýlan wezipäniň hötdesinden gelip bilenoklar. Siziň her haýsyňyzyň şu babatda öz pikir-garaýşyňyzy aýtmagyňyz gerek – diýip, meseläni kesgitli beýan etdi.

Her kim öz makul gören pikirini aýdyp başlady.

Berdimuhamet hem bu meselä öz garaýşyny beýan etdi:

– Okuwçynyň bilim derejesine, ukybyna, arzuw-islegine okadýan mugallymyndan, direktoryndan belet adam ýok. Tehnikumlarda okajak çagalary mekdepler we raýon magaryf bölümleri teklip etse, gowy bolardy. Şu teklip kabul edilse, oňat bolar. Ýogsam mekdebiň abraýyna zeper ýeter. Onsoňam tehnikumyň birýyllyk kursuny tamamlap, mekdebe mugallym bolup işe barýanlaryň taýýarlygy gaty gowşak. Köpüsiniň ýaşy juda kiçi. Mugallym bolup barýanlar arakesmede okuwçylar bilen aşyk oýnaşyp ýörler...

– Ýöne kararyň taslamasynda «kurslara on üç ýaşdan alynmaly» diýip görkezilipdir... – Annamuhammedow soragly nazar bilen Berdimuhamediň ýüzüne garady.

– On alty ýaşdan bolsa, has makul bolar. Okuwa barjaklaryň bilim-ä ýedi klas. Tehnikumdaky okuw möhletem iki ýyl bolsa, garaşylýan netijäni alyp bolar-

myka diýýärin. Aýal-gyzlaryň arasyndan mugallymlary tapmak juda kyn, asyl mümkinem däl diýen ýaly. Munuň özi gyzlary okuwa çekmekde hem kynçylyk döredýär.

Abdyweli Gudratyllaýew 1925-nji ýylyň tejribesine daýanyp, ýagdaýy düzetmek üçin Azerbaýjandan we Tatarystandan mugallymlar çagyrylsa, göwnejaý boljakdygyny aýtdy. Özi aslynda mugallym bolsa-da, egninde pogonlary aýrylan gimnastýorkaly gezýän bu adam goşun gullugyndaky ukyply ýaşlardan tehnikumda okamak üçin seçilip alynsa boljakdygyny delillendirdi.

Hemmelere minnetdarlyk bildiren Anna Muhammedow kararyň taslamasynyň taýýardygyny, ýöne aýdylan teklipleriň göz öňünde tutuljakdygyny duýdurdy. Beýle möhüm işi şeýle çalt çözüp boljak ekenligi, emma Magaryf Halk Komissarlygynyň ýolbaşçysynyň bu işe hiç hili dahyly ýok ýaly, özüni biparh alyp barşy Berdimuhamedi geň galdyrdy.

Berdimuhamet bilen Abdyweli Gudratyllaýew soňra çaýhana geldiler. Haçandyr birmahallar bu ýerde olary Alyşbeg Alyýew hezzetläpdi. Olar şol geçen günleri ýatladylar, geljek barada göwün ýüwürtdiler. Bileje-de otla münüp, öýlerine gaýtdylar.

«Mugallyma kömek» žurnalynyň oktýabr sanynda çykan Türkmenistan K(b)P MK-nyň 1935-nji ýylyň 28-nji awgustyndaky «Başlangyç mekdepler üçin pedagogik kadrlary taýýarlamak hakyndaky» kararyny okap, Berdimuhamet diýseň begendi. Çünki onuň şol duşuşykda aýdan teklipleriniň hem käbiri şol karara girizilipdi. Kararyň 12-nji bendinde şeýle diýilýärdi: «Mugallymlary taýýarlamak boýunça häzirki hereket edýän birýyllyk kurslaryň maksada laýyk däldigini göz öňünde tutup, 1935-nji ýylyň goýberilişinden soň, olary ikiýyllyk kurslara öwürmek Narkomprosa teklip edil-

di». Kararyň on üçünji maddasynda 1936-njy ýyldan türkmen gyzlaryndan mugallymlary taýýarlamak üçin 2–3 ýyl möhletli ýörite kurslary döretmek bellenilýär. Şunuň bilen baglanyşykly Narkomprosa kurslaryň işlejek ýerlerini, kabul ediljek okuwçylaryň sanyny anyklamak tabşyryldy. Kararda Abdyweli bilen harby geýimli adamyň teklipleri hem nazarda tutulypdyr.

Bu topar soň-soňlaram merkezde kabul ediljek kararlaryň taýýarlanmagyna birnäçe gezek gatnaşdy.

Raýatlyk urşy, täze dünýä bilen köne dünýäniň arasyndaky barlyşyksyz çaknyşyk, ýer-suw reformasy, kolhoz gurluşygy, 1937-nji ýylyň tutha-tutlugy, urşuň başlanmagy ýaly halkyň ykbalynda bolan taryhy wakalaryň hiç biri Berdimuhamet Annaýewiň duşundan sowlup geçmedi. Ýigriminji ýyllaryň ikinji ýarymynda, ýagny ýere we suwa bolan hususy eýeçilik ýatyrylandan soň, ol «Goşçular» birleşiginiň işeňňir agzasy hökmünde ýer-suw reformasyny wagyz-nesihat etmek işine gatnaşdy. Az ýerli we asla ýeri bolmadyk daýhanlara ýeri we suwy paýlamak, ýerde işlemek isleýän adamlara ýerden-suwdan peýdalanmagy çäklendirmegi ýatyrmak ýaly peýdaly çäreleri düşündirmäge işeňňir gatnaşdy. Berdimuhamet ýeri we suwy zähmetkeş daýhana paýlamak, miraplar guramasyny döretmek, gazy-haşar işlerini geçirmek ýaly çäreleriň geljekde daýhan hojalygynyň maddy hal-ýagdaýynyň ýokary göterilmegine getirjekdigine obadaşlaryny ynandyrýardy. Ýurduň, ýaşaýan obasynyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyna we iş-aladasyna göwünjeň gatnaşmagyny ol mekdepdäki gündelik dartgynly zähmeti – okuw prosesini guramak, ösüp gelýän nesle bilim we terbiýe bermek bilen üstünlikli utgaşdyrýardy.

Bu galagoply we joşgunly, ýokary göterilişli hem-de pese gaçyşly wakalardan doly bolan bu döwür ony durky bilen öz gujagyna alypdy, ýöne tutan beýik maksadyndan el çekmäge ony mejbur edip bilmändi. Tersine, şol synaglar ony taplapdy, onuň ynamyny berkidipdi, tutan maksadyna ýetmäge, öz borjuny berjaý etmäge bolan meýline güýç goşýardy, hyjuw berýärdi. Şu geçen ýyllaryň içinde ol öz başyndan geçiren durmuş tejribesinde bir adamyň, onda-da ýönekeý bir adamyň bilim-düşünjesi, anyk maksady we tejribesi ýetik bolanda, nähili belent derejelere ýokary göterilip biljekdigine göz ýetirdi.

Ýaşalan gysga döwre göz aýlap, Berdimuhamet şu döwrüň her gününiň wakalardan doludygyna, şol wakalaryňam her biriniň ynsanyň bütin ömrüne ýeterlik boljakdygyna haýran galýardy.

Bu ýyllaryň dowamynda Berdimuhamediň şahsy durmuşynda-da düýpli özgerişlikler boldy. Daýhan maşgalasynyň gyzy Ogulbäbek onuň ömürlik ýanýoldaşy boldy. Perzentleri: 1928-nji ýylda gyzy Owadan, 1932-nji ýylda ogly Mälikguly, 1935-nji ýylda ogly Amanguly we 1937-nji ýylda gyzy Amansoltan dünýä indi.

1939-njy ýylda Berdimuhamet Annaýew Aşgabadyň döwlet mugallymçylyk institutynyň gaýybana bölümine okuwa girdi.

Ogulbäbek duluna geçen güni, belki-de, ilkinji gezek Berdimuhamet maşgala, öý-ojak diýen düşünjeleriň manysy barada başgaça oýlanyp ugrady we bu mukaddeslikleriň durmuşda aýratyn manysynyň bardygyna akyl ýetirdi. Şeýle mähriban, şeýle mylaýym, şeýle edep-ekramly gelne duşanyna Berdimuhamediň öz gursagynda iki ýürek urýan ýaly, boýy iki esse ösen, kuwwaty iki esse artan ýaly bolupdy. Ogulbäbek hakyky türkmen zenanynyň nusgasydy. Adamsynyň öz işine

nähili maýyldygyna doly göz ýetirensoň, ol maşgalanyň aladasyny doly öz gerdenine aldy. Özem muny bildirmän, hemme zat öz-özünden bolup duran şekilde edip bilýärdi.

Öz öýüň, öz ojagyň, öz maşgalaň mährine ýetmek üçin ýüregiň hemişe atygsap durmagynyň nähili bagtdygyny Berdimuhamet hemişe syzýardy. Islegiňi heniz aýdyp ýetişmänkäň bilýän, her bir hereketiňe düşünýän mähriban aýaly Berdimuhamediň bedeniniň we kalbynyň aýrylmaz bir bölegine öwrülipdi. Bu gün oňa onsuz ýaşan öňki günlerini göz öňüne getirmegem kyn. Ol asla getirjegem bolanok.

Zenanyň gahary, närazylygy, göwün galmasy onuň bişirýän naharyna geçýär, tagama täsir edýär diýýärler. Berdimuhamet henize çenli Ogulbäbegiň bişiren tagamsyz naharyny iýip görenok. Ýogsa maşgalada sowalgaň bol wagtam, güzeranyň agyr günlerem az bolan däldir. Ýöne mähir, hormat, sabyr welin, bu ojakda hiç haçan egsik bolmandy.

Berdimuhamet çagalaryny göreninde, özi täzeden doglana meňzeýär. Ine, Nepesaly baýdan kökleri ýaýrap gaýdan daragtyň pür-pudaklary. Dowamat-dowamyň nyşanlary. Olar nesil daragtyny ösdürip, başyny asmana ýetirmeli, şöhrat-şanyny artdyrmaly, taryhda öçmejek yz galdyran oguz hanlarynyň arzuw edip ýetip bilmedik derejelerine, belentliklerine ýetmeli. Oguzkendiň – Yzgandyň mukaddes topragynyň gudratyna ynanmazlyk mümkin däl...

Mukaddes ojagyň ody hiç haçan öçmeýär.

Çagalarynyň keşbine, hereketlerine, özboluşly häsiýetlerine syn edip, Berdimuhamet özüni aýnada gören ýaly bolýar. Aýratyn hem Mälikgulynyň kitapsöýerligi, okamaga bolan höwesi kakasynyň nazaryndan sypanok. Şonuň üçinem çagalaryň ýaşyna görä, ünsüni çekäýjek

derejede bezelen kitaplar olaryň elinden düşenok. Okamak, ýazmak, surat çekmek bilen baglanyşykly oýun-güýmenjeler arkaly çagalarynyň kem-kemden durmuşyň bir çetinden girmegini gazanýan Berdimuhamediň özem çagalygyna gaýdyp gelýän ýalydy.

Şu ýyllaryň dowamynda Berdimuhamet Annaýew özüniň ömrüniň manysynyň, mazmunynyň hakyky mugallym bolmakdygyna göz ýetirdi. Eger-de oňa dünýäniň ähli baýlygyny berip, bu niýetiňden el çek diýseler, ol bu hazynany bir gapdala süýşürip, mugallymçylyk esbaplaryny garbap alardy hem-de özüni diýseň bagtly adam saýardy. Dogrudanam, her öňýeten gowy mugallym bolup biläýenok, gowy mugallym bolup dogulmak gerek...

«Akyl sandyklaryndaky» ýazgylaryň biri Berdimuhamet mugallymyň ýadynda: «Beýik adamlaryň birinden sorapdyrlar: «Näme üçin sen mugallymyňy öz kakaňdan has gowy görýärsiň?». Ol şeýle jogap gaýtarypdyr: «Kakam maňa gowgadan we gaýgy-aladadan doly gysga ömür berdi, ylym atam hem halypam bolsa maňa şöhratdan doly bakylygy peşgeş etdi...»

Durmuşyň manysyna ýaňy düşünip ugran ýüzlerçe çagalar üçin mugallym ynsan ähliniň nusgasydyr, göreldesidir. Onuň her bir sözi, her bir hereketi mikroskopda görülýän ýaly, ýüzlerçe çaga gözlerinden geçip dur. Mugallymyň çagalara berýän pentleri ýöne gury sözler bolman, eýsem onuň ähli edim-gylymlarynda, onuň şahsy mysalynda öz beýanyny tapmalydyr. Onuň häsiýetiniň iň ajaýyp taraplary çagalar üçin nusga bolmalydyr.

Magtymguly Pyragy şeýle diýýär:

*Owal, Magtymguly, özüň düzetgil,*
*Özüňni sen özgelere göz etgil.*



... başlygynyň familiýasy, ady we atasynyň ady Аннаев Бердымух... хожалык № 187
... колхозын (промколхозчы / прочарчеаны) члени Н. С. Ш. № 6. ... 1942 ... Кировский Р. Сталин

| Тертип № | Фамилиясы, ады, атасының ады (адамы) | ... | ... | Туулган йылы | ... | ... |
| --- | --- | --- | --- | --- | --- | --- |
| 1. | Аннаев Берды... | | эр. | 1904 | т.м. | с/м. |
| 2 | Огулбәбек берд. | аялы | ай. | 1906 | „ | — |
| 3 | Овадан берд. | гызы | ай. | 1928 | „ | с/м. |
| 4 | Маликгулы. Б. | оглы | эр. | 1932 | „ | „ |
| 5 | Амангулы. Б. | „ | эр. | 1935 | „ | „ |
| 6 | Амансолтан Б. | гызы | ай. | 1937 | „ | — |

*1943–1945-nji ýyllarda Kirow raýonynyň Stalin adyndaky oba sowetiniň gullukçylarynyň hojalyklarynyň esasy görkezijilerini hasaba alyş kitabynda mekdep direktory Berdimuhamet Annaýewiň maşgalasynyň düzümi we hojalygy hakynda edilen ýazgy. Resminamadan görnüşi ýaly, B.Annaýew bilen ýanýoldaşy Ogulbäbegiň dört çagasy: iki ogly – Mälikguly (1932-nji ýylda doglan) we Amanguly (1935 ý.), iki gyzy – Owadan (1928 ý.) we Amansoltan (1937 ý.) bolupdyr. Maşgala mekdep binasynda ýaşaýyş jaýyny kärendesine alypdyr, olaryň 0,8 ga meýdany bolan mellegi we sygry bar eken.*

*Fronta gitmezinden öň Berdimuhamet Annaýewiň 6-njy orta mekdepde direktor bolup işländigini tassyklaýan Kirow raýonynyň halk magaryf bölüminiň güwänamasy.*



...OV RAJON ...ARЬF BOLУMI
КИРОВСКИЙ районный отдел [illegible]
11/X ...
№ 673

Справка

Выдана настоящая справка тов. Аннаеву в том что он действительно до ухода в РККА 1943г. работал директором школы №6. с окладом 850р. в.м.ц стаж работы 1926г.

Что и удостоверяется

Зав. районо [signature] / Каракулов /

Секретарь [signature] / Якубова /

Mugallymyň sözlerinde-de, özüni alyp barşynda-da sap ýüreklilik bolmalydyr, galplyga, ýasamalyga orun bolmaly däldir. Çagalaryň gözüniň alnynda birje gezek galp aýdan adam olaryň öňünde hemişe ýalançy adam bolup galar.

Eşege münüp barýan mugallym okuwçysynyň gözüne geň görner.

Çasly gülýän mugallym çagada ýaramaz täsir galdyrar.

Gürrüňdeşiniň eline kakýan, egnine elini ýetirýän, sözüni bölýän mugallym okuwçylaryň arasynda uly hormatdan peýdalanyp bilmez.

Ukusyny alman, gözüniň öňüni pökgerdip, sakgal-murtuny syrman, agzyndan çilimiň ýa-da aragyň ysy gelip duran mugallymy asla göz öňüne getirmegem mümkin däl. Dogrusy, Berdimuhamet öz öňki okuwçylarynyň arasynda şeýdip ýöreni-de görmedi.

Onsoňam ýaşy uly mugallymlar bir ýagdaýy ýatdan çykarmasynlar: ýaş mugallymyň goýberen ownuk kemçiliklerini adamlaryň, onda-da onuň kärdeşleriniň arasynda, onuň ýüzüne aýdyjy bolmaň.

Mümkin, ol şol bir aýdýan sözlerini, berýän öwüt-ündewlerini köp gezek gaýtalaýanam bolsa, ol muny şol sözleriň ýüreklerde ornamagy üçin edýär.

Obadaşlary Berdimuhamedi onuň mugallymçylyk ussatlygy, bilim gorunyň çäksizligi üçin hormatlaýardylar. Ol bolsa öz bilim baýlygyny çagalara berýärdi. Ol ýokary ruhy-ahlak medeniýetiniň göreldesini görkezýärdi, öz okuwçylarynda ahlaklylygy we özüňi mynasyp alyp barmak endiklerini terbiýeleýärdi. Mugallym her kimiň öz häsiýetine görä ýekebara çemeleşmegi başarýardy,

onuň kalbyna täze we täze bilimleri köp almaga çalyşmak meýlini guýmaga ymtylýardy. Çagada şeýle meýli döretmek hut mugallymyň borjy bolup durýar diýip ynanýardy.

Türkmen çagalarynyň şeýle zehinlidiklerine Berdimuhamediň hut özi uzak iş tejribesinde göz ýetirdi. Olarda okamaga, bilim almaga bolan höwes aýratyn güýçli. Ýöne olary ýaramaz okadýan bolsalar, onda muňa jemgyýetiň özi günäkär. Türkmen çagalarynyň bilimlere bolan meýli bu halkyň gadymylygy bilen şertlenendir, onuň kökleri asyrlaryň jümmüşine siňip gidýär. Egerde adamyň, halkyň aslynda bir zatlar bar bolsa, ol hiç wagt ýitip gitmeýär. Şol zatlar irde-giçde ýüze çykýar we durmuşda mynasyp orun alýar. Diňe oňa ýol açmak gerek.

1941-nji ýylyň 22-nji iýuny... Uruş – atalary we çagalary, eneleri we ogullary, doganlary we uýalary biri-birinden aýra salan uruş. Berdimuhamet mugallymyň obadaş oglanlarynyň köpüsi Watan ugrunda söweşip ýörler. Mugallymlaryň birentegi öz ýönekeý geýimlerini harbylaryň gimnastýorkasyna çalşyp, fronta gitdiler. Oňa bolsa: harby ýagdaýa garamazdan, çagalary okatmaly, olara bilim bermeli diýip aýtdylar. Urşa giden mugallymlaryň hataryny doldurmak üçin Berdimuhamet ýediýyllyk bilimi bolan aýal-gyzlary mugallym edip işe aldy. Mekdepde geçilýän sapaklaryň okadyş tärlerini öwretmek üçin olar bilen köp işlemeli boldy. Ol öz ýaş kärdeşleri bilen söhbetdeşlikde bir zady köp gaýtalardy: dünýäde çagadan gymmatly zat ýokdur. Ony özüni hem, ýene müňlerçe adamlary hem bagtly edip biler ýaly terbiýelemeli. Mugallym – özüne ynanylan gymmatly

almazy ähli görki bilen şöhlelendirip biler ýaly täzeden işleýän jadygöýdir. Munuň özi örän zerurlykdyr. Güýç bilen, zor bilen okadyp bolmaz. Ol asla mümkin däldir.

Urşuň başlanmagy bilen Berdimuhamet mugallym öz işini täzeden guramaly boldy. Harby-watançylyk terbiýesini täze derejä götermek gerekdi. Okuw meýilnamasyny harby döwrüň wezipelerine laýyk öwrenmek zerurdy. Berdimuhamet mugallym mekdepden daşary terbiýeçilik işine üns berip başlady. Okuw sagatlary gutaransoň, ol frontdaky ýagdaýlar, türkmen ýigitleriniň görkezýän gahrymançylyklary hakynda gürrüň bererdi. Kakasy fronta giden çagalar şol bir «Haçan uruş gutarar, mugallym?» diýen hemmäni gyzyklandyrýan sowaly berýärdiler. Mugallym bolsa «uruş hökman biziň ýeňşimiz bilen gutarar, çagalaryň öz kakalary we agalary bilen duşuşjak güni geler» diýip, olary ynandyrýardy. Ol türkmen halkynyň edermen ogullary barada gyzykly hem uzak gürrüň bererdi. Ýazyjy-şahyrlaryň çagalaryň kalbynda ynam we yhlas, durmuşa söýgi döredäýjek goşgularyny okap bererdi.

Onuň okuwçylary fronta gidenleriň maşgalalaryna kömek bererdiler, hasyl ýygnamaga, dermanlyk ot--çöpleri taýýarlamaga işeňňir gatnaşardylar. Gyzlar bolsa ejeleri, ene-mamalary, gyz doganjyklary bilen jorap, ellik we beýleki ýyly geýim-eşikleri örüp, fronta ibererdiler.

Berdimuhamet öz öňki okuwçylaryndan häli-şindi hat alardy. Olaryň arasynda fronta gidenlerem, uly durmuşa garyşyp ýa-da institutlarda okap ýörenlerem bardy. Hatda agyr uruş ýyllaram bolsa, olar öz mugallymlaryny şol geçen günleri ýatlamaga mejbur edýärdiler, özleriniň ajaýyp geljege umyt baglaýandyklaryny ýazýardylar.

Ozalky okuwçylar öz ilkinji mugallymlaryny minnetdarlyk duýgusy bilen ýatlaýardylar. Özlerine özbaşdak pikirlenmegi we durmuşda öz ýoluňy saýlap almagy öwredendigi üçin ony alkyşlaýardylar. Mugallymyň «Hemme zat öz elimizdedir» diýen sözleri köpler üçin kalbynda ynam döreden uçgun boldy, geljekki durmuşyň düýp manysyna öwrüldi.

Olaryň birnäçesi mugallymyň halk döredijilik eserleri, şahyrlaryň şygyrlary barada geçen okuw sapaklarynyň türkmen halkynyň ynam-ygtykadynyň beýany bolandygyny ýazýardylar. Mysal üçin, hatlaryň birinde mugallymyň ýaşlyk ýyllary barada beren gürrüňi ýatlanylypdyr: ýaş wagty Magtymguly obadaşy Durdy şahyryň pikiri bilen käteler ylalaşmandyr. Olar poeziýanyň, filosofiýanyň, dini ylmyň esaslary barada gürrüň gidende, köplenç ylalaşmandyrlar.

Olar ilkinji gezek özara şeýle bäsleşik guranlarynda, Magtymguly bir harpyň aýdylyşynda säwlik goýberipdir we utulypdyr. Muny onuň kakasy Azady bilip, ogluna igenipdir:

– Menden idin alman, şeýle jedelli gürrüňe giräýmegin – diýip, berk tabşyrypdyr we ogluna halypalyk edip, tälim berip başlapdyr.

Soňky bolan bäsleşikde Durdy şahyr Magtymgulynyň şygyr arkaly beren sowalyna dogry jogap berip bilmän, utulanyny boýun alypdyr. Durdy şahyryň özem halypa-mugallym hökmünde Magtymgulynyň uly şahyr bolup ýetişmegine köp täsir edipdir. Köp gezeklere çeken goşgy aýdyşyklarynyň netijesinde Magtymgulynyň türkmeniň uly şahyry bolup ýetişjegine ynam bildirip, oňa ak pata beripdir.

Berdimuhamet mugallymyň tälim beren okuwçy gyzlarynyň biri onuň okadan sapaklaryndan köp gowy zatlary alandygyny, köp täzelikleri bilendigini, onuň öwreden akyl-paýhasynyň şu günlerem durmuşda uly peýda berýändigini ýatlaýar. «Öwrenýän, alýan täzeligiňize dört tarapyndan däl, dört ýüz tarapyndan hem dört ýüz gezek bakyň» diýýärdiňiz. Hut şeýle-de edýärin. Siziň şol diýýäniňiz häzir ýokary okuw jaýynda okap ýörkämem uly kömek bolýar. Köp okaýaryn. Meni esasy gyzyklandyrýan mesele – türkmen halkynyň geçmişi, şu güni we geljegi. Menden muny Sizden alan durmuş sapaklarym talap edýär, Berdimuhamet mugallym!» – diýip, ol maşgala ýatlapdyr.

Hatyň awtory haçan-da Berdimuhamet mugallym oňa XVII asyrda ýaşap geçen türkmen zenan şahyry Nigar hanymyň ýedi goşgusyny okamaga berende aýdan bir rowaýatynyň aýratyn gyzyklanma döredendigini ýatlaýar. Ine, şol rowaýat: «Erenler üç kişä ylham şerabyny içirenmişler. Olaryň biri Durdy şahyr, ikinjisi Magtymguly, üçünjisem zenan şahyr bolupdyr. Ilkinji şeraply käse zenan şahyra uzadylýar. Ol içensoň, tap getirip bilmän, beýhuş bolup ýykylýar. Şol ýykylyşyna-da özüne gelmän ýogalýar. Ikinji şerapdan doly käse Durdy şahyra berilýär. Ol-da başyna uran humara çydap bilmän, däli-diwana ýaly, daglara-düzlere tutduryp gidýär. Üçünji käsedäki ylham şerabyny başyna çeken Magtymguly bolsa hakdan içen şahyr bolup galýar»...

Berdimuhamediň terbiýesini alan gyz öz mugallymynyň diňe bir sowala dogry we doly jogap tapmak üçin köp wagt sarp etmeli, köp sanly kitaplaryň sahypalaryny agtaryp çykmaly bolar diýen pendini ýat-

laýar. Şonuň üçin özüniň hem, köplenç, kitaphanada bolýandygyny, köp okap, bilimini artdyrýandygyny habar berýär.

Öňki okuwçysynyň bu sözleri Berdimuhamedi şeýle pikire gelmäge iterdi: eger-de okuwçylar mugallymyň bilim-düşünjesini baýlaşdyryp bilseler, mugallymlar öz okuwçylaryndan öwrenmäge çekinip-utanyp durmaly däl-de, öwrenibermeli. Okuwçylar köp ýyllap okap, bilim alyp, soňam başga ýerlerde, başga ugurlar boýunça meşgul bolýarlar. Mugallym bolsa şol öňki okuwçylygyna galýar. Öz dogry ýoluny we durmuşdaky öz ornuny tapan okuwçylar – munuň özi mugallymyň gazanan «bäşlik» bahalarydyr. Başga ýol bilen gidenler, öz halkyna peýda getirmeýänler, özlerem, özünem horlaýanlar bolsa, mugallymyň ekzamenlerden alan «ikilikleridir». Mugallym «ikilik» almazlyga çalyşmalydyr. Sebäbi şol «ikiligiň» her biriniň aňyrsynda bir adamyň ykbaly ýatyr.

Berdimuhamet öz bilimini özbaşdak okap, kurslarda okap, ýokary mekdepde okap baýlaşdyrdy. Ýöne ol öz okuwçylaryndan has köp zat öwrendi. Islendik bir akylly-başly adam, onda-da mugallym: «Meniň mugallymym meniň öz halkymdyr» diýip aýtmagy başarmalydyr. Iň bir gyzykly, şowly geçen sapakda-da mugallym öz bilýänleriniň üçden birini, hatda şondanam azyny öwredip bilýän däldir. Çünki durmuş bakydyr. Onuň esasynda durýan zatlaryň birem bilimdir. Mugallym – aýratyn adam. Ol bilim baýlygyny adamlara bagyşlamalydyr. Onsoňam bilim şeýle baýlykdyr, ony ile näçe köp berseň, ol şonça-da artar gider oturar.

Özüniň çagalara bilim bermekde mugallymyň eýeleýän orny, çagalary, aýratyn-da gyzlary okuwa doly

çekmek, okuw baradaky pikirlerini Berdimuhamet, köplenç, Aşgabat oblast halk magaryf bölüminiň müdiri bolup işlän Hanow bilen paýlaşardy. Haçan-da 1940-njy ýylyň iýunynda Türkmenistanyň mugallymlarynyň Birinji gurultaýy bolanda, oba mugallymynyň halk magaryfyny mundan beýläk-de ösdürmek baradaky arzuw-hyýallarynyň Hanowyň we beýleki mugallymlaryň gurultaýda eden çykyşlarynda öz beýanyny tapandygyna diýseň begendi.

## Front ýollary

Okuwçylar mugallymdan gözlerini aýryp bilmän, oňa howsala bilen garaýardylar. Uly ýaşly oglanlar direktoryň öz okuwçylaryny taşlap, fronta, Watan goragyna gidýändigini eýýäm aýdypdylar. Söweş meýdanlarynda olaryň kakalary, uly doganlary haçandan bäri söweşip ýördüler. Indi mugallymam harby geýime girjek, eline ýarag alyp, duşman bilen söweşjek. Ol indi çagalary okadyp biljek däl. Söweşip ýören kakalary Berdimuhamet mugallymdan ogullarynyň nähili okaýandygyny, olaryň ejelerine, jigilerine nähili kömek edýändiklerini sorar. Mugallym şonda näme diýerkä? Haçan ol dolanyp gelerkä? Mugallym gidensoň, olary kim okadarka? Şeýle sowallar çagalaryň kalbynda harasat gopdurýardy, alasarmyk edýärdi. Şonuň bilen birlikde söýgüli mugallymlarynyň fronta gidip, duşman bilen söweşjekdigi olary buýsandyrýardy.

Berdimuhamet terbiýeleýän ýaş juwanlarynyň öz ýakyn adamynyň häzirki we soňky ykbaly üçin tolgunýandyklaryna düşünýärdi hem-de faşistik basybalyjylaryny diňe halkyň jebisligi, gahrymançylygy, birgiden pidaçylygy netijesinde ýeňip boljakdygyny düşündirýärdi. Otagyň içinde ümsümlik höküm sürýärdi, diňe mugallymyň ynamly sesi çykýardy: «Maňa-da ruçkam bilen görkezme taýajygymy taşlap, elime ýarag almaly pursat geldi. Watanymyz howp astynda! Men Watan üçin janymdan geçmäge, ýigrenji duşmany ýepbeklemäge taýýar. Ýöne Ýeňişli gün geler, biziň halkymyz

ýene-de parahat durmuşa dolanar. Häzir bolsa uly adamlaryň ýerine bärde siz galýarsyňyz. Siziň yzymyzy berk saklajakdygyňyza eline ýarag alyp, Watany goraýan atalaryň-babalaryň ornunda mynasyp durjakdygyňyza berk ynanýaryn. Men hökman ýeňiş bilen siziň araňyza dolanyp gelerin».

Mugallymyň bu sözleri olaryň ýadynda hemişelik galar, olar özleriniň ähli hereketlerini şol sözlere deňäp ederler.

Iň soňky sagadyny okadyp, okuwçylar bilen hoşlaşanyndan soň, mekdepde galýan mugallymlar bilen duşuşyk boldy. Berdimuhamet mugallym ruhuny belent tutup, çagalary terbiýelemekde mugallymyň nähili belent wezipesiniň bardygy barada olara soňky öwüt-ündewlerini aýtdy. Gowy mugallym özüni çaganyň ýerinde, çagany bolsa öz ýerinde goýup göz öňüne getirmäge çalşar. Eger mekdep otagynda altmyş sany göz oňa gönügen bolsa, onda otuz sany goşa gözüň her biri özbaşyna planetadyr, ählisi birigip bolsa, aňyrsy görünmez älemi, uç-gyraksyz ummany emele getirýär.

Gaýygyň şol ummanyň tolkunlarynyň arasyndan asuda ýüzüp geçmegi mugallymyň kürek urşuna baglydyr.

1943-nji ýylyň aprelinde Berdimuhamet mugallym fronta ugrady. Ol ýerde bolsa söweşýän esgerleriň edermenligi we gaýduwsyzlygy esasynda Watanyň geljekki ykbaly çözülýärdi.

Özüniň söweşe gitmeginiň fronta ýollamaklaryny haýyş edip harby komissarlyga ýazan öz üçünji arzasynyň netijesimi ýa-da frontlarda esgerleriň ýetmezçilik edýänligi zerarly emele gelen kynçylyklar bilen baglanyşyklymy, ony Berdimuhamet bilenok. Ýöne hut şu ýyllarda döwletiň bilim meselesine uly ähmiýet berendigini ol aýratyn ýiti duýdy. Sebäbi şol kynçylykly

günlerde-de okuwyň ýekeje gün-de togtadylmazlygy üçin ähli zerur şertler döredilipdi. Mugallymlar bilim frontunyň esgerleri bolupdylar. Olaryň edýän işem eli ýaragly söweşýän esgerleriňkiden kem däldi. Eger-de esgerler söweş meýdanlarynda biziň şu günümizi goraýan bolsalar, onda mugallymlar onuň geljegini goraýardylar. Emma ýeňiş ýene täze-täze esgerleriň söweşe girmegini talap edýärdi. Berdimuhamet özüniň häzir, hut şu wagt halkyň ykbalynyň çözülýän ýerinde, söweş meýdanynda bolmalydygyny hakyky bilýärdi.

Tejenden ýol külterläp ugran otly söweşe çagyrylanlary basym Mary şäherine getirip düşürdi. Bu ýerde söweşe girilmezden öň taýýarlyk geçilýän üç aýlyk pulemýotçylar mekdebi bardy. Berdimuhamet maýor Dewýaşiniň aýratyn atyjylyk rotasyna düşdi. Elli ýaşlaryndaky keltejik, dykyzja, çalasyn hereketli, dogumly Sergeý Nikiforowiç Dewýaşin hakyky sportsmendi, birgiden hormatly atlaryň eýesidi, Gyzyl Goşunyň mergenler ýygyndy toparynyň agzasydy. Ol rus dilini gowy bilýän, intelligent Berdimuhamede bada üns berdi.

– Mergen boljak bolsaň, ýarag seniň bedeniň bir synasy ýaly bolup galmaly, ony barmagyňy, eliňi, aýagyňy duýşuň ýaly duýup, gowy görüp durmaly. «Jaý ýerinde tüpeňim göçmedi» diýen ýaly gürrüňleri eşidensiň. Ýöne gep tüpeňde däl, gep tüpeňiň gulagyny-mäşesini gysýan barmaklaryňda – diýip, ol öwretdi. Asla onuň aýdýan zatlarynyň filosofiki manysy bardy. Onuň aýdýan käbir zatlary Berdimuhamede Öwezgylyç aganyň ogly Mergeniň aýdan sözlerini ýatlatdy:

– Seniň nyşana alyp atmaga hyýallanan adamyň – seniň duşmanyň. Näme üçin duşmanyň? Sebäbi ol öňürdip, seni atmagy mümkin. Seniň borjuň özüň ölmeli däl-de, ony öldürmeli. Adamy öldürmelimi? Ýok. Bu pursat seniň garşyňda adam däl-de, eýsem ajal dur. Eger-de sen öňürti hereket etmeseň, ol senden öňürder...

Maýor Dewýaşin Berdimuhamede tanka garşy atýan ýaragy, söweşiň mergençilik syrlaryny yhlas bilen öwretdi.

– Berekella, berekella! Eger söweşip, Berline ýetip bilseň, döşüňe Gahrymanyň Altyn ýyldyzyny dakynyp gaýdyp gelersiň – diýip, maýor telim ýola gaýtalapdy.

Üç aýlyk diýlip yglan edilen türgenleşik okuwlary bir aýa-da ýetmän tamamlandy. Megerem, frontlardaky ýagdaý ýetjek derejesine ýeten bolarly. Ýefreýtor Berdimuhamet Annaýew Stepnoý frontuň 206-njy atyjylyk diwiziýasynyň 748-nji atyjylyk polkunyň hatarlarynda söweşe girdi. Bu front 1943-nji ýylyň 20-nji oktýabryndan Ikinji Ukrain fronty diýlip atlandyryldy. Berdimuhamet polkdaşlarynyň beren gürrüňlerinden bu polkuň 1942-nji ýylyň ýanwarynda Russiýanyň Çkalow (häzirki Orenburg) oblastynyň Buguruslanowsk raýonynyň Kirýuşkino obasynda düzülipdir. Başda bu polkuň düzüminde rus dilini bilmeýän dürli milletleriň wekilleri köp eken. Duşman bilen boljak geljekki aldym-berdimli döweşe ähli kynçylyga döz gelip, dört aýlap güýçli taýýarlyk görlüpdir. Ýogsa Ural sebitiniň käte 50 derejä ýetýän aýazly günleri seýrek bolmandyr. Muňa garamazdan, esgerler söweş ýagdaýyna ýakynlaşdyrylan taýýarlyk meýilnamasyny üstünlikli özleşdiripdirler. Polky düzmekde we şahsy düzümi okatmakda dökülen der biderek bolmandyr. Munuň özi soňra söweşlerde öz beýanyny tapypdyr. 1942-nji ýylyň aprel aýynyň aýagynda polky eşelonlara ýükläp, Woronež frontuna ugratdylar. Şondan beýläk bu polk agyr söweşleriň birnäçesine gatnaşyp, güýjüni gaýgyrman, faşistleri ýepbekledi.

Her söweş saýyn esgerleriň we serkerdeleriň edermenligi artyp, polkuň söweşjeň şöhraty uzaga ýaýrady. Gahrymanlar köp boldy, edermenlerden edermeni saýlamak, kesgitlemek aňsat düşmedi.

Kursk tirsegi sebitinde polkuň şahsy düzümi duşmana berk gaýtawul bermäge we eýeleýän ýerini elde saklamaga güýçli taýýarlyk gördi. «Batyrlyk derwezesi bagly galany alar» diýen gürrüň bar. Ýöne munuň özi batyrlyk, edermenlik we töwekgellige häzir bolmak ýaly häsiýetler gowy bilim-düşünje we olary peýdalanmagy her hili ýagdaýda doly başarnykly peýdalanmak utgaşdyrylan halatynda şeýle bolýar. Muny polkuň Kursk tirseginde gatnaşan söweşleri doly suratda ynandyryjylykly tassyklady. Ol ýerde bolsa ýerler lerzana gelip, söweş maşynlarynyň sesinden we däriniň ysyndan howa gapyşypdy. Bu ýerde polk onçakly köp bolmadyk güýji bilen duşmanyň gazaply hüjümlerini telim ýola yzyna serpikdirdi, onuň janly güýjüne we tehnikasyna uly zyýan ýetirdi. Şeýdip onuň hatda garşylyklaýyn hüjüm eden wagtlaram boldy.

Ukrainanyň Sumy şäheriniň eteginde duşman adam güýji agdyk ýagdaýda, özem, gatma-gat goranyş zolakly, kürüm-kürüm garymly we habar beriş ulgamly, taýýarlykly garaşyp ýatyrdy. Bu ýerde polk duşman tanklarynyň we pyýada birleşmeleriniň güýçli garşylygyna duçar boldy. Faşistler howadan we agyr toplardan çugdum bombalap başladylar. Bu şertlerde polka ok-däri we azyk daşamak, ýaralylary alyp çykmak uly kynçylyklary döretdi. Onuň aýry-aýry bölümleri gabawa düşüp, söweş bilen zordan gabawdan çykdylar. Hernä çydamlylyk, taktiki ugur tapyjylyk, esgerleriň we serkerdeleriň erkini elden bermezlik häsiýetleri kyn ýagdaýdan alyp çykdy. Käte söweşler başa-baş naýzalaşmaga çenli baryp ýetdi. Haçan-da öz tanklarymyz polkuň böwsüş hereketine gelip goşulanda, olar bileleşip, basybalyjylaryň söbügine basyp ugradylar. Ähli ýerde duşmanyň tehnikasy, ýok edilen duşman esgerleriniň we serkerdeleriniň läşleri leýis bolup ýatyrdy.

Polkuň şunuň ýaly gandöküşikli söweşleri başga--da az bolmady. Onuň esgerleriniň köp sanlysy söweş meýdanlarynda mertlerçe wepat boldy, agyr ýaradan ölenlerem bardy. Gazaply hüjümli söweşleriň netijesinde polkuň çeken ýitgisi 80 göterime ýetdi. Emma adam güýji we tehnika bilen üsti doldurylan polk gitlerçi basybalyjylara garşy ýa almaly, ýa ölmeli diýen maksat bilen söweşi dowam etdirdi.

Polk bilen tanşyp, ýefreýtor Berdimuhamet Annaýew onuň şahsy düzüminiň oňat geýindirilendigine, ýokary derejeli tehnika bilen enjamlaşdyrylandygyna göz ýetirdi. Batalýonlaryň ok-ýarag we azyk bilen üpjünçiliginde bökdençlik ýokdy. Her gün irden garymlaryň içi gowy syrylyp-süpürilýärdi, içine gury gum ýazylýardy. Her bir rotanyň öz ýerzemini bardy. Onda söweşjeň esgerler täze gazet-žurnallary okaýardylar. Olaryň öýlerine hat ýazmagy üçin kagyz, galam, bukja ýeterlikdi.

Ýefreýtor Berdimuhamet Annaýewe ýeňil we orta agramly tanklary ýok edip bolýan söweş ýaragyny gowşurdylar. Ol Mary şäherindäki pulemýotçylary taýýarlaýan mekdepde agramy 16 kilogramlyk, özüň oklamaly, W.A.Degtaryowyň döreden ýaragynda gysga türgenleşik geçipdi. Häzirki gowşurylan S.G.Smirnowyň oýlap tapan ýaragy bolup, onuň agramy 21 kilogramdy. Oky-da awtomatik usulda özi sürülýärdi. Munuň özi söweşde wagt utmak üçin örän möhüm. Ýaragyň nyşana menzili 500 metr, ol şu aralykdaky nyşanany urup, ýok edýär. Ýefreýtora kömekçi-de berdiler. Ol gazak ýigidi Jaksylyk Bekdöwletowdy. Öň çopan bolup işlän 22 ýaşly ýigit eýýäm däriniň ysyny dadyp görüpdir. Ýaradar bolup iki aý gospitalda hem ýatypdyr. Şu zerarly öz bölüminden galyp, bu polkuň hatarlaryna goşulmaly bolupdyr. Sähra ýaly giň, ýürekdeş ýigit bilen Berdimuhamet aga-ini, ataly-ogul ýaly bolup ysnyşdylar.

*748-nji atyjylyk polkunyň söweş ýolunyň sahypalary, ýefreýtor Berdimuhamet Annaýew 1943-nji ýylda şol polkuň düzüminde söweşipdi. Çeşme: Russiýa Federasiýasynyň Goranmak ministrliginiň Merkezi arhiwi, 748 sp g., 159754 ss ýaz., 1 iş, 1-202 tk.*



2

В дом вошло шесть человек. Один из вошедших, войдя в дом, представился председателю:
– „Майор Бардин."
Крепко на крест перетянутые ремни походного снаряжения врезались в его меховой полушубок. На левой стороне висела до отказа наполненная бумагами полевая сумка.
Предъявив соответствующие документы и цель своего приезда, майор попросил устроить его группу и лошадей с ночлегом. Потом из той же полевой сумки достал, засургученный пятью печатями, разве вскрытый конверт, содержимым которого была гербовая бумага, четким шрифтом на которой было написано:
– „Приказываю приступить к формированию 748 стрелкового полка 206 стрелковой дивизии
1 января 1942 г. подпись."
Начались полные кипучей работы, будничные дни. Ежедневно в село днем и ночью прибывали все новые и новые люди. Шли и одиночки командиры Красной Армии запаса, шли командиры из резервных частей, из училищ, только что облачившие себя в командирскую форму, радуясь только что прикрепленным к петлицам кубикам, квадратикам и золотистым галунам на рукавах. Шли группами мужчины, с большими переданными от семьи за тысячи верст вещевыми мешками. Среди же больше всего было мужчин в национальных одеждах, жителей близлежащих сел и районов. Вся эта масса людей, а пестрым разнообразием одеждой, которая отличалась только которому из них



202

...ко-фашистские захват-... 206 стрелковой, Корсуньской, Краснознаменной, ордена Суворова, Кутузова, Богдана Хмельницкого дивизии, совершил великий, исторический переход из Австрии на Родину и 27 августа 1945 года прибыл на место дислокации город Хмельник, Винницкой области.
В период с 15 сентября 1945 года по 20 мая 1946 года личный состав полка занимался боевой и политической подготовкой по программе зимнего периода обучения.

20 мая 1946 года на основании Постановления Совета Министров Союза ССР от 3.05.46г за N 976-408 сс, директивы начальника Генерального штаба Вооруженных Сил Союза ССР от 3.05.46г за N орг 1/IV. Приказа войскам Прик.В.О. N 0023 от 10.05.46г и Приказа войскам 27 Армии N 00117 от 12.05.46г
748 стрелковый, Корсуньский, Краснознаменный, ордена Кутузова, Богдана Хмельницкого полк подлежит расформированию.

Командир 748 стрелкового, Корсуньского, Краснознаменного, орденов Кутузова и Богдана Хмельницкого полка
гвардии подполковник: (Демидов)
Начальник штаба 748 стрелкового полка
гвардии майор: (Павлович)

*9.11.1943-nji ýyldan 8.04.1944-nji ýyla çenli aralykda çawup gelen okdan kellesinden ýaralananlygy sebäpli, gyzyl esger Berdimuhamet Annaýewiň bejeriş tapgyryny geçendigi baradaky 1643-nji ewakogospitalyň güwänamasy.*



СПРАВКА

Дана ..............................................................

(военное звание, наименование войсковой части)

в том, что означенный тов. ......................... (фамилия,

инициалы) ......................... находился на излечении

в .................................................... (наименование лечучреждения)

с „.....“ .................... 194... г. по „.....“ .................... 194... г.

по поводу .......................... (писать по-русски, подробный диагноз ранения,

болезни, травмы)

Ранение (заболевание, травма связано, не связано, подчеркнуть, с пребыванием на фронте, привести мотивировку)

Врачебной комиссией признан по ст. ...... гр. ...... расписания болезни приказа НКО СССР за № ...... от 194... г.

Место для печати

*Начальник госпиталя*

*Военком госпиталя*

Тип. НКО 273 – 42

Ýefreýtor Berdimuhamet Annaýew frontuň öň hatarynda söweşýän esgerleriň arasyna goşuldy. Sähel salymyň içinde goranyş näme, hüjüm näme, doly ýaly ýagýan okdan nädip halas bolmaly diýen ýaly söweş sapagyny aldy. Şeýle synagda ruhy hem-de beden saglygynyň adama nähili zerurdygyna düşündi. Entek uruş başlanmazyndan öň mekdepde çagalara beren raýat goranyşy, çalasynlyk, çydamlylyk, mergenlik derslerinde alan endikleriniň häzir özüne nähili peýda edýändigine göz ýetirdi. Bir günde üç gezek hüjüme galkyp, duşmanyň diş-dyrnak bolup goraýan garymlaryny elinden alýan gezekleri kändi. Ýefreýtor goşuna täze alnan esger däl-de, eýsem ot-ýalnyň içinden geçen goç ýigit ýaly söweşdi. Onuň batyrlygy we edermenligi söweş ýoldaşlaryna we bölümleriň serkerdelerine derrew aýan boldy. Berdimuhamediň asyl käriniň mugallymçylykdygyny bilenlerinde bolsa, oňa aýratyn hormat etdiler.

Berdimuhamet kakasynyň ýazgylaryndaky: «Batyr bir gezek ölýär, gorkak – müň gezek» diýen sözleri hiç unudanok. Şol ýazgylardaky ýalan dost barada aýdylan sözlerem ýadynda: «Ýalan dost kölegäň ýalydyr. Gün çykyp durka gaçybam gutulyp bilmersiň, asmany gara bulut gaplan badyna welin, ony gözläbem tapyp bilmersiň». Bu ýerde, uruşda dostlugyň manysy başgaça. Bu ýerde dostlugy ömür birleşdirýär, ölüm – aýra salýar.

Jaksylygy dünýäde özünden beter kakasynyň ykbaly gyzyklandyrýardy. Onuň her demde kakasyny ýatlap durmagy Berdimuhamedi geň galdyrdy. Belki, perzent kalby bir bolmasy iş bolandygyny syzýandyr. Jaksylygyň kakasy Bekdöwlet aga urşuň ilkinji günleri fronta gidipdir. Moskwanyň etegindäki gazaply söweşlere gatnaşypdyr.

Soň ondan hat-habar gelmesi kesilýär. Her hili sorag-ideg edilse-de, netije bermeýär.

– Ol ýogalan bolaýmasa – diýip, Jaksylyk gamly gürleýär. – Ýogsam ol hat ýazardy, habar tutardy. Heý,

kakammy maşgalasyndan habar tutman gezip biljek?! Bu bolup biljek zat däl-ä...

Käteler onuň özem howsala düşüp, göwnüçökgünlige ýüz urardy. Şeýle pursatlarda ol:

– Menem giderin, kakam giden bolsa, bu uruş menem ýalmap ýuwdar. Ezraýylyň aýak seslerini duýýaryn, ýöne kakamyň aryny alman gidäýsem, juda ahmyrly bolaryn. Gözümi açyp giderin...

Berdimuhamet başardygyndan oňa göwünlik bermäge çalşardy. Hatda bir gezek oňa Anna aganyň hazynasyndan duş gelip okan bir rowaýatynam gürrüň berdi.

«... Çöl-beýewanda bir ýolagçy aç-suwsuzlykdan ýaňa ysgyny gaçyp gidip barýar eken. Ol: «Wah, şu mahal öňümden kenarynda goýry kölegeli agaç ösüp oturan bir çeşmejik çyksa, durnagöz sowuk suwundan eňegimi basyp gansamdym» diýip arzuw edipdir. Hudaýyň gudraty bilen, şobada onuň bu arzuwy hasyl bolupdyr. Ol çeşmeden gana suw içip: «Wah, şu wagt üsti naz-nygmatdan doly saçak öňümde peýda bolaýsa» diýip, ýene göwün ýüwürdipdir. Ine, üsti ir-iýmişden, dürli tagamlardan doly desterhanam häzir bolýar. Garnyny mazaly doýran ýolagçy: «Wah, indem ýumşak düşek bilen per ýassyk bolsa, ýatyp, ukymy alsam» diýip arzuwlan. Onuň bu diýenem häzir bolýar. Ana, şonda ýolagçy böwrüni diňleýär: «Bä-ä, bu nähili bolýar? Meň islän zadym aýdyp-aýtmankam taýýar bolup dur. Bu ýerde bir bela-beter bar bolaýmasa? Belki-de, bu arwah-jynlaryň işidir. Men häzir başymy ýassyga goýaryn welin, olar meniň janymy alarlar». Hut şeýle-de bolupdyr...

– Diňe gowy zatlaryň umydynda bolmaly. Ony-da öz zähmetiň bilen gazanmagy başarmaly, göreşip gazanmaly. Işiň ähbetiniň haýyrly bolmagyna bil baglamaly. Şonda hökman şeýle-de bolar.

– Uruşda başga kada-kanunlar hereket edýär. Bu ýerde mugallymlar däl-de, wagşy adamlar gerek. Muňa

ilkinji söweşde göz ýetirensiň – diýip, ýigit çekinibrägem bolsa, ýüregindäkisini aýtdy.

– Bilmedim-dä. Meselem, ynha men. Meniň ölmäge hakym ýok. Çagalarymy, okuwçylarymy nädip goýup bilerin? Asla, mümkin däl. Ogulbäbek garaşyp otyr-a! Meniň bedenim, ine, şu garymyň içinde ýatanam bolsa, meniň ruhum, durkum-dünýäm obamda, maşgalamyň, okuwçylarymyň arasynda. Olar maňa garaşýarlar. Olar rugsat bermeseler, ajal meniň ýanyma gelip bilmez – diýip, Berdimuhamet öz kalbyndaky ynanjy daşyna çykardy...

1943-nji ýylyň awgustynda Ýokary Serkerdebaşy Dnepriň kenaryna çykmaga buýruk berdi. Şu maksatlar üçin Woronež hem-de Stepnoý frontlaryna goşmaça tanklar, toplar we adam güýji bölünip berildi.

6-njy sentýabrda Stawkadan hüjümi dowam etdirip, Dneprden geçmeli, derýanyň beýleki kenaryna çykyp, amatly ýer eýelemeli diýip görkezme geldi. Woronež frontuna Rowno–Primuki–Kiýew ugurda, Stepnoý fronta bolsa Poltawa–Kremençug tarapdan hüjüm etmek tabşyryldy.

Dnepr ugrundaky hüjüme düýpli taýýarlanmaga mümkinçilik ýokdy. Arakesmesiz dowam eden söweşlerden soň, iki frontuň goşunlarynda-da ýadawlyk duýulýardy. Üpjünçilik meselesinde hem häli-şindi kynçylyklar ýüze çykýardy. Ýöne marşaldan başlap, tä ýönekeý esgere çenli her bir adam faşistleri mähriban toprakdan kowup çykarmak, köp ejir çeken ukrain halkyny şuş-şu wagt azat etmek we ýeňşe tarap ýene bir ädim ýakynlaşmak arzuwy, hyjuwy bilen gurşalyp alnypdy.

Berdimuhamet däriniň ysyny alan ilkinji günlerinden başlap, bir hakykata göz ýetirdi. Hüjüm etmek baradaky buýruk ýokardan – Stawkadan berilýänem bolsa, ahyr soňunda duşman bilen ýüzbe-ýüz bolup, tüpeňiň

mäşesini gysýan esgerdi. Diýmek, ýeňşiň ykbaly, onuň açary esgeriň elinde.

Berdimuhamet ilkinji söweşlerden soň, şol arzyly ýeňşe ýetiljekdigine berk ynandy. Tejenden başlanan ýol bilen ol ýüzlerçe şäheri, müňlerçe obalary geçdi, ýeke-täk maksadyň hatyrasyna millionlarça adamlardan durýan hereket edýän goşuny gördi, indi eýýäm kartada däl-de, hut öz gözi bilen Watanyň uç-gyraksyz giňişliklerini gördi. Özüniň şu ägirtligiň bir bölejigidigini duýdy. Munuň özi hakykatdanam şeýledi. Eger-de şu mukaddes uruşda, Watanyň azatlygy ugrundaky ägirt uly hereketde oňa – Berdimuhamet Annaýewe zerurlyk bolmadyk bolsa, onda ony goşunyň hatarlaryna çagyrmazdylar we eline ýarag tutdurmazdylar. Diýmek, ol Watany goramagy başarýan ägirt uly güýjüň bir bölejigi bolmak bilen, şol güýji döredýän adam, esger bolup durýar.

Urşuň yzda galan şu üç ýylynda toplanan tejribeler esasynda söweşiň dogry çözgütlerini tizara taýýarlamak, hakyky ýagdaýy seljermek we hüjümleriň ýeňişli tamamlanmagy üçin dogry ýol saýlap almak indi öňküler ýaly kyn däldi. Esgerleriň ruhy ahwalaty güýçlenipdi, berkäpdi, goşunyň ýeňşe bolan ynamy kän esse artypdy. Indi adam ýitgisiniň azalmagam hut şu ýagdaý bilen baglydy.

Şeýle-de bolsa, hüjüm garaşylýanyndan pes depgin bilen gidýärdi. Duşman bar güýjüni edip garşylyk görkezýärdi, aýratyn hem bu Poltawanyň eteginde şeýle boldy. Ýöne sentýabryň birinji ýarymynda faşistler uly ýitgi çekip, Donbasdan we Poltawadan yza çekilmäge mejbur boldular.

Biziň goşunlarymyzyň Kurskiniň we Orýolyň etegindäki ýeňşinden soň, duşman goranyşa geçdi. Gitlerçi komandowaniýe kuwwatly goranyş berkitmelerini döredip başlady. Aýratynam derýa boýlarynda muňa üns berdiler. Dnepr derýasynyň kuwwatly suw geçidiniň uly strategik ähmiýetiniň boljakdygyny nazarda tutup,

duşman ony öňünden berkitdi. Biziň goşunlarymyzyň okgunly hüjümi netijesinde duşman Dnepre tarap yza çekilip ugrady. Şu pursatdan peýdalanyp, onuň söbügine basyp, Dneprden geçmek we azat edilen ýerleri goramak wezipesi öňde goýuldy.

Duşmanyň sussuny basmak, onuň görkezýän garşylygyny gowşatmak üçin frontlaryň ähli howa güýji herekete getirildi. Agyr ýükli samolýotlar öz bombalaryny duşmanlaryň depesinden inderip gaýdanlaryndan soň, olaryň mekan tutunan ýerlerini basyp almagyň has ýeňleýändigine Berdimuhamet basym göz ýetirdi.

Dnepre tarap ýolda Berdimuhamediň öz ildeşi bilen şatlykly duşuşygy bolup geçdi. Dem alşyklaryň birinde: «Dogan, sen nireden bolarsyň?» diýen tanyş ses eşidildi. Berdimuhamet yzyna garanda topçy oglany gördi, özem Türkmenistandan gelen ýaly. Olar biri-biriniň elini gysyp, soňam, front ýagdaýynda adat bolşy ýaly, garsa gujaklaşdylar. Tanşyp, gürleşip oturdylar. Sorap otursa, Allaberdi Öwezow uruşdan öň Halaç raýonynda kolhozda işleýän eken. Uzaga atýan okuň nyşana alyjysy hökmünde ol eýýäm ýurduň ençeme şäherlerini faşistik basybalyjylardan azat edipdir. Bu duşuşyk Berdimuhamedi diýseň begendirdi we ganatlandyrdy. Mähriban ülkesinden uly bir şatlykly habar gelip gowşan ýaly boldy.

Ol Ogulbäbegi, ogullaryny ýatlady. Ýürege ýakyn «dogan» sözüni eşidip, öz agasy Aba ýadyna düşdi. Ala-böle Abanyň öz bakyp-bejerýän atlaryna bolan söýünçli garaýşy göz öňüne geldi. Aba: «Bedewe «haýwan», «mal» diýseň halamaz, düşünýändir. Sebäbi olaryň arasynda hem edil adamlaryňky ýaly gatnaşyk bardyr, biri-birine sözsüz düşünerler. Olar garaýyş, hereket bilen düşünişýärler. Bu ýerde hem esasan söýgi we mähir gerekdir» diýerdi.

Aba atşynaslyk bilen çagalyk ýyllaryndan meşgullanyp başlady diýseňem boljak. Aba Annaýewiň

ady 1916-njy ýyldan bäri Zakaspi oblastynyň Aşgabat uýezdiniň atçylyk bilen meşgullanýan hojalyklarynyň düzüminde görkezilip gelinýär. Şol resminamalarda onuň gara reňkli, üçýaşar, maňlaýy sakar meşhur bedewiniň bolanlygyny okamak bolýar.

Towsaklap duran bedew atlary görende inisiniň gözleriniň ýanyp başlaýandygyny, olara nähili söýgi bilen garaýandygyny bilip, onuň basym-basymdan athana gelip durmagyny isleýärdi. Ol inisine iň gowy çapuw atlarynyň biri bolan Tuwlugy-da sowgat edipdi. Oňa özi seredip berýärdi, seýisleýärdi. Aram-aram onuň aty aýlawda ozup, baýrak alaýdygy, obadaşlary Berdimuhamedi gutlaýardylar. Ol bolsa minnetdarlyk bilen agasyny ýatlardy...

Häzir bolsa – frontda ol özüne iň ýakyn bolan, ýöne şu pursat özünden gaty uzakda bolan dogan-garyndaşlaryny ýatlady. «Gadryň bilen ülpetiňden aýrylma» diýip, Magtymguly nähili rast aýdypdyr!...

Uzaga çeken ýörişden soň, Berdimuhamet bilen Jaksylyk türkmeniň hyrly tüpeňine meňzäp duran aýakly ýaraglaryny esli mahaldan bäri ýetmäge arzuw edilen Dnepriň kenaryna dikdiler. Arzyly derýanyň suwuna ellerini ýuwanlarynda ýüzlerine ýeňşiň mylaýym şemaly çalana döndi.

Agyr hem gazaply söweşlerden soň, arzyly Dnepre çykanlaryndan beýläk esgerleri saklamak mümkin däldi. Olar güýçli hyjuw, gaýduwsyzlyk bilen derýany kesip geçip başladyar. Toplaryň gümmürdisini eşidip, Berdimuhamet uzaga atýan topuň çeneýjisi Allaberdi Öwezow barada oýlandy. Ol öz polkdaşlary bilen harby bölümleriň Dneprden ýüzüp geçmeklerine şert döretdi. Olaryň hatarynda ýefreýtor Berdimuhamet Annaýew hem bardy. Dnepri kesip geçmekde onuň ýene bir ildeşi – Daşhowuzdan gwardiýa leýtenanty Jumanyýaz Hudaýbergenow hem gahrymanlarça söweşipdir. Ýöne

Berdimuhamet ol hakda uruş gutarandan soň bilip galdy. J.Hudaýbergenow Stalingradyň, Woronežiň we Demirgazyk Doneskiň eteklerinde bolan söweşlerde hem özüni görkezipdir. Oňa aradan çykandan soň Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen at berildi.

1943-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda Stepnoý front Poltawany eýeledi we çep gapdal goşunlary bilen Dnepriň kenarlaryna çykdy. Şol günüň özünde ýefreýtor Berdimuhamet Annaýewiň hatarlarynda söweşýän 748-nji atyjylyk polky-da Kremençugyň günorta-gündogarynda ilkinjileriň hatarynda Dneprden geçdi. Hut Dneprowokamenki we Domotkani raýonlarynda Dneprden geçilende bolan söweşler Stepnoý frontuň uly üstünlik gazanan söweşleri hasaplanyldy. Çep kenar Ukrainany azat etmek, mähriban toprakdan faşistleri kowup çykarmak şeýdip başlandy.

Bu söweşler gazaply boldy. Minutsaýyn üýtgäp duran ýagdaý öňde nämeleriň bolup geçjekdigini öňünden görmegi we şoňa görä hereket etmegi talap edýärdi. Bir ýerde başlanan söweş-ä aýratyn gowy netijeleri berýärdi, goşun bölümleri öňe gidýärdi, başga bir ýerde bolsa hüjümiň depgini garaşylýanyndan pes bolýardy. Bu hem frontuň bir bitewi ugrunyň bölünmek howpuny döredýärdi. Duşman özüniň her bir ädim yza çekilmeginiň ölüm howpludygyna gowy düşünýärdi. Şonuň üçinem öz goranyş sepgitlerini bar güýjüni edip saklamaga çalyşýardy. Janhowluna düşen duşman Dnepriň şol tarapynda orun aljak bolýan bölümleriň üstüne gazap bilen çozýardy. Ol Dnepri özi üçin goranyş zolagy edip saklajak bolýardy.

Berdimuhamet uruşdan soň şonda nähili gazaply çaknyşyklaryň bolandygyny ýatlap, özüniň her hili ýagdaýda-da ölümden gorkmandygyna düşündi. Ol bu barada asla pikirem etmändi. Sebäbi basym dogduk obasy Yzganda dolanyp, öz maşgalasyna gowuşjakdygyna

pugta ynanýardy, başgaça bolubam biljek däldi. Haçanda olar Dneprden geçip, derýanyň garşydaky kenarynda berkemek ugrunda söweşenlerinde, ol ilkinji gezek agyr duýgyny başdan geçirdi.

Berdimuhamet dagy çabga ýaly ýagýan duşman oklarynyň aşagynda biri-birine çatylan agaç sal, balyk tutulýan gämijikler bilen garşydaky kenara geçýärdiler. Derýadan ýüzüp baryşlaryna, duşmany görmeseler-de, kenara ok ýagdyrýardylar. Ýigrimi alty adam, şol sanda Berdimuhamedem oturan agaç sal derýanyň garşydaky kenaryna burnuny diredi. Ol bir aýagyny ýere atan dessine 10–15 metr beýle ýanyndaky balykçy gaýygyna faşistleriň bombasy düşdi. Heläk bolanlaryň synalarynyň bölekleri çar ýana zyňylyp düşdi. Bombanyň bölekleri, suw, howanyň ýelgini olaryň agaç salyny berbat etdi. Eli agyr ýaragly Berdimuhamet sowuk suwuň düýbüne çümüp ugrady. Hernä frontçy ýoldaşy, ukrainaly mugallymyň ogly Mikola Şerbak onuň dadyna ýetişdi. Daýaw ýigit onuň ezeneginden tutup, kenara çykardy. Agaç saldaky 26 adamdan Berdimuhametden başga Jaksylyk bilen Mikola-da aman galdy.

Eýýäm beýleki kenarda hüjümleriniň badyny gowşatman, esgerler duşmanyň şol kenardaky goranyş sürenlerini dargatdylar. Diňe şundan soň ýeňillik bilen dem aldylar, elleri-aýaklary ysgyna geldi, gapdallarynda duran ýoldaşlarynyň ýüzüni saýgaryp ugradylar. Söweş wagtynda esgerler düýpden başga sypata girýän bolarly.

Sentýabryň aýaklaryna çenli duşman goranyşynyň Loýewden tä Zaporožýä çenli 750 kilometre ýaýylyp ýatan aýlawyny bir wagtda telim ýerinden böwsüp, biziň goşunlarymyz Dnepriň beýleki kenarynda ornaşdylar. Şundan soň duşmana täze zarbalar urmak üçin amatly nokatlar köp boldy.

Berdimuhamet käteler garymyň içinde ýatan ýerinde özüni mekdep otagynda – çagalaryň öňünde duran ýaly

duýýardy. Ol okuwçylarynyň atlaryny, häsiýetlerini ýatlap, öz-özünden ýylgyrardy. Mugallym olar bilen söhbet edip, arada müňlerçe kilometr aralyk ýatandygyna garamazdan, çagalaryň sesini eşidip, ýyly demini duýýardy.

...Jaksylyga iki hat birden geldi. Olaryň biri ejesinden, beýlekisi – kakasynyň söweşýän bölüminden. Ol harby bölümden gelen haty ilki açdy. Ştab mürzesi öňden belli zatlary ýazypdyr: Moskwanyň etegindäki söweşlerden soň esger barada hiç hili maglumat ýok. Bu habar üçin mürze gazakça gaýybana ýollanan mazaly sözlere mynasyp boldy. Gazak ýigidini ejesiniň sag-amanlykdygy hakyndaky habaram o diýen şatlandyryp bilmedi.

Birnäçe günüň dowamynda ot-ýalnyň içinde geçilen ýol gazak ýigidiniň nähili mert, edermen, gaýduwsyzlygyny görkezdi. Şeýle pursatlarda esger dostlugynyň gymmaty has aýdyň bolýar eken. Berdimuhamet ykbal ýolunda duş gelýän adamlaryň şeýle gowy ynsanlardygyna şükür etdi. Ýogsam, bu onuň ýörite saýlap alan adamlaram däl-dä.

Indi köp wagtyny esasy hüjüme taýýarlanýan söweşijiler imi-sala günleri başdan geçirýärdiler. Imi-sala diýeniňem, näme, söweş şertlerindäki özüňi dürsemek diýen ýaly pursat-da. Istrebitelleriň we uzaga atýan toplaryň käte-käte bimaza edýän wagtlaryny hasap etmeseň, uly bir söweş hereketleri ýokdy.

Söweş arakesmelerinde Berdimuhamet bilen Jaksylyk özara pikir alşardylar, başdan geçirenlerini, öý-ojaklaryny ýatlaşardylar. Berdimuhamet öz söweş dostuna türkmen halk döredijiliginden gyzykly rowaýatlary aýdyp bererdi, käte ýatdan goşgy aýdardy. Jaksylyga aýratynam Seýitnazar Seýdiniň duşmana garşy söweşe çagyrýan goşgulary diýseň ýarady.

Watan üçin çykdym gyr at üstüne,
Tä janym çykynça, dönmenem, begler!
Dikdir serim, düşmen duşman astyna,
Sil deý aksa, gandan ganmanam, begler!

Faşistleriň 10-njy oktýabrdaky hüjümi biziň goşunlarymyzyň serkerdeleri üçin garaşylmadyk ýagdaý boldy. Duşman bu hüjümini, megerem, goranyşymyzyň şu sepgidiniň pugtalygyny barlamak üçin eden bolarly. Ilki bilen-ä 20 minut çemesi duşman artilleriýasy dynman snarýad ýagdyrdy. Soňra asmanda faşistik istrebitelleri peýda boldy. Olaram ýokardan bomba taşlap başladylar. Yzy bilenem gözýetimde duşman tanklary peýda boldular.

Şol pursat biziňkilerem, aýratynam reaktiw artilleriýamyz duşmana jogap berdi. Ýaňja ajal seçip geçen samolýotlar guýruklaryna sowet istrebitellerini tirkäp, gelen yzlaryna tarap gümüni çekdiler. Süssenekläp gelýän tanklaryň arasynda tüsseläp başlanlary köpeldi.

Haçan-da Berdimuhamet bilen Jaksylyk golaýa düşen bombalardan üstlerine syçran gum-gursy kakyşdyryp, ýerlerine geçenlerinde, olar bilen duşman tanklarynyň arasy heniz ep-esli bardy, heniz olary oka tutmak irräkdi. Ýöne ýaraglar taýýar durdy, tanka garşy zyňylýan granatlar dessesi bilen elýeterde goýlupdy. Jaksylygyň ýanyp duran gözlerini, gazaply keşbini görüp, Berdimuhamet onda nähilidir bir içki özgerişligiň bolup geçendigini aňdy.

– Esger, meniň buýrugym bolmazdan hereket etmek gadagan!

Ýefreýtor näçe azmly hem kesgitli gygyranam bolsa, esger ony eşidýäne meňzemedi. Ol etmeli hereketlerini endige görä ýerine ýetirse-de, onuň özi eýýäm başga ýerde ýalydy.

Berdimuhamet tanka garşy ok atýan ýaragy bilen hem öwrenişipdi. Ol ýaragyny mydama özi arassalaýardy, onuň tämiz bolmagy üçin mydama aladalanýardy, ýaglaýardy, ýaldyraýança süpürýärdi. Aram-aram bolsa onuň bilen hümürdeşýänem ýalydy. Şonuň üçinem ol öz ýaragyndan arkaýyndy, onuň wepalydygyna ahyryna çenli ynanýardy. Ol birdenem hut özüne nobat gelendigini duýdy. Mergen atyjy hökmünde oňa wagşy polat «ýekegapanlary awlamaga» mümkinçilik dörändigine begenjine ýylgyranyny duýman galdy. Ol kalbynda dörän şatlyk, watançylyk, wepadarlyk, mertlik duýgularynyň jemlenip, özünde aýratyn bir ýokary göteriliş duýgusyny emele getirendigini, güýjüniň goşalanandygyny duýdy. Häzir onuň kalbynda gorky-ürkä orun ýokdy.

Hatar bolup hüjüm edýän tank söweşinde ilki çep tarapdan, soňra sag tarapdan tanky nyşana almaly. Diňe şondan soň dik garşyňdan gelýän tanky urmaly. Elbetde, özüňe erkiň, sowukganlylygyň, mertligiň we özüňe ynamyň iň soňky derejede güýçli bolmasa, üstüňe at salyp gelýän äpet demir ajalyň öňünde durmak aňsat däl. Atanyňda-da tank sürüjini urup bilseň, çeneýjiniň öňüni görýän penjirejiginden otlap ýa-da tankyň zynjyryny gyryp bilseň, üstünlik öz tarapyňda diýip biläý. Bu ýörite ýarag, ýörite ok bolansoň, käte tankyň top oky täsir etmeýän böwrünem ýaryp geçýär.

Çep tarapdan myçyp gelýän duşman tankyny tüpeňiň uzyn nili bilen yzarlap gelşine, Berdimuhamet ussady Dewýaşiniň sargytlaryny ýatlap, mäşäni gysdy. Yzyna depen agyr ýaragynyň gundagyny täzeden sazlap egnine dirände, atylan tankyň gapdala öwrülip duranyna gözi düşdi.

– Ur-ra! – diýip, ýerinden zöwwe galan Jaksylygy syýyndan çekip, zordan aşak oturdan Berdimuhamet hereketsiz, ýanyp duran tankyň biziň topçularymyzyň aňsat nyşanasyna öwrülendigini gördi.

– Sag tarapdan okdurylyp gelýän tanka dört ok atanam bolsa, oňa kär etmedi. Oňa çenli çat maňlaýdan müňzäp gelýän tankam ýakynlaşdy. Berdimuhamet bir okda onuň işini bitirmek üçin onuň has golaýa gelerini isläp:

– Gyssanma, gyssanma! – diýip, kömekçisine tabşyrdy.

Ýöne Jaksylyk her eline bir bogdak granat alyp, ör boýuna galdy. Şol pursadam aňyrdan atylyp gelýän tank agzyndan ot sowrup, ýaş ýigidi ýere ýazdy.

Berdimuhamet ýoldaşynyň granatlaryny alyp, bar güýji bilen, göni özüne ýetip gelýän iki ganym tanka tarap zyňmaga ýetişdi. Olaryň birine ot düşüp, şo wagt ýalna gaplandy. Zynjyry gyrlan beýleki tank garymdan çykarylan gumy tekizläp, edil ýefreýtoryň alkymynda saklandy. Berdimuhamet tankyň çukura süren gumy üstüni doly basmanka, zordan göwresini bir ýana sowup ýetişdi. Sowlan ýerinden ol tankyň motorynyň sesini eşidip ýatyrdy, ýöne tankyň özi welin hereketsizdi. Berdimuhamet özüne hiç hili ýara-sara düşmänini duýdy.

Söweş gutarandan soň Berdimuhamedi garymdan gazyp aldylar. Ol özüni halas eden duşman tankynyň üzülen zynjyryna minnetdarlyk bilen seretdi. Ýöne ol özüniň bir säwlik bilen halas bolanyna uzak begenmedi. Bu söweşde ol Jaksylygy – öz söweş ýoldaşyny, frontda öz synasynyň birine öwrülen dostuny ýitirdi. Şoňa görä-de, granat zyňyp, duşmanyň iki tankyny hatardan çykaranam bolsa, duşmana näçe ýigrenç duýgusy baram bolsa, söweşiji esger öz kömekçisini ýitirensoň, ol bu söweş edermenligi hakda hiç ýerde dil ýarmazlygy ýüregine düwdi.

Şol günüň ertesi Jaksylyga öýünden hat geldi. Onda kakasynyň sag-aman maşgala ojagyna dolanyp gelendigi, Moskwanyň eteginde bolan söweşlerde agyr ýaralanyp,

harby gospitallarda uzak ýatandygy, säwlikler sebäpli bu barada maşgalasyna habar edilmänligi ýazylýardy.

Ýöne Jaksylygyň öýüne dolanyp barmajagy welin hakykat...

Faşistleriň bu synag hüjümi serpikdirilenem bolsa, şondan soňky günler duşmanyň dek ýatmajakdygyny, elden gideren sepgitlerini almak üçin ähli mümkinçiliklerini ulanjakdygyny görkezdi.

Kiýewiň azat edilmegi, duşmaýň Dnepr derýasynda, Kiýew, Çerkassk, Dnepropetrowsk we Zaporožýe sebitlerinde öz esasy daýanç mesgenlerini ýitirmegi faşistik goşunlarynyň umumy ýagdaýyny düýpden üýtgetdi. Dnepr duşmana aňsat-aňsat ötüp bolmajak goranyş päsgelçiligi bolup hyzmat edýärdi, şonuň üçinem duşman biziň goşunlarymyzyň esasy güýçlerini derýanyň aňry tarapynda saklamaga dyrjaşýardy.

Ýigrimi üçünji oktýabrda Ikinji Ukrain frontunyň zarba urujy topary Stawka tarapyndan goşmaça berlen 5-nji tank armiýasy bilen birlikde Kriwoý Roguň we Kirowogradyň eteklerine çykdylar. Duşman komandowaniýesi güýçli goşun toplumyny döredip, Ikinji Ukrain frontuna garşy herekete getirdi. Şeýdip, ol emele gelen ýagdaýy düzetmek isledi.

Şu günler Berdimuhamediň fronta gelip, başdan geçiren iň agyr günleri boldy.

Emele gelen ýagdaýa gowy düşünýän front serkerdesi beýleki goşun bölümleriniň artilleriýa güýçlerini jemläp we şol ugra bütin awiasiýany gönükdirip, ýagdaýy düzetmäge hyýal edýärdi. Ýöne nemes komandowaniýesi-de gol gowşuryp oturanokdy. Esgerler öz depelerinde gaýmalaşýan bombalaýjy samolýotlaryň sanynyň artýandygyny görýärdiler.

Ýigrimi dördünji oktýabrda birnäçe uçastoklarda biziň goşunlarymyz başda 10 kilometr, soňra bolsa 25

kilometr dagy yza çekilmäge mejbur boldular. Diňe Ingules derýasynda mäkäm ornaşmagy başardylar. Duşman näçe dyrjaşsa-da, biziň güýçlerimizi bu ýerden gysyp çykaryp bilmedi. Ahyrsoňy mejbur bolup, ol hem şu sepgitde goranyşa geçdi.

Hüjüm etmäge ýeterlik güýji bolmansoň, Ikinji Ukrain fronty hem şu ýerde goranyşa geçdi...

Öýlerinden käte bir alýan haty Berdimuhamediň şobada uruş wakalaryny unutmagyna sebäp bolýardy. Özi bolmansoň, Ogulbäbege maşgalany eklemegiň nähili kyn düşýändigini bilse-de, ondan ýekeje-de zeýrençli söz eşitmedi. Ol diňe Berdimuhamediň aladasyny edýär. Ähli şaý-seplerini front üçin berendigini, obanyň aýal-gyzlary bilen esgerlere ýyly egin-eşik, jorap-ellik örýändiklerini ýazýar. Onuň ähli sowaly-soragy Berdimuhamediň ýagdaýy, gün-güzerany. Şeýle wepaly, şeýle mähriban ýaryň yzyňda garaşyp otyrka, heý-de ölmek bolarmy?! Ýok, asla bolmaz!

Käte ol okuwçylaryndan hem hat alýardy. Şeýle pursatda ol özüni ýene mekdep direktory ýaly duýýardy. Kyn şertlere garamazdan, okuwlaryň dowam edýänligi ony diýseň begendirýär. Jogap hatynda ol öz öwüt-ündewlerini, maslahatlaryny ýazýar.

Ýefreýtor Berdimuhamet Annaýew polkuň ştabyna çagyrylanda, munuň näme üçindigini güman edenokdy. Ştabda oňa frontuň «Watan üçin» gazetiniň habarçysy garaşýar eken. Bir sagat töweregine çeken söhbetdeşlikde ol özi barada oňly zat aýtman, esasan Jaksylyk Bekdöwletowyň edermenligi barada gürrüň berdi.

Duşuşyk tamamlanandan soň, esger öz gulluk edýän ýerine ýöneldi. Ştabdan çykyp, taýak salym ara açandyr-da, asmanda duýdansyz peýda bolan duşman istrebitelleri bomba ýagdyryp başladylar. Sanalgy minutda nämeleriň bolup geçýändigini saýgaryp ýetişmänkä,

Berdimuhamet kellesiniň gyzyp gidendigini we şol demde çep çekgesinden ýyly ganyň syrygýandygyny duýdy. Ştaba özümi ataýyn diýip, yzyna ýöneljek bolanda, aýak üstünde durup bilmän ýüzün ýykyldy.

Käte-käteler ýatsaň-tursaň, kelläňe-oýuňa gelmejek wakalaryň bolup geçýändigini Berdimuhamet bilýärdi. Durmuşda onuň özem şeýle ýagdaýlara telim ýola sezewar bolupdy. Ine, şu ýagdaý hem hut şolar ýaly wakalaryň biridi. Eýse onuň harby gospitalyň golaýynda asmandan düşen snarýadyň gyýçagyndan ýaradar bolmagyny, edil şol gün, şol sagat sanitar samolýotynyň agyr ýaralylary alyp gitmäge gelmegini, ol samolýotda-da ýefreýtora ýer tapylmagyny eýse nädip düşündirjek?! Ýöne, näme-de bolsa, bähbitlisi bolsun diýäýmeseň, başga alaç ýok...

Kyrk üçünji ýylyň dekabr aýynyň ikinji ýarymynda Berdimuhamet başga bir gospitala geçirilip, bu ýerde iki operasiýany başdan geçirdi. Onuň kellesinden esli ok gyýçagyny çykardylar. Şundan soň ol birneme aýňalyp, gürlemäge ýarady. Ýarasy basym gutular diýen tamasy bardy, ýöne bu tamasy çykmady. Şular ýaly agyr şikesden soň ýaranyň azmagyndan ätiýaç edip, wraçlar ony gospitalda uzak gözegçilik astynda saklamak kararyna geldiler.

Elbetde, Berdimuhamet esger hökmünde söweşjeň ruhuny saklaýardy. Onuň göwni hatara dolanyp baryp, söweşi ýeňişli tamamlamakdy, onda-da reýhstagyň depesinde ýeňiş baýdagyny dikmekdedi, maýor Dewýaşiniň aýdyşy ýaly, Gahrymanyň Altyn ýyldyzyny döşüne dakmakdy. Ýöne ykbal başgaça oýun gurdy. Munuň üçinem Hudaýa şükür etmeli...

Berdimuhamet ilkinji gezek özüne gelip, gözüni açanda, öz ajalynyň şeýle ýakyna gelendigine düşündi. Hut şu ýerde gorky diýen zadyň nämedigine düşündi. Her bir seresapsyz edilen hereketiň adamyň ömür tanapyny kesip biljekdigine düşündi. Beýle kysmat ýagty jahan hem-de öz iň ýakyn adamlaryň bilen baky hoşlaşmagy

aňladýar. Eý, Hudaý, nähili aýylganç zat!.. Şeýle duýgulary ol ilkinji gezek başdan geçirdi. Şonuň üçinem onuň wraçlardan eden ilkinji haýyşy onuň agyr ýaradar bolanyny oba habar etmezlik boldy. Ýa-da eýýäm habar eden bolsalar näme? Eger-de eýýäm muny Ogulbäbek, çagalary, ähli okuwçylary eşiden bolsalar näme?..

Operasiýadan soň onuň kellesini eýläk-beýläk gozgamazlygy üçin ýörite karton kagyzdan galyp ýasap geýdirdiler. Kelläňi gozgamaly däldi, asla asgyrmagam bolanokdy. Üsgürmekden-ä Hudaýyň özi gorawersin. Bu ýagdaýda nädip sen hat ýazyp biljek? Hernäçe kynam bolsa, ol ysgynsyz eline galam-kagyz alyp, Ogulbäbege hat ýazmaga durdy. Haty ýazsa-da, ony öýüne iberip biljek däldi. Maksady içinde berç alan duýgularyny oňa aýan etmekdi, ol duýgulary kagyzyň ýüzüne geçirmekdi. Beýle sözleri ol hiç haçan diline almandy, Ogulbäbek bolsa beýle sözleri hiç haçan onuň dilinden eşitmändi. Bu pursat onuň kalby ömür ýolunyň ähli şatlyklaryny we gussaly günlerini deň paýlaşyp gelen öz mähribanyna bolan söýgüden hem-de hormatdan doludy. Bu ýolda olaryň ýekeje gezegem sözi azaşmandy, ýakmaz söz aýdylmandy. Sebäbi munuň üçin hiç mahal hiç hili esas bolmandy.

Ol çagalar barada pikire batanda özüni nähili galagop duýgularyň gurşap alýandygyny ýazdy. Olaryň özüniň galdyryp giden iň ajaýyp mirasdüşer adamlar boljakdygy baradaky arzuwyny paýlaşdy. Özüniň uruşdan gaýdyp barmazlyk ýagdaýynyňam bolup biljekdigini Ogulbäbege ýaňzydyp, ogullary Mälikguly bilen Amangulynyň harby ugurdan gitmäge hyýallydyklaryny, olarda serkerdelik ruhunyň bardygyny ýatlatdy. Olaryň damarlarynda nesilbaşylary Nepesaly baýyň ogly Pyhy hanyň, Anna serdaryň gany akýar. Şonuň üçinem olaryň dogumyny, käte bolsa edýän garagollugyny çäklendirjek bolmaly däl. Olar ýönekeý çagalar däldir...

Ogulbäbegiň keşbinde ol birden üç sany zenanyň – özüne ömür beren ejesiniň, onuň durmuşyna söýget bolan enesiniň hem-de şu durmuşda bary-ýogy bolan söýgüli aýalynyň keşbini görýärdi. Olaryň keşbindäki-häsiýetindäki, edim-gylymlaryndaky, hatda seslerindäki umumylyklary özüçe belleýärdi. Ol ejesiniň, enesiniň, aýalynyň öňündäki öz borjy barada, olary bagtly etmek barada, gör, nähili az pikir edipdir. Mukaddes ojagyň ody, öýüň açary, maşgalanyň diregi, erkek kişiniň abraý-mertebesini goraýan aýal ahyryn! Gör, ol kim eken! Ol nesil döredijí! Ol şu ömrüne özüniň şol mähremleriniň öňünde çigit ýaly ýazygynyň ýoklugyna ynam edip geldi. Eger-de olaryň öňünde günäň bar bolsa, ol günäni geçmek mümkin däldir...

Eger-de şu mahal Ogulbäbek oňa öz eli bilen taýýarlap berýän naharlarynyň nähili ýetmeýändigini bir bilsedi. Niçiksi örtenerdi! Herhili ýagdaýda-da ýaşalyp görüldi: öýde ähli zadyň bolelin wagtam, ýeter-ýetmezçiligiň bolan günlerem görüldi. Ýöne Ogulbäbegiň taýýarlan naharlarynyň tagamsyz bolan wagty görülmändi. Sebäbi ol ähli taýýarlaýan tagamlaryny söýgi şerbetine ýugrup berýärdi. Eger-de Berdimuhamede: ine, gül suwy bilen guşuň süýdi, ine-de Ogulbäbegiň bişiren ýönekeýje nahary, haýsysyny aljak diýseler, ol säginmän, öz mähribanynyň taýýarlan tagamyna elini uzadardy...

Berdimuhamedi şol agyr ýaraly halyna alyp gaýdyşlaryna Kuýbyşew (Samara) şäherine getirdiler. Bu ýerde 1643 belgili göçürilip getirilen gospital bardy. Berdimuhamet 1943-nji ýylyň 9-njy noýabryndan 1944-nji ýylyň 8-nji apreline çenli, tegelek bäş aýlap şu hassahanada ýatmaly boldy. Şu döwürde oňa ýaşaýyş hem ölüm, adam hem adamkärçilik, durmuşyň manysy barada pikir öwürmäge näçe diýseň wagt boldy. Öňler ol ajal diýen aýylganç zat barada hiç haçan pikir etmändi. Häzir bolsa pikir edip ugrady. Sebäbi dyrnak ýaly çoýun böle-

gi ýa-da gülle seni ýeriň ýüzünde dogmadyk ýaly edip biljek eken. Duşmanyň gabahat niýeti bilen saňa tarap gönükdirilen şol bölejik seniň gowy adamlygyňa, seniň öz durmuşyňy iliň hyzmatynda goýanyňa, seniň gowy arzuw-hyýallar bilen ýaşaýanlygyňa, töweregiňdäki adamlaryň her birini öz gardaşyň ýaly görýändigiňe seredip duraňok. Onda ýeke-täk maksat bar, ol hem seni ýok etmek. Hatda duşmanyň güllesem seniň duşmanyň. Sebäbi näme? Berdimuhamet oňa näme ýamanlyk etdi? Bir zadyny elinden aldymy? Ýa-da ala göz bilen garadymy? Iň bärkisi, onuň bilen tanşam-a däl.

Bu uruşda müňläp, millionlap adam ölýär. Siz olaryň isleg-arzuwlaryny, maksatlaryny bir göz öňüne getirip görüň. Söweş meýdanlarynda gopýan betbagtçylygyň sany-sajagy ýok. Diýmek, adamlaryň ykbalyny öz elinde saklaýan adamlaryň gursagynda ynsan ýüreginiň urmagy gerek. Agzalalyklar we uruşlar zerarly köp gezekler ykbaly ters gelen türkmen parahatçylygyň gadyryny özgelerden gowy bilýär. Emma Pyragynyň her bir goşgy setiri agzybirlige we parahat ýaşaýşa eýlenmänmi?

Eger-de duşman seniň topragyňa seniň halkyňy ýok edip, seni gul-gyrnaga öwürmek maksady bilen gelen bolsa näme? Bu sowala jogaby Magtymguly Pyragynyň, ine, şu goşgy setirlerinden tapyp bolar, bular Berdimuhamediň iň bir halaýan goşgulary:

Gorka-gorka üflas ýagdaýa düşdük,
Takdyr näme bolsa, görülsin imdi.
Pikir gazanynda gaýnadyk, bişdik,
Degme, gan joş urup ýörülsin imdi!
Nähak dökülmesin gyzyl ganymyz,
Duşmana galmasyn bitin nanymyz.
Ýada salyň amanatdyr janymyz,
Taňra zerur bolsa, berilsin imdi.

Pyragy ýüz tutar türkmen iline,
Duşman gol urmasyn gyzyl gülüne,
Dostlar, bizi ahyretiň siline
Gark etmänkä rakyp, gyrylsyn indi.

Berdimuhamede bäşinji aýyň içinde ilki otagda hereket etmäge, soňra käte daşary çykmaga rugsat etdiler. Başda sanitar esger oňa oturmaga, turmaga tekge berdi, ýarasyna yzygiderli seredip durardy. Soňra dura-bara özbaşdak ýöräp ugrady. Ýöne horuganlygy, ysgynsyzlygy, köp wagtlap gymyldaman ýatanlygy zerarly, ýörjen-ýörjen bolmaga başlan çaga ýaly, yranyp-yranyp gidýärdi.

Asyl ol hemme zady täzeden öwrenýär. Öň bilmeýän, duýmaýan, dykgat etmeýän zatlaryň saňa häzir uly bagt, doýup bolmajak lezzet bolup duýulýar. Ine, ilkinji ädim ätdiň, indem ikinji ädim... Bä-ä, krowatlara ýapyşmanam ýöräp boljak eken-ow. Gör, nähili uly bagt! Penjireden otaga girýän arassa ýaz howasy nähili ajaýyp! Gör-ä, baglar eýýäm pyntyk ýarypdyr. Güller oýanýar. Durmuş dowam edýär...

Hassahanada Berdimuhamede ýaşy durugşan aýal gözegçilik edýärdi. Onuň keşbinden ýaşka bu maşgalanyň owadan bolanlygyny aňmak bolýardy. Hemmeler oňa hormat bildirip, «ýoldaş professor» diýip ýüzlenýärdiler. Ol hatda Berdimuhamediň ýarasynyň daňysyny hem hiç kime ynanman, diňe özi edýärdi. Öňki daňyny usullyk bilen sypyryp, täzesinem usul bilen daňardy. Soňra, haçan-da dertli esger özüne gelip, birneme aýňalyp ugranda, bu zenan oňa öýünden iýer ýaly oduk-buduk getirip başlady.

Berdimuhamet dil açyp, gepläp başlanda professor oňa şeýle gürrüň berdi:

– Sizi ur-tut operasiýa etmeli boldy. Operasiýa diýseň çylşyrymlydy. Meniň iş tejribämde beýle çylşyrymly

operasiýa ilkinji gezek bolan bolsa gerek. Ýöne, bolsa-da, ol şowly geçdi. Muňa meniň özümem haýran. Soňra ikinji operasiýany etmeli boldy. Siziň kagyzlaryňyza soň seredip görsem, Siz asyl türkmen ekeniňiz. Men bolsam Mariýa Mihaýlowna Ýazhanowa...

Berdimuhamet aňk bolup galdy:

– Şeýlemi asyl?

Mariýa Mihaýlowna öz ykbaly barada gürrüň berdi.

Onuň adamsy Gylyç Ýazhanow Birinji jahan urşunda birinji Teke atly polkunda, «Wagşy diwiziýa» diýlip atlandyrylan goşun bölüminiň düzüminde söweşipdir. Mariýa bilen Gylyç söýginiň unudylmaz duýgularyny başdan geçiren, bagtly ýaşlar bolupdyrlar. Ýyllar geçip, ykballar ençeme öwrüm edenem bolsa, Mariýanyň ýogalan Gylyja bolan duýgulary häzirki günlere çenlem köräp dur. Hut Gylyjy tapandygy, ömrüniň bir bölegini onuň bilen ýaşamak bagtyna eýe bolandygy üçin ol türkmenlere şeýle ýokary sarpa goýýar.

– Gylyçdan ýadygär maňa bir gyz galdy. Aýna, Aýna Ýazhanowa. Medisina gullugynyň maýory. Söweşiň öň hatarlarynda bolup, ýaraly esgerleri ölümden halas edip ýör. Şeýle gaýduwsyz, onuň damarlarynda kakasynyň gany akýan bolarly.

Berdimuhamet Mariýanyň Gylyç, onuň ýoldaşlary barada ähli gürrüňlerini ýazyp aldy. Onuň hossarlaryndan ýaşap ýöreni bar bolsa, olary gözläp tapjakdygyna wada berdi.

«Gylyç Ýazhanow 1895-nji ýylda Köşi obasynda doglupdyr. 1913-nji ýylda şol obada döredilen Türkmen diwizionyna meýletin ýazylypdyr. 1914–1917-nji ýyllarda unter-ofiser çininde söweşipdir. 1916-njy ýylda birinji sapar ýaradar bolupdyr. Iki gezek Georgiýew haçlaryna we iki medala mynasyp bolýar...

1917-nji ýylyň 19-njy iýulynda pyýada goşun generaly Lawr Geogiýewiç Kornilow Wagtlaýyn hökümetiň başlygy Kerenskiý tarapyndan rus goşunlarynyň Baş komanduýuşiligine bellenilýär. Şol pursatdan başlabam onuň ykbaly Teke atly polkunyň ykbaly bilen aýrylmaz baglanyşykly bolýar. Ejesi galmyk, türkmen we pars dillerini gowy bilýän komanduýuşini soňky demine çenli goran türkmenler bolupdyr...

1918-nji ýylyň 31-nji martynda Ýekaterinodaryň (Krasnodar) etegindäki Ýelizawetinsk stansiýasynda Kornilowyň bolýan öýünde top oky ýarylýar. Gaýduwsyz pitneçi general agyr ýaralanyp, özüne gelmän aradan çykýar. Gylyç hem şonda agyr ýaradar bolýar we ol hem uzak ýaşaman ýogalýar...»

Berdimuhamet Annaýewi gospitaldan çykaryp, öýlerine ugratmak kararyna gelnende, Mariýa Mihaýlowna oňa ýene bir aý çemesi hut öz öýünde öz gözegçiliginde bolmagy, saglygyny berkitmegi teklip edipdi. Ýöne Berdimuhamet hyýalynda eýýäm öz eziz obasynda gezip ýördi. Rugsat bolsa, bir günem bu ýerde eglenjek däldi. Ol indi söweşlere gatnaşyp bilmejekdigine gümansyz göz ýetirip, Watan öňündäki mukaddes borjuny esger hökmünde däl-de, mundan buýana mugallym bolup berjaý etmeli boljakdygyna göz ýetirdi.

Mariýa Mihaýlowna Berdimuhamedi otlynyň wagonynda birinji gatda ýerleşdirdi. Kupede bile gitjek rus zenanyna näsaga göz-gulak bolmagy haýyş edip, haýsy ýagdaýda nähili hereket etmelidigini düşündirdi. Lukman bilen hassanyň hoşlaşygy ýakyn garyndaş adamlaryň aýralygy ýaly tolgundyryjy boldy. Mariýa Mihaýlowna otlynyň naçalnigine ýolagçynyň barmaly ýerine sag-aman barmagy üçin ähli amatly şertleri döretmegi haýyş etdi.

Hoşlaşyp çykandan soň, Mariýa Mihaýlowna kupedeş aýaly daşyna çykmagy haýyş etdi. Olaryň hymy-

-symysyndan Berdimuhamet professoryň ol aýala ýol harjy pul berýändigini bildi. Ýeriň ýüzünde beýle mähriban adamlaryň bardygyny ýatlap, Berdimuhamediň damagy dolup, gözleri nemlendi...

Altmyşa ser uran Olýa daýza ýolda Berdimuhamede edil ýaş çaga sereden ýaly seretdi. Ýaraly Mariýa Mihaýlownanyň tabşyryklaryndan çykyberjek bolsa, çagasyny berk tutýan ene ýaly, oňa öz diýenini etdirdi...

Poýezd Çärjew stansiýasyna gelip duranda, Olýa daýza endigine görä oduk-buduk satyn alaýyn diýip perrona çykdy. Biraz wagtdan kupä dolanyp gelse, ýaraly esgeri ýerinden tapmady. Ol allaniçiksi bolup, ok ýaly atylyp, wagondan çykdy. Wagondan bäş-on ädim beýleräkde gollaryny gerip, çuňňur dem alýan Berdimuhamedi gördi. Olýa daýza haýdap onuň ýanyna bardy-da:

– Muhamet, edýäniň näme?! Mariýa Mihaýlownanyň diýenini unutdyňmy? – diýip, hamala professor aýal beýle ýanlaryndan çykaýjak ýaly howatyrly seslendi. – Saňa häzirlikçe çykmak bolanok ahbetin.

– Wah, Olýa daýza jan! Men niçik köçä çykman oturyp bilerin? Men öz Watanyma dolanyp geldim ahyryn! Eýsem, men mähriban topragymy öpmän durup bilerinmi?!

Onuň bu sözleri Olýa daýzany oýlandyran bolarly. Ol uzakda galan wakalary ýatlaýan ýaly, kellesini köp manyly ýaýkap, ýuwaşja dillendi:

– Bu diýýäniň dogru-la. Durup bolmaz...

Berdimuhamet öz ýerine geçip gyşaranda, ol özünde duýdansyz bolup geçen özgerişliklere haýran galdy. Otly Amyderýanyň üstünden gurlan demir köprüden geçen badyna Berdimuhamede indi bäş aýdyr ynjalyk bermeýän ýüregedüşgünç kellagyry el bilen aýrylan ýaly boldy. Ýara ýerinde nähilidir bir düşnüksiz

özgerişligiň bolýandygyny aňyp, elini ýarasyna ýetireninem duýman galdy. Onuň göwnüne ýarasy biten ýalydy. Ol bedenine kuwwat gelenini duýdy.

«Ine, Watan topragy! Ine, Watan howasy! Ine, Watan ruhy!» diýip, Berdimuhamet pyşyrdady. Onuň bir zatlar edesi, gygyrasy, aýdym aýdasy, ellerini oýnadasy, bökesi geldi. Ýaralyda bolup geçýän özgerişligi üns bilen synlap oturan Olýa daýzanyň gözlerine nazary düşeninde, ol joşup gelen duýgulary mejbury basyp ýatyrmaly boldy.

Olýa daýza ýaraň üstünden goýlan melhemli pagta Berdimuhamet ukudaka gozganmaz ýaly, onuň kellesini ak hasa bilen aýlap-aýlap mazaly daňýar. Käte bu göze ilginç sargylara Berdimuhamet gülüp:

– Olýa daýza, meniň daňylarymy görüp, bu adam nädip diri galdyka diýýändirler. Sargylary azaldaý – diýerdi.

– Ýalanmy eýse – diýip, Olýa daýza garşylyk görkezýär. – Lukmanyň aýdanlary hassa üçin kanun bolmaly. Men borjumy berjaý edýän.

«Arkaýyn boluň, gahryman ýigidimizi sag-salamat öýlerine gowşyryn» diýip, men lukmana söz berdim-ä.

Olar Mary şäherine ýetenlerinde, Berdimuhamet Olýa daýza ýene haýyş bilen ýüzlendi.

– Olýa daýza, men kellämiň şu daňysy bilen öýe barsam, çagalarymyň zähresi ýarylar. Gel, şeýle edeli. Ýara melhemiňi ýap, üstüne hasa goý. Menem telpegimiň içine hasa düşäp, üstünden geýeýin. Şeýdip, synag edip göreli, neneň-niçik bolýar?

Olar şeýle-de etdiler. Tejene ýetenlerinde barlap gördüler. Ýapgy, hasa ýerinde, ol ganjaryp duranok. Olýa daýza ýapgyny soňky gezek öz eli bilen çalyşdy. Berdimuhamet esger gulakjynyny başyna geýdi.

Berdimuhamet näçeler ýalbarsa-da, Olýa daýza olaryň obasyna gidip bilmejekdigini aýtdy. Nesip bolsa, soň bir gezekde gelner, belki, gatnaşyk uzagyndan bolar

diýdi. Olar eneli-ogul, mähriban doganlar ýaly bolup hoşlaşdylar.

Berdimuhamet hiç ýana sowulman, göni öz obasyna gidýän ýola çykdy. Şol ugurda başga bir kolhoza barýan furgonçy ony obasyna äkitmäge göwünjeň boldy. Bu günler her kim frontdan aman-esen gaýdyp gelýän esgeri görmegi, oňa elinden gelen kömegi bermegi özüne bagt saýýardy.

Berdimuhamet öýlerine – mekdebine barýar. Sebäbi onuň öýem mekdepde. Furgonçynyň soňsuz sowallaryna jogap berip oturyşyna Berdimuhamediň kalbynda ýatlamalar, täze başlanjak ömre hyjuw, köýen ömürlere ahmyr gezmeleýär. Ýolda gabat gelip, furgony saklap salamlaşýanlaryň, ýüzlerine sylýanlaryň umytlary edil özüniňki ýaly onuň ýüreginde ýer alýar. Edil şu pursat ol bu adamlaryň ruhy ahwalyny, duýgy-düşünjelerini duýup bilýär. Indi ýeňşiň uzakda däldigini, biziňkileriň gahrymanlarça söweşýändiklerini aýdyp, ol sähelçe-de bolsa, adamlaryň derdine derman, köňlüne teselli bolmak isleýärdi...

Furgondan düşüp, Berdimuhamet kellesiniň sargysyny barlap gördi. Hernä furgonyň sarsgynyna ýarasy açylmandyr. Daňy gury eken.

Ogulbäbegiň, çagalarynyň, mugallymlaryň, okuwçylaryň Berdimuhamedi görende begenjine boluşlaryny söz bilen beýan eder ýaly däldi. Olar öz öňlerinde duran Berdimuhamet Annaýewi – adamsyny, kakalaryny, söýgüli mugallymyny, hormatly direktoryny görýärdiler.

– Hut şunuň ýaly birje pursat hem bu toprakda ýaşanyňa degýär – diýip, Berdimuhamet oýlandy. – Başganyň kalbynda, özgäniň kalbynda, durmuşynda nähili ornuň bardygyny görmek, duýmak nähili ajaýyp, durmuş nähili gözel!

– Size şular ýaly frontdan gaýdyp gelýän gahrymanlary öýüne gowşurmagy Hudaý miýesser etsin! – diýip, Ogulbäbek furgonçyny alkyşlady we oňa buşluk sowgadyny gowşurdy. Sowgady gaýta-gaýta maňlaýyna degrip, ýüzüne sylan furgonçy göwnühoş bolup, öz ýoly bilen boldy.

Berdimuhamet obada bolmadyk bir ýyldan gowrak wagtynyň içinde durmuşyň, adamlaryň nähili özgerendigine haýran galdy. Toplaryň gümmürdisi eşidilmeýän, atyşyk ýok, adamlaryň ok-ýaragdan ölmeýän, däriniň ysy çykmaýan bu ýerde hem urşuň başa salan musallatlary ýiti duýlan bolmaga çemeli.

– Oglum, sen bolan ýerleriňde Oraz jany görmediňmi?

– Meretgeldiden habar-hatyr bilýän dälsiň?

– Siz Baky jan bilen fronta bile ugradyňyz. Ynha, indi dört aýdyr, ondan hat-habar ýok. Ol uruşda seniň bilen bile bolmadymy?

Berilýän şeýle sowallaryň sany-sajagy ýokdy. Adamlaryň birentegi uruş diýleniň nämedigini, onuň gerimini hatda göz öňüne-de getirip bilenokdy. Belki, munuň özi gowlugadyr. Eger-de olar urşuň hakyky keşbini, onuň çarhynyň öz ykballaryny mynjyradyşyny gören bolsalar, onda olarda şujagaz ynam-ygtykadam galmazdy.

Uruş başlanaýan batlaryna, Harjagaz obasyndan Päwi aganyň:

– Siz arkaýyn boluberiň, goňşy obadan Nuraly kelem urşa gidipdir. Indi nemisiň işi gaýtdy biläýiň. Kel deýýus olaryň başyna şeýle oýun salar welin, heý goýaý, olar gelen yzlaryna tarap ýeňsäni berseler nädersiň – diýip, degişmä salyp aýdan sözleri köpleriň ýadyndady. Bu ýönekeý adamlar uruş diýilse, muňa – bu dünýäni çepbe çöwren bu bela-betere şeýle düşünýärdiler.

Berdimuhamet hut özünde-de, özüniň kalbynda-da düýpli özgerişlikleriň bolup geçendigini duýdy. Ýaşalan her bir minutyň, iýilen bir döwüm çöregiň, içilen bir owurt suwuň seniň ýakynyňa-ýadyňa bolan gatnaşygyň, eden we indi etmeli işleriň, kalbyňda besleýän arzuw-hyýallaryň göze görünýän manysyndan başga, has çuň, has giň, juda syrly duýulmaly, bilinmeli mazmunynyň bardygyna akyl ýetirdi.

Uruşda Berdimuhamet ýüzlerçe gezek ajal bilen ýüzbe-ýüz boldy. Bu gün bolsa ol öz maşgalasynyň, söýgüli çagalarynyň, eziz obadaşlarynyň, onuň ýüregine ýakyn okuwçylarynyň arasynda. Eýsem, munda aýratyn bir many bar dälmi? Elbetde, bar!

Berdimuhamet Annaýew öz ömrüniň täze sahypasyny açýar.

Mukaddes ojagyň ody asla öçmez!

## Ykbala öwrülen hünär

Berdimuhamet saglyk ýagdaýyna görä işlemänem biljekdi. Ýöne onuň häzirki kyn pursatda öýünde gol gowşuryp oturmagy asla akyla sygjak däl. Hut öz söýgüli käriniň derdine derman boljagyna-da ynanýar. Şonuň üçinem ol öýünde uzak wagt oturman, raýon bilim bölümine bardy. Ony şol öňki mekdebine direktor edip bellediler. Ol 1944-nji ýylyň 10-njy oktýabryndan öňki işine başlady.

Öňi bilen mugallym meselesini çözmelidi. Berdimuhamet bilen bile işleýän mugallymlaryň üçüsi fronta gidipdi. Galina Iwanownanyň adamsyny Moskwa işe geçirensoňlar, ol hem mekdep bilen hoşlaşypdyr. Mekdepde ozalky mugallymlardan diňe biri galypdyr. Iki sanam täze mugallym işe alnypdyr, olaryňam özleri çaga diýen ýaly, ýaş ýetginjekler. Şol boluşlaryna ähli derslere bir özleri ýetişmäge çalyşýardylar. Ýeter-ýetmezçilik, aýraçylyk okuwçy çagalaryň her biriniň gül ýüzüne öz tagmasyny basypdyr. Kakalary we uly agalary fronta giden çagalar Berdimuhamedi özlerine iň ýakyn adam hasabynda görýärdiler. Olaryň mugallymlaryna gysbyljyrap duraslary gelýärdi. Onuň mähir-mylakatyny duýmak isleýärdiler. Onuň her bir hoş sözi, berýän her bir öwüdi olar üçin hut öz hossarlaryndan eşidýän ýalydy.

Olar bilen bir howadan dem alyp, umumy ýagdaýy görüp, Berdimuhamediň ýüregi gyýylýardy. Ol çagalaryň synyk göwnüni götermek, olaryň umyt-ynamyny berkitmek üçin güýjünem, hoş sözünem gaýgyranokdy. Özüniň

aýdýan sözüniň, her bir hereketiniň aýratyn güýje, mana eýedigini ol basym duýdy. Sebäbi ol ajalyň höküm sürýän ýerini, ýaşaýşyň çöwre ýüzüni görüp gelipdi. Ol uruşdan agyr ýaradar bolandygyny, ikinji topar maýyplygyny gürrüň berip ýörmänsoň, hemmeleriň göwnüne bagty çüwüp, şol dowzahdan ölmän, sag-salamat galan adam ýaly görünýärdi. Ol her bir demini umyt-arzuw bilen alýan adamlar, maşgalalar üçin nägehan urşuň penjesinden sypyp indi geljek merdanlaryň diri şaýady, olaryň buşlukçysy, ýeňişleriň çapary we jarçysy ýaly bolup görünýär.

Mugallymlaryň fronta gitmegi bilen mugallymlaryň ýetmezçiligi ýiti duýulýardy. Mugallymçylyk institutlarynda we uçilişşelerinde okaýan az sanly türkmen gyzlarynyň hasabyna bu meseläni çözmek tamasyny etmek salgyma kowalaşan mysaly bir zatdy. Bu meseläni öz güýjüň bilen çözmek dogry boljakdy. Berdimuhamet ýedi klasy gutaran gyzlary ýeke-ýekeden göz öňünden geçirdi. Olaryň başarnygyny, mümkinçiliklerini, bilim derejesini pikirinde ölçerip gördi. Dört gyzy seçip alyp, olary çagalara bilim bermekde peýdalanyp boljakdygyna ynandy. Wagtyň geçmegi bilen olar tejribe toplarlar, mugallymçylyk etmegiň tärlerini öwrenerler diýen netijä geldi.

Gyzlaryň öýlerine baryp, olara täze işe durmagy teklip etmek, esasanam, olary göwnedip, razyçylygyny almak Ogulbäbegiň paýyna düşdi. Hojalyklarda maşgalanyň keşigini häzir aýallar çekensoňlar, bu meseläniň çözgüdine karar berjeklerem hut şolar bolup durýar. Ogulbäbegiň abraýy, oňa ynam artyk bolansoň, aýallar: «Ogulbäbek diýýän bolsa, biz garşy däl» diýip jogap berdiler. Gyzlaram Berdimuhamet mugallymlarynyň maslahatyny alman, onuň göwnüni ýykyp biljek däldiler.

Berdimuhamet mugallym bir hepdeläp gyzlary okadyp, öwredip, geljekki işleri boýunça taýýarlyk geçdi.

Sapaklary nähili guramaly, çagalar bilen nähili gatnaşyk saklamaly, özüňi sapakda nähili alyp barmaly diýen ýaly ýönekeýje zatlara çenli düşündirdi. Şundan soň olaryň işe durmak baradaky arzasyny alyp, raýonyň bilim bölümine bardy we işe kabul edilmegini gazandy.

Galina Iwanowna mekdepden gidenden soň, mekdebe çenli taýýarlyk bölümem ýapylan eken. Berdimuhamet güzerany has agyrrak maşgalalaryň çagalarynyň sekiz sanysyny taýýarlyk bölümine ýazdy. Olar bilen işlemegi Ogulbäbek öz üstüne aldy. Diňe bir bilim almak däl, eýsem çagalaryň arassaçylyga, tertip-düzgüne höwesek bolmaklaram örän möhümdi. Esasanam, direktoryň göz öňünde tutan zady – bu çagalaryň günde iň bolmanda bir ýola gyzgyn nahardan doýmagydy. Aýlyk haky öz çagalary üçinem ýeter-ýetmez bolýandygyna garamazdan, mugallymyň sahylygy, Ogulbäbegiň eliniň açyklygy ol çagalaram açlyk belasyndan halas edýärdi.

Berdimuhamet mugallym ýaş kärdeşleri üçin açyk sapaklaryň birnäçesini geçirdi. Sapakdan soňra mugallymlar otagynda sapagyň geçişi ara alnyp maslahatlaşyldy. Şunda ol okuw işi guralanda çagalaryň häsiýetlerini hökmany suratda göz öňünde tutmagyň zerurdygyny telim ýola nygtady. Sebäbi çagalaryň her biriniň häsiýeti aýry bolýar. Şonuň üçin olaryň hereketlerem biri-biriniňkiden tapawutlydyr. Şonuň ýaly-da maşgalanyň ýaşaýyş-durmuş hal-ýagdaýyna we şertlerine garap, olara aýry göz bilen garamak bolmaz. Gurply maşgala-da, pukara maşgala-da öz iň ezizini – çagasyny mekdebe, mugallyma ynanýar. Bu babatda arada hiç hili tapawut goýulmaly däldir. Olaryň ikisem çagadyr. Şoňa görä-de olar siziň üçin deňdir we deň derejede ezizdir. Olaryň birini söýmek, beýlekisini şondanam beter söýmek bolar. Köpçülikdir, köpüň içinden kimdir biriniň mugallymy halamaýanam tapylar. Ýöne mugallym öz duýgularyny kalbynyň iň çuňunda saklamalydyr. Eger-de mugallym

haýdysyr bir okuwça beýlekilerden gowy garaýandygyny syzdyrsa, görkezse, onda ol şol pursat onlarça çaganyň özüne nägile garaýşyna duçar bolar. Şu hem onuň halanmazlygyna getirip biler. Çaga diýeniň pamyk ýaly ýumşak we öte duýgur bolýar. Olary kemsitmek, olara zyýan ýetirmek, olaryň göwnüni syndyrmak ýol berilmesiz kanundyr. Şuny bir pursat ýadyndan çykaran adam şobada mugallym diýen ady götermäge bolan hukugyny ýitirýändir.

Ol pukara maşgalalaryň çagalarynyň ýeter-ýetmezlikden bilim almaga bolan ukybynyň pesligi baradaky pikiriň düýbünden nädogrudygyny öz kärdeşlerine düşündirýärdi. Çaganyň terbiýe alýan şertleri näçe kyn, ýowuz bolsa, onuň duýgusy şonça-da ýiti bolýar. Bu çagalar hemme zady, indi ýüze çykjak ýagdaýy-da aslynda edil bolşy-bolşy ýaly kabul edýärler. Bu çagalar asla körzehin däldirler. Şonuň üçinem olar doglandan beýläk özlerini söweşde ýaly duýýarlar. Ýaşamak üçin göreşmek gerek ahyryn.

Synasy sagat bolmadyk, aýdaly, eli ýa aýagy, gulagy ýa gözi kemli çagalaryň bilime bolan başarnygy ýokarydyr. Sebäbi olaryň oýnamaga bolan mümkinçiligi çäkli bolýar, olar onsoň öz wagtlaryny nämä sarp etjeklerini bilenoklar-da, bu boşlugy öz beýleki artykmaçlyklary – başarnyklary, zehini, zähmetsöýerligi bilen doldurýarlar.

Eýsem-de bolsa, çaganyň eden ýaramaz hereketi üçin, belki, ol agyr etmiş bolmasa-da, oňa çäre görülmeli dälmi? Hiç haçan we her hili etmiş bolaýanda-da, çagany urmak bolmaz! Hiç wagt we her hili ýagdaýda-da! Ol mugallymdan esli beýikdir, sebäbi ol günäsiz çaga, ak gar ýaly arassa. Hiç kimiň çagany urmaga haky ýokdur. Hiç kimiň, has beterem mugallymyň, çaganyň mertebesini peseltmäge haky ýokdur.

Berdimuhamet mugallym, ine, şulara meňzeş temmileri ulanmagy maslahat berýär: öň häli-şindi başyny sypalaýan okuwçyň bolsa, ol düşüner ýaly, indi onuň bilen sowuk-salarak bolmak, hemişe mugallymy özüne ýakyn saýýan okuwçyň etmiş etse, ony görmedik bolmaly, sapak aýtjak bolup elini galdyryp dursa-da aňşyrmadykdan, görmeýänden bolmaly...

Hiç haçan, hiç ýerde okuwçylar Berdimuhametden şarpyk iýen ýa-da ýakymsyz söz eşiden däldirler.

Mugallymyň sapak geçende özüni alyp barşy çaga terbiýesine uly täsir edýär. Her gezek birmeňzeş usuly, ençe gezek gaýtalanýan äheňi seçip alýan mugallym öz geçýän sapagyndan lezzet almaz. Okuwçylaryň kitap okanlaryndaky ýaly, özlerini hereketsiz alyp barman, eýsem, olaryň hereketde bolmagyny, okanlarynda daşyndan – sesli okamagy, özlerini edil mekdep otagynda alyp baryşlary ýaly bolmagy olaryň endigine öwürjek bolmaly. Sapaga taýýarlanýan mugallym edil sahna çykjak artist ýaly bolmalydyr. Umuman-a, sapagyň özi asyl gyzykly oýun ýaly bolup geçmelidir. Elbetde, munuň özi dil, edebiýat, taryh derslerinde, başlangyç klaslarda şeýle bolup biler. Berlen bu sapak çaganyň aňynda şekillenip, ömürlik galmalydyr.

Mugallym öz sesine aýratyn üns bermelidir. Gaty şaňňy, gyryljak ses çagany basym irizýär. Ýöne ýuwaş ses hem çaganyň gulagyna zor salyp diňlemegine, netijede armagyna getirýär. Degirmeniň sesi ýaly birsydyrgyn sesem çagany ymyzgandyrgyç bolýar. Ses öwrenilýän sapagy kabul etmegiň guraly bolmalydyr. Mugallymyň sapagy ussat bagşynyň aýdan aýdymyna meňzeş bolmalydyr.

Kimdir biriniň: «Men enemden doga sesimi nädip üýtgedip bilerin?» diýmegi mümkin. Çaganyň bütin dünýäsini üýtgedip bilýän mugallymyň öz sesini üýtgetmäge ýagdaýy bolmasa, muňa näme diýersiň?!

Berdimuhamet mugallym sapak geçmeli otagyna girenden, bütinleý başga adama öwrülýär. Ýüzi nurlanýar, gözleriniň şöhlesi artyp, hereketleri ýumşaýar, galkynýar. Ol mydama: «Mugallym aýdýan zadyna özi ynanmaly hem-de ynandyrmagy başarmaly. Belli bir mesele barada ders geçende, ol keşbe girmeli, her sözi okuwçynyň maňzyna batmaly, her bir hereketi onuň ýadynda galmaly. Okuwçy öýünde sapagyna taýýarlanýan mahalam kitapdan okaýan sözleri onuň gulagyna seniň sesiň bolup eşidilmeli. Ol saňa ynanmaly, seniň aýdýan sözleriňi doly kabul etmeli, şoňa görä hereket etmeli». Berdimuhamet mugallym beýik akyldar Magtymguly Pyragynyň: «Tälim beren ussadyňdan aýrylma» diýen dana sözlerini ýatsa-tursa ýadyndan çykaranok. Şonuň üçin-de okuw prosesinde mugallymyň çekýän zähmetine şeýle uly ähmiýet berýär.

Diňe okuwçylar däl, oba adamlary hem jedelli mesele ýüze çyksa, eger bu barada onuň pikiri mälim bolsa: «Berdimuhamet mollumam şeýle diýýär» diýerdiler we mesele çözüldi hasap ederdiler. Hiç kimde bu başgaça bolaýmagy mümkin diýen düşünje-de ýokdy.

Mugallymyň hemme zat babatda nusga, görelde bolmalydygyna düşünip, ol hemişe tämiz geýnerdi. Şeýle geýinmegi beýleki mugallymlardan hem talap ederdi. Aram-aram ol Muhammetguly Atabaýewiň 1915-nji ýylda ýazan bir makalasyny ýatlardy. Ol soňky döwürde dürli matalar köpeldi, indi çalşyryp geýer ýaly her kim birnäçe eşik edinmeli diýen pikiri öňe sürýärdi.

Eger-de mugallym kirli köýnekde oturyp, arassaçylyk barada gürrüň etse, onuň gürrüňi ynandyryjy bolmaz. Eger-de agzy çilimli mugallym, çilimiň zyýany barada owadan gürrüň edip oturan bolsa, mundan näme netije bolsun? Bilimli, köp ugurdan baş çykarýan, oňat terbiýeli mugallym diňe okuwçylar üçin däl, eýsem hemmeler, her bir adam üçin mugallymdyr. Bu örän möhümdir. Berdimuhamet mugallym öz okuwçylarynyň hut şeýle mugallymlar bolup ýetişmeklerini isleýär.

«Mugallymyň özi elmydama bilim äleminde uly, beýik zatlar, maksatlar ugrunda göreşmelidir».

«Mugallym çagalara terbiýe berýärkä, özüniň adaty bir adamdygyny unudyp, hakyky mugallym bolmalydyr. Hakyky mugallym adamkärçiligiň çür başyna çykmalydyr. Sapaga gelen mugallym okuwçylaryň gözüne ýönekeý adam bolup däl-de, hakyky jadygöý bolup görünmelidir.

Onuň durmuşynda, maşgalasynda hem kynçylyklar, çözmesi kyn meseleler ýüze çykyp biler. Belki-de, hut häzirki pursat şol meseleler ony basmarlaýandyr we şol zerarly ýüregi agyrýandyr... Emma ol sapaga giren dessine, öz aladalaryny ýadyndan çykarmalydyr we güler ýüzli, hoşgöwün, mähirli mugallym bolmalydyr. Başgaça bolmaga onuň haky-hukugy ýokdur. Ol ähli aladalaryny mekdep gapysynyň daşynda galdyryp gelmelidir we diňe şundan soň sapak geçýän otagyna girmelidir.

Eger-de mugallymyň ilkinji sözlerinden soň çagalar tijenip, dykgat berip, başlanan pursatdan hoşal bolsalar, onda sapagyň başlanyşy gowy diýmek bolar. Sebäbi çagalar söýgüli mugallymlary bilen duşuşdylar! Emma onuň ýüzünde tukatlygyň alamatlary bar bolsa, onuň agzyndan çykýan sözler itden gorkanyňky ýaly, başly-barat, hereketleri gowşak, jansyz bolsa, gowusy, sapaga barmaly däl. Sebäbi onuň ilkinji aýdan sözlerinden, hereketlerinden okuwçylar onuň ýagdaýyny aňarlar, öňki bolşunyň ýoklugyny görerler. Onsoňam, eger-de mugallym okuwçysyny bir gezek aldadygy, soň ol mugallymyna hiç haçan ynanmaz. Sapakda boş haýbaty ulanmak bolmaz, öz ynanmaýan zadyň hakynda gürrüň bermeli däl, berýän gürrüňine ynanmazlar.

Mugallym hemişe intizar garaşylýan adam bolmalydyr. Eger-de saglyk ýagdaýy zerarly mugallym şol gün sapagyna gelip bilmedik bolsa, okuwçylaram muňa şatlanyp baýramçylyk etseler, onda ol mugallym hökmünde sagalmanam biler».

Berdimuhamet frontdan gaýdyp gelenden soň, ömrüň manysy barada köp pikir edip ugrady. Onsoňam ol «Gowy günler geler» diýen sözleri özüniň, näme üçindir, has köp gaýtalaýandygyna düşündi.

Berdimuhamet mugallym garşysyndaky çagany mydama özünden akylly, belent, güýçli görerdi. Şundan ugur alybam, olar bilen gatnaşyk saklardy. Boýy kiçem bolsa, çaganyň mertebesi belent. Onuň kalby kir-kimirsiz, agyry-ynjy görmändir, şonuň üçinem tämiz. Ol heniz günä iş etmändir, asyl günäň nämedigine-de düşünenok. Onda asla günä etmek niýeti ýok. Şonuň üçinem, ol beýik.

Hiç haçan çaganyň ejizligini, mätäçligini, garaşlydygyny onuň özüne duýdurmaly däl. Berdimuhamet mugallym sapakda haýsydyr bir çaganyň açdygyny duýsa: «Hany, pylany jan, maňa şu kitaplary öýe eltiş» diýer. Öýe gelenden soň, elmydama yşarata düşüş Ogulbäbegiň öňlerinde goýan naharyny bile iýer. Çaga munuň üstesine mugallymyň «köp sag bolsunynam» alar.

Berdimuhamet mugallym biraz öňe eglibräk, ýere bakyp ýörärdi. Özem haýdabrak ýörärdi. Şonda ol ganat ýaýyp barýan ýalydyr. Şonda-da onuň nazary mydama öz içki dünýäsine gönükdirilen ýalydyr. Şeýle bolsa-da, ol öz töwereginde bolup geçýän ähli zatlary görerdem, duýardam. Käbir bolaýjak, ýüze çykaýjak wakalary öňünden aňardy.

Diňe bir okuwçylar däl, eýsem uly adamlar hem onda aýratyn bir zehine baý adamyny görýärdiler. Ol hemme zady bilýär, bar zada düşünýär diýip hasap edýärdiler. Şonuň üçin hiç kim hiç haçan onuň pikirine garşy çykyp durmazdy. Eger-de, ol gaty ses bilen gürläýse, «wahahaýlap» güläýse, ýolda ýatan daşy köwşüniň burny bilen pyzyp goýberse ýa-da söhbetdeşiniň egnine patyladyp uraýsa, muňa adatdan daşary bir hadysa ýaly seredil-jekdi. Berdimuhamet mugallym iliň gözünde diňe kabul edilen asylky sypatda bolmalydy. Onuň şeýle adamlygyna töweregindäkiler öwrenişipdiler. Çünki bu keşbi onuň

aňynda we kalbynda onuň töweregi döredipdi. Ol iliň göz öňüne getirişi ýaly, aslyýetinde, il ogly, il mugallymy bolmak bagtynyň eýesidi.

Onuň ýognasyrak, goýalan bal ýaly sogup çykýan, sagdyn, ýöne diýseň mylaýym, goýazy sesi bardy. Bu ses özüne şeýle bir bendi edýärdi welin, ol näçe pessaý, ýuwaş çykdygyça, diňleýji durşy bilen gulaga öwrülip, ony üns berip diňleýärdi.

Ol Pyragynyň şygyrlaryny okanda, ony diňleýänler şahyryň özi bilen ýüzbe-ýüz duran ýaly duýgyny başdan geçirýärdiler:

«Bu dünýä göýä bir kerwensaraýdyr,
Gelen ýük ýazdyryp, geçip baradyr».

«Pakyr menem, senden gaýra ýerim ýok,
Öz beren janyňa jebr etme, jepbar».

«Dyrnagy demirden talaňçy dünýä,
Işiň ýokdur namys bile, ar bile»...

Haçan-da ol «Zöhre-Tahyr», «Şasenem-Garyp», «Leýli-Mejnun», «Gül-Bilbil» dessanlaryndan, «Görogly» şadessanyndan parçalary okanda, ol özüni şol gatnaşýanlaryň arasynda ýaly duýardy.

Onuň owazly sesini näçe diňlediginçe diňläsiň gelýärdi.

Berdimuhamet mugallymyň başyndan geçirýän bir duýgusy ony hemme zatdan beter geň galdyrýar.

Onuň öňünde üçünji ýa dördünji synp okuwçysy dur. Adaty bir çaga. Beýlekilerden tapawutly ýeri ýok. Berdimuhamet mugallymyň hyýalynda ýaňky çaganyň ýigrimi, otuz, kyrk, elli ýyl soňraky keşbi göz öňünde janlanýar. Ol bu ýaş ynsanyň ýene şonça wagtdan näme bilen meşgullanjagyna, nähili derejelere ýokary göteril-

jegine çenli görýär. Onsoň şu pursatdanam ony şu ýola gönükdirýär.

Halklaryň taryhy, adamlaryň ykballary dowamat dowam bolýar, bir nesil başga bir nesli çalyşýar, her bir gelen täze nesil ýagty geljege ymtylýar. Bu geljege bolsa giden bir halk garaşýar.

Berdimuhamet uludan demini aldy we kellesini aryň öýi ýaly bolup güwleýän pikirlerden saplamak üçin iki eli bilen çekgelerini sypalaşdyrdy. Anna aganyň dermanlyk serişdeleri, ot-çöpden edilen melhemler, aýratyn hem jadyly güýje eýe bolan mumyýa ýarasyny bitirdi, agyry-ynjysam aýryldy. Otaga girip, bir kitaby ýerinde goýup, başga birini okamaga häzirlenip duran Mälikgula ýüzlendi:

– Öý işleriňi edip bolduňmy, oglum?

– Hawa, boldum kaka – diýip, çaga başgaça bolmasy mümkin däl äheňde jogap gaýtardy.

– Kitap gözleýäňmi?

– Hawa. Men Galina Iwanownanyň sowgat diýip beren kitaplaryny okaýaryn. Ris dilini gowy öwrenesim gelýär.

– Gowy edýäň, oglum! Senden tamamam şeýledir.

Näçe köp bildigiňçe ýene köp bilesiň geler. Munuň özi gowy, gyzykly pişedir...

Berdimuhamet Platon agany ýadyna saldy. Şonuň maslahaty bilen ol rus dilini bilmegi, gör, näçe gezek ony kyn günde halas etdi. Çagalaryň bir ýa iki dili däl, asla köp dili bilmegini ýola goýmaly.

Gün ýaşyp, agşam düşende direktoryň jaýynyň öňüne atylan düşege obadaşlar ýygnanarlar. Berdimuhamet «Rodina» radiopriýomnigini öýünden alyp çykar. Soň Sowinformbýuronyň berýän habarlaryny obadaşlar bolup diňlärdiler. Soňam gürrüňçilik başlanar. Hut şu ýerde-de ýeňşiň jana ýakymly şemalynyň täsiri duýlup başlanar.

Ogulbäbek myhmanlaryna hödür-kerem eder ýaly bir zatlar taýýarlap oturandyr. Çagalar töweregi syryp--süpürip, ýaşululara ýassyk getirip ýörendirler.

Direktoryň öýüne ýygnanan adamlar radionyň gepleşigi başlanýança ümsüm oturandyrlar. Gürleşjegem bolsalar, diňe pyşyrdaşyp gürleşerler. Ine, radiotolkunlaryň sykylygynyň arasy bilenem Lewitanyň iniňi jümşülledýän sesi eşidilip ugrar. Ol 1945-nji ýylyň 15-nji martyndan 15-nji apreli aralykda Sowet goşunlarynyň söweş hereketleri barada habar berdi. Şol habarlaryň arasynda Berdimuhamediň ýüregini gaty jigleden habaram bolupdy.

Şeýle minutlarda ol özüni harby hereketleriň edil körüginde, eli ýaragly hüjüm edýänleriň arasynda ýören ýaly duýýardy. Ol öz söweş ýoldaşlarynyň gazanýan üstünliklerine hemmeden beter begenýärdi. Çünki indi olar ýeňşe golaýlap barypdylar.

Berdimuhamet Annaýew hemişe özüniň polkdaş ýoldaşlarynyň – Ikinji Ukrain frontunyň esgerleriniň gatnaşýan harby hereketleri barada berilýän maglumatlary üns berip diňleýärdi. Olar beýleki harby birleşmeleri bilen bilelikde Wengriýany, Çehoslowakiýany, Awstriýany faşistlerden azat edip, Berline tarap barýardylar. Ol frontçy ýoldaşlarynyň söweşlerde gazanýan ýeňişlerine begenýärdi hem-de buýsanýardy. Ýöne özüniň bu pursat olardan örän uzakdadygyna ýüregi gyýylýardy. Näme üçin ykbal oňa duşmany tä gutarnykly ýeňşe çenli urmagy miýesser etmedikä?

Söweş maglumatlary diňlenip bolnandan soň, esasy gürrüň başlanýar. Direktoryň şatlygy ildeşlerine-de geçýär, gowy habarlar olaryň ýüregine melhem bolup täsir edýär. Berdimuhamet olaryň ruhuny götermäge çalyşýar, olary ynamly bolmaga çagyrýar.

Haçan-da myhmanlar turup gitmekçi bolanlarynda, Berdimuhamet olara şeýle diýip ýüzlendi:

– Obadaşlar, meniň size aýtmaly bir habarym bar. Rugsat etseňiz, men dogduk obama dolanyp barmakçy. Meni Gökdepä işe geçirýärler. Menden göwün-kine eden bolsaňyz-bagyşlaň...

Ýaňy ören adamlar garaşylmadyk täzelige özlerini ýitirip, ýene aşak oturdylar.

– Bu nähili beýle bolýar?

– Indi biz näme işlemeli?

– Beýle edilmegi dogr-a däl, oglum...

– Ýa biz seniň göwnüňe degdikmi?

Köp adam bir wagtda sorag ýagdyransoň, kimiň näme diýip, näme goýýanyndan baş çykarar ýaly bolmady.

– Adamlar, men sizden müňde bir razy. Maňa-da sizden aýrylyşmak aňsat däl. Bu durmuş-da, derýanyň akymynyň garşysyna ýüzüp bolanok. Men esger, nirä iberseler, şol ýere gidibermeli bolýaryn. Men size çynymy sözläýin: men bu obada diňe ömrümiň bir bölegini däl, eýsem öz ýüregimiň bir bölegini goýup gidýärin.

Berdimuhamet şundan başga hiç zat diýmedi. Oňa adamlaram düşündiler.

– Hawa-da, sen döwlet adamsy, nirä git diýseler, şol ýere gidibermeli bolarsyň...

– Alla saňa saglyk bersin, oglum! Baran ýeriňde sag-aman bol.

– Seniň ýeriň-ä gädik bolup galar. Bu boşlugy hiç kim dolduryp bilmez diýip ätiýaç edýärin... Sen biziň ýüreklerimizde ýagşy yz galdyrdyň.

– Eýsem, sen şeýdip bizi gorawsyz goýup gidiberjekmi?

– Goý, hiç haçan seniň ojagyň ody öçmesin, gardaş!

Mukaddes ojagyň ody hiç haçan öçmez.

## Beýik halypa

Berdimuhamet Annaýew müň dokuz ýüz kyrk bäşinji ýylyň aprel aýynyň ikinji ýarymynda Gökdepä, dogduk Yzgant obasyna göçüp geldi. Az salym raýonyň Birleşik oba Sowetiniň Kuýbyşew adyndaky kolhozynyň orta mekdebiniň başlangyç synp, türkmen dili we edebiýaty mugallymy, okuw bölüminiň müdiri bolup işledi. Soňra bolsa raýon bilim bölüminiň usulyýet kabinetiniň müdiri wezipesine bellenildi. Şol bir wagtda özüniň mugallymçylyk işini hem dowam etdi.

Berdimuhamet özüniň agyr ýaradar halyna hem-de maýyplygyna garamazdan, gerdeninde şeýle agyr ýüki çekýärdi. Ol başgaça, ýarym güýjüni berip işläbem biljek däldi. Okuwçylar onuň üçin aýratyn bir dünýädi, özboluşly älemdi. Eger-de mugallym şol dünýä, şol äleme bir aralaşyp bilse, öňünde duran häzirki çaganyň ýene-de bäş, on ýyldan, ýene-de ýigrimi ýyldan nähili şahsyýet bolup ýetişjekdigini görüp bilýärdi. Şonda mugallymyň hut häzirki wagtda şol öňdäki geljege laýyklykda hereket etmegine mümkinçilik ýüze çykýar. Ol bu çaganyň geljegini kemala getirmäge başlaýar.

Berdimuhamet öz başyndan geçirýän duýgularyny kärdeşleri bilen paýlaşýardy. Haçan-da öz öňümde oturan çagada geljekki mugallymy, alymy, döwlet işgärini görenimde, meni aýratyn bir duýgy – söz bilen beýan edip bolmajak buýsanç duýgusy gurşap alýar diýip gürrüň berýärdi. Ol onlarça, ýüzlerçe adamda öz keşbini, öz

duýgularyny we düşünjelerini, arzuw-isleglerini görýärdi. Ol özüni çarýana şahasyny ýaýradan ägirt uly çynar ýaly duýýardy. Munuň özi üýtgeşik bagt, gaýtalanmajak bagt.

Mugallym çaganyň kir-kimirsiz, arassaja düşünjesine düýp alsyn, şinelesin diýip bilimiň tohumlaryny sepýär, munuň üçin ylhamyny, zähmetini, bilimini, tejribesini sarp edýär. Diňe öz ömrüni bu käre bagyşlan adamlar öz zähmetiniň netijesini görmegiň nähili ýakymlydygyny bilerler. Ol hemişe öz okuwçylarynyň atlaryny ýadynda saklardy. Olar hemişe mugallym bilendiler. Wagtal-wagtal ol öz hyýalynda okuwçylarynyň her biri bilen aýratynlykda duşuşýardy, söhbetdeş bolýardy, pikir alyşýardy, sowal bererdi, jogap alardy. Maslahat bererdi. Olar bolsa, edil synp otagynda boluşlary ýaly, ony üns berip diňleýän ýalydylar. Ol okuwçylarynyň nähili minnetdarlyk bilen seredýändiklerini duýýan ýalydy. Köp ýyllaryň geçendigine, aranyň şeýle uzaklygyna garamazdan, mugallym bilen okuwçynyň ýürekdeşlik arabaglanyşygy hiç haçan kesilmeýär. Sebäbi olar biri-birine ömürlik baglanandyr.

Ýeňiş habaryna öňünden garaşylýardy. Oba adamlary mekdebiň töwereginde ýygnandylar. Her kim Berdimuhamet mugallymyň daşardaky stoluň üstünde goýlan radiopriýomniginden haçan köp garaşylan habar ýaňlanarka diýip garaşýardy. Ýörite habaryň beriljekdigini häli-şindi radio arkaly gaýtalap berip durdular. Ynha, ahyrsoňy Lewitanyň möhüm habar berýän sesi eşidilip başlady. Haçan-da diktor gürlemesini goýanda, dem salym märekä dym-dyrslyk aralaşdy. Adamlar Berdimuhamediň bir zatlar diýerine garaşyp, oňa gözlerini dikip durdular. Gözüne çaýylan ýaşy gizlemäge çalşyp, ol basyk ses bilen: «Gözüňiz aýdyň, adamlar! Ýeňiş!» diýip gygyrdy. Birdenem böwet böwsülen ýaly

boldy. Adatça, özlerine erk edip bilýän adamlar ýeldirgän ýaly boldular. Telpekler göge zyňyldy. Elleşip, biri-biriniň gollaryny silkeleýänler, gujaklaşyp, arkalaryna patyladyşýanlar, utanman gözýaşlaryny süpürýänler bu bagtly pursadyň meýinden serhoşdular. Çagalar süýtden doýan taýçanaklar ýaly şapadaňlaşýardylar, bökejekläp şowhun turuzýardylar. Aýallaryň arasyndan horkuldy eşidildi.

«Gahrymanlarça wepat boldy» diýip hat alanlarda Ýeňiş hakyndaky habar ýitigleri gaýdyp geläýjek ýaly umyt döretdi. Olar ýagşy niýet bilen ýola garap oturdylar. Köp ýyllardan soň, uly il bolup, şagalaňly uly toý tutuldy.

Şu aralykda Berdimuhamet Annaýewiň söweşen Kluž, Gyzyl baýdakly, Kutuzow ordeniniň III derejesine we Bogdan Hmelniskiý ordeniniň II derejesine mynasyp bolan 748-nji atyjylyk polky hüjüm bilen kän öňe gitdi. Karpat daglarynyň kötelliklerinden, Wengriýanyň bossanly jülgelerinden, Çehoslowakiýanyň Tatr daglarynyň belentliklerinden aşyp, 4,3 müň kilometr ýol geçip, Awstriýanyň Alp daglarynda öz şöhratly söweş ýoluny tamamlady. 1942-nji ýylyň 11-nji iýulyndan 1945-nji ýylyň 9-njy maýyna çenli bolan aralykda duşman leşgerleriniň 16 müňüsini ýok etdi, faşistleriň 10 müňden gowragyny ýesir aldy, duşmanyň tanklarynyň 120-si urlup ýa-da ýandyrylyp, hatardan çykaryldy, ganym samolýotlarynyň 22-si urlup ýykyldy, toplarynyň 243-si, bronetransportýorlarynyň 18-si, awtomaşynlarynyň we motosiklleriniň 1,6 müňüsi, pulemýotlarynyň 4 müňüsi, wintowkalaryň 18 müňüsi we beýleki zatlar ele salyndy hem-de weýran edildi. Bu şöhratly işlere Berdimuhamet Annaýew hem azda-kände öz goşandyny goşdy. Ol-da gitlerçileriň we olaryň ot açýan nokatlarynyň ençemesini ýok edipdi.

Faşistik basybalyjylara garşy söweşlerde görkezen edermenligi hem-de batyrlygy üçin polkuň esgerleriniň 2554-si söweşjeň ordenlere we medallara mynasyp boldy, olaryň altysyna bolsa Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen belent at dakyldy.

Awstriýadan Watanyna ýöriş bilen gaýdan polk 1945-nji ýylyň 27-nji awgustynda hemişelik gulluk ýerine – Ukrainanyň Winnisa oblastynyň Hmelnisk şäherine gaýdyp geldi. Gaýdyp gelendenem şahsy düzüm gyş döwri üçin düzülen meýilnama boýunça söweşjeň we syýasy taýýarlyga girişdi. 1946-njy ýylyň 20-nji maýynda bolsa polky ýatyrmak barada perman çykdy.

...Ýeňiş baýramy bellenenden geçen bolsa, bir aý geçendir-dä. Berdimuhamet mugallym öz usulyýet otagynda işläp otyrdy. Birden uzyn boýly, diýseň daýaw ýigit gülümjiräp gapydan girdi. Ýüz-gözleri nurana ýigit:

– Salawmaleýkim, ýoldaş mugallym! – diýip, çep eli bilen Berdimuhamet Annaýewi bagryna basdy. Onuň sag taý boş ýeňi jalbarynyň biline gysdyrylgydy.

Berdimuhamet ony gujaklap, salamyny aldy. Ýöne ýigidiň sag eliniň ýoklugyny görüp, özüniňkiňem barlygyna biraz müýnürgedi. Soňra-da bir ädim yza çekilip, ýigidiň ýüzüne siňňin garady.

– Beh, Toýmyrat, senmi bi?! – diýip, mugallym şatlygyna seslendi.

– Edil özi, ýoldaş mugallym! Şol Parawdaky aýagy aşagyna sygmaýan oglan men.

Täzeden gujaklaşdylar, oturgyja geçdiler.

– Şol ýygrimi altynjy ýyldan bäri duşuşmadygam bolsak, men Siz barada hemme zady bilýän. Ýeňiş baýramyňyzam gutly bolsun! Ýaralaryňyz bitişendir-dä hernä...

– Oňat, oňat. Indi ýadymdanam çykyşyberipdir.

Mugallymyň gözi özüniň içi boş ýeňinde bolansoň, Toýmyrat hiç zat bolmadyk ýaly şadyýan gürledi:

– Sag golumyzy Kurskide goýup gaýtdyk, ýoldaş mugallym. Meniň çepbekeýdigimi duşmanam bilýän eken. Sag golumy aldy, çepime degmedi zalym. – Soňra çynlakaý keşbe geldi. – Men uruş başlan badyna fronta gitdim. Ýadyňyza düşýärmi, mugallym? Siziň biziň obamyzdan gaýtmazyňyzyň iki hepde öň ýany meniň kakam aýrylypdy. Şondan soň mekdebe gelenimde, Siz meniň ýüzümiň salykdygyny görüp, meniň başymy sypalap, meni bagryňyza basdyňyz. Men şonda aglapdym, Siziň gözüňiz hem ýaşa dolupdy. Şonda men ömrümde ilkinji gezek mugallymyň hem aglap biljek ekenligini gördüm. Siz şonda meni öz çagaňyz ýaly görüp, başdan geçirenleriňizi gürrüň beripdiňiz. Şol pursatdan beýläk Siz meniň üçin iň ýakyn adam bolup galdyňyz, men hut şonda özümi kakam ölmedik ýaly duýdum. Hut şol pursat meniňem Siziň ýaly mugallym bolasym geldi. Başlangyç mekdebi tamamlap, soňra kurslarda okadym. Siziň işlän mekdebiňizde üç ýyllap mugallymçylyk etdim. Mugallymçylyk institutyny gutardym. Paraw obasy Gyzylarbat raýonynyň düzümine berildi. Indem Gazanjyk raýonynyň bilim bölümine müdirlik edýärin.

– Berekella, «Siziň yzyňyz bilen gidýärin» diýýäň welin, ýöne sen bizden ozduran ýaly-la. Guwanýaryn, «Şägirt halypasyndan ozdurmasa, kär ýiter» diýilýändir...

– Hemme zat üýtgäp, özgerip biler. Ýöne Siz biziň bütin ömrümize mugallymymyzsyňyz, halypamyzsyňyz. Bizem Siziň şägirdiňizdiris. Saýlaw Tagandurdyýew bolsa soň Daşkende okuwa gitdi. Häzir ol Narkomprosda işleýär.

– Bilýän. Käte onuň bilen duşuşýarys.

Berdimuhamet öz okuwçysyny oba myhmançylyga alyp gitjek bolup näçe ýalbarsa-da, ol göwnemedi. Sagat

dörtdäki otla münüp, yzyna – Gazanjyga gitmelidigini aýtdy. Myhman bolmagy ýene bir güne goýdy.

– Ýoldaş mugallym, Sizden bir haýyşym bar. Siz wagt tapyp, biziň raýonymyza barsaňyz. Mugallymlar bilen duşuşyp, öz iş tejribäňiz barada olara gürrüň berseňiz. Bu bize uly kömek etdigiňiz bolardy.

– Çagyryşyňa minnetdar, Toýmyrat. Tüweleme, gowy iş edýäň. Mugallym bolsaň, onda-da bilim ugrundan ýolbaşçy bolsaň, bir duran ýeriňde durmaly däldir. Hemişe öňe hereket etmelidir, täzeligiň gözleginde bolmalydyr...

Mugallym bilen okuwçynyň duýdansyz bolan duşuşygyndan gowy ýatlamalar galdy.

Şu duşuşygy ýatlap, Berdimuhamet her bir mugallymyň öz işinde okuwçylaryň intellektual başarnyklarynyň dürli-dürli bolýandygyny göz öňünde tutmalydygyna ýene bir gezek göz ýetirdi. Klasda başarnykly, edenli, gujurly, güýçli okuwçylar bolup biler. Olaryň köp zatlary bilesi gelýär, şonuň üçin olar köp sowal bergiç bolýarlar. Beýle soranjaňlygyň sapak geçmäge päsgel berýän halatlaram bolýar. Şeýle okuwçylaryň bu häsiýeti bilen käte mugallymy irizmekleri, onuň gaharyny getirmeklerem mümkin. Şeýle okuwçylaryň ýagdaýyna düşünmegi bes edende, mugallym özüniň mugallymçylyk wezipesini unudýandygyny bilýärmikä? Beýle okuwçy onuň öňüne getirilip goýlan almaz daşynyň bir bölejigi ahyryn. Eger-de ol bu bölejigi gowy we dogry işläp bilse, ondan tylla ýüzüge göwher gaş çykar. Çaga gowy bilim we mynasyp terbiýe berip bilseň, bir ajaýyp gün ol okuwçy öz mugallymynyň adyny arşa göterer. Aýratyn zehinli adamlary hiç haçan umumy galyba salyp ölçemek bolmaz. Olar bilen aýratyn düzülen meýilnama esasynda meşgullanmak zerurdyr.

Emma, eger-de mugallym bu okuwçy meniň kemçiligimi ýüze çykarjak bolup, meniň bilen jedele girýändir diýip düşünse we şol düşünjesine görä hereket etse, onda onuň asla geçirip bolmajak hata goýberdigidir. Eger-de ol ýaňky okuwçynyň gowşak ýerini tapyp ýa-da öý işini etmändir diýip, ony sapak wagty utandyrsa ýa-da ony burçda duruzsa, iň ýamanam şu bolar. Munuň özi mugallymyň gowşaklygynyň alamatydyr. Ol «näme işleýärkä» diýip, çagany gözden sypdyrmajak we yzarlajak bolman, eýsem munuň tersine, oňa dogry we has giň ýol görkezip, onuň öňünden ýöremelidir.

Eger-de çagany berk düzgünde saklasaň, ol gorkak bolar, gorkak bolsa-da, ýalançylyga ýüz urar. Soň bu ýaramaz häsiýet endige öwrülip, beýleki durmuş şertlerine-de geçer. Ukypsyz çaga ýokdur, her bir çaganyň öz aýratyn bir tapawutlanýan tarapy bardyr. Aýdaly, haýdysyr bir çaga matematika gowy düşüner, beýleki birleri dil, edebiýat, taryh ýaly sapaklary gowy özleşdirer. Bu zatlara asgyn bolan çaga, belki, bedenterbiýe we sport ugrundan başarnykly bolar. Mugallymyň borjy okuwçynyň kemçiligini, ýetmezini ýüze çykarmak däl-de, eýsem, onuň başarýan zadyny ýüze çykarmakdyr, şony ösdürmekdir we kämilleşdirmekdir, netijede ony gowy şahsyýet edip ýetişdirmekdir.

Ýene-de bir zady ýatda saklamak gerek. Haçan-da mugallym: «Meniň geçýän dersim iň möhüm, iň zerur, iň gowy sapakdyr, beýlekiler ikinji derejeli derslerdir» diýen güni ol öz kärinem, öz işdeş ýoldaşlarynam «satdygydyr», abraýyny gaçyrdygydyr.

Her bir çaga bilen aýratynlykda işlemegi öwrenmek gerek. Şeýdip işlemek mugallymyň özi üçinem gyzykly bolar. Sebäbi olaryň her biri gizlenip ýatan we aýratyn dünýädir, şeýdip işlemeseň, ol dünýäni ahyryna çenli açmak mümkin däldir.

Usylyýet kabineti Berdimuhamet mugallym üçin öz döredijilik işinde bir basgançak ýokary galmagyny aňladýardy. Indi sen okatmagyň has netijeli usullaryny ýaýratmak we ornaşdyrmak bilen meşgullanmaly bolarsyň. Munuň özi saňa hut özüň ýaly, hatda özüňden hem gowy mugallymlary taýýarlamaga mümkinçilik berlendigini aňladýardy. Onuň üçin bu diýseň gyzykly işdi.

Berdimuhamet usulyýet kabinetindäki işi täzeçe başlady. Ilki başda ol raýonyň ähli tejribeli, öz işini ökde bilýän mugallymlaryny hasaba aldy, olaryň her biri bilen aýratynlykda duşuşdy. Olaryň sapagyna gatnaşdy. Bu mugallymlaryň her biriniň sapaga öz çemeleşişi bardy. Ol çemeleşigiň biri-birine meňzeş däldigi olaryň mugallymçylyk tejribesiniň baýdygyna şaýatlyk edýärdi. Berdimuhamet okuw ýylynyň dowamynda nirelerde we haýsy wagtda her aýda açyk sapaklaryň geçirilmeli ýerlerini we olara kimleriň gatnaşmalydygyny kesgitledi. Munuň daşyndan, aýda bir gezek, dynç gününde raýon bilim bölüminde usulyýet seminarlaryny geçirip başlady. Şeýle seminarlarda öňdebaryjy tejribe öwrenilýärdi we ýaýradylýardy.

Tejribeli mugallymlaryň aýry-aýry sapaklara taýýarlanyşyndan başlap, tä olaryň okadyş usullaryna çenli ýazgy edildi, soňra şol ýazgylar ýaş mugallymlaryň arasynda ýaýradyldy. Berdimuhamet şeýle sapaklaryň ählisini kinoplýonka ýazmagy we şeýle ýol bilen tejribäni ýaýratmagy arzuw edýärdi.

Dürli mekdeplerden iň ökde okuwçylaryň ýazan diktantlary we düzmeleri nusga hökmünde beýleki mekdeplerde görkezilýärdi. Şol okuwçylara we olaryň mugallymlaryna şol döwrüň mümkinçiliklerine görä sylaglar gowşurylýardy.



*Gökdepe raýonynyň (etrabynyň) 1-nji Birleşik oba Sowetiniň 16-njy orta mekdebiniň okuw bölüminiň müdiri Berdimuhamet Annaýew. 1947-nji ýylyň iýuny.*



Личный листок по учету кадров

1. Фамилия Аннаев

имя Бердимухаммет отчество

2. Пол муж. 3. Год рождения 1904 4. Место рождения:

а) по существующему адм. делению ТССР Ашх. обл. Геок-Тепе а/с Изгант

б) по существовавшему адм. делению ТССР Ашх. обл. Геок-Тепе а/с Бирлешик №1

5. Национальность туркмен 6. Соц. происхождение:

а) бывш. сословие (звание) родителей крестьян

б) основное занятие родителей до Октябрьской революции крестьянин, после Октябрьской революции крестьянин колхозник

7. Основная профессия (занятие) в настоящее время (для членов и кандидатов ВКП(б)—к моменту вступления в партию) учитель, стаж работы по этой профессии с 1926 8. Соц. положение служ. 9. Партийность б/п. 10. Какой организацией принят в члены ВКП(б)

11. Партстаж (мес., год) № партбилета или к/карточки

12. Стаж пребывания в ВЛКСМ с по 13. Состоял ли в других партиях (каких, где с какого и по какое время) В других партиях не состоял

14. Состоял ли ранее в ВКП(б) нет (да, нет) с какого и по какое время и причины исключения или выбытия

15. Были ли колебания в проведении линии партии и участвовал-ли в оппозициях (каких, когда) Колебания не были, в проведении линии партии и в оппоз. не участ.

16. Членом какого профсоюза состоит и с какого года с 1926 г. НСШ ТССР

17. Образование II курс пединститут

| | Подробное название учебного заведения (вуза, втуза, техникума, комвуза, школы и проч.) и его местонахождение | Название факультета или отделения | (Дата м-ц, год) поступления | окончания или ухода | Окончил или нет | Если не оконч., то с кого курса ушел | Какую узкую специальность получил в результате окончания учебн. заведения |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Общее и специальное | Пединст. г. Ашхабад | Яз. лит. | 1948 | | | | |
| Партийно-политич. | | | | | | | |

18. Учетная степень (звание) учитель 19. Имеет ли научные труды и изобретения нет (перечень научных трудов и изобретений с указанием, по каким вопросам и где опубликованы, необходимо дать в приложения).

20. Был ли за границей нет (да, нет) (включая военную службу)

| Дата (м-ц, год) с какого времени | по какое время | В какой стране (указать город) | Цель пребывания за границей |
|---|---|---|---|
| | | | |

22. Работа по совместительству (в момент заполнения личного листка)

с какого и по какое время, где и в каких должностях)

21. Находился ли на территории, временно оккупированной немцами в период Отечественной войны (с какого и по какое время, где когда и работа в это время) На территории оккупированной немцами не находился.

| Дата (м-ц, год) | Кем наложено партвзыскание | За что (сущность дела) | Какое наложено партвзыскание |
|---|---|---|---|
| | | | |

27. Семейное положение в момент заполнения личного листка жена, сын 2, дочь 1 (перечислить состав семьи)

28. Домашний адрес: ТССР Ашхабадская обл. Геок-Тепинский р-н а/с Бирлешик I

„6" Августа 1948 г. (дата заполнения)

Личная подпись Аннаев (писать разборчиво)

*Berdimuhamet Annaýewiň 6.08.1948-nji ýylda öz eli bilen dolduran işgärleri hasaba alyş şahsy listogy.*



Терҗиме хал.
Мен Тежене район Ызгант обасында 1904-нҗи йылда гарып дайхан машгаласында энеден догулдым. 1907 йылда какам өлүп, гарры энемиң эплемегинде болдум. Шондан башлап 1926 йыла ченли өз хоҗалыгымызда дайханчылык ишинде ишледим. 1926 йылда Ашгабат шәхеринде ачылан үч айлык мугаллым тайярлаян курсда окап, мугаллым болуп ише башладым. Шол вагтдан башлап 1939-йыла ченли хер йыл мугаллымларың томус вагтындакы тайярлык курсына гатнашып, мугаллымчылык везипесинде ишледим. 1939-йылда Ашгабатдакы мугаллымчылык институтына заочно окува гирип, оның 2-нҗи курсыны гутардым. 1943-йылда Гызыл Гошун хатарына гирип, 1944-йылың охырында ярала болуп гайтдым.
Армиядан гелип, 1944-йылың октябрь айында ене мугаллымчылык ишине башлап, 1946-йыла ченли Киров районында ишләп, 1946 йылда Тежене районына гелип, тә хәзирки вагта ченли мугаллымчылык везипесинде ишләп гелйәрин.
/Аннаев Бердимухаммет/
15/IX 48-й.

*Berdimuhamet Annaýewiň öz eli bilen ýazan terjimehaly, 15.09.1948 ý.*



*Berdimuhamet Annaýew (birinji hataryň merkezinde) işdeş ýoldaşlary bilen.*

*Gökdepe raýon halk bilim bölüminiň müdiri tarapyndan 9.08.1948-nji ýylda mugallym Berdimuhamet Annaýewe berlen häsiýetnama.*

Характеристика

Берилди Гөкдепе район I-нжи Бирлешик оба № 16 орта мектебиң, башлангыч класың мугаллымы ёл. АННАЕВ БЕРДЫМУХАММЕДЕ.

Ёл. АННАЕВ 1904-нжи йылда доглан, миллети түркмен, билими орта.

Ёл. Аннаев 1926-нжи йылдан бәри мугаллымлык везипесинде ишләп гелйәр. 1943-нжи йылда ёл. Аннаев Совет Армиясының хатарына гиден ве 1944-нжи йылда гайдып гелип, өзиниң өңки сөййән везипесинде ишләп башлады.

Ёл. Аннаев 1947/48-нжи окув йылында өзиниң ёлбашчылык эдйән 3"б" класы боюнча 100 % өтишик ве 100 % гатнашык газанды.

Ёл. АННАЕВ өзиниң окадыш усулыны яш мугаллымлара өвредип ве оларың көмеги билен чагалара коммунистик тербиесини бермекде бар үнсини берип ишлейәр.

Өзиниң билимини артдырмак үчин педагогик институтының 2-нжи курсинде гайбана окаяр. 1948-нжи йылда Мугаллымлар Кәмиллешдириш институтинда бир ай ярымлык Эне дили предметиниң семинарына гатнашды.

Ёл. Аннаев мугаллымларың арасында иң бир тежрибели ве абрайлы мугаллымларың бири.

Гөкдепе район халк магарыф бөлүминиң мүдири: /Ханов/.

9-нжы август 1948-нжи йыл.

Müň dokuz ýüz kyrk ýedinji ýylda Berdimuhamet Annaýew halal zähmetiniň gazanjy bilen maşgalasyna öz taslamasy esasynda dört otagly gowy jaý saldyrdy. Gurluşygyň ussasy Gurbanmyrat işanyň ogly Baýmyrat işandy. Munuň özi işe aýratyn arassalyk, päklik, mukaddeslik goşýan ýalydy. Berdimuhamet mugallym öz iş otagynda işlände-de, okanda-da ýeňillik duýýardy, pikiri durlanýardy, ýeňil dem alýardy. Göwnüne, bu otagyň howasam başga ýalydy. Bu iş otagynda geçirilen iş sagatlary oňa beýan edip bolmajak lezzet berýärdi.

Berdimuhamet mugallym ýene bir ýagdaýa aýratyn üns berýärdi. Ol özünde türkmen halkynyň taryhyny öwrenmäge bolan islegiň uludygyny duýdy. Ol taryhyň gatlaryna näçe çuňňur aralaşdygyça, şonça köp bilesi we öwrenesi gelýärdi. Eger-de onuň garry atasy Nepesaly baýyň doganoglany Ýazly yzçy ýerde galdyrylan aýak yzlaryny «okamagy» başaran bolsa, Berdimuhamet taryhyň gatlaryna aralaşyp, müňýyllyklaryň gatynda galan yzlary agtarýardy.

Bu ýerde aýratyn bir gudratly güýjüň nämälim täsiri bar ýalydy. Ol hem Yzgant diýen at göterýän obady. Yzgant – munuň özi türkmeniň mukaddes ojagynda ilkinji bolup ot ýakan obasydy. Bu obanyň mukaddes ojagynda tutaşan ýalyn  bütin oguz iline nur çaýdy. Onuň ýylysy bolsa bütin dünýä ýaýrady.

Mukaddes ojagyň ody hiç haçan öçmeýär.

Ol esli mahaldan bäri toplap, tertipleşdirip goýan kitaplaryny, ýazgylaryny öňüne süýşürdi. Birbada olaryň gatlaryny açman, görünmeýän uzaklary nazarlaýan ýaly, birsellem dymyp oturdy. Garşysyndaky diwarda ol öz pikir-hyýalynda eziz obasyny we mukaddes ojagyny gördi. Olar dolulygyna, tutuşlaýyn janlandy...

Tas her gün diýen ýaly gaýtalanýan bu pursat, ine, şeýdip iş stolunyň başyna geçip, geçmişe, şu güne, gelje-

ge hyýalynda nazar aýlap oturmak, edilen işleriň jemini jemlemek, öňde duran işleri taslamak onuň wakalardan doly ömründe ýatdan çykmajak iň ýakymly pursatlar bolup galýar.

...Garagumy etekläp oturan obanyň ýaýrawy beýle bir uly bolmasa-da, nazar salanyňda gözýetimi dolduryp, gölleri ýerbe-ýer dokalan äpet uly haly ýaly gözüňi dokundyrýardy, köňlüňe aram berýärdi. Heniz 1905-nji ýylda obada 400-den sähel köpräk öý we 2000 töweregi adam ýaşapdyr. Oba dagynyk ýagdaýda, öýler çem gelen ýerde bolman, toplum bolup, hatar tutup otyrlar. Muny görüp, obada akylly we pähimli ýaşulular, kethudalar bardyr diýen pikir kelläňe gelýär. Obanyň özboluşly keşbi özüne çekýärdi, bendi edýärdi. Aslyýetinde, Ahalda, türkmen çölüniň ägirt uly giňişliklerinde şeýle obalaryň ýüzlerçesi bardy. Olaryň her biriniň öz ýüzi, öz aýratynlyklary göze ilýärdi. Geň galaýmaly ýeri, her bir obanyň öz howasy-da, ysy-da başgaçady. Bu şol obada ýaşaýanlaryň gylyk-häsiýeti, ýaşaýşyndaky, edýän işlerindäki tapawut bilen baglanyşykly bolsa gerek.

Gözýetime çenli ýaýylyp ýatan obanyň oturyşyndan çen tutsaň, ilatyň arasynda baý hojalyklaryň we ýedi--sekiz ogully döwletli maşgalalaryň bardygyny görmek bolýar. Obanyň orta gürpünde ýedi-sekiz sany topbak oturan öýlerden saýlanyp duran ak öý seleňläp otyr. Bu maşgalada ortada ýazylan saçaga el uzadýan erkek kişiniň az däldigini aňladýar. Gara öýleriň gapdalynda gurlan göze gelüwli daş jaýlardan örýänleriň bolelinlikde ýaşaýandyklaryny aňmak bolýar. Olaryň töwereklerindäki saman kepbeler, ýarym ýer döleler, horaşaja öýler bu maşgalalaryň Allanyň berenine şükür edip, ýagşy günlere umyt baglap mydar edýändiklerinden habar berýärdi. Öýleriň möjek daran süriniň mallary ýaly biri-birine gyslyşyp oturmaýandyklaryny göreniňde,

oba adamlarynyň mertebeli, durmuş synaglaryna döz gelip bilýän, başy belent adamlardygy baradaky pikir aňyňa biygtyýar gelip geçýär. Garyndaşlyk gatnaşygy bolmadyk öýleriň arasynyň açykdygy, bir agza bakýan öýleriň bolsa jebis oturanlygy bu obanyň adamlarynyň göwünleriniň giňliginiň we maşgala agzybirliginiň alamatydy. Obanyň köpdürli keşbi tebigatyň çeken ajaýyp sypatyna meňzeýär.

Bu obanyň topragynda ýene bir gudrat bar: ençe ýyllaryň dowamynda bu oba göçüp gelen näçe köpem bolsa, şol bir wagtda göçüp giden ýok. Obanyň topragynda özüne çekiji aýratyn bir güýç bar bolarly. Şonuň üçin hem bu obanyň adamlarynyň ýüzi nurly, ruhy belent, göwreleri pälwansypat. Hatda müçesi kiçilerem howalasy bilen özünden telim esse uly ýaly bolup görünýär. Çünki olaryň göwresinden göwni has belent. Bu ýerde hak iş üçin öz janyny gurban etmäge taýýar adamlar ýaşaýar. Şonuň üçin-de iň başagaýlyk ýyllarda-da bet pygyl bilen bu oba burnuny sokan betpäl adam bolan däldir. Günortadanam, demirgazykdanam obany talamaga meýil eden bolmandy. Dogry, munuň başga-da bir sebäbi bardy. Adam akyly jöwher polatdan ýasalan düýrme gylyçdanam, öküziň hamyndan ýasalan dokuz gat galkandanam ýiti bolýar. Duşman bolup gelene duşman bolup sözleşmegi başaran, dost bolup gelene dostluk goluny uzadyp bilýän oba özüni her hili bela-beterlerden gorap bilýärdi. Sözüň gutaran ýerinde döwüş başlanýardy.

Bu obanyň topragy... Hakykatdanam, bu parhlylyk nämäniň netijesinde ýüze çykýarka?..

How enemiziň haýyr-şer daragtyndan Adam ata ýolup beren almasyna agyz uraly bäri dowam edip gelýän heňňam bu obanyň topragyna özüniň aýratyn möhürini basypdyr.

... Hol-ha, Oguz han atamyzyň gandym şahalary şatyrdap ýanýan ojagy. Bu oduň ýagty şöhlesi dünýä ýüzüne ýaýrady we taryhyň sahypalarynda yz goýdy. Ol oduň ýalkymy adamzada biziň şöhratly nesilbaşymyzyň güýç-kuwwatyny buşlady.

«Oguz awdan gaýdyp öýüniň ýanyna ýetdi, erse atalaryny we agalaryny we uruglaryny gördi kim, ýygnanyşyp, taýýar bolup, garaşyp duran ekenler. Ol hem öz nöker we ýaraglaryny ýygyp, olar birle harb (kyldy)...»

Berdimuhamet elindäki ýazgyny beýlesine agdardy. Sebäbi ondan soňky ýazylanlar akylyňy has haýran edijidi. Ol bu ýazgylary häli-şindi eline alýardy, olaryň manysyny, olarda gizlenip ýatan syrlary açmak isleýärdi.

Müňlerçe ýyllaryň dowamynda akylly adamlaryň ählisiniň «Agzybirlik, agzybirlik» diýip tekrarlamasy, näçe islense-de, onuň mydama egsik bolmasy, Oguz han atamyzyň şo-ol döwürlerde, başlangyçda başyna inen pajygaly wakalar bilen baglymyka?..

Oguz han atamyzyň ojagynda ot hiç haçan öçmeýär.

... Dana atamyz Gorkudyň akyl-parasada ýugrulan sözleri gulaga eşidilýär:

«Tekepbiri Taňry söýmez;
Ýapa-ýapa garlar ýagsa, ýaza galmaz;
Myhman gelmeýän öýüň ýykylany ýeg;
Malyna gözi gyýmadyk adamyň ady çykmaz;
Otluk ýeri keýik biler;
Garry duşman dost bolmaz;
Gara polat uz gylyjy çalmasaň, duşman dolanmaz;
Ogul atasynyň iki gözüniň biridir;
Ogul döwletli çyksa, ol ojagyň közüdir».

He-eý, heý! Heňňamyň giňişliklerinden, çuňluklaryndan gelýän bu ses, eşidilýän bu owaz ynsan paýhasynyň näderejede ýitidigine şaýatlyk edýär. Emma, şol bir wagtda-da müňlerçe egri, galp ýollar-ýodalar bar. Eýse, ynsan diňe dogry ýoldan gidiberse bolmaýarmydy?

... Adamlaryň käbiri taryhy döredýär, beýleki birleri ony ýazýar, ýene birleri bolsa ony öwrenýär. Berdimuhamet kalbynda öňden bäri göterip gelýän arzuwynyň ýene-de köräp ugrandygyny duýdy, ýöne muny özi boýun almajak bolýardy. Bu nämäň arzuwy? «Eger-de mugallym bolmadyk bolsaň, durmuşda başga kim bolmak islärdiň?» diýen sowala: «Taryhy döredýän döwlet adamsy bolmak islärdim» diýip jogap bererdim.

Eger-de taryhyň bir müň ýyllyk bölegini alyp görsek, bar, onuňam ýüz ýyly, iki ýüz ýyly uruş we söweşler bilen geçipdir diýeliň. Ýöne şonda-da, galan sekiz ýüz ýyl durmuş öz adaty ugry bilen akypdyr, adamlar gündelik gün-güzerany bilen ýaşapdyrlar, ýer sürüp, ekin ekipdirler, dabaraly toý-tomaşalary tutupdyrlar, aýdym-sazam diňläpdirler. Ýöne näme üçindir hiç hili şatlykly dabaralar bolmadyk ýaly, şol ýyllar barada hiç hili ýazgy galdyrylmandyr. Taryh diňe söweşleri uruşlary, bulam-bujarlyklary, sene-meneleri, betbagtçylyklary hasaba alyp, diňe şolar bilen ýaşaýan eken. Özgäniň üstüne çozup we basyp alyp, adam özüni mamla hasaplaýar, muny özgeler edýänem bolsa, olary bimamla hasaplaýar. Eýsem, bimamla adam hukukly bolup bilermi? Onsoň taryhda hakykat hökmünde ýazylan zady ahyrky netije diýip gutarnykly kabul edip bolarmy? Eýsem, çeşmelerde garşy tarapyň galdyryp giden ýazgylary azmy? Ýa-da taryhy täzeden ýazmaly bolarmyka? Täsin ýeri, ony näçe gezek täzeden ýazmak bolarka? Biz ýaňy bir ylmyň, bilimiň dünýäsine aralaşyp ugradyk. Biziň akylly, bilimli

nesillerimiz türkmeniň şöhratly taryhyny dikelderler we soňky nesillere ýetirerler.

Hakykatdanam, taryhyň çuňlugyna näçe aralaşsaň, şonça-da hakykatyň çür başyna galýarsyň. Näçe çuňa girseň, şonça-da sowal artyp gidip otyr. Sowal köpelse-de, sen şonça-da hakykata golaýlaşýarsyň. Bolmanda, taryhyň bir bölejigini öwrenmek üçin, hakykatda bir adam ömri az bolaýjak ýaly.

... Bu obany gurşap alýan aýratyn bir howa guşagy bar. Gum tarapdan gelsinler, dag tarapdan gelsinler, hatda uzak ýerlere ötegçi bolsalar-da, ýolagçylar şu oba ýetenlerinde barmagy maksat edinen mekanlaryna ýeten ýaly duýgyny başdan geçirýärler. Barjak ýerlerine sähel aralyk galanam bolsa, «Düşläp geçäýeliň» diýip, oba sowlan myhmanlary gadyrly garşylap, öňüne saçak atyp, söwüş kesmek (etmek) bu obada uzak ýyllardan bäri däp bolup galypdyr.

Bu oba ýakynlaşanyňda, göwnüňe giňlik, kalbyňa rahatlyk aralaşýar. Agyryň-ynjyň bar bolsa, ýeňlän ýaly bolýar, özüňi jenneti bir mekanda duýýarsyň. Bu täsir diňe adamlar bilen bagly däl. Göçýän durnalar gelenlerinde obanyň asmanyndan bir öwrüm edip, ganat gerip, hoşlaşyp geçseler, gaýdyşyn ýene-de öwrüm edip, özleriniň gelýändiklerini buşlap geçýärler. Her säher oba salam berýän Günüňem şöhlesi aýratyn nurly ýaly.

...Täsin ýeri, heý, öňde-soňda şu obanyň üstünden lemmer-lemmer tirkeşip geçýän bulutlary sanan adam boldumyka? Şol bulutlaryň ýene yzyna gaýdyp geleni boldumyka? Aslynda, şeýle zat mümkinmi beri? Bulutlaryň şeýdip ýörmegi öz erkinemikä? Asla, beýle däl bolsa gerek. Onda kimdir biriniň sürini örä ýaýradyp, soňam bir ýere ýygnaýşy ýaly, olary şeýdip bir ýere toplaýandyr-da?

On bäş-on alty ýaşap, ömrüň manysyna düşünip ugranyndan beýläk Berdimuhamet özüne «Men dünýäni özgerdip bilerinmi?» diýen şol bir sowaly berip gelýär. Ol bu sowala dogry jogap tapandyr diýip biljek däl. Kim bolsa-da, şol sanda ol hem, bu sowala «Ýok, özgerdip bolmaz» diýip jogap beren bolsa gerek. Ýöne ony özgertmäge bolan arzuw-hyýalyny elinden alyp biljek güýç barmyka? Ýokdur. Belki, tutuşlygyna bolmasa-da, ol bir bölejigini üýtgetmegi başarar. Ýa-da iň bolmanda, ony özgerdip bojakdygyny adamlara subut eder. Ýöne munuň üçin öz üstüňde gaty köp işlemeli, öz bilim-düşünjäňi has artdyrmaly bolar, ata-babalarymyzyň genji-hazynasyny bize ýetirişi ýaly, olaryň pähim-parasadyny ele almaly bolar. Belki-de, munuň özi täze ýoluň başlangyjy bolar...

Eýsem, birje kemally oglany terbiýeläp ýetişdirmegiň özi dünýäni üýtgetmek dälmi? Bilmedim. Belki-de, şeýledir.

Bu toprakda doglup, soňam ölen, ýene-de dörän, soňam düýpden ýok bolanlaryň ykbaly kimiň elinde? Ýeriň üstünde we astynda olaryň yzy galdy, özleri bolsa ýok. Täze nesiller döredi, ýene-de dörär. Durmuş dowam edýär.

Öz taryhynyň, mertebesiniň, sarpasynyň, namysynyň, geçmişiniň şu gününiň we geljeginiň hakyky eýeleri boljak nesilleri kemala getirmek.

Nesil! Nesil – munuň özi barlyk, ol seniňem, seniň halkyňam ykbalyny çözer, ol seni görlüp-eşidilmedik belentliklere göterer.

Nesil terbiýesi...

Eger-de mynasyp nesil terbiýeläp ýetişdirseň, mukaddes ojagyň ody hiç haçan öçmez!

Berdimuhamet mugallymyň bu pikirleri Türkmenistanyň okuw jaýlarynda jan aýaman zähmet çekýän

köp sanly mugallymlaryň tutan beýik maksady bilen kybapdaşdy. Olar halk köpçüligini bilim-düşünjeli edýärdiler. Döwlet olaryň zähmetine mynasyp baha berdi. Çagalary okatmakda we terbiýelemekde üstünlik gazanan mugallymlaryň uly topary ordenler we medallar bilen sylaglandy. Sylaglananlaryň arasynda Gökdepe raýonynyň Kuýbyşew adyndaky kolhozynyň 16-njy orta mekdebiniň mugallymy B.Annaýew hem bardy. Ýöne ol öz sylagyny – «Hormat nyşany» ordenini almaga ýetişmedi...

## Nuranalyk

...1948-nji ýylyň 5-nji oktýabry Berdimuhamet mugallym üçin adaty iş günüdi. Bu gün ol okuwçylara Magtymgulynyň döredijiliginde Watan, il-gün, mertlik, gahrymançylyk ýaly ynsanyň ahlak esaslarynyň beýan edilişi barada düzme ýazdyrdy.

Işden gelip ýuwundy hem maşgalasy bilen agşam naharyny edindi. Şondan soň iş otagyna girdi. Berdimuhamet mugallymyň bozulmaz bir maşgala düzgüni bardy: agşam naharynda maşgalanyň hemme agzasy hökman saçagyň başynda jem bolmalydy. Munuň özi maşgalanyň agzibirliginden, döwletliliginden nyşandy. Bu onuň mukaddes ojagynyň bozulmaz kanunydy.

Berdimuhamet mugallymyň bir ýyl mundan öň saldyran dört otagly jaýy, ondaky iş otagynda gije ýarymdan aganda hem ýanýan çyra adamlar üçin obanyň asudalygynyň, bar zadyň ýerbe-ýerliginiň nyşany ýalydy. Obasyna gijäniň bir mahaly dolanýan adamlar mugallymyň iş otagyndan çykýan yşygy görüp: «Hudaýa şükür, oba aman-esenlik eken» diýip, arkaýyn öýlerine barýarlar.

Berdimuhamet mugallym çagalaryň mazmun taýdanam, ýazuw düzgünlerini berjaý edişleri babatda-da düzmelerini üýtgeşik gowy ýazandyklaryna öz ýanyndan begendi. Bu gezek Mälikgulyny düzme barlaşmaga kömekleşmäge-de çagyrmady. Ol oglunyň başarnygyna, zehinine, aýratynam tutanýerliligine guwanýardy.

Düzmeleri barlap çykandan soň, Berdimuhamet, endigine görä, gözden geçirerin diýip köpden bäri münderläp goýan kitaplaryny, ýazgylaryny öňüne süýşürdi. Mälikgulam «Mährі-Wepa» romanyny eline alyp, adaty oturýan ýerine geçdi. Ol mydama kakasynyň golaýynda bolmak isleýärdi. Berdimuhamedem onuň endigan alýan demini, käte bir şykyrdadyp sahypa agdaryşyny eşidip dursa, kalbynda rahatlyk tapýardy.

Berdimuhamet kitaplaryna gümra bolup galdy...

Ol dartgynly zähmeti zerarly derçirän äýnegini ýumşak mata bilen süpürdi. Öňüne üýşüren kitaplaryny, ýazgylaryny stoluň bir gyrasynda täzeden tertipleşdirip goýdy. Iki eli bilen çekgelerini, maňlaýyny, boýnuny owkalady. Häzir onuň aňynda diňe mähriban obasynyň däl, eýsem bütin älemiň durky, tutuş keşbi doly janlandy. Ol uzak wagtlykdan, alasarmyk bulam-bujarlykdan ýagtylyga, aýdyňlyga, dogry ýola çykan ýaly lezzetli duýgulary başdan geçirdi. Ol öz gelen kararyny edil şu pursat amala aşyraýjak ýaly, ýerinden galkyp gidibermek isledi. Täze mekdep reformasy... Şu gün, şol ir säherden bäri syzlaýan ýüreginiň berýän yzasyny unutmaga çalyşdy.

Özüniň taryha dahyllydygynyň duýgusy, öz öňünde ägirt uly işleriň durýanlygynyň pikiri onuň isleg-arzuwyny artdyrdy, ynamyny pugtalandyrdy. Berdimuhamet öz gözleriniň öňünde nähili beýgelendigini duýdy.

Ol ömrüniň manysy diýip kesgitlän, özüne ömürlik maksat edip goýan işleriniň häzirlikçe diňe bir bölegini ýerine ýetirip ýetişendigini anyk bilýärdi. Entek öňde amala aşyrylmaly iş köpdi. Heniz ol köp işiň başyna barmalydy we ahyryna çenli alyp çykmalydy. Özem ol wezipeleri başgaça, has kämil usulda çözmelidi...

Oguz han atamyzyň mukaddes, baky ojagynda bu gün Nepesaly baýyň ýakan ataşy ýanýar. Onuň nesilleri bu oduň has parlak, has howurly, has jana ýakymly bolmagyny gazanýar.

Mukaddes ojakdaky oduň nury, howry nesillere, halka ýeter, soňra bolsa bütin dünýä ýaýrar...

Ogulbäbek demläp getiren hum çäpnegini, iki sany käsäni stoluň gyrasynda goýdy. Bu zatlar indi adata öwrülip gidipdi. Belli bir wagtda getirilýän çaýdan soň az salymlyk dynç alynýar.

– Kakasy, «ýüregim» diýýän ýalydyň, dem-dynjyňy alaý indi – diýip, Ogulbäbek mylaýym seslendi.

– Ýok-ýok, häzir gowy, agyrym aýryldy. Çaýa kakam pahyryň salgy beren otlaryndanam atdyň dälmi? – Ol baş atan aýalyna seredip: – Onda agyry ýanyma gelmez – diýip, çäýnege elini ýetirdi.

...Berdimuhamet kakasynyň dermanlyk otlary nähili tanamalydygy, nädip ýygnamalydygy, nirede saklamalydygy, olardan neneňsi peýdalanmalydygy baradaky ýazgylaryny okap, soňky üç aýyň içinde iki gezek Köpetdagyň jülgelerini sökdi. Bu syrly işiň, dag jülgeleriniň gözelliginiň barha imrindirip, ot-çöp gözlegine ýygy-ýygydan çykmaklyga şeýle höweslendirýändigi mugallym üçin täzelikdi. Wagty, mümkinçiligi bolsa, ol her hepde dag ýodalaryny sökmäge-de meýillidi. Onuň göz öňüne düňderilişip ýatan gara daşlar, ýykylan diwarlar ýaly bolup ýatan gatbar-gatbar gaýalaryň ýere siňip gidýän gatlary, gara çatmalar ýaly garalyp ýatan gowaklar geldi. Bu görnüş göýä doýmaz-dolmaz wagt döwürleri ýalmap-ýuwdup, soňam siňdirip bilmän gaýtarandyr diýen duýgyny döredýär. Bu ýakymsyz görnüşiň özboluşly bir gözelligem bardy...

Berdimuhamet daş çykyp barýan Ogulbäbege aýratyn bir mähir bilen garady. «Gör, bagt diýlen zat nähili bolýar ekeni! Bu iki göwre birleşip, bir bedende iki ýüregiň deň urmasyndan ýüze çykýan zat. Bu birek-biregiň biri-birinden aýry ýaşap bilmezliginden nyşan».

Ol kalbyndan çogup çykýan duýgularyň demligini daraldyp barýanlygyny duýýardy.

– Oglum, sen çaý içesiň gelse, içiber. Men daş çykyp geljek – diýip, Berdimuhamet Mälikgula ýüzlendi.

– Ýok, kaka, men çaý içjek däl, kitap okajak. Gaty gyzykly eken...

Agşamyň sergin howasy Berdimuhamediň göwnüni göterdi. Parahat obasyna diň salyp, az salym gezmeländen soň, mugallym ýene-de özüne garaşýan kitaplarynyň, ýazgylarynyň ýanyna howlukdy.

Wagt ýarygijä baryberende, Berdimuhamet oglunyň okap oturan kitabynyň sahypalarynyň şygyrdysynyň seýrekländigini aňdy. Oglany uky basmarlaýardy. Berdimuhamet hoşamaýlyk bilen ogluny yralady:

– Bar, oglum, indi ýataý. Ertirem ir turmalysyň.

– Bolýar, kaka – diýdi-de, Mälikguly ýeten sahypasyna bellik edip, daşaryk çykdy.

Oktýabryň salkynjak gijesi Mälikgulyny ukudan biraz açdy. Ol ýorgany alkymyna çenli çekip, asmandaky ýyldyzlara seredip, hemişe edişi ýaly, olary sanap başlady. Ol ýaldyraýan, özgelerden saýlanyp duran ýiti bir ýyldyza ýetip sägindi. Göwnüne bolmasa, ýyldyzam ony gören ýaly, göýä olaryň nazarlary biri-birine kaklyşan ýaly boldy. Mälikguly ýorgandan sag elini çykaryp, aýasyny açdy. Şol pursat asmandaky ýyldyz aşak inip, oglanyň aýasyna gondy. Mälikguly ýyldyzyň

ýylysy kalbyna ýetende, ýüzündäki şatlykly ýylgyryş bilen uka gitdi...

Berdimuhamet kitaplardan aýratyn duran galyň ýazga elini ýetirdi. Ol bu ýazgylary, gör, näçenji gezek okap, pikir eleginden geçirýär. Bu ýazgylar Platon aganyň: «Ulalanyňda okarsyň, düşünersiň» diýip, ýörite goýup giden ýazgylarydy. Mugallym birnäçe sahypany agdaranam bolsa, häzirlikçe olary okamaklygy goýbolsun edip, ýazgylary öňki ýerinde goýdy. Entek bu ýazgylaryň wagty gelenok...

Berdimuhamet «Ölümden soňra ömür barmy?» diýen sowalyň gadymy döwürlerden bäri adamzady gyzyklandyryp gelýändigini bilýärdi. Dogrudanam... Käbir adam Ezraýyl perişde gelip janyny alandan kän öň ölýär. Sebäbi ol bu dünýä gelip, ynsan hökmünde öz üstüne ýüklenen borjy ýerine ýetirmeýär. Başga biri bolsa ölenden soň ýaşap başlaýar. Sebäbi onuň geljek bilen baglanyşykly işlerine döwürdeşleri düşünip bilenok. Üçünji biri öz döwründe-de, geljekde-de öçmejek yz galdyrýar. Bu babatda mugallymdan bagty çüwen ýok. Çünki olaryň sepen tohumlary döwürdeşleriniň, soňra olaryň nesilleriniň ynsan mertebesinde mynasyp orun alýar...

Wagt 01 sagat 12 minut...

Berdimuhamet näme bolup geçenini aňşyryp ýetişmedi. Jaýyň ara oklarynyň kerpiçleri üstüne güpürdäp gaýtdy. Gapdaldaky penjiräniň aýnalary çym-pytrak bolup dargady. Kerpiçleriň aşagynda galan mugallym kellesiniň etbet agyrysyndan ýaňa huşuny az salymlyk ýitirdi...

Daşardan aýalynyň, çagalarynyň dady-perýady, aýratynam goňşusy, öz okuwçysy Nurça Garajanyň sesi

duýlup başlady. «Kaka, Berdimuhamet, mugallym... Dirimisiň?» seslerini eşidip, mugallym olara ses berdi. Ýa-da ses berendirin öýtdi.

Berdimuhamedi derrew kerpiçleriň aşagyndan çykardylar, düşekde ýatyrdylar. Nurçanyň öz mugallymy üçin ot-elek bolup, alada edip, daşynda perwaz urup ýörşüni duýan Berdimuhamet: «Ine, şunuň ýaly ýekeje okuwçyny terbiýeläp ýetişdireniň üçinem öz mukaddes käriňden ömürlik razy bolup bilersiň» diýip oýlandy. Küýünde okuwçysy bolansoň, ondan sorady:

– Nurça, gyzym, çagalar dirimi?

Maşgala agzalary «diri-de-diri» bolşanlaryndan soň, ol birhili parahat ses bilen:

– Näme, bomba ýaryldymy? Atom bombasy dagy ýarylaýdymyka? – diýip sorady.

Çagalar ýerli-ýerden:

– Ýok, kaka, ýer yrandy – diýdiler.

– Uruş turmadyk bolsa bolýar-la – diýip, Berdimuhamet mugallym biraz ynjaldy we elleri bilen bir zatlar yşarat edip: – Balalam, meniň ýagdaýym gowy. Siz derrew mekdebe ylgaň. O taýda okuwy täze gutaryp gelen ýaş mugallym bardyr. Çagalaram bolmaly. Şolardan habar tutuň, kömek ediň – diýdi.

Berdimuhamet Mälikguly bilen Nurçanyň ylgap gidenlerini saýgaryp, rahatlyk bilen dem aldy.

Oňa kellesindäki köne ýara ýeri agyrýan, ondan gan syrygýan ýaly boldy. Ysgynsyz elleri bilen başyny sypalady, bolsa-da, eline gan ýokmady.

Berdimuhamet daşynda ot-elek bolup elewreýän Ogulbäbege, çagalaryna «Men gowy, men oňat» diýip pyşyrdady, «Köşeşiň» diýýän manyda elini ysgynsyz

*Berdimuhamet Annaýewiň Aşgabat ýer titremesinde wepat bolanlygy sebäpli, usulyýet kabinetiniň müdiri wezipesinden boşadylandygy hakynda Gökdepe raýonynyň halk magaryf müdirliginiň 2.11.1948-nji ýyldaky 120-nji buýrugy.*



Приказ № 120

Гөкдепе РайОНО-сы боюнча

§-1 2/XI-48 йыл

1-Ноябрь 48-йылдан башлап Аннаев Бердимухеммеди метод-кабинетиң мудирлигинден ер титремечи зерарлы арадан чыканлыгы себэпли ишинден бошатмалы.

Эсасы: Мениң буйругым.

Зав районо /Ханов/.

*Gökdepe raýonynyň Kuýbyşew adyndaky kolhozynyň 16-njy orta mekdebiniň mugallymy Berdimuhamet Annaýewi «Hormat Nyşany» ordeni bilen sylaglamak hakynda SSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň 1949-njy ýylyň 2-nji martynda çykaran Ukazy, ol respublikan gazetde çap edilipdir.*

# СОВЕТ ТҮРКМЕНИСТАНЫ

ТК(б)П МК-ның, АШГАБАТ ОБКОМЫНЫҢ, ШӘХЕРКОМЫНЫҢ ВЕ ТССР ЁКАРЫ СОВЕТИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ ОРГАНЫ.

№ 49 (7340) | 1949-нжы йыл, 12-нжи март. Шенбе. | Бахасы 20 копук.

## СССР Ёкары Советиниң Президиумының

## У К А З Ы

***Түркменистан ССР-ниң мектеплериниң мугаллымларыны орденлер ве медаллар билен сылагламак хакында***

Көп йыллап ве үстүнликли ишләнликлери үчин сылагламалы:



**«ХОРМАТ НЫШАНЫ» ОРДЕНИ БИЛЕН**

1. Векилбазар районының «Социализм» колхозындакы 4-нжи долы дәл орта мектебиң директоры Меле Агахановы.

2. Гөкдепе районының Куйбышев адындакы колхозының 16-нжы орта мектебиниң мугаллымы Бердимухаммет Аннаеви.

3. Ашгабат районының Багыр обасындакы 5-нжи орта мектебиң мугаллымасы Зөхре Ишмухаммедова Аннаеваны.

*СССР Ёкары Советиниң Президиумының башлыгы* — *Н. ШВЕРНИК.*

*СССР Ёкары Советиниң Президиумының секретары* — *А. ГОРКИН.*

Москва, Кремль. 1949-нжы йыл, 2-нжи март

*Mälikguly Berdimuhamedowyň kakasy Berdimuhamet Annaýew hakyndaky ýatlamalarynyň golýazmasy. 7.09.2008 ý.*





*Gökdepe etrabynyň Yzgant obasyndaky Berdimuhamet Annaýew adyndaky 27-nji orta mekdep.*




*Berdimuhamet Annaýewiň mekdebiň westibýulindäki býusty.*



*Türkmenistanyň Prezidentiniň kakasy Mälikguly aga Yzgant obasyndaky 27-nji orta mekdebiň muzeýinde. 1.09.2009 ý.*

salgady. Ol dumanlan aňynda çagalarynyň aman--sagdygyna, nesliň dowam edýändigine begenjini serinde oýlap ýatyşyna, mekdepdäki mugallymlary hiç ýadyndan çykaryp bilmedi...

Ol goluny mäkäm tutup oturan Ogulbäbegiň elini has ykjam gysmaga çalyşdy. Bu onuň özüni gowy duýýanlygyny, çagalaryň diri galandygyna, diýmek, mukaddes ojagyň odunyň öçmejekdigine bolan begenjini aýalyna bildirmek üçin edýän yşaratydy...

Mukaddes ojagyň ody öçmeýär...

Berdimuhamediň ýadyna ömür ýolunda özüne duş gelen adamlaryň keşbi, edilen işleriň kerweni dem salymda gelip geçdi. Özüniň hormatlaýan, özüne ýardam eden adamlarynyň, aýratynam okuwçylarynyň nazarynyň öňünde häzir tapsyz ýatandygyna utanýan ýaly, ýerinden dikelmek isledi. Bolmady. Göz öňüne Mariýa Mihaýlowna Ýazhanowanyň keşbi geldi, onuň talap ediji sesi eşidildi: «Saňa ýeriňden galmak bolanok. Sen örän gowy sagalmaly. Sen diňe özüň üçin ýaşaňok. Sen halk üçin ýaşaýarsyň. Seniň ömrüň diňe özüňe degişli däl. Şuny hiç haçan unutma»...

Birden Anna aganyň güler ýüzi, söýgüden doly gözleri peýda boldy.

Berdimuhamet bütin ömrüni kakasyny zarlap geldi, onuň ýüzüni, sesini ýadyna saljak boldy. Bolmady. Indi bu pursat bolsa bu eziz adam oňa şeýle zerur sözleri aýdyp dur:

«Sen meniň umydymsyň, oglum! Men saňa ynandym. Sen köp zatlary etdiň. Esasy zat: sen adamlara biziň halkymyzyň mirasyndan parasatly pikirleri sowgat etdiň, öz okuwçylaryňa bilim berdiň». Ol öz kakasynyň

eden ynamyny ödäp bildimi? Adamlar üçin peýdaly işleri etmegi başardymy? Bu barada nesiller aýdarlar. Berdimuhamet Magtymguly Pyragynyň: «Älem içre adam galmaz, at gezer» diýen sözlerini hemişe ýatda saklardy.

Soňky pursatda şol kitaby Mälikgulynyň kükregine gysyp duranyny bilip, Berdimuhamet ynjaldy.

Başyny, ýüzüni sypalaýan eller kimiň – ejesiniň, enesiniň, Ogulbäbegiň ýa-da gyzy Owadanyň ellerimikä?...

Mukaddes ojagyň ody hiç haçan öçmez...

Berdimuhamediň gözüniň öňünde üýtgeşik bir surat peýda boldy.

... Günorta tarapda, alysdan howalanyp görünýän dag gerişleriniň, misli bir bulut ýaly gyzyl güläleklere bürenen uç-gyraksyz meýdanyň ýokarsy bilen ak köýneklije oglanjyk gaýyp barýar. Onuň elleriniň hereketi akja kebelegiň ganat kakyşyna meňzeýär. Ol öz erkine görä hereket etmän, haýsydyr bir arzuwynyň, nähilidir bir isleginiň yzyna düşüp, özüne bagly bolmadyk bir gudratly güýjüň emri bilen öňe tarap ýüwrüp barýan ýaly görünýär. Hamana, älemde Ýer bilen Asmanyň arasynda häzir diňe şu ak köýneklije oglan bolup, jümle-jahan onuň islegine tabyn bolan ýaly.

... Oglan gür gök oty dyza ýetip duran beýik baýryň ýüzünde uzak wagtlap durdy. Daşyny gurşap alan dag depelerine, gaýalaryna haýran galmak bilen seretdi. Ol depesinden kä toplanyp, käte bolsa dargap tirkeşip barýan bulutlara ýiti nazar aýlady. Olaryň bolşy edil oglanyň ýaş başyndaky oý-hyýallar ýaly agyp-dönüp barýardylar, bulutlaryň her bir topbagynda aýratyn bir many bardy. Oglany haýran galdyrýan daglaryň özi däldi-de, olaryň

gerişleriniň biri-birinden beýikligidi. Olaryň belentligi elýetmez ýaly bolup görünýär. Olar öz gözelligi, belent howalasy bilen özüne çekýärdiler. Kalbyňda höwesiňi oýandyrýardylar. Şeýle duýgularyň döremeginiň özi-de sende aýratyn bir şatlygyň, umyt uçgunynyň döremegine sebäp bolýar. Belentler uzakda, olara eliň ýetjek däl. Ýöne, näme-de bolsa, sende şol belentliklere dyrmaşyp çykmaga islegiň bolmagynyň özi guwanmaly zat.

Dagyň iň belent depesiniň çür başyna jowur ýaly ak goýnuň ak ýüňünden tüýdülip üýşürilip goýlan ýaly ak bulut çöküpdir. Oglan gözüni başga ýana sowman, şol buluda seredip dur. Ol bu gözel görnüşe seredip ganyp bilenok. Birdenem ol dagyň çür başyna gara bulutlaryň çöküp ugranyny gördi. Olar dagyň ýüzüni büs-bütin ýapdylar. Haçan-da olar dag goçlary ýaly «süsüşip» ugranlarynda, ýyldyrym çakdy. Asmandan topragyň ysy gelýän iri, ýyly ýagyş damjalary patrak seçilen ýaly seçilip ugrady. Dagyň depesinde başlanan ýagyş soň dura-bara aşak düşüp, ýere ýetdi. Ýagyş damjalary ýere düşende öňbaýraga goýberilen atlaryň toýnagynyň tapyrdysy ýaly ses edýärdiler. Oglanjyk tabigatyň bu täsin oýnuna haýran galyp, ony gysymyna aljak bolup gollaryny gerdi. Elleriniň aýasyny ýagşa tutdy. Kellesine, ýüzüne, üst-başyna şapyrdap degýän damjalar oňa hut özüniň şatlygyny we bagtyýarlygyny buşlaýan ýalydylar.

Oglan bu güne çenli başdan geçirmedik üýtgeşik duýgulary kalbynda syzdy, aňynda oýlady.

Asman bilen Zemini birleşdirýän ýagşyň astynda durup, ol öz boý-syratynyň ösüp gidip barýanyny duýdy. Häzir onuň ýalaňaç aýaklary ýeriň üstünde mäkäm durup, öz köklerini ýere urýan ýalydy. Bu wagt ol özüni ýer bilen gögi birleşdirýän belent, syrdam we kuwwatly daragt

ýaly duýýardy. Ýagşa süllümbaý ezilen ýuka köýnegi onuň sypatyny köküni ýere uran, depesini göge dirän daragta hasam çalymdaş edýärdi. Häzir ol aýaklaryny ýere diräp, elleri bilen bolsa asmany saklap duran Atlanta* meňzeýärdi.

Ýetginjegiň başy asmana ýetensoň, ýüzi nurlandy, gözýetimi giňedi. Gollaryna, bütin bedenine şeýle kuwwat gelip, şu mahal özüniň bütin älemi gujaklamaga ýagdaýynyň barlygyna ynandy.

Dünýäniň çaňly ýüzüni ýuwup, tämizläp geçip giden ýagmyrdan soň özüne gelen ak köýneklije oglan ilki bilen aýaklaryna garady. Göwnüne bolmasa, aýaklary kök urup, Zeminiň ýedi gat çuňluklaryna ýeten we indi aýaklaryny hiç haçan üzüp bilmejek ýalydy.

Oglan uzak wagtlap düşen ahwalatynyň täsirinden çykyp bilmedi. Aýratynam kuwwatly daragtyň keşbi onuň çaga aňynda öçmejek yz goýdy...

... Oglan ýuwlan asmany, nuruny döküp ýeňlän hem reňkini üýtgeden bulutlaryň gyssagly göç edişini synlaýar. Indi ak buludyň has aşak düşendigini we ýanyna gelendigini görýär. Garşydaky görnüşi dykgat berip synlaýan oglanyň birden ak bulutlaryň gujagyndan çykyp gaýdan akja taýçanaga nazary düşýär. Akja ganatlaryny pelpelledip, ol oglanyň ýanyna uçup gelýär we onuň ýanynda saklanýar. Taýçanak näzik we ýumşajyk dodaklary bilen oglanyň uzadan ellerini ysyrgaýar. Şol pursat hem olaryň arasynda bozulmaz durmuş arabaglanyşygy döredi. Sebäbi akja taýçanak ak köýneklije oglanjygyň ýagty arzuwlarynyň miwesidi.

---

*Atlant – grek mifologiýasyna görä, asman hudaýy Zewsiň buýrugy bilen asmany saklap duran pälwan sypat adam.

Şol pursat oglan arkadan – oba tarapdan öz ady tutulyp çagyrylan ýaly boldy. Şondan soň oglanjyk bilen taýçanak wagt perdesini syryp, oba tarap ýöräp däl, eýse ganat gerip, uçup gaýtdylar...

Olar dogry, ody alawlap ýanýan mukaddes ojaga tarap gaýtdylar.

Mukaddes ojagyň ody öçmeýär!

* * *

Gün dogdy. Onuň ýiti şöhlesi mukaddes ojagyň belent alawy bilen birleşip, bütin älem-jahana öçmejek nur saçdy.

Bu bolsa bakylygyň nyşany.

## Mazmuny


Awtordan . . . . . 4

*M.Berdimuhamedow.* Bu kitap barada . . . . . 5

**Älem içre at gezer**

Ozal akan ýerden akarmyş aryk. . . . . 8

Ýagşy niýet – ýarym döwlet . . . . . 34

Okaň, adam boluň!. . . . . 76

Ilkinji ýol . . . . . 92

Hakdan içen mugallym . . . . . 126

Front ýollary . . . . . 172

Ykbala öwrülen hünär . . . . . 206

Beýik halypa . . . . . 218

Nuranalyk . . . . . 238

UOK 894.361
B 50

**Gurbanguly Berdimuhamedow**
B 50 **Älem içre at gezer.** Roman. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

Awtor kitabyň sahypalarynda öz atasy Berdimuhamet Annaýewiň ýalkymly keşbini janlandyrýar, ol hakyndaky ähli hakykatlary hiç hili owadanlajak bolman, bolşy ýaly gürrüň berýär. Romanyň sýužeti bar bolan resminama materiallarynyň esasynda gurlupdyr. Bu roman özboluşly häsiýete eýedir, ol täsin poeziýa we filosofik çuňluga eýlenendir. Onda tebigat gözelligi, adamlar, olaryň däp-dessurlary, gylyk-häsiýetleri, biri-birine bolan gatnaşyklary, ata-babalardan galan miras giňden açylyp görkezilýär. Awtoryň pikirlenmeleri sap ýürekdendigi, janlydygy we özüne çekiji äheňi bilen maýyl edýär.

Roman okyjylarda çynlakaý oý-pikileri, çuňňur duýgulary oýarmaga ukyplydyr, ol hiç bir adamy biperwaý goýmaýar. Aslynda, çeper edebiýatyň iň möhüm wezipesi hem şondan ybaratdyr.

TDKP № 325, 2011 KBK 84 Tur 7

© Berdimuhamedow G., 2011

Gurbanguly Berdimuhamedow

# ÄLEM IÇRE AT GEZER

***Roman***


Redaktor *H. Sapargulyýew*
Teh. redaktor *O. Nurýagdyýewa*

Çap etmäge rugsat edildi 15.09.2011.
Ölçegi 70x100$^{1}/_{16}$. Ofset çap ediliş usuly.
Şertli çap listi 20,64. Şertli reňkli ottiski 50,66.
Hasap-neşir listi 11,19. Çap listi 16,0.
Sargyt № 2276. Sany 3 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Printed in Germany